TELEKEÇINIŇ ÝANKITABY

2010 ýyl

BÖLÜM III

Türkmenistanyň zähmet we durmuş üpçünçiligi kanunçylygy

Mazmuny

№ t/t	Kadalaşdyryjy namanyň ady	sah.
s-01t	“Türkmenistanyň Zähmet kodeksini tassyklamak we güýje girizmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi	3
s-02t	“Durmuş üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunyny tassyklamak we güýje girizmek hakynda”. Türkmenistanyň Bitewi kanuny “Durmuş üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Kanuny	111
s-03t	“Türkmenistanyň işleýän raýatlarynyň zähmet depderçeleri hakynda”, № 4970, 2000 ý., 27 Noýabr Türkmenistaniň Prezidentiniň Karary	168
s-04t	“Türkmenistanda zähmet depderçelerini taýýarlamagyň, kabul etmegiň, hasaba almagyň, saklamagyň we ibermegiň tertibi hakynda”, № 5106, 2001 ý., 26 Fewral Türkmenistaniň Prezidentiniň Karary	185

Türkmenistanyň Kanuny

Türkmenistanyň Zähmet kodeksini tassyklamak we güýje girizmek hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary 2009 ý., № 2, II bölek, 30-nji madda)

1-nji madda. Türkmenistanyň Zähmet kodeksini tassyklamaly.

2-nji madda. Türkmenistanyň Zähmet kodeksini 2009-njy ýylyň 1-nji iýulyndan güýje girizmeli.

3-nji madda. Şu Kodeks güýje giren gününden başlap şu aşakdaky kanunçylyk namalaryny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli:

1) Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan 1993-nji ýylyň 1-nji oktýabryndaky ýagdaý boýunça girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary bilen, 1972-nji ýylyň 28-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanuny bilen tassyklanan Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky kanunlar kodeksini, oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen ähli soňraky kanunlary ýa-da olaryň degişli bölümlerini;

2) 1993-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen “Zähmeti goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunyny, oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen ähli soňraky kanunlary ýa-da olaryň degişli bölümlerini;

3) 1997-nji ýylyň 12-nji iýunynda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen “Rugsatlar hakynda” Türkmenistanyň Kanunyny, oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen ähli soňraky kanunlary ýa-da olaryň degişli bölümlerini.

4-nji madda. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň hereketi, ol güýje girenden soň ýüze çykan zähmet gatnaşyklaryna degişli edilýär.

Eger zähmet hukuk gatnaşyklary şu Kodeks güýje girizilmezinden öň ýüze çykan bolsa, onda ol bu güýje girizilenden soň ýüze çykjak hukuklar we borçlar babatda ulanylýar. Olaryň gapma-garşylykly bolan ýa-da edara görnüşli we (ýa-da) şahsy taraplaryň ýagdaýy ýaramazlaşan halatlarynda şu Kodeksiň düzgünleri ulanylýar.

5-nji madda. Türkmenistanyň kanunlary we kadalaşdyryjy hukuk namalary mundan beýläk Türkmenistanyň Zähmet kodeksine laýyk getirilýänçä, Türkmenistanyň Zähmet kodeksine garşy gelmeýändigine görä hereket edýärler.

6-njy madda. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti üç aý möhletde Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny Türkmenistanyň Zähmet kodeksine laýyk getirmeli.

Türkmenistanyň Prezidenti
Gurbanguly Berdimuhamedow
Aşgabat şäheri
2009-njy ýylyň 18-nji apreli
№ 29-IV

TÜRKMENISTANYŇ ZÄHMET KODEKSI

Şu Kodeks guramaçylyk-hukuk we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan kärhanalarda, edaralarda we guramalarda (mundan beýläk - kärhanalar), aýry-aýry şahsy taraplarda baglaşylan zähmet şertnamasynyň şertlerinde işleýän şahslaryň zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär.

I bölüm. Umumy düzgünler

1-nji madda. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň maksatlary we esasy wezipeleri

1. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň maksatlary raýatlaryň zähmet hukuklarynyň döwlet kepillendirmelerini bellemekden, zähmetiň amatly şertlerini döretmekden, işgärleriň we iş berijileriň hukuklaryny we bähbitlerini goramakdan ybaratdyr.

2. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň esasy wezipeleri raýatlaryň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukuklaryny durmuşa geçirmekleri üçin zerur durmuş-hukuk şertlerini we kepilliklerini döretmekden, ykdysady ösüşi gazanmaga, adamlaryň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, zähmet bazarynyň netijeli işlemegini üpjün etmäge, işgärleriň, iş berijileriň, döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň arasynda durmuş hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen zähmet gatnaşyklaryny, şeýle hem zähmet bilen gös-göni baglanyşykly beýleki gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirmekden ybaratdyr.

2-nji madda. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy

1. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Kodeksden hem-de zähmet hukugynyň kadalaryny özünde jemleýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybarat bolup durýar.

2. Türkmenistanyň kanunlary we zähmet hukugynyň kadalaryny özünde jemleýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary şu Kodekse ters gelmeli däldir.

3. Köpçülikleýin şertnamalarda işgärleriň Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda bellenen hukuklarynyň we kepillendirmeleriniň derejesini peseldýän şertler bolmaly däldir.

4. Şu Kodeks bilen zähmet hukugynyň kadalaryny özünde jemleýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň arasynda garşylyklar ýüze çykan halatynda, şeýle hem eger köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) işgärleriň hukuklarynyň we kepilliklerinin derejesini peseldýän şertler bar bolsa, onda şu Kodeksiň kadalary ulanylýar.

5. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda şu Kodeksde bellenilen kadalardan başga kadalar bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň (ylalaşygynyň) kadalary ulanylýar.

3-nji madda. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň hereket edýän wagty

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň namalary güýje girenden soň ýüze çykan gatnaşyklar üçin ulanylýar we yzyna täsir ediş güýji ýokdur. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň namasynyň hukuk güýji haçanda bu namada gös-göni göz öňünde tutulan halatlarda onuň güýje girmegine çenli ýüze çykan gatnaşyklara-da degişlidir.

4-nji madda. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň hereketiniň çäkleri

1. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy, eger zähmet kanunçylygynyň bu namalarynda başgaça bellenilmedik bolsa, Türkmenistanyň çäginde ýüze çykýan zähmet gatnaşyklaryna, şeýle hem onuň bilen baglanyşykly gatnaşyklara degişlidir.

2. Ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň zähmet çygryndaky namalary degişli dolandyryş-çäk birlikleriniň çäklerinde hereket edýärler we Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň esasy kadalaryna laýyk gelmelidir.

5-nji madda. Şu Kodeksiň hereket ediş çygry

1. Şu Kodeksiň täsiri Türkmenistanyň çägindäki zähmet we onuň bilen baglanyşykly gatnaşyklara degişlidir.

2. Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamasynda başgaça düzgünler göz öňünde tutulmadyk bolsa, şu Kodeks Türkmenistanyň çäginde zähmet şertnamasyny baglaşan

ähli iş berijiler we işgärler babatynda ulanylýar.

3. Şu Kodeks zähmet we onuň bilen baglanyşykly gatnaşyklar işgärleriň aýry-aýry toparlary (harby gullukçylar, döwlet we beýleki gullukçylar) üçin olaryň işi hakynda ýa-da olaryň hukuk derejesini kesgitleýän Türkmenistanyň degişli kanunçylyk namalarynda göz öňünde tutulan halatlarda ulanylýar.

4. Şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen zähmet hukugynyň kadalary, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, daşary ýurtly raýatlaryň, raýatlygy ýok adamlaryň, halkara guramalarynyň işgärleriniň, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde ýerleşen daşary ýurtly edara görnüşindäki ýa-da şahsy taraplar döredijileri ýa-da eýeleri (doly ýa-da kem-käsleýin) bolup durýan kärhanalaryň işgärleriniň zähmet gatnaşyklaryna degişlidir.

5. Haçanda raýat-hukuk häsiýetli şertnama arkaly işgär bilen iş berijiniň arasyndaky zähmet gatnaşyklarynyň hakyky düzgünleşdirilýändigi kesgitlenen halatlarynda şeýle gatnaşyklar üçin Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň düzgünleri ulanylýar.

6. Şu Kodeks aşakdaky adamlara degişli däldir (eger olar şu Kodeksde bellenilen tertipde şol bir wagtda iş berijiler ýa-da olaryň wekilleri bolup çykyş etmeseler):

1) kärhanalaryň direktorlar geňeşiniň (synçy geňeşleriniň) agzalaryna (şol kärhana bilen zähmet şertnamasyny baglaşan adamlar muňa degişli däldir);

2) raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işleýänlere;

3) başga adamlara, eger bu Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen bolsa.

6-njy madda. Zähmet hukuklarynyň döwlet kepillendirmeleri

1. Raýatlaryň zähmete bolan hukugy, şol sanda olaryň kärini, edýän işini we iş ýerini saýlamaga, zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerine, işsizlikden goramaga bolan hukugyny hem goşmak bilen Türkmenistanyň Konstitusiýasy tarapyndan kepillendirilýär.

2. Her bir raýata öndürijilikli we döredijilikli zähmete bolan öz başarnyklaryna ygtyýar etmekde we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik islendik işi amala aşyrmakda aýratyn hukuk degişlidir.

3. Her bir raýatyň iş berijä göni ýüz tutmak arkaly ýa-da iş bilen üpjün ediji döwlet edaralary (gulluklary) arkaly iş ýerini erkin saýlamaga hukugy bardyr.

4. Zähmet hukuklarynyň goragy döwlet tarapyndan kepillendirilýär. Işgärler üçin zähmet hukuklarynyň we kepillendirmeleriniň iň az derejesi şu Kodeks bilen kesgitlenilýär.

5. Iş bilen üpjün ediji döwlet edaralary (gulluklary) amatly işi seçip almakda we işe ýerleşmekde ilata tölegsiz kömek berýärler.

7-nji madda. Zähmet gatnaşyklarynda hukuk kemsidilmäniň gadagan edilmegi

1. Milletine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, ýaşyna, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, partiýa degişlidigine ýa-da haýsydyr bir partiýa degişli däldigine, şeýle hem işgärleriň işewür sypatlary hem-de olaryň zähmetiniň netijeleri bilen baglanyşykly bolmadyk gaýry ýagdaýlara baglylykda zähmet hukuklarynda çäklendirmä ýa-da olary durmuşa geçirmekde haýsydyr bir artykmaçlary almagyna ýol berilmeýär.

2. Zähmetiň bu görnüşine mahsus talaplar ýa-da ýokarlandyrylan durmuş we hukuk goragyna mätäçlik edýän adamlar (aýallar, kämillik ýaşyna etmedik çagalar, maýyplar we başgalar) hakynda döwletiň aýratyn aladasy bilen şertlendirilen, Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen zähmet çygryndaky tapawutlar hukuk kemsidilmegi däldir.

3. Zähmet çygrynda özlerini hukuk kemsidilmä sezewar edilen diýip hasap edýän adamlar degişli arza bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyrlar.

8-nji madda. Mejbury ýa-da hökmany zähmetiň gadagan edilmegi

1. Mejbury ýa-da hökmany zähmet gadagandyr.

2. Haýsydyr bir adamdan haýsydyr bir jeza bilen gorkuzmak arkaly talap edilýän, muny ýerine ýetirmek üçin bolsa onuň öz hyzmatlaryny meýletin teklip etmedik islendik iş (gulluk) mejbury ýa-da hökmany zähmet diýlip hasap edilýär.

Köpçülik ýa-da hususy gorag ulgamlarynyň bolmazlygynda ýa-da talap edilýän işiň ýerine ýetirilmegi işgäriň ömrüne, saglygyna howp döredip biljek halatynda, iş berijiniň işgärden zähmet borçlarynyň ýerine ýetirilmegini talap etmegi, şeýle hem zähmet hakynyň töleginiň bellenen möhletleriniň bozulmagy ýa-da onuň doly möçberde tölenilmezligi, degişli zähmet haky tölenmezden iş wagtynyň dowamlylygynyň artdyrylmagy hem mejbury ýa-da hökmany zähmete degişlidir.

3. Şu aşakdakylar mejbury ýa-da hökmany zähmet hasap edilmeýär:

1) hökmany harby gulluk hakyndaky kanunlar esasynda talap edilýän we diňe harby häsiýetdäki işler üçin ulanylýan islendik iş (gulluk);

2) raýatlaryň adaty raýat borçlarynyň bir bölegi bolup durýan islendik iş (gulluk);

3) önümçilik awariýalaryny aradan aýyrmak maksady bilen we beýleki şuňa meňzeş halatlarda ýerine ýetirilýän islendik iş (gulluk);

4) adatdan daşary ýagdaýlaryň şertlerinde (adatdan daşary ýa-da harby ýagdaý diýlip yglan edilende, betbagtçylyk ýa-da betbagtçylyk howplary: ýangynlar, suw joşmalary, siller, ýer titremeleri, epidemiýalar ýa-da epizootiýalar bolan halatlarda), şeýle hem ähli ilatyň ýa-da onuň bir böleginiň janyna, kadaly durmuş şertlerine howp salýan başga ýagdaýlarda ýerine ýetirilýän islendik iş (gulluk);

5) kazyýetleriň hökümleri ýerine ýetirilen mahalynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilişine jogapkär döwlet edaralarynyň gözegçiligi astynda kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi netijesinde haýsydyr bir adamdan talap edilýän islendik iş (gulluk);

6) dolandyryş hukuk bozulmalary üçin düzgün-nyzam temmisi tertibinde ýerine ýetirilýän iş;

7) ownuk jemgyýetçilik işleri, ýagny zähmetkeşler köpçüliginiň agzalary tarapyndan şol zähmetkeşler köpçüliginiň göni peýdasy üçin ýerine ýetirilýän we şoňa görä-de zähmetkeşler köpçüliginiň agzalarynyň adaty raýatlyk borçlary hasap edilip bilinjek işler.

9-njy madda. Daýhan birleşikleriniň we daýhan hojalyklarynyň agzalarynyň zähmetini düzgünleşdirmek

Daýhan birleşikleriniň, daýhan hojalyklarynyň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň agzalarynyň zähmeti şu Kodeks, olaryň tertipnamalary bilen, şeýle hem daýhan birleşikleriniň, daýhan hojalyklarynyň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň işine degişli Türkmenistanyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

II bölüm. Zähmet gatnaşyklary, zähmet gatnaşyklarynyň taraplary, olaryň hukuklary we borçlary

10-njy madda. Zähmet gatnaşyklary

Zähmet gatnaşyklary diýlip Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan zähmet şertleriniň iş beriji tarapyndan üpjün edilen mahalynda işgäriň şahsy zähmet borçlarynyň tölegli ýerine ýetirilmegine işgär bilen iş berijiniň arasyndaky ylalaşyga (belli bir kär, hünär ýa-da wezipe boýunça işler), kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna işgäriň tabyn bolmagyna esaslanan gatnaşyklara düşünilýär.

11-nji madda. Zähmet gatnaşyklarynyň subýektleri

Işgär, iş beriji, işgärleriň wekili, iş berijiniň wekili zähmet gatnaşyklarynyň subýektleri bolup durýarlar.

12-nji madda. Zähmet gatnaşyklarynyň taraplary

1. Işgär we iş beriji zähmet gatnaşyklarynyň taraplary bolup durýarlar.

2. Işgär iş beriji bilen zähmet gatnaşyklaryna giren şahsy tarapdyr. Işgär işini zähmet şertnamasynyň esasynda anyk hünär, kär, razrýad, klas ýa-da wezipe boýunça amala aşyrýar (işini, gullugyny ýerine ýetirýär).

Anyk kär, hünär, razrýad, klas ýa-da wezipe boýunça işgär tarapyndan ýerine ýetirilýän borçlaryň (işleriň) topary işçileriň hünärleriniň, gullukçylaryň wezipeleriniň tarif-hünär maglumatnamalary, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde tassyklanylan wezipe gözükdirijileri (borçlary)

we düzgünnamalary bilen kesgitlenilýär.

3. Iş beriji guramaçylyk-hukuk we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan edara görnüşindäki tarapdyr ýa-da hakyna tutma zähmeti ulanýan we işgär bilen zähmet gatnaşyklaryna girýän şahsy tarapdyr.

Şu Kodeksiň maksatlary üçin iş beriji - şahsy tarap diýlip şu aşakdakylar ykrar edilýär:

1) edara görnüşindäki tarapy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan, bellenilen tertipde hususy telekeçi hökmünde bellige alnan şahsy tarap;

2) öý hojalygyny alyp barmak boýunça şahsy hyzmat we kömek etmek maksady bilen, işgärler bilen zähmet gatnaşyklaryna girýän hususy telekeçi bolup durmaýan şahsy tarap.

4. Zähmet şertnamasynyň taraplarynyň arasynda zähmet hukuk gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy, üýtgemegi we bes edilmegi iş berijiniň buýrugy bilen resmileşdirilýär.

13-nji madda. Işgäriň esasy hukuklary we borçlary

1. Işgäriň şu aşakdakylara hukugy bardyr:

1) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda bellenilen tertipde we şertlerde zähmet şertnamasyny baglaşmaga, ony üýtgetmäge we ýatyrmaga;

2) zähmet şertnamasynda şertlendirilen işiň özüne berilmegine;

3) zähmeti guramagyň we tehniki howpsuzlygyň döwlet standartlarda göz öňünde tutulan şertlere, sanitariýanyň we arassaçylygyň, köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) talaplaryna laýyk gelýän iş ýerine;

4) zähmet, tehniki howpsuzlyk şertleri we iş ornunda zähmeti goramagyň talaplary hakynda doly we ygtybarly maglumata;

5) hiç hili hukuk kemsidilmesi bolmazdan deň zähmet üçin deň tölege, öz kärine, hünärine, zähmetiň çylşyrymlylygyna, ýerine ýetirilen işiň mukdaryna we hiline laýyklykda zähmet hakyny doly möçberde almaga, ýöne zähmet haky Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenen zähmet hakynyň iň az möçberinden pes bolmaly däldir;

6) özüne hasaplanan zähmet haky we ondan tutulan tutumlar hakynda maglumatlar almaga;

7) işgärleriň aýry-aýry kärleri we toparlary üçin iş wagtynyň dowamlylygyny, gysgaldylan iş wagtyny bellemek, hepdelik dynç günlerini, işlenmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerini, şeýle hem her ýylky hak tölenilýän esasy we goşmaça rugsatlary bermek bilen üpjün edilýän dynç almaga;

8) hünär taýýarlygyna, gaýtadan taýýarlanmaga we hünärini ýokarlandyrmaga;

9) ylmy-intellektual eýeçilige, rasionalizatorçylyk ýa-da oýlap-tapyjylyk üçin awtorlyga, şeýle hem awtorlyk hukuklary üçin sylaga;

10) eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, öz zähmet hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin birleşmäge, şol sanda kärdeşler arkalaşyklary birleşiklerine, şeýle hem beýleki jemgyýetçilik birleşiklerine birleşmäge;

11) Türkmenistanyň kanunçylygynda, köpçülikleýin şertnamada göz öňünde tutulan görnüşlerde kärhanany dolandyrmaga gatnaşmaga;

12) iş berijä ýa-da onuň hukuk mirasdüşerine patentler berlen we jemgyýetçilik önümçiliginde peýdalanylan oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň awtorlary üçin ylmy intellektual eýeçiligiň obýektini işläp taýýarlaýjylar (döredijiler) üçin bellenen pul tölege, şeýle hem kärhanalaryň tertipnamalarynda we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda ylmy-intellektual eýeçiligiň obýektini peýdalanmakdan, hususyýetçiniň alan peýdasynyň (girdejisiniň) paýyna;

13) Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik usullaryň hemmesi bilen öz zähmet hukuklarynyň, azatlyklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagyna we goralyp saklanylmagyna, şeýle hem şahsy maglumatlarynyň goralmagyna;

14) köpçülikleýin şertnamany (ylalaşygy) işläp taýýarlamaga gatnaşmaga we onuň bilen tanyşmaga;

15) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly öz saglygyna ýa-da emlägine ýetirilen zyýanyň (zeleliň), şol sanda ahlak zeleliniň öweziniň dolunmagyna kepilliklere we öwezini doluş pullaryna;

16) ýaşy boýunça, zähmete ukyplylygyny ýitirende, ekleýjisini ýitirende we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki ýagdaýlarda döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna we durmuş üpjünçiligine;

17) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan beýleki hukuklara.

2. Işgär şu aşakdakylara borçludyr:

1) öz zähmet borçlaryny päk ýürekden ýerine ýetirmäge;

2) bellenilen zähmet kadalaryny (kadalaşdyrmalaryny) ýerine ýetirmäge;

3) zähmet düzgün-nyzamyny, kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryny berjaý etmäge;

4) iş berijiniň Türkmenistanyň kanunçylygyna, kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna we köpçülikleýin şertnamasyna (ylalaşygyna) ters gelmeýän ýazmaça ýa-da dilden berýän buýruklaryny ýerine ýetirmäge;

5) zähmeti goramak we zähmetiň tehniki howpsuzlygyny üpjün etmek baradaky kadalary, gollanmalary, düzgünnamalary we buýruklary berjaý etmäge;

6) resminamalary, maddy, pul we gaýry gymmatlyklary saklamagyň bellenilen tertibini berjaý etmäge;

7) öndürilýän önümiň, ýerine ýetirilýän işleriň, bitirilýän hyzmatlaryň hiline bolan bellenilen talaplaryň berjaý edilmegini üpjün etmäge, işde ýaramaz hilli önümiň öndürilmegine ýol bermezlige, tehnologik düzgün-nyzamy berjaý etmäge;

8) iş berijiniň (eger iş beriji emläginiň aýawly saklanylmagy üçin jogapkärçilik çekýän bolsa, şol sanda iş berijidäki üçünji taraplaryň emlägine) we beýleki işgärleriň emlägine aýawly garamaga;

9) öz iş ornuny tertipli we arassa saklamaga;

10) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet, täjirçilik we gaýry syrlaryny düzýän, özüne ynanylan maglumatlary aýan etmezlige;

11) adamlaryň ömrüne we saglygyna, iş berijiniň emläginiň abat saklanylmagyna howp döredýän ýagdaýyň ýüze çykanlygy hakynda iş berijä ýa-da gös-göni ýolbaşça gaýra goýman habar bermäge (eger iş beriji emläginiň abat saklanylmagy üçin jogapkärçilik çekýän bolsa, şol sanda iş berijidäki üçünji taraplaryň emlägine);

12) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan gaýry borçlary ýerine ýetirmäge.

14-nji madda. Iş berijiniň esasy hukuklary we borçlary

1. Iş beriji şu aşakdaky hukuklara eýedir:

1) şu Kodeksde we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen tertipde işgärler bilen zähmet şertnamalaryny baglaşmaga, olary üýtgetmäge we ýatyrmaga;

2) işe kabul edende işgärden belli bir zähmet işi (iş, gulluk) bilen meşgullanmaga bolan we (ýa-da) belli bir wezipäni eýelemek hukugyny we mümkinçiligini tassyklaýan, şu Kodeksde göz öňünde tutulan resminamalaryň berilmegini talap etmäge;

3) öz ygtyýarynyň çäklerinde ýerine ýetiriş we serenjam berijilik häsiýetli namalary çykarmaga;

4) eger iş beriji emlägi abat saklamak üçin jogapkärçilik çekse, zähmet şertnamasynyň şertleriniň we kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalarynyň ýerine ýetirilmegini, şeýle hem iş berijiniň emlägine, şol sanda iş berijidäki üçünji taraplaryň emlägine aýawly garalmagyny işgärlerden talap etmäge;

5) zähmet şertnamasy baglaşylanda işgäre synag möhletini bellemäge;

6) işgärleri höweslendirmäge;

7) işgärleri döwlet sylaglaryna hödürlemäge, olary saýlawly edaralara görkezmäge;

8) işgäriň okamagy bilen baglanyşykly harajatlarynyň öweziniň dolunmagyna;

9) şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalarynda bellenilen tertipde işgärleri düzgün-nyzam we maddy jogapkärçilige çekmäge;

10) işgäriň zähmet düzgün-nyzamyny bozanlygy hakyndaky meseläni zähmetkeşler köpçüliginiň garamagyna bermäge;

11) işgär tarapyndan özüne ýetirilen zeleliň (zyýanyň) öweziniň dolunmagyna;

12) wekilçilik we öz hukuklaryny hem-de kanuny bähbitlerini goramak maksady bilen iş berijileriň birleşiklerini döretmäge we olara girmäge;

13) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan beýleki hukuklardan peýdalanmaga.

2. Iş beriji şu aşakdakylara borçludyr:

1) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyny, zähmet şertnamasynyň, köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) şertlerini berjaý etmäge;

2) işgärlere zähmet şertnamasyna we taraplaryň ylalaşygyna laýyklykda iş bermäge;

3) zähmeti goramagyň häzirki zaman serişdelerini ornaşdyrmaga, howpsuzlygyň we gigiýenanyň talaplaryna jogap berýän hem-de önümçilikde şikes almagyň, hünär keselçiliginiň öňüni alýan zähmet şertlerini üpjün etmäge;

4) işgärleri iş ýeri, olaryň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekleri üçin gerek bolan serişdeler bilen üpjün etmäge;

5) dikeltmegiň hususy maksatnamasyna laýyklykda maýyplara zähmetiň zerur şertlerini döretmäge;

6) işgärlere deň gymmatly zähmeti üçin deň tölegi üpjün etmäge;

7) zähmet hakyny öz wagtynda we doly möçberde tölemäge we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki tölegleri geçirmäge;

8) işgäre zähmet haky tölenende oňa hasaplanylan zähmet haky we ondan tutulýan tutumlar barada maglumat bermäge;

9) işgäre pensiýa üpjünçiligi bilen baglanyşykly maglumatlary we resminamalary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhletlerde bermäge;

10) iş wagtynyň hasabyny guramaga we ýöretmäge;

11) köpçülikleýin gepleşikler geçirmäge, şu Kodeksde bellenilen tertipde köpçülikleýin şertnamalary (ylalaşyklary) baglaşmaga;

12) köpçülikleýin şertnamany (ylalaşygy) baglaşmak we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek üçin gerek bolan doly we dogry maglumaty kärdeşler arkalaşygy we işgärleriň gaýry wekilçilikli guramalaryna bermäge;

13) kärhana we iş ýerlerine, şol sanda önümçilikde (işde) betbagtçylykly hadysalar derňelende kärdeşler arkalaşygy we işgärleriň beýleki wekilçilikli edaralarynyň barmagyny üpjün etmäge, şeýle hem olara ýardam etmäge;

14) işgärleriň zähmet işini tassyklaýan resminamalaryň, zähmet haky baradaky maglumatlaryň, döwlet durmuş ätiýaçlandyryşyna geçirilýän serişdeleriň we pensiýa üpjünçiligi üçin gatançlaryň arhiwini döretmäge we işlemegini üpjün etmäge, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde degişli resminamalary döwlet tarapyndan saklamak üçin tabşyrmaga;

15) işgärleri işe kabul etmek, işden boşatmak, iş ýerini üýtgetmek hakyndaky buýruklaryň göwnejaý tertipde bellige alynmagyny üpjün etmäge;

16) işgärleriň şahsy maglumatlarynyň aýawly saklanylmagyny we hasabyny, şeýle hem şu Kodeksiň 30-njy maddasyna laýyklykda zähmet depderçeleriniň aýawly saklanylmagyny we hasabyny, olardaky ýazgylary ýöretmegiň dogrulygyny üpjün etmäge;

17) işgärleriň şahsy maglumatlaryny we olar hakdaky maglumaty aýan etmezlige;

18) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan görnüşlerde işgärleriň we kärdeşler arkalaşygy guramalarynyň kärhanany dolandyrmaga gatnaşmagyny üpjün edýän şertleri döretmäge;

19) kärdeşler arkalaşygy guramalarynyň kärhanadaky işini guramagyna ýardam etmäge, şeýle hem olaryň işi, umumy ýygnaklary (konferensiýalary), beýleki çäreleri geçirmek üçin zerur şertleri üpjün etmäge;

20) işgärleriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly, olary durmuş-hyzmatlary, saglygy goraýyş we gaýry hyzmatlar bilen üpjün etmäge;

21) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde işgärleriň döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyny üpjün etmäge;

22) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň ýüze çykarylan bozulmalary hakynda döwlet dolandyryş, döwlet gözegçilik barlagy we jemgyýetçilik gözegçiligi edaralarynyň tabşyryknamalaryna garamaga, olary düzetmek boýunça çäreler görmäge we kabul edilen çäreler hakynda görkezilen edaralara habar bermäge;

23) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde we şertlerde işgäriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly oňa ýetirilen zeleliň (zyýanyň) öwezini dolmaga;

24) eger işiň dowam etdirilmegi işgäriň saglygyna we ömrüne howp salýan bolsa, işi togtatmaga;

25) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan beýleki borçlary ýerine ýetirmäge.

3. Zähmet gatnaşyklarynda iş berijiniň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň kanunçylygynda, şeýle hem esaslandyryjy resminamalarda bellenilen tertipde şahsy tarap, edara görnüşindäki tarapyň dolandyryş edarasy ýa-da onuň ygtyýarly eden adamy tarapyndan amala aşyrylýar.

III bölüm. Zähmet gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgedilmegi we bes edilmegi

1 bap. Zähmet şertnamasy

15-nji madda. Zähmet gatnaşyklarynyň döremegi üçin esaslar

1. Şu Kodekse we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işgär bilen iş berijiniň arasynda baglaşylýan zähmet şertnamasy zähmet gatnaşyklarynyň döremegi üçin esasdyr.

Zähmet şertnamasynyň göwnejaý ýagdaýda resmileşdirilmändigine garamazdan iş berijiniň ýa-da onuň wekiliniň ygtyýary bilen ýa-da tabşyrmagy boýunça adamyň işe hakyky goýberilmegi hem zähmet gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy üçin esas bolup durýar.

2. Şonuň ýaly-da şu aşakdakylar şu Kodeksde we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda ýa-da kärhananyň tertipnamasynda (düzgünnamasynda) bellenilen ýagdaýlarda we tertipde zähmet gatnaşyklarynyň döremegi üçin esas bolup durýar:

1) adamyň saýlawly wezipä saýlanylmagy;

2) adamyň degişli wezipäni çalyşmak üçin bäsleşik boýunça saýlanylmagy;

3) adamyň wezipä bellenilmegi ýa-da wezipä tassyklanylmagy;

4) adamyň ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan bellenilen möçberiň hasabyna işe ugradylmagy;

5) harby gullugy we içeri işler edaralarynda çagyryş boýunça gullugy geçen döwri tamamlanandan soň, saýlawly edaralarda ygtyýarlyklaryň möhleti gutarandan soň iş berijiniň ugratmagy boýunça okuwyny ýa-da işini, şol sanda daşary ýurtdaky okuwyny ýa-da işini tamamlandan soň adamyň wezipä bellenilmegi;

6) işden bikanun boşadylan adamyň kazyýetiň çözgüdi boýunça işe dikeldilmegi.

16-njy madda. Zähmet şertnamasy we ony baglaşmagyň tertibi

1. Zähmet şertnamasy - munuň özi iş beriji bilen işgäriň arasyndaky zähmet gatnaşyklarynda taraplaryň özara esasy hukuklaryny we borçlaryny belleýän ylalaşyk bolup, oňa laýyklykda iş beriji şertlenilen zähmet borçlary boýunça işgäre iş (iş ýerini) bermäge, şu Kodeksde we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan zähmet şertlerini üpjün etmäge, zähmet hakyny öz wagtynda we doly möçberde tölemäge borçlanýar, işgär bolsa şu şertnamada kesgitlenilen zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge, kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryny we zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan gaýry kanuny borçnamalary berjaý etmäge borçlanýar.

Zähmet şertnamasy adamyň ýazmaça arzasynyň esasynda iş berijiniň ony işe kabul etmek hakyndaky buýrugy çykarmagy arkaly baglaşylýar.

2. Hakyna tutma zähmeti ulanýan iş beriji - şahsy tarap bilen işgäriň arasynda zähmet şertnamasy şu Kodeksiň 288-300-nji maddalarynda göz öňünde tutulan tertipde baglaşylýar.

3. Şu Kodeksiň 15-nji maddasynyň ikinji böleginde görkezilen adamlar bilen zähmet şertnamasy baglaşylanda işgäriň arzasy talap edilmeýär.

4. Eger kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi boýunça adam belli bir möhlete belli bir wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum edilen bolsa, onda şol möhlet tamamlanýança onuň bilen zähmet şertnamasyny baglaşmaga rugsat berilmeýär.

17-nji madda. Zähmet şertnamasynyň alamatlary

Zähmet şertnamasyny şertnamalaryň beýleki görnüşlerinden tapawutlandyryjy alamatlar şu aşakdakylardyr:

1) işgäriň belli bir kär, hünär, kwalifikasiýa ýa-da wezipe boýunça zähmet borçlaryny wezipe gollanmalaryna laýyklykda ýerine ýetirmegi;

2) kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertibine tabynlykda borçlaryň ýerine ýetirilmegi;

3) işgäriň zähmet hakyny zähmetiň mukdaryna we hiline, ýerine ýetirilýän işiň çylşyrymlylygyna laýyklykda almagy;

4) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda göz öňünde tutulan zähmet şertleriniň bolmagy.

18-nji madda. Zähmet şertnamasynyň möhleti

1. Zähmet şertnamalary şu aşakdaky möhletlere baglaşylyp bilner:

1) kesgitsiz möhlete (möhletsiz);

2) eger diňe hemişelik däl häsiýetli işleri ýerine ýetirmek üçin şu Kodeksde ýa-da Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başga möhlet bellenilmedik bolsa, kesgitli möhlet (möhletli) üçin, ýöne bäş ýyldan köp däl.

2. Eger şu Kodeksde we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, geljekki işiň häsiýetini ýa-da ony ýerine ýetirmegiň şertlerini hasaba almak bilen zähmet gatnaşyklary kesgitsiz möhlet üçin bellenilip bilinmedik halatlarynda möhletli zähmet şertnamasy baglaşylýar.

3. Möhletli zähmet şertnamasy şu aşakdaky ýagdaýlarda baglaşylyp bilner:

1) wagtlaýyn ýok işgäri çalyşmak üçin, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda onuň iş ýeri saklanyp galanda;

2) betbagtçylykly hadysalaryň, awariýalaryň, heläkçilikleriň, epidemiýalaryň, epizootiýalaryň öňüni almak boýunça gyssagly işleri geçirmek üçin, şeýle hem görkezilen we beýleki adatdan daşary ýagdaýlaryň netijelerini düzetmek üçin;

3) daşary ýurda işe iberilýän adamlar bilen;

4) wagtlaýyn (iki aýa çenli) işleriň, şeýle hem möwsümleýin işleriň ýerine ýetirilýän wagty üçin, şonda tebigy şertleriň esasynda iş diňe kesgitli wagtyň (möwsümiň) dowamynda geçirilip bilner;

5) agyr ýa-da aýratyn klimat şertleri (suwsuz, çöllük) bolan ýerlerdäki kärhanalara işe girýän adamlar bilen, eger bu iş ýerine göçmek bilen baglanyşykly bolsa;

6) kiçi telekeçiligiň subýektlerine - iş berijilere, şeýle hem şahsy taraplara - iş berijilere işe girýän adamlar bilen;

7) kärhananyň adaty işiniň çäklerinden çykýan işleri geçirmek üçin (durkuny täzelemek, gurnamak, sazlap-goýberiş we beýleki işler), şeýle hem önümçiligiň mälim bolan wagtlaýyn (bir ýyla çenli) giňeldilmegi ýa-da bitirilýän hyzmatlaryň möçberiniň giňeldilmegi bilen baglanyşykly işleri geçirmek üçin;

8) görnetin anyk döwür üçin ýa-da görnetin anyk işi ýerine ýetirmek üçin döredilen kärhanalara işe girýän adamlar bilen;

9) işiň ýerine ýetirilmegini (tamamlanmagyny) anyk sene bilen kesgitläp boljak halatlarda, görnetin anyk işi ýerine ýetirmek üçin kabul edilýän adamlar bilen;

10) işgäriň tälim alşy we hünär öwredilmegi bilen gös-göni baglanyşykly işler üçin;

11) okatmagyň gündizki görnüşi boýunça okaýan adamlar bilen;

12) şol kärhanada esasy işi bilen utgaşykly işleýän adamlar bilen;

13) ýaşy boýunça pensiýa alýanlar bilen, şeýle hem lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda saglyk ýagdaýy boýunça diňe wagtlaýyn häsiýetli işe rugsat edilen adamlar bilen;

14) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan hünärleriň sanawyna laýyklykda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, kinematografiýa guramalarynyň, teatrlaryň, teatral we konsert guramalarynyň, sirkleriň döredijilik işgärleri bilen we eserleri döretmäge we (ýa-da) ýerine ýetirmäge gatnaşýan beýleki adamlar, ökde türgenler bilen;

15) Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, ýerli häkimiýet ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namasynda bellenilen tertipde geçirilen bäsleşigiň netijesinde kesgitli möhlet üçin zähmet şertnamalaryny baglaşan ylmy, mugallymçylyk we beýleki işgärler bilen;

16) saýlawly edaranyň düzümine ýa-da tölenýän işdäki saýlawly wezipä belli bir möhlete saýlanan mahalynda, şeýle hem döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, şeýle hem syýasy partiýalarda we beýleki jemgyýetçilik birleşiklerinde saýlawly edaralaryň agzalarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň işini gös-göni üpjün etmek bilen baglanyşykly işe girilen mahalynda;

17) iş bilen üpjün edýän döwlet edarasy (gullugy) tarapyndan wagtlaýyn işlere, şol sanda jemgyýetçilik işlerini geçirmäge iberilen adamlar bilen;

18) guramaçylyk-hukuk görnüşlerine we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan kärhanalaryň ýolbaşçylary, ýolbaşçylaryň orunbasarlary we baş hasapçylary bilen.

4. Eger zähmet şertnamasynda onuň hereket ediş möhleti görkezilmese, onda şertnama kesgitsiz möhlete baglaşylan diýlip hasap edilýär.

5. Eger taraplaryň hiç birisi möhletli zähmet şertnamasynyň möhletiniň gutarmagy bilen baglanyşykly onuň ýatyrylmagyny talap etmese, işgär bolsa zähmet şertnamasynyň möhleti gutarandan soň işini dowam etdirse, onda zähmet şertnamasy kesgitsiz möhlete baglaşylan diýlip hasap edilýär.

6. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligi amala aşyrýan edara ýa-da kazyýet tarapyndan bellenilen ýeterlik esaslar bolmadyk mahalynda möhletli zähmet şertnamasy möhletsiz baglaşylan diýlip hasap edilýär.

7. Kesgitsiz möhlete zähmet şertnamasy baglaşylýan işgärler üçin göz öňünde tutulan hukuklary we kepillendirmeleri bermekden boýun gaçyrmak maksady bilen möhletli zähmet şertnamalarynyň baglaşylmagy gadagan edilýär.

19-njy madda. Zähmet borçlarynda şertleşilmedik işiň ýerine ýetirilmeginiň talap edilmegini gadagan etmek

Türkmenistanyň kanunçylygynda gönüden-göni göz öňünde tutulanlardan başga ýagdaýlarda iş berijiniň işgärden zähmet borçlarynda şertleşilmedik işleri ýerine ýetirmegini talap etmäge haky ýokdur.

20-nji madda. Zähmet şertnamasynyň güýje girmegi

1. Eger zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) başga düzgün bellenilmedik bolsa, zähmet şertnamasy adamyň ýazmaça arzasynyň esasynda çykarylan buýruga iş beriji tarapyndan gol çekilen gününden ýa-da iş berijiniň (onuň ygtyýarly wekiliniň) ygtyýary bilen ýa-da tabşyrmagy boýunça işgäriň işe (gulluga) hakyky goýberilen gününden güýje girýär.

2. Iş beriji - hakyna tutma zähmeti ulanýan şahsy tarap bilen işgäriň arasynda baglaşylan zähmet şertnamasy iş beriji we işgär tarapyndan oňa gol çekilen gününden güýje girýär.

21-nji madda. Zähmet şertnamasynyň hakyky däldigi

1. Zähmet şertnamasy şu aşakdaky ýagdaýlarda hakyky däl diýlip ykrar edilýär eger ol:

1) aldawyň, gorkuzmagyň, güýç ulanmagyň we mejbur etmegiň beýleki görnüşleriniň täsiri astynda baglaşylan bolsa;

2) hukuk netijelerini döretmek meýli bolmazdan görnüş üçin (ýalan zähmet şertnamasy) baglaşylan bolsa;

3) öz hereketleriniň ähmiýetine düşünmäge ukypsyz adam tarapyndan baglaşylan bolsa;

4) ruhy keseliň ýa-da kemakyllygyň netijesinde bellenilen tertipde hukuk taýdan ukypsyz diýlip ykrar edilen adam tarapyndan baglaşylan bolsa.

2. Zähmet şertnamasynyň hakyky däldigi kazyýet tarapyndan ykrar edilýär.

22-nji madda. Garyndaşlaryň bilelikdäki işiniň (gullugynyň) çäklendirmeleri

1. Öz arasynda ýakyn garyndaşlykda ýa-da guda garyndaşlygynda durýan adamlaryň (ata-eneler, är-aýallar, doganlar, uýalar, ogullar, gyzlar, şeýle hem är-aýalyň ata-eneleri, doganlary, uýalary we çagalary) eger olaryň işi (gullugy) gös-göni (göni) tabynlyk bilen ýa-da biriniň beýlekisine gözegçiligi astynda baglanyşykly bolsa, şol bir döwlet kärhanasynda bilelikde işlemegi (gullugy) gadagan edilýär, saýlawly wezipelerde işlenilmegi muňa degişli däldir.

2. Bu kadalardan çykmalar Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilip bilner.

2 bap. Zähmet şertnamasyny baglaşmak

23-nji madda. Zähmet şertnamasynyň baglaşylmagyna ýol berilýän ýaş

1. Zähmet şertnamasy on alty ýaşyna ýeten adam bilen baglaşylýar.

2. Zähmet şertnamasy on bäş ýaşyny dolduran adam bilen diňe ata-enelerden haýsy hem bolsa biriniň (howandarynyň) razylygy bilen baglaşylyp bilner.

3. Kinematografiýa guramalarynda, teatrlarda, teatral we konsert guramalarynda, sirklerde, ata-

enelerden biriniň (hossarynyň) we hossarlyk we howandarlyk edarasynyň rugsady bilen olaryň saglygyna we ahlak ösüşine zyýan ýetirmeýän eserleri döretmäge we (ýa-da) ýerine ýetirmäge gatnaşmak üçin on bäş ýaşyna ýetmedik adamlar bilen hem zähmet şertnamasynyň baglaşylmagyna ýol berilýär.

Şu ýagdaýda işgäriň adyndan zähmet şertnamasyna onuň ata-enesi (hossary) tarapyndan gol çekilýär.

4. Şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen adamlar bilen zähmet şertnamasyny baglaşmaga razylyk we rugsat ýazmaça görnüşde berilýär.

5. Şu Kodeksiň 60-njy maddasyna laýyklykda okuwçylaryň zähmete çekilmegine iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy bilen zähmet şertnamasyny baglaşmak arkaly ýol berilýär.

24-nji madda. Zähmet şertnamasy baglaşylanda kepillendirmeler

1. Zähmet şertnamasyny baglaşmakdan esassyz ýüz döndermek gadagan edilýär. Esassyz ýüz öwrendigi üçin iş berijiler, wezipeli adamlar ýa-da olaryň ygtyýarly eden adamlary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçiligi çekýärler.

2. Zähmet şertnamasyny baglaşmakdan ýüz dönderilmegi şu aşakdakylar babatda esassyz diýlip hasap edilýär:

1) eger saglygy goraýyş edarasynyň netijenamasy boýunça iş orunlarynyň bellenilen möçberiniň hasabyna iş bilen üpjün ediji döwlet edarasy (gullugy) tarapyndan işe iberilen, degişli zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek gadagan edilmedik adamlar;

2) iş berijileriň arasyndaky ylalaşyk boýunça öňki iş ýerinden işden boşan gününden başlap bir aýyň içinde başga kärhanadan geçmek tertibinde işe (gulluga) ýazmaça çakylygy bolan adamlar;

3) iş berijiniň ýüz tutmasyna ýa-da onuň bilen baglaşylan şertnama laýyklykda okuw mekdeplerini tamamlanyndan soň ýollama boýunça işe (gulluga) gelen adamlar;

4) köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) esasynda zähmet şertnamasyny baglaşmaga hukugy bolan adamlar;

5) göwreliligi bilen baglanyşykly, şeýle hem üç ýaşa ýetmedik çagalary (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan aýallar;

6) maýyplar, eger lukmançylyk bilermen toparynyň netijenamasy esasynda olaryň saglygy hünär borçlarynyň ýerine ýetirilmegine päsgelçilik bermese ýa-da beýleki adamlaryň saglygyna we zähmet howpsuzlygyna howp salmasa;

7) şu Kodeksiň 7-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda zähmet gatnaşyklarynda hukuk kemsidilmeginiň sebäpleri boýunça adamlar;

8) şu kärhanadan harby gulluga çagyrylyp, ätiýaçlyga goýberilenden soň iki aýyň içinde oňa işe gelen, çagyrylyş boýunça harby gullukçylar.

3. Zähmet şertnamasyny baglaşmakdan ýüz dönderilen adamyň talap etmegi boýunça iş beriji ol ýüz tutandan soň üç günden gijä galman ýüz öwürmegiň sebäbini ýazmaça görnüşde habar bermäge borçludyr. Zähmet şertnamasyny baglaşmakdan ýüz öwrülmeginiň sebäpli esaslandyrmalaryny bermekden ýüz öwrülmegine kazyýete şikaýat edilip bilner.

25-nji madda. Zähmet şertnamasy baglaşylanda talap edilýän resminamalar

1. Zähmet şertnamasy baglaşylanda işe girýän şahs iş berijä şu aşakdakylary görkezmelidir:

1) Türkmenistanyň raýatynyň şahsyýetini tassyklaýan resminamany (pasport ýa-da onuň ornuny tutýan başga resminama, on alty ýaşa çenli ýaşdaky adamlar üçin dogluş hakyndaky şahadatnama);

2) harby borçlular we harby gulluga çagyrylmaga degişli adamlar üçin harby hasabyň resminamasyny;

3) zähmet şertnamasyny ilkinji gezek baglaşýan ýa-da esasy işi bilen utgaşykly işe girýän işgärden başgasy zähmet depderçesini;

4) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýörite bilimi ýa-da ýörite taýýarlygy talap edýän iş üçin bilim hakyndaky, hünär ýa-da ýörite bilimleriň bardygy hakyndaky diplomy ýa-da başga resminamany;

5) saglyk ýagdaýy hakynda lukmançylyk netijenamasy we eger olaryň görkezilmegi Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan bolsa işe gatnaşygy bolan gaýry ýagdaýlary tassyklamak hakynda beýleki resminamalar.

2. Zähmet şertnamasy baglaşylanda iş berijiniň şu Kodeksde göz öňünde tutulmadyk resminamalary

talap etmäge haky ýokdur.

3. Aýry-aýry halatlarda döwlet ýa-da beýleki işiň (gullugyň) aýratynlygyny hasaba almak bilen zähmet şertnamasy baglaşylanda Türkmenistanyň kanunçylygy bilen goşmaça resminamalary görkezmegiň zerurlygy göz öňünde tutulyp bilner.

26-njy madda. Işe kabul etmegi resmileşdirmek

1. Işe kabul etmek işe giryän adamyň arzasynyň esasynda iş berijiniň çykaran buýrugy bilen resmileşdirilýär.

Işgäriň iş berijä - şahsy tarapa işe resmileşdirilmegi şu Kodeksiň 16-njy maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda olaryň arasynda zähmet şertnamasynyň baglaşylmagy bolup durýar.

2. Iş berijiniň işe kabul etmek hakyndaky buýrugy işgäre üç gün möhletde gol çekdirilip yglan edilýär.

3. Işgäriň talap etmegi boýunça iş beriji oňa görkezilen buýrugyň degişli ýagdaýda tassyklanan nusgasyny bermäge borçludyr.

4. Iş beriji işe kabul edende şu aşakdakylara borçludyr:

1) işgäri tabşyrylýan iş, zähmet şertleri we zähmet haky bilen wezipe gözükdirmesine laýyklykda tanyşdyrmaga, onuň hukuklaryny we borçlaryny düşündirmäge;

2) işgäri köpçülikleýin şertnamalar (ylalaşyklar) we içerki zähmet düzgün-tertibini kadalaşdyryan resminamalar bilen tanyşdyrmaga;

3) işgäre tehniki howpsuzlygy, zähmet gigiýenasyny, ýangyn howpsuzlygyny we zähmeti goramak baradaky beýleki talaplary düşündirmäge.

27-nji madda. Zähmet şertnamasynyň hereket edip başlamagy

1. Şertnamada işgäriň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek üçin girişmäge borçly edilip görkezilen senesi zähmet şertnamasynyň hereket edip başlamagydyr.

2. Talaba laýyk resmileşdirilen zähmet şertnamasy bolmadyk mahalynda iş berijiniň ygtyýar bermegi bilen ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça işgäriň işe hakyky goýberilmegi zähmet şertnamasynyň hereket edip başlamagydyr. Işgäri işe kabul etmek hakyndaky buýruk işe hakyky goýberilen gününden başlap üç senenama gününden gijä galman çykarylmalydyr.

3. Eger işgär bellenilen möhletden ýedi senenama gününiň geçmegi bilen esasly sebäpler bolmazdan işe girişmese, onda zähmet şertnamasy baglaşylmadyk diýlip hasap edilýär.

28-nji madda. Synag möhletli zähmet şertnamasy

1. Zähmet şertnamasy baglaşylanda taraplaryň ylalaşmagy bilen işgäriň tabşyrylan işe laýyk gelşini barlamak maksady bilen synag möhleti bellenilip bilner. Synag möhleti üç aýdan geçmeli däldir, kärhanalaryň ýolbaşçylary we olaryň orunbasarlary, baş hasapçylar we olaryň orunbasarlary, şahamçalaryň, wekilhanalaryň we kärhanalaryň gaýry aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň ýolbaşçylary üçin, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça bellenilmedik bolsa, bu möhlet alty aýdan geçmeli däldir.

Işgäriň zähmete wagtlaýyn ukypsyz bolan döwri we onuň işde hakyky bolmadyk beýleki döwürleri synag möhletine girmeýär.

2. Synag möhleti hakyndaky şert işe kabul edilende görkezilmelidir. Buýrukda synag möhleti hakyndaky şert görkezilmedik bolsa, işgäriň synag möhletsiz kabul edilendigini aňladýar.

3. Işgär üçin synag möhletiniň döwründe Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy, şeýle hem köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) şertleri degişlidir.

Synag möhleti iş döwrüne goşulýar.

4. Zähmet şertnamasy baglaşylanda synag möhleti şu aşakdakylar üçin bellenilmeýär:

1) on sekiz ýaşy dolmadyk adamlara;

2) orta hünärment we ýokary okuw mekdeplerini tamamlan we alan hünäri boýunça işe ilkinji gezek giryän adamlara;

3) maýyplara;

4) wagtlaýyn we möwsümleýin işgärlere;

5) göwreli aýallara, şeýle hem üç ýaşa çenli çagalary (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan aýallara;

6) başga işe, başga ýere ýa-da başga iş berijä geçirilen adamlara;

7) degişli wezipäni eýelemek üçin, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde geçirilen bäsleşik boýunça işe giren adamlara;

8) saýlawly tölegli işe saýlanan adamlara;

9) iş berijileriň arasyndaky ylalaşyk boýunça başga iş berijiden geçirmek tertibinde işe çagyrylan adamlara;

10) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda.

5. Iş beriji synag möhletiniň gutarmagyna çenli synagdan geçmedik işgär bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmaga haklydyr, oňa bu hakda zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagyna çenli üç senenama gününden gijä galman ýazmaça habar bermelidir. Şunda iş beriji synagdan geçip bilmedik işgär diýip hasap etmek üçin esas bolan sebäpleri görkezmäge borçludyr. Iş berijiniň karary işgär tarapyndan kazyýete şikaýat edilip bilner.

6. Eger zähmet şertnamasy synag möhletiniň içinde ýatyrylmasa, onda işgär synagdan geçen diýlip hasap edilýär we soňra diňe umumy esaslarda zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagyna ýol berilýär.

7. Eger synag möhletiniň dowamynda işgär özüne teklip edilen iş özi üçin amatly däl diýen netijä gelse, onda ol zähmet şertnamasyny öz islegine görä ýatyrmak hukugyna eýedir, ol şonda bu hakda iş berijä üç senenama gününiň içinde ýazmaça görnüşde duýdurmalydyr.

29-njy madda. Zähmet şertnamasy baglaşylanda lukmançylyk anyklamasy

Zähmet şertnamasy baglaşylanda on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlar, şeýle hem şu Kodeksiň 187-nji we 251-nji maddalarynda göz öňünde tutulan tertipde beýleki adamlar hökmany suratda deslapky lukmançylyk anyklamasyny geçmäge degişlidir.

30-njy madda. Zähmet depderçesi

1. Zähmet depderçesi işgäriň zähmet işi hakyndaky esasy resminamasydyr.

2. Zähmet depderçesiniň bellenilen nusgasy bardyr. Zähmet depderçeleriniň görnüşi, olary bermegiň, ýöretmegiň we saklamagyň tertibi, şeýle hem zähmet depderçeleriniň blanklaryny taýýarlamagyň we olar bilen iş berijileri üpjün etmegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

3. Eger iş (gulluk) işgär üçin esasy bolsa, iş beriji (şahsy tarap bolup durýan iş berijilerden başga) bellenilen tertibe laýyklykda kärhanada bäş günden köp işlän her bir işgäre zähmet depderçelerini ýöretmäge borçludyr.

4. Zähmet depderçesine işgär, onuň işe kabul edilmegi, başga hemişelik işe geçirilmeleri, saýlawly edaralara saýlanmagy, işgäriň işden boşadylmagy hakyndaky maglumatlar, şeýle hem zähmet şertnamasyny bes etmegiň esasy, işgäriň sylaglanylmagy we höweslendirilmegi hakyndaky maglumatlar, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki maglumatlar girizilýär. Zähmet depderçesine temmiler hakyndaky maglumatlar girizilmeýär, haçan-da düzgün-nyzam temmisi boýunça işden boşadylýan bolsa, onda ol muňa degişli däldir.

Işgäriň islegine görä esasy işi bilen utgaşykly işländigi hakyndaky maglumatlar utgaşykly işi tassyklaýan resminamanyň esasynda esasy iş ýeri boýunça zähmet depderçesine girizilýär.

5. Zähmet depderçesiniň haýsy hem bolsa bir bölüminiň ähli sahypalary doldurylan halatynda zähmet depderçesiniň üsti bellenilen tertipde içlik bilen doldurylýar.

6. Zähmet şertnamasynyň bes edilendigi hakyndaky ýazgylar şu Kodeksiň degişli bendine, bölegine we maddasyna hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna salgylanmak bilen şu Kodeksiň düzgünlerine takyk laýyklykda zähmet depderçesine girizilýär.

3 bap. Zähmet şertleri. Zähmet şertnamasynyň şertlerini üýtgetmek

31-nji madda. Zähmet şertleri

1. Zähmet şertleri diýlip işgäriň zähmet çekmegi (işi, gullugy) üçin gerek bolan hukuk, durmuş we önümçilik-tehniki faktorlaryň jemine düşünilýär. Olara iş ýeri (iş orny), zähmete hak tölemegiň möçberi we şertleri, ýeňillikler, käriň, hünäriň, wezipäniň ady, iş we dynç alyş wagtynyň düzgüni, kärleriň utgaşdyrylmagy,

rugsatlar, öwez pullary we tölegler, zähmeti goramak we tehniki howpsuzlygy, önümçilik-durmuş we zähmetiň beýleki şertleri degişlidir.

2. Zähmet şertleri Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy, şeýle hem zähmet şertnamasyny we köpçülikleýin şertnamany (ylalaşygy) taraplarynyň ylalaşmagy bilen bellenilýär.

32-nji madda. Zähmet şertleriniň üýtgedilmegi

1. Önümçiligi we zähmeti guramakdaky üýtgetmeler bilen baglanyşykly zähmet şertnamasynyň we köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) taraplarynyň ylalaşmagy bilen bellenilen zähmet şertleriniň üýtgedilmegine şol bir kär, hünär ýa-da wezipe boýunça iş dowam etdirilende ýol berilýär. Zähmet şertleriniň üýtgändigi hakynda işgär olaryň başlanmagyna bir aýdan giç bolmadyk möhletde habarly edilmelidir.

Eger zähmetiň öňki şertleri saklanylyp bilinmese, işgär bolsa täze şertlerde işiň dowam etdirilmegine razy bolmasa, onda zähmet şertnamasynyň hereketi şu Kodeksiň 39-njy maddasynyň birinji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda bes edilýär.

2. Beýleki tarapyň razyçylygy bilen zähmet şertleriniň üýtgedilmegine zähmet şertnamasynyň taraplaryndan biriniň talap etmegi boýunça ýol berilýär. Zähmet şertlerini üýtgetmek hakynda taraplardan biri bir aýdan giç bolmadyk möhletde ýazmaça habarly edilmelidir.

3. Işgär öz işini (gullugyny) zähmet şertnamasynda kesgitlenilen şol bir kär, hünär ýa-da wezipe boýunça dowam etdirende iş beriji zähmet şertlerini üýtgetmäge haklydyr. Işgär zähmet şertlerini üýtgetmek hakynda bir aýdan giç bolmadyk möhletde ýazmaça habarly edilmelidir.

Eger önümçiligiň we zähmetiň guralyşy, işleriň möçberleri üýtgese, işgärleriň işden köpçülikleýin boşadylmagyna getirse, şonda iş beriji iş orunlaryny saklamak maksady bilen kärhananyň kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşyp duýduryşyň göz öňünde tutulan möhletini berjaý etmezden işgärleriň zähmet şertlerini üýtgetmäge haklydyr. Şunda iş wagtynyň dowamlylygy iş wagtynyň aýlyk ölçeginiň ýarysyndan, zähmet haky bolsa Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen zähmet hakynyň iň az möçberinden pes bolup bilmez.

4. Işgär Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda kesgitlenen, şeýle hem zähmet şertnamasynyň taraplarynyň ylalaşan halatlarynda iş berijiden zähmet şertleriniň üýtgedilmegini talap etmäge haklydyr. Zähmet şertlerini üýtgetmek hakynda işgäriň arzasyna iş beriji tarapyndan üç günden gijä galman garalmalydyr.

5. Köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) şertleri bilen deňeşdireniňde işgäriň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan zähmet şertleriniň üýtgetmeleri girizilip bilinmez.

6. Zähmet şertlerini üýtgetmek işgäre gol çekdirilip iş berijiniň buýrugy bilen resmileşdirilýär.

7. Işgär iş şertleriniň iş beriji tarapyndan üýtgedilmegini kazyýete şikaýat etmäge haklydyr. Zähmetiň öňki şertlerini saklap galmaga mümkinçiliginiň ýokdugyny subut etmek iş berijiniň üstüne ýüklenilýär.

33-nji madda. Başga hemişelik işe geçirmek ýa-da iş ýerini üýtgetmek

1. Iş berijiniň başlangyjy boýunça şol bir kärhanada başga hemişelik işe geçirmäge, ýagny zähmet borçlaryny ýa-da zähmet şertlerini üýtgetmäge, şeýle hem başga kärhana ýa-da kärhana bilen bilelikde başga ýere hemişelik işe geçirmäge işgäriň ýazmaça razylygy bilen ýol berilýär.

2. Iş berijiniň başlangyjy boýunça şol bir kärhanada başga işe geçirmek diňe işgäriň ýazmaça razylygy bilen amala aşyrylýar, şu Kodeksiň 34-nji, 36-njy maddalarynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

3. Eger başga işe geçmek şu aşakdakylar bilen baglanyşykly bolsa:

1) önümçilik tehnologiýasynyň, zähmetiň guralyşynyň üýtgemegi, işleriň möçberleriniň gysgaldylmagy netijesinde işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy;

2) öň bu wezipe sanawyndaky wezipäni eýelän işgäriň işe dikeldilmegi, iş beriji işgäre onuň degişli kärine we hünärine laýyk işi, ol bolmadyk mahalynda bolsa kärhanada bolan başga işi teklip etmäge borçludyr.

4. Iş beriji lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda başga işiň berilmegine mätäçlik çekýän işgäri, onuň razylygy bilen saglyk ýagdaýyna ters gelmeýän bar bolan başga işe geçirmäge borçludyr.

5. Işgär başga işe geçirilmeden ýüz öwrende ýa-da iş berijide degişli iş bolmadyk mahalynda zähmet şertnamasy şu Kodeksiň 39-njy maddasynyň birinji böleginiň 3-5-nji bentlerine laýyklykda bes edilýär (ýatyrylýar).

6. Iş berijileriň arasyndaky ylalaşyk boýunça başga kärhana işe geçirmek işgäriň razylygy bilen

amala aşyrylýar.

7. Başga hemişelik işe geçirmek iş berijiniň buýrugy bilen resmileşdirilýär.

8. Işgäriň şol bir kärhanada başga iş ornuna, şol ýerdäki başga düzüm birligine iş ýeriniň üýtgedilmegi, zähmet şertnamasynda şertlendirilen şol kär, hünär ýa-da wezipe boýunça başga mehanizmde ýa-da agregatda işlemegiň tabşyrylmagy onuň başga işe geçirilmegi däldir we munuň üçin onuň razylygy talap edilmeýär.

9. Şu aşakdaky ýagdaýlarda işgäriň başga işe geçirilmegine ýol berilmeýär:

1) saglyk ýagdaýy boýunça oňa ýaramaýan başga işe;

2) hünärli işgäri hünärsiz işe.

34-nji madda. Önümçilik zerurlygy bilen baglanyşykly başga işe wagtlaýyn geçirmek

1. Iş berijiniň önümçilik zerurlygy ýüze çykan mahalynda işgäri şol bir kärhanada, şol bir ýerde zähmet şertnamasynda şertlendirilmedik işe (başga kär, hünär, wezipe boýunça) onuň razylygy bolmazdan bir aýa çenli möhlet bilen geçirmäge haky bardyr. Taraplaryň ylalaşmagy bilen şeýle işe geçirmegiň möhleti uzaldylyp bilner, ýöne ol ýylda üç aýdan köp bolmaly däldir, ýok işgäriň ýerini çalyşmak muňa girmeýär.

Tebigy betbagtçylygyň, önümçilik awariýasynyň öňüni almak ýa-da olaryň ýetiren zyýanlaryny şol wagtda düzetmek, betbagtçylykly hadysalaryň, boş durmagyň, emlägiň ýok edilmeginiň ýa-da zaýalanmagynyň öňüni almak üçin, şeýle hem ýok işgäriň ýerini çalyşmak üçin başga işe geçirilmegine ýol berilýär. Şunda işgär saglyk ýagdaýy boýunça özüne ýaramaýan işe geçirilip bilinmez.

2. Önümçilik awariýasynyň ýa-da tebigy betbagtçylygyň ýetiren zyýanyny ýok etmek bilen baglanyşykly wagtlaýyn başga işe geçirmek diňe işgäriň razylygy bilen we iş berijileriň arasyndaky ylalaşyk boýunça başga iş berijä geçirilip bilner.

3. Önümçilik zerurlygy bilen baglanyşykly başga ýere wagtlaýyn işe geçirmeklige diňe işgäriň razylygy bilen ýol berilýär.

4. Önümçilik zerurlygy bilen baglanyşykly başga wagtlaýyn işe geçirilende zähmete hak tölemek ýerine ýetirilýän iş boýunça geçirilýär, ýöne ol öňki iş boýunça ortaça zähmet hakyndan pes bolmaly däldir, normalary ýerine ýetirmeýän ýa-da wagta görä hak tölenilýän işe geçirilen işgärlerde olaryň tarif stawkasy (aýlygy) saklanyp galýar.

5. Başga işe wagtlaýyn geçirmek başga işe geçirmegiň möhleti görkezilip iş berijiniň buýrugy bilen resmileşdirilýär.

6. Işe wagtlaýyn geçirmegiň möhleti gutaranda iş beriji işgäre öňki işini (wezipesini) bermäge borçludyr.

7. Işgär ýazmaça razylygy bilen has pes hünärli işe wagtlaýyn geçirilip bilner.

8. Ýok işgär wagtlaýyn çalşylan mahalynda hünärli işgäriň hünärsiz işe geçirilmegine ýol berilmeýär.

35-nji madda. Işgäriň haýyşy boýunça başga işe wagtlaýyn geçirmek

1. Esasly sebäp boýunça işgäriň haýyşy bilen başga işe wagtlaýyn geçirilip bilner, ol iş beriji tarapyndan kanagatlandyrylmaga degişlidir.

2. Wagtlaýyn başga işe geçirmek üçin esasly sebäpleriň sanawy, şeýle hem başga işe geçirilende zähmete hak tölemegiň tertibi köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) bellenilip bilner ýa-da iş beriji tarapyndan işgärleriň wekilçilikli edarasy tarapyndan ylalaşylyp kesgitlenip bilner.

3. Işgärleri has ýeňil ýa-da saglyk ýagdaýy boýunça ýaramaz önümçilik faktorlarynyň işe täsir etmegini aradan aýyrýan wagtlaýyn başga işe geçirmek, şeýle hem göwreli aýallary, üç ýaşa çenli çagalary (on alty ýaşyna çenli maýyp çagasy) bolan aýallary şol zeýilli işe wagtlaýyn geçirmek öňki işi boýunça ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen amala aşyrylýar.

36-njy madda. Boş durlan mahalynda başga işe wagtlaýyn geçirmek

1. Boş durmak diýlip önümçilik ýa-da ykdysady sebäplere görä (enjamlaryň, mehanizmleriň hatardan çykmagy, çig mal, materiallaryň, elektrik energiýasynyň bolmazlygy we ş.m.) işiň wagtlaýyn ýoklugyna aýdylýar.

2. Boş durlan mahalynda başga işe wagtlaýyn geçirmek şol bir iş berijide boş durmagyň ähli wagty

üçin we şol ýerdäki başga iş berijä bir aýa çenli möhlet bilen işgäriň kärini, hünärini, wezipesini hasaba almak bilen geçirilmelidir.

3. Boş durlan mahalynda pes hak tölenilýän işe wagtlaýyn geçirilende iş öndürijiliginiň kesgitlenen möçberlerini ýerine ýetirýän işgärlerde öňki iş boýunça ortaça zähmet haky saklanyp galýar, iş öndürijiliginiň kesgitlenen möçberlerini ýerine ýetirmeýän ýa-da wagta görä hak tölenilýän işe geçirilen işgärlerde olaryň tarif stawkasy (aýlygy) saklanyp galýar.

37-nji madda. Kärhananyň eýesi çalşanda, kärhananyň edara tabynlygy (garaşlylygy) üýtgände, ol üýtgedilip guralanda, kärhana kärendesine berlende zähmet gatnaşyklary

1. Kärhananyň eýesi çalşan mahalynda onuň täze eýesi özünde eýeçilik hukuklarynyň ýüze çykan gününden başlap üç aýdan gijä galman kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary we baş hasapçysy bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmak hukugyna eýedir.

2. Kärhananyň eýesiniň çalyşmagy kärhananyň beýleki işgärleri bilen zähmet şertnamalarynyň ýatyrylmagy üçin esas däldir.

3. Kärhananyň edara tabynlygynyň (garaşlylygynyň) üýtgemegi (birikmegi, goşulmagy, bölünmegi, bölünip aýrylmagy, özgerdilmegi), kärhananyň kärendesine berilmegi kärhananyň işgärleri bilen zähmet şertnamalaryny ýatyrmak üçin esas bolup bilmez.

4. Şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde göz öňünde tutulan halatlarda iş berijiniň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasyny bes etmek şu Kodeksde bellenilen kepillikleri hökman berjaý etmek bilen diňe işgärleriň sany ýa-da wezipe sanawy gysgaldylanda mümkindir.

Şu ýagdaýlarda işgärleriň sanyny ýa-da wezipe sanawyny gysgaltmaklyga diňe kärhananyň döwlet bellige alyş maglumatlaryna üýtgetmeler girizilenden soň ýol berilýär.

5. Şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde göz öňünde tutulan halatlarda kärhananyň işgäri işini dowam etdirmekden ýüz öwren mahalynda zähmet şertnamasy şu Kodeksiň 39-njy maddasynyň birinji böleginiň 5-nji bendine laýyklykda bes edilýär.

38-nji madda. Işden çetleşdirmek

1. Iş beriji şu aşakdaky halatlarda işgäri işden çetleşdirmäge (işe goýbermezlige) borçludyr:

1) zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk babatda bellenilen tertipde okuwy we bilimleri we endikleriň barlagyny geçmedik bolsa;

2) bellenilen tertipde hökmany deslapky ýa-da döwürleýin lukmançylyk gözegçiligini geçmedik bolsa;

3) zähmet şertnamasy bilen şertlendirilen işi ýerine ýetirmek üçin lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda ýaramazlyk bar bolsa;

4) ýokary howplulyk bilen baglanyşykly işi ýerine ýetiren mahalynda zerur hususy gorag serişdelerinden peýdalanmaýan bolsa;

5) işe serhoş, neşe çeken ýa-da kelläni sämediji ýagdaýda gelen bolsa;

6) iş berijiniň iş ýerine ýaýramak howpy bolan howply kesselleriň garşysyna lukmançylyk edarasy tarapyndan bellenilen sanjymlary almadyk bolsa;

7) aýratyn zonalaryň (serhetýaka, gümrük we başgalar) bellenilen düzgünini bozan bolsa;

8) iş berijiniň iş desgalary ýerleşýän aýratyn goralýan zonalara (serhet, goraghana we başgalar) ygtyýary ýok bolsa;

9) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda muňa ygtyýarly edaranyň ýa-da wezipeli adamyň talap etmegi boýunça;

10) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda.

2. Işden çetleşdirmek ýa-da işe goýbermezlik üçin esas bolan ýagdaýlar düzedilýänçä adam bütin döwrüň dowamynda işden çetleşdirilýär (işe goýberilmeýär).

3. Işden çetleşdirilýän (işe goýberilmeýän) döwürde işgäre zähmet haky hasaplanylmaýar, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir. Işgär öz günäsi bolmazdan zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk babatynda okuw geçmedikligi, bilimleriň we endikleriniň barlagyny we hökmany deslapky ýa-da döwürleýin lukmançylyk gözegçiligini geçmedikligi, aýratyn goralýan

zonalara ygtyýar almadyklygy sebäpli işden çetleşdirilen halatlarynda oňa edil boş durlandaky ýaly işden çetleşdirilmeginiň bütin döwri üçin töleg geçirilýär.

4 bap. Zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak)

39-njy madda. Zähmet şertnamasyny bes etmegiň (ýatyrmagyň) umumy esaslary

1. Şu aşakdakylar zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak) üçin esaslardyr:

1) şu Kodeksiň 32-nji maddasyna laýyklykda zähmet şertnamasynyň şertleriniň üýtgedilmegi bilen baglanyşykly işgäriň işi dowam etdirmekden ýüz öwürmegi;

2) şu Kodeksiň 33-nji maddasynyň altynjy bölegine laýyklykda işgäriň öz haýyşy boýunça ýa-da öz razylygy bilen başga iş berijä başga hemişelik işe geçirilmegi;

3) işgäriň lukmançylyk netijenamasynyň esasynda saglyk ýagdaýy boýunça başga işe geçirilmeginden ýüz öwürmegi ýa-da şu Kodeksiň 33-nji maddasynyň bäşinji böleginde göz öňünde tutulan iş berijide degişli işiň ýoklugy;

4) şu Kodeksiň 33-nji maddasynyň bäşinji bölegine laýyklykda iş berijiniň başga ýere geçmegi bilen baglanyşykly işgäriň şol ýere işe geçirilmeginden ýüz öwürmegi;

5) şu Kodeksiň 37-nji maddasyna laýyklykda kärhana eýesiniň çalyşmagy, kärhananyň edara tabynlygynyň (garaşlylygynyň) üýtgemegi, onuň üýtgedilip guralmagy, kärhananyň kärendä berilmegi bilen baglanyşykly işgäriň işi dowam etdirmekden boýun gaçyrmagy;

6) şu Kodeksiň 40-njy maddasyna laýyklykda taraplaryň ylalaşmagy;

7) şu Kodeksiň 41-nji maddasyna laýyklykda işgäriň başlangyjy (öz islegi);

8) şu Kodeksiň 42-nji maddasyna laýyklykda iş berijiniň başlangyjy;

9) şu Kodeksiň 46-njy maddasyna laýyklykda kärdeşler arkalaşygy guramasynyň talap etmegi;

10) şu Kodeksiň 47-nji maddasyna laýyklykda taraplaryň erkine bagly bolmadyk ýagdaýda;

11) möhletli zähmet şertnamasynyň hereket ediş möhletiniň tamamlanmagy, şeýle hem şu Kodeksiň 48-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen esaslar, haçanda zähmet gatnaşyklarynyň hakyky dowam edýän we olaryň bes edilmeginiň taraplaryň hiç biri tarapyndan talap edilmedik halatlary muňa degişli däldir;

12) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň bozulmagy, eger bu bozulma şu Kodeksiň 49-njy maddasyna laýyklykda işi dowam etdirmek mümkinçiligini aradan aýyrýan bolsa.

2. Zähmet şertnamasy şu Kodeksde we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan başga esaslar boýunça hem ýatyrylyp bilner.

40-njy madda. Zähmet şertnamasyny taraplaryň ylalaşygy boýunça bes etmek (ýatyrmak)

Zähmet şertnamasy taraplaryň ýazmaça ylalaşygy boýunça islendik wagt bes edilip (ýatyrylyp) bilner.

41-nji madda. Zähmet şertnamasynyň işgäriň başlangyjy boýunça ýatyrylmagy

1. Işgär möhletsiz baglaşylan zähmet şertnamasyny, şeýle hem möhletli zähmet şertnamasyny onuň möhleti tamamlanmanka öz başlangyjy boýunça ýatyrmaga haklydyr, şonda ol bu hakda iş berijini iki hepde öňünden ýazmaça habarly etmelidir. Işden boşatmak hakynda duýduryşyň möhleti gutarandan soň işgär işini bes etmäge haklydyr, iş beriji bolsa işgäre zähmet depderçesini bermäge we onuň bilen hasaplaşyk geçirmäge borçludyr.

2. Taraplaryň ylalaşmagy boýunça zähmet şertnamasy işden boşatmak hakyndaky duýduryşyň möhletiniň gutarmagyna çenli bes edilip bilner.

3. Işden boşatmak hakyndaky duýduryşyň şu maddanyň birinji böleginde ýa-da taraplaryň ylalaşmagy bilen göz öňünde tutulan möhletiniň içinde işgär berlen arzany yzyna almaga haklydyr.

Eger işden boşatmak hakyndaky duýduryşyň möhleti gutarandan soň işgär bilen zähmet şertnamasy ýatyrylmasa we zähmet gatnaşyklary dowam etse, onda işgäriň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasyny

ýatyrmak hakyndaky arza güýjüni ýitirýär, zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagyna we işden boşadylmagyna ýol berilmeýär.

4. Haçanda işgäriň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasyny ýatyrmak hakyndaky arza onuň işi dowam etdirmäge mümkinçiliginiň bolmazlygy bilen şertlendirilse (okuw mekdebine girmegi, saýlawly wezipä saýlanylmagy we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga ýagdaýlarda), iş beriji zähmet şertnamasyny işgäriň arzasynda görkezilen möhletde ýatyrmalydyr.

42-nji madda. Zähmet şertnamasynyň iş berijiniň başlangyjy boýunça ýatyrylmagy

1. Zähmet şertnamasy iş berijiniň başlangyjy boýunça şu aşakdaky halatlarda ýatyrylyp bilner:

1) kärhana ýatyrylanda ýa-da iş beriji - şahsy tarap tarapyndan iş bes edilende;

2) kärhananyň işgärleriniň sany ýa-da wezipe sanawy gysgaldylanda, şol sanda önümçilik tehnologiýasynyň, zähmeti guramagyň üýtgedilmegi, işleriň möçberleriniň gysgaldylmagy bilen baglanyşykly;

3) ýeterlik hünäriniň bolmazlygy, şol sanda hünär synagynyň tassyklanylan netijeleri bilen baglanyşykly işgäriň eýeleýän wezipesine laýyk gelmezligi;

4) şu Kodeksiň 37-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda kärhananyň eýesi çalşanda (kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary we baş hasapçysy babatynda);

5) eger belli bir kesel sebäpli iş ýerini (wezipesini) saklamagyň has uzak möhleti Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilmedik bolsa, onda göwrelilik we çaga dogurmak baradaky rugsadyň döwrüni hasaplamanyňda işe wagtlaýyn ýarawsyzlyk netijesinde bassyr dört aýdan köp wagtlap işe gelinmedik mahalynda. Zähmetde şikes ýetenligi ýa-da hünär keseli sebäpli işe ýarawlylygyny ýitiren işgärleriň işe ýarawlylygy dikeldilýänçä ýa-da maýyplyk bellenilýänçä olaryň iş ýeri (wezipesi) saklanylýar;

6) eger işgäre öň düzgün-nyzam temmi çäreleri ulanylan bolsa zähmet şertnamasy ýa-da kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary bilen onuň üstüne ýüklenen zähmet borçlarynyň işgär tarapyndan esasly sebäpler bolmazdan yzygiderli ýerine ýetirilmedik mahalynda;

7) işden sebäpsiz galanda, şol sanda iş gününiň dowamynda esasly sebäpler bolmazdan üç sagatdan köp iş ýerinde bolmadyk mahalynda;

8) işgär tarapyndan zähmet borçlary bir gezek gödek bozulanda;

9) işde serhoş, neşe çeken ýa-da kelläni sämediji gaýry ýagdaýda peýda bolnanda;

10) işgäriň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly özüne mälim bolan Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan goralýan syry (döwlet, täjirçilik, gulluk we başga) jar edende;

11) kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi bilen ýa-da dolandyryş temmisini bermek ygtyýarlygyna girýän edaranyň karary bilen iş ýerinde emlägi ogurlan, sowran, ony bilgeşleýin dargadan ýa-da zaýalan mahalynda;

12) zähmeti goramak baradaky talaplaryň işgär tarapyndan bozulan mahalynda, eger bu düzgün bozma agyr netijelere getirse (önümçilikde betbagtçylykly hadysa, awariýa, heläkçilik) ýa-da şeýle netijeleriň gelip ýetmegine görnetin hakyky howp döretse;

13) zähmet şertnamasy baglaşylanda işgär tarapyndan iş berijä galp resminamalaryň ýa-da görnetin ýalan maglumatlaryň berlendigi ýüze çykarylanda;

14) kärhananyň ýolbaşçysy, kärhananyň ýerine ýetiriji edarasynyň agzalary bilen zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulan halatlarda;

15) şu Kodeksde bellenilen beýleki halatlarda.

2. Iş beriji kärhananyň işgärleriniň sany ýa-da wezipe sanawy gysgaldylanda şol kärhanada işgäriň hünärine laýyk gelýän bar bolan başga işi (boş wezipäni) işgäre teklip etmäge borçludyr.

3. Işgäriň zähmete wagtlaýyn ukypsyz bolan döwründe we rugsatda bolan (şu maddanyň birinji bölegniň 5-nji bendinde görkezilen halatlardan başga) döwründe iş berijiniň başlangyjy boýunça onuň işden boşadylmagyna ýol berilmeýär (kärhananyň ýatyrylan ýa-da iş beriji - şahsy tarap tarapyndan işiň bes edilen halaty muňa degişli däldir).

4. Kärhananyň başga ýerde ýerleşen şahamçasynyň, wekilhanasynyň, bölümininiň ýa-da başga aýrybaşgalanan düzüm birliginiň (mundan beýläk düzüm birligi diýlip atlandyrylýan) işi bes edilen mahalynda bu düzüm birlikleriniň işgärleri bilen zähmet şertnamalaryny ýatyrmak, kärhananyň ýatyrylmak halatlary üçin göz öňünde tutulan kadalar boýunça geçirilýär.

43-nji madda. Işgärleriň aýry-aýry toparlary bilen zähmet şertnamasyny bes etmegiň goşmaça esaslary

Işgärleriň aýry-aýry toparlary bilen zähmet şertnamasyny bes etmegiň goşmaça esaslary şu aşakdakylardyr:

1) öz tertipnamalaryna laýyklykda düzgün-nyzam jogapkärçiligini çekýän kärhananyň (düzüm birliginiň) ýolbaşçysynyň, onuň orunbasarlarynyň we işgärleriniň zähmet borçlaryny bir gezek gödek bozmagy;

2) kärhananyň (düzüm birliginiň) ýolbaşçysynyň, onuň orunbasarlarynyň we baş hasapçysynyň emlägi saklamagyň bozulmagyna, onuň bikanun peýdalanylmagyna ýa-da kärhana başga zyýan (zelel) ýetirilmegine getiren esassyz karar kabul etmegi;

3) pul we beýleki gymmatlyklara gös-göni hyzmat edýän işgär tarapyndan bikanun hereketleriň amala aşyrylmagy, eger bu hereketler iş beriji tarapyndan oňa ynamy ýitirmek üçin esas berýän bolsa;

4) terbiýeçilik wezipelerini ýerine ýetirýän işgär tarapyndan onuň bu işi dowam etdirmegi bilen bir ýere sygyşmaýan ahlaksyz etmişi amala aşyrmagy;

5) Türkmenistanyň kanunçylygyna we zähmet şertnamasynyň şertlerine laýyklykda beýleki esaslar.

44-nji madda. Zähmet şertnamasyny iş berijiniň başlangyjy boýunça bes etmek hakynda duýduryş

1. Iş beriji şu aşakdaky möhletlerde özüniň zähmet şertnamasyny bes etmek meýli hakynda işgäri ýazmaça (gol çekdirilip) duýdurmaga borçludyr:

1) kärhananyň ýatyrylmagy ýa-da iş beriji - şahsy tarap tarapyndan işiň bes edilmegi, şeýle hem işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy (şol sanda önümçiligiň tehnologiýasyndaky, zähmetiň guralyşyndaky üýtgetmeler, işleriň möçberleriniň gysgaldylmagy) bilen baglanyşykly zähmet şertnamasy bes edilende - iki aýdan gijä galman;

2) işgäriň hünäriniň ýeterlik däldigi netijesinde onuň ýerine ýetirýän işine laýyk gelmezligi bilen baglanyşykly zähmet şertnamasy bes edilende - azyndan iki hepdeden gijä galman.

3) möhletli zähmet şertnamasynyň hereket ediş möhletiniň gutarmagyna çenli azyndan iki hepdeden gijä galman.

2. Işgär bilen iş berijiniň arasyndaky ylalaşyk boýunça şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan duýdurma duýduryş möhletiniň dowamlylygyna görä ortaça zähmet haky möçberindäki öwez puly bilen çalşyrylyp bilner.

3. Eger lukmançylyk netijenamasynda işgäre bu işi ýerine ýetirmek bolmaýar diýlip görkezilen bolsa, işgäriň saglyk ýagdaýy sebäpli ýerine ýetirýän işine laýyk gelmezligi bilen baglanyşykly zähmet şertnamasy bes edilende duýduryş geçirilmeýär.

4. Kärhananyň eýesiniň çalyşmagy bilen baglanyşykly kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary we baş hasapçysy bilen zähmet şertnamasy bes edilende täze eýesi azyndan iki aý galanda zähmet gatnaşyklarynyň geljekki bes edilmegi hakynda ýolbaşçyny, onuň orunbasarlaryny we baş hasapçyny ýazmaça (gol çekdirip) duýdurmaga borçludyr.

5. Işgäriň şu Kodeksiň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 6-13-nji bentlerinde görkezilen bikanun hereketleri etmegi bilen baglanyşykly zähmet şertnamasy bes edilen halatlarynda iş beriji azyndan üç senenama güni galanda zähmet gatnaşyklaryny bes etmek hakynda işgäre habar berýär.

6. Iş beriji işgärleriň işden boşadylmagyna çenli azyndan iki aý galanda şu maddanyň birinji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda işgärleriň geljekki işden boşadylmagy hakyndaky maglumaty kärdeşler arkalaşygyna ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasyna iberýär we işden boşatmagyň netijeleriniň ýeňilleşdirilmegine gönükdirilen maslahatlar geçirýär. Iş beriji şonuň ýaly-da işgäriň ýaşyny, jynsyny, kärini, hünärini we zähmet hakynyň möçberini görkezmek bilen işden geljekki boşadyljak her bir işgär hakyndaky maglumatlary iki aýdan gijä galman iş bilen üpjün ediji ýerli edaranyň (gullugyň) dykgatyna ýetirmäge borçludyr.

45-nji madda. Iş berijiniň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasyny bes etmegi (ýatyrmagy) kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşmak

1. Şu Kodeksiň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji, 4-nji, 10-njy, 11-nji, 13-15-nji bentlerinde

göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda kärdeşler arkalaşygy edarasynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň deslapky razylygy bolmazdan iş berijiniň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasynyň bes edilmegine (ýatyrylmagyna) ýol berilmeýär.

2. Kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak) hukugyna eýe bolan wezipeli adamyň ýazmaça teklipnamasyny alan gününden başlap on gün möhletde işgär bilen zähmet gatnaşyklaryny bes etmek üçin ylalaşyk meselesi boýunça kabul edilen karar hakynda iş berijä ýazmaça görnüşde habar bermelidir.

3. Işgär bilen zähmet gatnaşyklaryny bes etmäge razylyk berlendigi hakynda kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy tarapyndan kararyň kabul edilen gününden başlap iş beriji bir aýdan gijä galman zähmet şertnamasyny bes etmäge (ýatyrmaga) haklydyr.

4. Şu Kodeksiň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 3-nji bendine laýyklykda işgärleri işden boşatmak üçin esas bolup biljek hünär synagy geçirilende hünär synagy toparynyň düzümine hökmany tertipde degişli kärdeşler arkalaşygy ýa-da beýleki wekilçilikli guramasyndan wekil goşulýar.

5. Işgär tarapyndan zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy üçin iş berijiniň zähmet şertnamasyny bes etmegine (ýatyrmagyna) düzgün-nyzam temmilerini bermek üçin bellenilen möhletler geçenden soň ýol berilmeýär.

46-njy madda. Zähmet şertnamasyny kärdeşler arkalaşygy guramasynyň talap etmegi boýunça ýatyrmak

Eger ýolbaşçy işgär Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyny bozsa, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirmese, iş beriji kärdeşler arkalaşygy guramasynyň (etrap derejesinden pes bolmadyk) talap etmegi boýunça ýolbaşçy işgär bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmaga ýa-da ony eýeleýän wezipesinden boşatmaga borçludyr.

47-nji madda. Taraplaryň erkine bagly bolmadyk ýagdaýlar boýunça zähmet şertnamasyny bes etmek

1. Zähmet şertnamasy taraplaryň erkine bagly bolmadyk şu aşakdaky ýagdaýlar boýunça bes edilmäge degişlidir:

1) işgäriň harby gulluga çagyrylmagy ýa-da harby işe girmegi, işgäriň Türkmenistanyň harby borçlulyk we harby gulluk hakyndaky kanunçylyk bilen ýerine ýetirilmegi bilen şertlendirilen işe iberilmegi;

2) ygtyýarly edaranyň ýa-da kazyýetiň karary boýunça öň bu işi ýerine ýetiren işgäriň işe dikeldilmegi;

3) saýlawly wezipä geçmegi;

4) wezipä saýlanylmazlygy;

5) lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda işgäriň zähmete doly ukypsyz diýlip ykrar edilmegi;

6) kazyýetiň kanuny güýje giren hökümine laýyklykda işgäriň öňki işiniň dowam etdirilmegini aradan aýyrýan temmi berilmegi;

7) işgäriň ýa-da iş beriji - şahsy tarapyň aradan çykmagy, şeýle hem kazyýetiň olary aradan çykan diýip yglan etmegi ýa-da nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmegi;

8) işgäriň ýa-da iş beriji - şahsy tarapyň kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen diýlip ykrar edilen mahalynda, eger bu olaryň öňki işini dowam etdirmek mümkinçiligini aradan aýyrýan bolsa;

9) zähmet gatnaşyklarynyň dowam etdirilmegine päsgel beryän adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda (harby hereketler, heläkçilik, tebigy betbagtçylyk, uly awariýa, epidemiýa we beýleki adatdan daşary ýagdaýlar), eger bu ýagdaý Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary bilen ykrar edilen bolsa;

10) eger ýerine ýetirilýän iş şeýle rugsady talap etse, döwlet syryna rugsadyň bes edilmegi.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň 6-8-nji bentlerinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça zähmet şertnamasyny bes etmegiň senesi kazyýetiň höküminiň ýa-da kararynyň kanuny güýje giren senesidir, adamyň aradan çykan senesidir ýa-da adamyň bellenilen tertipde aradan çykan diýip yglan edilen ýa-da nam-nyşansyz giden diýip ykrar edilen senesidir.

3. Eger işgäri onuň öz razylygy bilen başga işe geçirmek mümkin bolmasa, şu maddanyň birinji böleginiň 2-nji bendinde görkezilen esas boýunça zähmet şertnamasynyň bes edilmegine ýol berilýär.

48-nji madda. Möhletli zähmet şertnamasynyň hereketini bes etmek

1. Möhletli zähmet şertnamasy şu Kodeksiň 39-47-nji maddalarynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça, şeýle hem iş orny (wezipesi) saklanyp galýan wagtlaýyn bolmadyk işgäriň işe gaýdyp gelen gününden başlap bes edilip bilner.

2. Wagtyň görnetin belli bir döwri üçin ýa-da görnetin belli bir işi ýerine ýetirmek, betbagtçylykly halatlaryň, awariýalaryň, katastrofalaryň, epidemiýalaryň, epizootiýalaryň öňüni almak boýunça möhletli işleriň geçirilýän döwri üçin, şonuň ýaly-da görkezilen ýagdaýlary we beýleki adatdan daşary ýagdaýlaryň ýetiren täsirlerini aradan aýyrmak üçin, önümçiligiň ýa-da hyzmatlary bitirmegiň möçberleriniň giňeldilmegi bilen baglanyşykly işleriň geçirilýän döwründe, durkuny täzelemek, gurnamak, sazlap-goýberiş we beýleki işleriň geçirilýän döwründe işgär bilen baglaşylan zähmet şertnamasy görkezilen ýagdaýlaryň tamamlanmagy bilen şertnamanyň şertine laýyklykda bes edilýär (ýatyrylýar).

49-njy madda. Zähmet şertnamasy baglaşylanda Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň düzgünleriniň bozulmagy netijesinde zähmet şertnamasyny bes etmek

1. Zähmet şertnamasyny baglaşmagyň şu Kodeksde ýa-da Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen kadalarynyň bozulmagy işi dowam etdirmek mümkinçiligini aradan aýyrýan bolsa, onda zähmet şertnamasy bes edilýär. Olar şulardan ybaratdyr:

1) anyk adamy kesgitli wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgul bolmak hukugyndan mahrum etmek hakynda kazyýetiň hökümi ýerine ýetirilmän zähmet şertnamasy baglaşylanda;

2) lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda saglyk ýagdaýyna görä bu adama bolmaýan işi ýerine ýetirmek üçin zähmet şertnamasy baglaşylanda;

3) eger Türkmenistanyň kanunlaryna ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işiň ýerine ýetirilmegi ýörite bilimleri we endikleri talap edýän bolsa, bilimi ýa-da hünäri hakynda degişli resminamanyň ýoklugy;

4) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda.

2. Eger işgäri onuň ýazmaça razylygy bilen iş berijide bar bolan başga işe geçirmäge mümkinçilik bolmasa, şu maddanyň birinji böleginde görkezilen halatlarda zähmet şertnamasy bes edilýär.

3. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen halatlarda zähmet şertnamasy bes edilende, eger işgäriň günäsi bolmazdan zähmet şertnamalaryny baglaşmagyň düzgünleriniň bozulmagyna ýol berlen bolsa, iş beriji işgäre iki hepdelik ortaça zähmet haky möçberinde işden çykylanda berilýän kömek puluny töleýär.

50-nji madda. Işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy (üýtgemegi) bilen baglanyşykly zähmet şertnamasy bes edilende işde galmak üçin artykmaç hukuk

1. Işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy sebäpli, şol sanda önümçiligiň tehnologiýasyndaky, zähmeti guramakdaky üýtgetmeler, işleriň möçberleriniň gysgaldylmagy, işleriň häsiýetiniň üýtgedilmegi bilen baglanyşykly zähmet şertnamasy bes edilende has ýokary hünärli we zähmet öndürijilikli işgärlere işde galmak üçin artykmaç hukuk berilýär.

2. Hünäri ýa-da zähmet öndürijiligi deň bolanda, işde galmak üçin artykmaç hukuk şu aşakdakylara berilýär:

1) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda weteran diýip ykrar edilen adama;

2) çagalykdan maýyba;

3) şol kärhanada azyndan on ýyl işlän işgäre;

4) pensiýa ýaşynyň öňüsyrasyndaky adama (pensiýa iki ýyl galanda);

5) şol kärhanada zähmet şikesini ýa-da professional keselini alan adama;

6) eklenjinde iki ýa-da köp adam bolan işgäre;

7) maşgalada ýeke-täk ekleýji bolup durýan adama;

8) önümçilikden aýrylmazlyk şerti bilen okuw mekdebinde okaýan işgäre;

9) radiasiýa awariýalarynyň we betbagtçylyklarynyň ýetiren täsirlerini ýok etmäge gatnaşan adama;

10) ýokary ýa-da orta hünärment okuw mekdebini tamamlandan soň, işe iberilen ýaş hünärmene.

3. Köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen beýleki ýagdaýlar hem göz öňünde tutulyp bilner, olar bolan mahalynda işgärleriň işde goýulmagyna artykmaçlyk berilýär. Eger işgärler şu maddanyň birinji we ikinji böleklerine laýyklykda işde galmakda artykmaç hukuga eýe bolmadyk mahalynda bu ýagdaýlar nazara alynýar.

51-nji madda. Zähmet şertnamasynyň bes edilmegini (ýatyrylmagyny) resmileşdirmek

1. Zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak) işe kabul etmegiň hukugyna eýe bolan adamlar ýa-da olar tarapyndan ygtyýarly edilenler tarapyndan geçirilýär we olaryň buýrugy bilen resmileşdirilýär.

2. Işiň soňky güni zähmet şertnamasynyň bes edilen (ýatyrylan) günüdir. Eger soňky iş güni dynç gününe ýa-da baýramçylyk ýa-da başga işlenmeýän güne düşse, onda soňky iş güni diýlip ondan soň gelýän birinji iş güni hasap edilýär.

3. Iş berijiniň buýrugynda zähmet şertnamasyny bes etmegiň (ýatyrmagyň) esaslary, şu Kodeksiň bendine, bölegine, maddasyna ýa-da Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryna salgylanma bilen şu Kodeksiň düzgünlerine takyk laýyklykda görkezilmelidir.

4. Syrkawlygy, maýyplygy, pensiýa gitmegi, harby gulluga çagyrylmagy, orta hünärment ýa-da ýokary okuw mekdebine, aspirantura ýa-da doktorantura kabul edilmegi bilen baglanyşykly we Türkmenistanyň kanunçylygynyň belli bir ýeňilliklerin we artykmaçlyklaryň berilmegini baglanyşdyrýan başga sebäpler boýunça zähmet şertnamasy işgäriň başlangyjy boýunça bes edilende (ýatyrylanda) zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak) hakyndaky buýrukda bu sebäpler görkezilýär.

52-nji madda. Zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak) hakyndaky buýrugyň nusgasyny we zähmet depderçesini bermek

1. Zähmet şertnamasynyň bes edilen (ýatyrylan) gününde iş beriji işgäre onuň zähmet depderçesini we zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak) hakyndaky buýrugyň nusgasyny bermäge borçludyr.

2. Eger zähmet şertnamasynyň bes edilen (ýatyrylan) gününde işgäriň ýoklugy ýa-da zähmet depderçesini eline almakdan onuň ýüz öwürmegi sebäpli zähmet depderçesini bermäge mümkinçilik bolmasa, iş beriji zähmet depderçesini almagyň zerurlygy hakyndaky habarnamany işgäre ugradýar.

53-nji madda. Işi we zähmet haky baradaky resminamalary bermek

Iş beriji işgäriň, şol sanda öňki işgäriň haýyşy boýunça kärini, hünärini, kwalifikasiýasyny ýa-da wezipesini, iş wagtyny we zähmet hakynyň möçberini görkezmek bilen bäş gün möhletden gijä galman kepilnama bermäge, şeýle hem işi hakyndaky beýleki resminamalary ýa-da olaryň göwnejaý ýagdaýda tassyklanan nusgalaryny bermäge borçludyr.

54-nji madda. Işden çykylanda berilýän kömek puly

1. Işden çykylanda berilýän kömek puly zähmet şertnamasy bes edilende (ýatyrylanda) tölenilýär:

1) şu Kodeksiň 42-nji maddasynyň birinji bölegiňiň 1-nji, 2-nji bentlerinde göz öňünde tutulan halatlarda zähmet şertnamasy bes edilende iş berijiniň başlangyjy boýunça;

2) şu Kodeksiň 47-nji maddasynyň birinji bölegiňiň 1-nji, 2-nji, 5-nji bentlerinde göz öňünde tutulan taraplaryň erkine bagly bolmadyk ýagdaýlar boýunça;

3) şu Kodeksiň 39-njy maddasynyň birinji bölegiňiň 1-nji, 3-nji, 4-nji bentlerinde göz öňünde tutulan halatlarda işgäriň işi dowam etdirmekden ýüz öwürmegi bilen baglanyşykly.

2. Işi utgaşdyryp alyp barýanlara işden çykylanda berilýän kömek puly tölenilmeýär.

3. Ortaça iki hepdelik zähmet hakynyň möçberindäki işden çykylanda berilýän kömek puly işgärlere şu aşakdakylar bilen baglanyşykly zähmet şertnamasy ýatyrylanda tölenilýär:

1) işgäriň harby gulluga çagyrylmagy ýa-da girmegi, ýerine ýetirilmegi harby borçlulyk we harby gulluk hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy bilen şertlendirilen işgäriň işe iberilmegi bilen;

2) öň bu işi ýerine ýetiren işgäriň işe dikeldilmegi bilen;

3) lukmançylyk netijenamasynyň esasynda saglyk ýagdaýy boýunça oňa laýyk gelmeýän başga işe çekmekden işgäriň ýüz öwürmegi ýa-da iş berijide degişli işiň ýoklugy bilen;

4) iş berijiniň geçýän başga ýerine işe geçmekden işgäriň ýüz öwürmegi bilen;

5) zähmet şertnamasynyň şertleriniň üýtgemegi bilen baglanyşykly işgäriň işi dowam etdirmekden ýüz öwürmegi bilen;

6) lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda işgäri zähmete doly ukypsyz diýip ykrar etmek bilen.

4. Kärhana ýatyrylanda iş beriji - şahsy adam tarapyndan iş bes edilende, kärhananyň işgärleriniň sanyny ýa-da wezipe sanyny gysgaltmak bilen zähmet şertnamasy bes edilende (ýatyrylanda) işden boşadylýan işgärlere:

1) ortaça aýlyk zähmet haky möçberinde işden çykylanda berilýän kömek puly berilýär;

2) işe ýerleşýän döwri üçin ortaça zähmet haky saklanylýar, ýöne ol işden çykylanda berilýän kömek puluny hasaba almak bilen işden boşadylan günden başlap iki aýdan köp bolmaly däldir;

3) işe ýerleşdiriş edarasynyň karary boýunça kadadan çykma tertibinde we işgäriň bu edara öz wagtynda (işden boşandan soň iki hepde möhletde) ýüz tutan we işe ýerleşdirilmedik şertinde we işden boşan gününden başlap üç aýyň içinde ortaça zähmet haky saklanýar.

5. Işden çykylanda berilýän kömek puly we saklanyp galýan ortaça zähmet haky ozalky iş ýerinde tölenilýär.

55-nji madda. Zähmet şertnamasy bes edilende (ýatyrylanda) işgäre tölenmäge degişli zähmet hakyny iş berijiniň tölemeginiň möhletleri

1. Iş berijiniň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasy bes edilende (ýatyrylanda) tölenmäge degişli zähmet haky işgäre tölenmelidir:

1) zähmet şertnamasynyň bes edilen (ýatyrylan) gününe çenli işlemegini dowam etdirýän işgäre - onuň hereketiniň bes edilen gününde;

2) zähmet şertnamasynyň bes edilen (ýatyrylan) gününe çenli işlemeýäne - onuň hasaplaşyk hakyndaky talabyny bildiren gününde.

2. Zähmet şertnamasy işgäriň başlangyjy boýunça bes edilende (ýatyrylanda) tölenmäge degişli zähmet haky işgäre tölenmelidir:

1) zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak) hakynda kanun ýa-da zähmet şertnamasy boýunça iş berijini duýdurmaga borçly bolan işgäre - haçanda duýduryşa laýyklykda işgäriň işini goýmaga hakly bolan gününden gijä galman;

2) zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak) hakynda iş berijini duýdurmaga borçly bolmadyk işgäre - işini goýan gününden gijä galman.

3. Işgäre tölenmeli pul möçberi hakynda jedel ýüze çykan mahalynda zähmet şertnamasy bes edilende (ýatyrylanda) iş beriji şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde görkezilen möhletlerde onuň jedelleşmeýän pul möçberini tölemäge borçludyr.

56-njy madda. Işe dikeltmek. Işgäriň işden bikanun boşadylmagy ýa-da pes hak tölenilýän başga işe bikanun geçirilmegi üçin iş berijiniň jogapkärçiligi

1. Zähmet şertnamasy bikanun bes edilen (ýatyrylan) ýa-da pes hak tölenilýän başga işe bikanun geçirilen halatlarynda işgär iş berijiniň özi tarapyndan ýa-da kazyýetiň karary bilen öňki işine dikeldilmelidir.

2. Işgär işe dikeldilende iş beriji oňa ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezini şu aşakdaky görnüşlerde tölemäge borçludyr:

1) şu Kodeksiň 381-nji maddasyna laýyklykda, hökmany suratda pul serişdelerini tölemek;

2) degişli tassyklaýjy resminamalar bermek bilen zähmet şertnamasynyň bes edilmegi (ýatyrylmagy) ýa-da pes hak tölenilýän başga işe geçirilmegine şikaýat etmek bilen baglanyşykly goşmaça çykdajylaryň (hünärmenleriň maslahatlary, işi ýöretmek boýunça çykdajylar we başgalar) öwez dolmalary.

3. Işgäriň haýyşy boýunça kazyýet ony işe dikeltmegiň ýerine onuň üç aýlyk ortaça zähmet hakyndan az bolmadyk möçberde goşmaça öwez tölegini (şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulandan başga) iş berijiden işgäriň peýdasyna tutup alyp biler.

57-nji madda. Zähmet şertnamasynyň bikanun bes edilmeginde (ýatyrylmagynda) ýa-da işgäriň pes hak tölenilýän başga işe bikanun geçirilmeginde günäkär bolan wezipeli adamlaryň jogapkärçiligi

Zähmet şertnamasynyň bikanun bes edilmeginde (ýatyrylmagynda) ýa-da işgäriň başga pes hak tölenilýän işe bikanun geçirilmeginde günäkär bolan wezipeli adamlar şu Kodeksiň 386-njy maddasynyň birinji bölegine laýyklykda öwezini doldurmagyň hakyky möçberinde iş berijiniň öňünde maddy jogapkärçilik çekýärler.

IV bölüm. Iş wagty. Iş wagtynyň düzgüni

1 bap. Iş wagty

58-nji madda. Iş wagty düşünjesi

Iş wagty - kesgitli wagt bolup, onuň dowamynda işgär kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna ýa-da iş grafigine ýa-da zähmet şertnamasynyň ýa-da köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) şertlerine laýyklykda öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeli, şeýle hem wagtyň beýleki döwürleri bolup, olar şu Kodekse ýa-da Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda iş wagtyna degişlidir.

59-njy madda. Iş wagtynyň kadaly dowamlylygy

1. Iş wagtynyň kadaly dowamlylygy hepdede 40 sagatdan ýokary geçip bilmez.
2. Iş beriji her bir işgäriň hakyky işlän wagtynyň hasabyny ýöretmäge borçludyr.

60-njy madda. Iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy

1. Iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy şu aşakdaky ýaly bellenilýär:

1) ýaşy on altydan on sekize çenli işgärler üçin - hepdede 36 sagatdan köp bolmaly däl, ýaşy on alta çenli bolan adamlar üçin bolsa - hepdede 24 sagatdan köp bolmaly däl.

Şu Kodeksiň 23-nji maddasynyň üçünji bölegine görkezilen adamlaryň iş wagtynyň dowamlylygy degişli ýaşly adamlar üçin şu bentde göz öňünde tutulan iş wagtynyň ýokary dowamlylygynyň ýarysyndan ýokary geçip bilmez;

2) zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde işleýän işgärler üçin hepdede 36 sagatdan köp bolmaly däldir.

Iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygyna hukuk berýän zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan önümçilikleriň, sehleriň, kärleriň we wezipeleriň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

2. Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparyň (mundan beýläk - HMAT) maslahatynyň esasynda I ýa-da II toparyň maýybyna iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy bellenilip bilner, ýöne ol zähmet hakyny azaltmazdan hepdede 36 sagatdan az bolmaly däldir.

3. Türkmenistanyň kanunçylygy bilen işgärleriň beýleki toparlary üçin iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy bellenilip bilner.

61-nji madda. Işlenilmeýän baýramçylyk, ýatlama we dynç alyş günleriniň öň ýanyndaky günde işiň dowamlylygy

1. Şu Kodeksiň 81-nji maddasynda bellenilen işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleriniň öň ýanyndaky günde şu Kodeksiň 82-nji maddasynda görkezilen işgärlerden başga işgärleriň işiniň dowamlylygy bäşgünlük iş hepdesinde-de, altygünlük iş hepdesinde-de bir sagat gysgaldylýar.

2. Önümçiligiň (işiň) şertleri boýunça işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama gününiň öň ýanyndaky günde işiň (çalşygyň) dowamlylygyny azaltmak mümkin bolmadyk üznüksiz işleýän kärhanalarda we işiň aýry-aýry görnüşlerinde işgäriň islegine görä goşmaça dynç alyş wagtyny bermek ýa-da iş wagtyndan daşary edilen iş üçin bellenilen kadalar boýunça hak tölemek bilen artyk işlenen işiň öwezi dolunýar.

3. Altygünlük iş hepdesinde dynç gününiň öň ýanyndaky gün işiň dowamlylygy 5 sagatdan ýokary geçip bilmez.

62-nji madda. Gijeki wagtdaky işiň dowamlylygy

1. Agşam sagat 22-den ir sagat 6-a çenli bolan wagt - gijeki wagt hasap edilýär.

2. Gijelerine işlenilýän mahalynda işiň (çalşygyň) bellenilen dowamlylygy 1 sagat gysgaldylýar. Bu düzgün şu Kodeksiň 60-njy maddasynyň birinji böleginiň 2-nji bendine laýyklykda özleri üçin iş wagtynyň gysgaldylmagy ozal göz öňünde tutulan işgärlere degişli däldir.

3. Gijelerine işlemegiň dowamlylygy önümçiligiň şertlerine görä zerur bolýan halatlarda, hususanda üznüksiz önümçiliklerde, şonuň ýaly-da bir dynç alyş günli altygünlük iş hepdesi mahalyndaky çalşykly işlerde gündizki iş bilen deňleşdirilýär.

4. Işgärleri gijelerine işlemäge çekmek şu Kodeksiň 191-nji, 242-nji, 243-nji, 255-nji maddalarynda bellenilen çäklendirmeleri berjaý etmek bilen geçirilýär.

63-nji madda. Doly däl iş wagty

1. Işgär bilen iş berijiniň arasynda ylalaşylsa, onda işe kabul edilen mahalynda-da ýa-da şondan soňra-da doly däl iş güni ýa-da doly däl iş hepdesi bellenilip bilner.

2. Göwreli aýalyň, şonuň ýaly-da on dört ýaşyna çenli çagasy (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan ata-enelerden biriniň (hossaryň, howandaryň), şeýle hem lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda maşgalanyň syrkaw agzasyna seredýän adamyň haýyşy boýunça iş beriji olara doly däl iş gününi ýa-da doly däl iş hepdesini bellemäge borçludyr.

3. Işgär üçin doly däl iş wagty şertlerinde işlemek rugsadyň dowamlylygynyň, zähmet stažynyň hasaplanylmagynyň, haýsy-da bolsa beýleki zähmet hukuklarynyň bir hili çäklendirilmegine getirip bilmez.

64-nji madda. Iş wagtyndan daşary iş

1. Iş berijiniň başlangyjy boýunça işgäriň iş wagtynyň bellenilen dowamlylygyndan daşary eden işi, gündelik işi (çalşygy), şeýle hem hasap döwründe (aýda, çäryekde, ýylda) iş sagatlarynyň kadaly sanyndan artyk edilen iş iş wagtyndan daşary iş diýlip hasap edilýär.

2. Iş wagtyndan daşary işler kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramalarynyň pikirini hasaba almak bilen işgäriň ýazmaça razylygy bilen geçirilip bilner.

3. Iş beriji iş wagtyndan daşary işleri diňe şu aşakdaky aýratyn halatlarda ulanyp biler:

1) tebigy betbagtçylygyň, önümçilik awariýasynyň öňüni almak we olaryň netijelerini gyssagly düzetmek, betbagtçylykly hadysalaryň öňüni almak, saglygy goraýyş edaralarynyň işgärleri tarapyndan has gyssagly lukmançylyk kömegini bermek üçin gerek bolan işler geçirilen mahalynda;

2) suw üpjünçiliginiň, gaz üpjünçiliginiň, ýyladyşyň, yşyklandyryşyň, lagymyň, ulagyň, aragatnaşygyň kadaly işlemegini bozýan tötänleýin ýa-da duýdansyz ýagdaýlary ýok etmek üçin zerur jemgyýetçilik işleri geçirilýän mahalynda;

3) önümçiligiň tehniki şertlerine görä garaşylmadyk bökdençlik sebäpli kadaly iş sagatlarynyň dowamynda ýerine ýetirilip (tamamlanyp) bilinmejek başlanylan işi ýerine ýetirmek ýa-da tamamlamak zerur bolan mahalynda, eger şunda başlanylan işiň ýerine ýetirilmezligi döwlet emläginiň we iş berijiniň emläginiň zaýalanmagyna ýa-da ýok bolmagyna getirip biljek bolsa;

4) mehanizmleriň ýa-da desgalaryň näsazlygy işgärleriň ep-esli sanynyň işleriniň duruzylmagyna getirjek halatlarda şol mehanizmleri ýa-da desgalary abatlamak we dikeltmek baradaky wagtlaýyn işler geçirilýän mahalynda;

5) çalşylýan işgär işe gelmedik mahalynda şol işi dowam etdirmek üçin, eger iş arakesme edilmegine mümkinçilik bermeýän bolsa. Şunuň ýaly halatlarda iş beriji şol işläp duran işgäri beýleki işgär bilen çalyşmak üçin derrew çäreler görmäge borçludyr;

6) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki halatlarda.

4. Şu aşakdakylar iş wagtyndan daşary işlere goýberilmeýär:

1) göwreli aýallar;

2) on sekiz ýaşa ýetmedik işgärler;

3) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärleriň beýleki toparlary.

65-nji madda. Iş wagtyndan daşary işleriň aňryçäk dowamlylygy

1. Iş wagtyndan daşary işler her bir işgär üçin bassyr iki günüň dowamynda dört sagatdan we ýylda 120 sagatdan köp bolmaly däldir.

2. Iş beriji her bir işgär tarapyndan iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen işleriň takyk hasabyny ýöretmäge borçludyr.

2 bap. Iş wagtynyň düzgüni

66-njy madda. Iş wagtynyň düzgüni. Iş hepdesiniň görnüşleri

1. Iş wagtynyň düzgüni iş hepdesiniň dowamlylygyndan, işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin kadalaşdyrylmadyk iş güni bolan işden, gündelik işiň (çalşygyň) dowamlylygyndan, iş wagtynyň başlanýan we gutarýan wagtyndan, işdäki arakesmeleriň wagtyndan, iş we iş däl günleriň gezekleşmeginden, gije-gündizdäki çalşyklaryň sanyndan we işgärleriň bir çalşykdan beýleki çalşyga geçmeginiň tertibinden ybaratdyr.

2. Iş wagtynyň düzgüni köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) ýa-da kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary ýa-da çalşygyň grafikleri bilen, olar bolmadyk mahalynda bolsa ýerli häkimiýet ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen ylalaşylyp işgärleriň kärdeşler arkalaşygy ýa-da gaýry wekilçilikli guramasy bilen bilelikde iş beriji tarapyndan bellenilýär.

3. Kärhanada işiň aýratynlygyny hasaba almak bilen iki dynç alyş günli bäşgünlük iş hepdesi ýa-da bir dynç alyş günli altygünlük iş hepdesi ýa-da dynç günlerini üýtgäp durýan grafik boýunça bermek bilen iş hepdesi bellenilip bilner.

4. Bäşgünlük ýa-da altygünlük iş hepdesi işiň aýratynlygyny, zähmetkeşler köpçüliginiň pikirini hasaba almak bilen we ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen ylalaşylyp kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen bilelikde iş beriji tarapyndan bellenilýär.

5. Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň iş wagtynyň ýa-da dynç alyş wagtynyň düzgüniniň aýratynlyklary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän tertipde kesgitlenilýär.

67-nji madda. Gündelik işiň (çalşygyň) dowamlylygy

1. Bäşgünlük iş hepdesinde gündelik işiň (çalşygyň) dowamlylygy kärnahanyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary (çalşyk grafikleri) bilen kesgitlenilýär.

2. Altygünlük iş hepdesinde gündelik işiň dowamlylygy şu aşakdakylardan ýokary geçip bilmez:

1) 40 sagatlyk hepdelik kadasynda - 7 sagatdan;

2) 36 sagatlyk hepdelik kadasynda - 6 sagatdan;

3) 24 sagatlyk hepdelik kadasynda - 4 sagatdan.

3. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan hünärleriň sanawyna laýyklykda kinematografiýa guramalarynyň, tele we wideo surata düşüriji kollektiwleriň, teatrlaryň, teatral we konsert guramalarynyň, sirkleriň we eserler döretmäge we (ýa-da) ýerine ýetirmäge gatnaşýan beýleki adamlar, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinin işgärleri, tanymal türgenler üçin gündelik işiň (çalşygyň) dowamlylygy Türkmenistanyň kanunçylygyna, zähmet şertnamasyna ýa-da köpçülikleýin şertnama (ylalaşyga) laýyklykda bellenilip bilner.

68-nji madda. Kadalaşdyrylmadyk iş güni

1. Kadalaşdyrylmadyk iş güni - aýratyn iş düzgüni bolup, oňa laýyklykda aýry-aýry işgärler iş berijiniň buýrugy boýunça zerur mahalynda iş wagtynyň kadaly dowamlylygynyň çäklerinden aňyrda öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge çekilip bilner. Şunda gündelik işiň dowamlylygy on iki sagatdan ýokary geçip bilmez.

2. Kadalaşdyrylmadyk iş güni bolan işgärleriň wezipe sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

69-njy madda. Iş wagtyny jemläp hasaba almak

1. Üznüksiz işleýän kärhanalarda, şeýle hem aýry-aýry önümçiliklerde, sehlerde, uçastoklarda, bölümlerde we önümçiligiň (işiň) şertlerine görä işgärleriň şol toparlary üçin bellenilen iş wagtynyň gündelik ýa-da hepdelik dowamlylygy berjaý edilip bilinmejek işleriň käbir görnüşlerinde hasaba alynýan döwür içindäki iş wagtynyň dowamlylygy şu Kodeksiň 59-njy we 60-njy maddalarynda bellenilen iş sagatlarynyň kadaly sanyndan geçmez ýaly işgärleriň kärdeşler arkalaşygy ýa-da beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşyp iş wagtyny jemläp hasaba almak düzgüniniň girizilmegine ýol berilýär.

2. Iş wagtyny jemläp hasaba almagy girizmegiň tertibi kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary bilen bellenilýär.

70-nji madda. Iş gününi böleklere bölmek

1. Zähmetiň aýratyn häsiýetiniň bolmagy sebäpli, zerur bolan işlerde gündelik iş wagtynyň umumy dowamlylygynyň iş gününiň bellenilen dowamlylygyndan artyk bolmazlyk şerti bilen iş güni böleklere bölünip bilner.

2. Iş gününiň dowamyndaky arakesmeleriň wagty iş gününe goşulmaýar.

3. Iş gününi böleklere bölmegiň tertibi iş beriji tarapyndan zähmetkeşler köpçüligi bilen bilelikde kesgitlenilýär.

71-nji madda. Gündelik işiň başlanýan we gutarýan wagty

Kärhanalarda gündelik işiň (çalşygyň) başlanýan we gutarýan wagty kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary (çalşygyň grafikleri) bilen bellenilýär.

72-nji madda. Çalşykly iş

1. Önümçilik prosesiniň uzaklygy gündelik işiň ýol berilýän dowamlylygyndan ýokary geçen halatlarynda, şeýle hem enjamy has netijeli peýdalanmak, çykarylýan önümiň ýa-da bitirilýän hyzmatlaryň möçberini artdyrmak maksady bilen çalşykly iş - iki, üç ýa-da dört çalşykdaky iş girizilýär.

2. Çalşykly işde işgärleriň her bir topary bir çalşygyň iş wagtynyň bellenilen dowamlylygynyň içinde işi geçirmelidirler, ol on iki sagatdan ýokary geçmeli däldir.

3. Işgärler çalşyklar boýunça deňme-deň gezekleşdirilip işledilýär. Bir çalşykdan beýleki çalşyga geçirilende işiň aýratynlygyny we zähmetkeşler köpçüliginiň pikirlerini hasaba almak bilen işgärleriň kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşylyp iş beriji tarapyndan tassyklanylan çalşyk grafikleri bilen kesgitlenilýär. Çalşyk grafikleri güýje girizilmeginden bir aýdan gijä galman işgärleriň dykgatyna ýetirilýär.

4. Çalşyklaryň arasyndaky arakesmeler on iki sagatdan az bolmaly däldir.

5. Işgäri bassyr iki çalşygyň dowamynda işe çekmek gadagan edilýär.

V bölüm. Dynç alyş wagty

73-nji madda. Dynç alyş wagty diýen düşünje

Dynç alyş wagty - wagt bolup, onuň dowamynda işgär zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekden azatdyr we ol ony öz islegine görä peýdalanyp biler.

74-nji madda. Dynç almak we naharlanmak üçin arakesme

1. Dynç almak hem-de naharlanmak üçin işgärlere dowamlylygy bir sagatdan az bolmadyk, ýöne iki sagatdan köp bolmadyk arakesme berilýär. Arakesme wagty iş wagtyna goşulmaýar.

2. Dynç almak we naharlanmak üçin arakesme kada hökmünde iş başlanandan her dört sagatdan soň berilmelidir. Arakesmäniň başlanýan we gutarýan wagty kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary arkaly kesgitlenilýär.

3. Işgärler arakesmäni özleriniň makul bilşine görä peýdalanýarlar. Şol wagtyň içinde olar iş ýerinden gidip bilerler.

4. Önümçiligiň şertlerine görä arakesme belläp bolmaýan işlerde iş wagtynyň dowamynda işgäre dynç almak we naharlanmak üçin wagt we ýer berilmelidir. Şunuň ýaly işleriň sanawy, dynç almagyň we naharlanmagyň wagty we ýeri işgärleriň kärdeşler arkalaşygy ýa-da beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşylyp iş beriji tarapyndan bellenilýär.

75-nji madda. Ýylyň yssy (sowuk) wagtynda arakesmeler ýa-da işi bes etmek we olar bilen baglanyşykly başga işe geçirmek

1. Ýylyň yssy (sowuk) wagtynda açyk howada ýa-da jaýyň içini ýelejirediş (sowadyş, ýyladyş) ulgamlary bolmadyk, ýapyk jaýlardaky işlerde işgärlere arakesmeler berilýär ýa-da iş wagtlaýynça arasy kesilip (bes edilip) bilner. Arakesmäniň başlanýan we gutarýan wagty iş beriji tarapyndan kesgitlenýär we degişli buýruk bilen resmileşdirilýär.

2. Howanyň ýokary (pes) temperaturasy netijesinde ýylyň yssy (sowuk) wagtynda iş bes edilen mahalynda iş beriji işgäri zähmetiň has amatly şertleri bolan başga işe wagtlaýyn geçirmäge haklydyr.

3. Işgärlere arakesme berilýän ýa-da işiň wagtlaýyn arasy kesilip (bes edilip) bilinjek howanyň temperatura düzgüni Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

76-njy madda. Bäşgünlük we altygünlük iş hepdesi mahalyndaky dynç alyş günleri

1. Bäşgünlük iş hepdesi mahalynda işgärlere hepdede iki dynç alyş güni, altygünlük iş hepdesi mahalynda bolsa bir dynç alyş güni berilýär.

2. Ýekşenbe güni umumy dynç alyş günüdir. Eger iki dynç alyş güni Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilmedik bolsa, onda bäşgünlük iş hepdesi mahalynda şol ikinji dynç alyş güni kärhananyň iş çalşygynyň grafikleri bilen bellenilýär we umumy dynç alyş güni bilen bassyr berilmelidir.

77-nji madda. Üznüksiz işleýän kärhanalarda dynç alyş günleri

Önümçilik-tehniki şertlere görä ýa-da ilata üznüksiz hyzmat edilmegi netijesinde işi duruzmak bolmaýan kärhanalarda (aeroportlar, wokzallar we başgalar), şonuň ýaly-da üznüksiz önümçilikli beýleki kärhanalarda dynç alyş günleri kärhananyň çalşyk grafiklerine laýyklykda işgärleriň her bir toparyna hepdäniň dürli günlerinde nobatma-nobat berilýär.

78-nji madda. Ilata hyzmat etmek bilen baglanyşykly bolan kärhanalarda dynç alyş günleri

Ilata hyzmat etmek zerurlygy sebäpli umumy dynç alyş gününde işiň arasy kesilip bilinmejek kärhanalarda (dükanlar, teatrlar, muzeýler, ilata durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalar we başgalar) dynç alyş günleri ýerli häkimiýet ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen ylalaşylyp iş berijiler tarapyndan bellenilýär.

79-njy madda. Her hepdede üznüksiz dynç almagyň dowamlylygy

Her hepdede üznüksiz dynç almagyň dowamlylygy kyrk iki sagatdan az bolmaly däldir.

80-nji madda. Dynç alyş günlerinde işe çekmek

1. Dynç alyş günlerinde işe çekmäge diňe işgäriň razylygy bilen ýol berilýär, haçan-da onuň şu aşakdakylary ýerine ýetiren halatlary muňa degişli däldir:

1) jemgyýetçilik ýa-da tebigy betbagtçylygyň, önümçilik awariýasynyň öňüni almak ýa-da betbagtçylyk hadysalaryň ýetiren zyýanlaryny derrew ýok etmek bilen bagly işler;

2) köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) ýa-da iş beriji - şahsy tarap bilen işgäriň arasynda baglaşylan zähmet şertnamasynyň esasynda.

2. Işgärler dynç alyş günlerinde şu Kodeksiň 191-nji, 242-nji, 243-nji we 255-nji maddalarynda göz öňünde tutulan çäklendirmeleri berjaý etmek bilen iş berijiniň ýazmaça buýrugy boýunça işe çekilýär.

81-nji madda. Baýramçylyk we hatyra günleri

1. Şu baýramçylyk we hatyra günlerinde kärhanalarda, guramalarda we edaralarda işlenilmeýär:
1) Täze ýyl - 1-nji ýanwar;
2) Hatyra güni - 12- nji ýanwar;
3) Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni - 19-njy fewral;
4) Halkara zenanlar güni - 8-nji mart;
5) Milli bahar baýramy- 21-22-nji mart;
6) 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Ýeňiş güni - 9-njy maý;
7) Galkynyş, Agzybirlik we Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni- 18-nji maý;
8) Milli matam güni - 6-njy oktýabr;
9) Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni- 27-28-nji oktýabr;
10) Türkmenistanyň Milli baýramy - Bitaraplyk güni -12-nji dekabr;
11) Gurban baýramy - Gurban baýramynyň anyk senesi her ýyl Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy bilen kesgitlenilýär;
12) Oraza baýramy - Oraza baýramynyň anyk senesi Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy bilen kesgitlenilýär.
2. Türkmenistanda şu aşakdaky baýramçylyk we ýatlama günleri, (eger olar iş günlerine gabat gelse, dynç alyş günleri berilmezden) bellenilýär:
1) Watan goragçylarynyň güni - 27-nji ýanwar;
2) Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni - 18-nji fewral;
3) “Suw damjasy - altyn dänesi” baýramy - apreliň birinji ýekşenbesi;
4) Bütindünýä saglyk güni - 7-nji aprel;
5) Türkmen bedewiniň baýramy - apreliň soňky ýekşenbesi;
6) Türkmenistanyň içeri işler edaralarynyň işgärleriniň güni - 29-njy maý;
7) Türkmen halysynyň baýramy - maýyň soňky ýekşenbesi;
8) Çagalary goramagyň halkara güni - 1-nji iýun;
9) Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni - 5-nji iýun;
10) Dokma senagatynyň işgärleriniň güni - iýunyň birinji ýekşenbesi;
11) Ylymlar güni - 12-nji iýun;
12) Medeniýet we sungat işgärleriniň güni - 27-nji iýun;
13) Galla baýramy - iýulyň üçünji ýekşenbesi;
14) Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň güni - 21-nji iýul;
15) Serhetçiler güni - 11-nji awgust;
16) Türkmen gawunynyň güni - awgustyň ikinji ýekşenbesi;
17) Bilimler we talyp ýaşlar güni - 1-nji sentýabr;
18) Ruhnama güni - 12-nji sentýabr;
19) Energetika senagatynyň - sentýabryň işgärleriniň güni ikinji şenbesi;
20) Ýaşulularyň halkara güni - 1-nji oktýabr;
21) Hasyl toýy - noýabryň soňky ýekşenbesi;
22) Goňşokara baýramy - dekabryň birinji ýekşenbesi;
23) Nebitgaz senagaty we geologiýa işgärleriniň güni -14-nji dekabr;
24) Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A.Nyýazowy (Beýik Saparmyrat Türkmenbaşyny) ýatlama güni - 21-nji dekabr.
3. Işlenilmeýän baýramçylyk ýa-da hatyra güni dynç güni (ýekşenbe) bilen gabat gelende, dynç güni baýramçylyk ýa-da hatyra gününden soň gelýän iş günüdir.
4. Işgärler tarapyndan dynç we işlenilmeýän baýramçylyk günlerini rejeli peýdalanmak maksady bilen Türkmenistanyň Ministrler Kabineti dynç gününi hepdäniň başga gününe geçirmäge haklydyr.
(2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № ____,____-nji madda)

82-nji madda. Dynç alyş, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işe çekmegiň aýratyn halatlary

1. Önümçilik-tehniki şertleri boýunça duruzyp bolmaýan işlerde (üznüksiz işleýän kärhanalarda), ilata hyzmat etmek zerurlygy bilen baglanyşykly, şeýle hem gaýragoýulmasyz abatlamak we ýükläp-düşüriş işlerinde, dynç alyş günlerinde, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işlemäge ýol berilýär.

2. Dynç alyş günlerindäki, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerindäki iş üçin töleg şu Kodeksiň 121-nji maddasynda bellenilen tertipde geçirilýär.

VI bölüm. Rugsatlar

1 bap. Umumy düzgünler

83-nji madda. Rugsada bolan hukuk

1. Türkmenistanyň işleýän raýatlarynyň şu Kodekse laýyklykda her ýylky tölegli esasy rugsada (mundan beýläk - her ýylky esasy rugsat) hukugy bardyr.

2. Türkmenistanyň işleýän raýatlarynyň şu Kodekse laýyklykda rugsatlaryň beýleki görnüşlerini almaga hukugy bardyr.

3. Şu Kodeksiň 5-nji maddasynyň dördünji böleginde görkezilen daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar şu Kodekse laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlary bilen bir hatarda rugsada bolan hukuga eýedirler.

84-nji madda. Rugsatlaryň görnüşleri

Türkmenistanda rugsatlaryň şu aşakdaky görnüşleri bellenilýär:

1) her ýylky esasy rugsat;
2) goşmaça tölegli rugsat (mundan beýläk - goşmaça rugsat);
3) durmuş rugsady;
4) zähmet haky tölenilmeýän rugsat.

85-nji madda. Rugsada bolan hukugyň kepillendirmeleri

1. Işgäre şu Kodeksde bellenilen tertipde we şertlerde her ýylky esasy rugsat we rugsatlaryň beýleki görnüşleri berilýär.

2. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan rugsadyň peýdalanylýan döwründe işgäriň iş ýeri (wezipesi) saklanyp galýar.

2 bap. Her ýylky esasy we goşmaça rugsatlary bermegiň tertibi we şertleri

86-njy madda. Her ýylky esasy rugsadyň dowamlylygy

1. Her ýylky esasy rugsadyň dowamlylygy ýylda otuz senenama güni diýlip bellenilýär.

2. Ähli görnüşdäki bilim edaralarynyň pedagogik işgärlerine we ýolbaşçylaryna, şeýle hem maýyplara her ýylky esasy rugsadyň dowamlylygy kyrk bäş senenama güni bilen bellenilýär.

3. Ylmy guramalarda, edaralarda we kärhanalarda wezipeleri eýeleýän we ylymlaryň doktory diýen alymlyk derejesi bolan ylmy işgärlere her ýylky esasy rugsat kyrk bäş senenama güni, ylymlaryň kandidaty diýen alymlyk derejesi bolanlara otuz alty senenama güni dowamlylykda bellenilýär.

87-nji madda. Her ýylky esasy rugsady bermegiň tertibi

1. Her ýylky esasy rugsat işgäre her ýyl berilmelidir. Her ýylky esasy rugsadyň başlanýan wagty hakynda iş beriji rugsadyň başlanmagyna azyndan on bäş gün galanda işgäri habarly etmelidir.

2. Işgär ilkinji işläp başlan ýyly üçin esasy rugsady almak hukugyna zähmet şertnamasynyň baglaşylan

gününden başlap üznüksiz on bir aý işländen soň eýe bolýar.

3. On bir aý geçmese-de her ýylky esasy rugsat şu işgärlere olaryň islegi boýunça berilmelidir:

1) aýallara - göwreliligi we çaga dograndygy boýunça rugsadyň öň ýanynda ýa-da ondan soň;

2) maýyplara;

3) kämillik ýaşyna ýetmediklere;

4) iş beriji - şahsy tarap tarapyndan işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy, kärhananyň ýatyrylmagy ýa-da işiň bes edilmegi bilen baglanyşykly öňki iş ýerinden boşadylan işgäre, şeýle hem onuň başga işe geçirilen ýagdaýynda;

5) işini esasy işi bilen utgaşdyryp işleýän işgäre - esasy iş ýeri boýunça her ýylky esasy rugsat bilen bir wagtda tölenilmeýän rugsat.

4. Işiň ikinji we soňky ýyllary üçin her ýylky esasy rugsat kärhanada bellenilen rugsatlaryň grafigine laýyklykda berilýär.

5. Ähli görnüşlerdäki bilim edaralarynyň pedagogik işgärlerine her ýylky esasy rugsat olaryň işe giren wagtyna garamazdan tomusky rugsatlar döwründe berilýär.

6. Tomusda ýa-da başga amatly wagtda her ýylky esasy rugsat şu aşakdakylaryň islegine görä berilmelidir:

1) on dört ýaşa çenli iki ýa-da köp çagasy (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan aýala;

2) on dört ýaşa çenli bir ýa-da köp çagany (on alty ýaşa çenli maýyp çagany) terbiýeleýän ýalňyz ata ýa enä ýa-da ony çalyşýan adama;

3) çagyryş boýunça harby gullukçynyň bir çagasy bolan aýalyna;

4) maýyba;

5) kämillik ýaşyna ýetmedige;

6) üç ýaşa çenli çagalary ogullyga (gyzlyga) alan adama;

7) radiasiýa betbagtçylygynyň netijesinde ejir çeken ýa-da onuň netijelerini ýok etmäge gatnaşan adama.

7. Weteranlaryň aýry-aýry toparlaryna her ýylky esasy rugsadyň tomsuna ýa-da başga amatly wagtda berilmegi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde düzgünleşdirilýär.

88-nji madda. Iş ýylyna goşulýan döwürler

1. Iş ýyly diýlip işgäriň iş beriji bilen zähmet şertnamasyny baglaşan gününden başlap we birinji hem-de her bir soňky ýylyň yzyndan gelýän degişli güne çenli hasaplanan birinji we soňky iş ýyllaryna düşünilýär.

2. Her ýylky esasy rugsada hukuk berýän iş döwrüne şu aşakdakylar goşulýar:

1) hakyky işlenen wagt;

2) işgäriň hakyky işlemedik, ýöne Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda onuň iş ýeri (wezipesi) saklanyp galan wagty, şol sanda her ýylky esasy rugsadyň wagty, çaga Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen ýaşa ýetýänçä oňa seretmek boýunça rugsadyň wagty muňa degişli däldir;

3) işden bikanun boşadylanda ýa-da çetleşdirilende we soňra öňki işine dikeldilende mejbury boş bolnan wagt;

4) zähmet ýa-da köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan wagtyň beýleki döwürleri.

3. Her ýylky esasy rugsada hukuk berýän iş döwrüne işgäriň esasly sebäpler bolmazdan, şol sanda şu Kodeksiň 38-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda onuň işden çetleşdirilmegi netijesinde onuň işde bolmadyk wagty goşulmaýar.

4. Zähmetiň aýratyn (zyýanly, aýratyn agyr) şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsada hukuk berýän iş döwrüne diňe degişli şertlerde işlenen hakyky wagt goşulýar.

89-njy madda. Her ýylky esasy rugsady başga wagta geçirmek we uzaltmak

1. Işgär şu aşakdaky ýagdaýlarda her ýylky esasy rugsady başga wagta geçirmek ýa-da uzaltmak hukugyna eýedir:

1) wagtlaýyn zähmete ukypsyz bolan mahalynda;

2) göwreliligi ýa-da çaga dograndygy boýunça rugsat berlende;

3) her ýylky esasy rugsat okuw rugsady bilen, toý dabaralaryny geçirmek we jaýlama hem-de ýatlama

däp-dessurlaryny amala aşyrmak üçin goşmaça rugsat bilen gabat gelende;

4) şu Kodeksiň 145-nji maddasynda göz öňünde tutulan döwlet borçlaryny ýa-da saýlawly edaralardaky borçlaryny ýerine ýetirende.

2. Her ýylky esasy rugsat başlamazyndan ozal onuň peýdalanylmagyna päsgel berýän sebäpler ýüze çykan mahalynda iş beriji bilen ylalaşylyp rugsady peýdalanmagyň täze möhleti bellenilýär. Her ýylky esasy rugsat döwründe şeýle sebäpler ýüze çykan mahalynda iş beriji bilen ylalaşylyp rugsat günleriň peýdalanylmadyk sanyna uzaldylýar ýa-da başga möhlete geçirilýär.

3. Eger iş beriji şu Kodeksiň 87-nji maddasynyň birinji böleginde bellenen möhletde her ýylky esasy rugsadyň başlanýan wagty hakynda işgäri habarly etmese ýa-da rugsadyň başlanmagyna çenli işgäre onuň üçin töleg geçirilmese, onda rugsat işgäriň arzasy boýunça başga möhlete geçirilýär.

4. Iş beriji önümçilik zerurlygy bolan mahalynda işgäriň razylygy bilen her ýylky esasy rugsady indiki iş ýylyna geçirmäge haklydyr, yöne ol iki ýyldan köp bolmadyk çäklerde bolmalydyr.

5. Her ýylky esasy rugsadyň peýdalanylýan döwründe wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk bolan halatlarynda bu rugsat wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygyň günleriniň sanyna uzaldylýar.

Goşmaça rugsat her ýylky esasy rugsat bilen gabat gelende, her ýylky esasy rugsat goşmaça rugsadyň günleriniň sanyna uzaldylýar.

90-njy madda. Zähmetiň aýratyn şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsat

1. Zähmetiň aýratyn (zyýanly, aýratyn agyr) şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsat gös-göni şu aşakdakylar bilen meşgul bolan işgärlere berilýär:

1) zähmetiň zyýanly şertleri bolan işlerde - magdan däl gurluşyk materiallaryny gazyp almak boýunça känlerdäki we karýerlerdäki açyk dag-magdan işlerinde, görkezilen işleri üpjün edýän tehnologik ulagy ulanýan, gyzgyn önümçiliklerde, şeýle hem zähmetiň zyýanly şertleri bolan beýleki işlerde - dowamlylygy ýedi senenama gününe çenli;

2) zähmetiň aýratyn agyr şertleri bolan işlerde - on bäş senenama gününe çenli.

2. Zähmetiň aýratyn şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsadyň anyk dowamlylygy işgäriň degişli ýerlerde (işlerde) işlemek derejesini hasaba almak bilen iş ýerleriniň (işleriň) hünär synagynyň netijeleri boýunça bellenilýär.

3. Zähmetiň aýratyn şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsat bütin iş ýylynyň dowamynda şeýle işlerde doly iş güni işlän işgäre doly möçberde berilýär.

4. Başga halatlarda zähmetiň aýratyn şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsadyň dowamlylygy iş ýylynyň dowamynda şeýle işlerde işlenen wagta proporsionallykda kesgitlenilýär.

5. Zähmetiň aýratyn şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsat indiki iş ýylyna geçirmäge hukuk bolmazdan şu maddada göz öňünde tutulan esaslaryň diňe biri boýunça her ýyl berilýär we işgäriň islegine görä her ýylky esasy rugsada goşulyp bilner.

6. Zähmetiň aýratyn şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsadyň berilýän işleriniň, kärleriniň we wezipeleriniň sanawy, şonuň ýaly-da şertleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

91-nji madda. Işiň aýratyn häsiýeti üçin goşmaça rugsat

1. Işiň aýratyn häsiýeti üçin goşmaça rugsat ýokary nerw, akyl dartgynlygy we beýleki ýokarlandyrylan ýükleri bolan işlerde işleýän işgärlere olaryň işe ukyplylygyny doly derejede dikeltmek üçin berilýär.

2. Işiň aýratyn häsiýeti üçin goşmaça rugsadyň dowamlylygy şu aşakdakylara bellenilýär:

1) ugrukdyryjynyň şahadatnamasy bolan, howa hereketini dolandyrýan işgärlere - ýedi senenama gününe çenli;

2) iş ýylynda uçulan sagatlara baglylykda uçuş we uçuş-synag ediş düzüminiň işgärlerine - on bäş senenama gününe çenli;

3) kadalaşdyrylmadyk iş güni bolan adamlara - üç senenama güni.

3. Işiň aýratyn häsiýeti üçin goşmaça rugsat her ýyl berilýär, ol indiki iş ýylyna geçirilip bilinmez we işgäriň islegi boýunça her ýylky esasy rugsada goşulyp bilner.

92-nji madda. Her ýylky esasy we goşmaça

rugsatlaryň dowamlylygyny hasaplamak

1. Işgärleriň her ýylky esasy we goşmaça rugsatlarynyň dowamlylygy senenama günlerinde hasaplanylýar we iň ýokary çäk bilen çäklendirilmeýär. Rugsat döwrüne düşýän işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleri rugsadyň senanama günleriniň sanyna goşulmaýar we tölenilmeýär.

2. Her ýylky rugsadyň umumy dowamlylygy her ýylky esasy we goşmaça rugsatlary goşmak arkaly hasaplanylýar.

3. Işlenen wagta proporsionallykda rugsatlaryň dowamlylygy hasaplanylanda olaryň uzaklygy her bir rugsadyň doly möçberini on ikä paýlamak we işiň doly aýlarynyň sanyna köpeltmek arkaly kesgitlenilýär. Şonda on bäş we şondan köp senanama günlerine deň bolan günleriň sany doly aýyň deregine kabul edilýär, on bäş senenama gününden az bolsa hasaba alynmaýar.

93-nji madda. Toý dabaralaryny geçirmek üçin goşmaça rugsat

1. Goşmaça rugsat toý dabaralaryny geçirmek üçin maşgalanyň iki baştutanyna (ogluny öýermek, gyzyny durmuşa çykarmak), şeýle hem nikalaşýan adamlara dowamlylygy on senenama güni, olardan bäş güni toýa çenli berilýär. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylary (mundan beýläk - RÝNÝ) edarasy tarapyndan berilýän kepilnama toý dabaralaryny geçirmek üçin goşmaça rugsat bermäge esasdyr.

2. Nika Türkmenistanyň çäginden daşynda baglaşylanda şu maddanyň birinji böleginde görkezilen adamlara, olaryň arzasy boýunça dowamlylygy on senenama güni bolan goşmaça rugsat berilýär. Goşmaça rugsadyň tölegi daşary ýurtda nikanyň hasaba alnandygyny güwä geçýän resminamanyň bellenilen tertipde tassyklanylan nusgasynyň esasynda Türkmenistanyň RÝNÝ edarasy tarapyndan berlen kepilnama boýunça geçirilýär.

94-nji madda. Jaýlama we ýatlama dessuryny amala aşyrmak üçin goşmaça rugsat

1. RÝNÝ-nyň edarasy tarapyndan berilýän kepilnamanyň esasynda jaýlama we ýatlama dessuryny amala aşyrmak üçin dowamlylygy on senenama günündäki goşmaça rugsat aradan çykanyň ýakyn hossarlarynyň ikisine berilýär.

2. Ýakyn hossarlar diýlip ata-eneler (olar bolmadyk mahalynda hossarlar we howandarlar), är-aýallar, çagalar, ata we ene tarapyndan baba we mama, agtyklar, süýtdeş doganlar we uýalar, oglunyň gelinleri we giýewler hasap edilýär.

3. Jaýlama we ýatlama dessuryny amala aşyrmak üçin Türkmenistanyň çäklerinden daşary gidýän adamlara goşmaça rugsat, olaryň arzasynyň we ýakyn hossarynyň aradan çykandygy hakynda bellenilen tertipde tassyklanan habarynyň esasynda berilýär. Goşmaça rugsadyň tölegi daşary ýurt döwletinde aradan çykmagyň bellige alnan faktyny tassyklaýan resminamanyň bellenilen tertipde tassyklanan nusgasynyň esasynda Türkmenistanyň RÝNÝ-nyň edarasy tarapyndan berlen kepilnamanyň berilmegi bilen geçirilýär.

95-nji madda. 62 ýaşa ýeten raýatlara berilýän goşmaça rugsat

Dowamlylygy üç gün bolan goşmaça rugsat 62 ýaşa ýeten we eýeçiligiň görnüşine garamazdan kärhanalarda işleýän Türkmenistanyň raýatlaryna berilýär ýa-da işgäriň 62 ýaşa ýeten iş ýyly üçin her ýylky esasy rugsadyna goşulýar.

3 bap. Durmuş rugsatlary

96-njy madda. Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça rugsat

Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça rugsat Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde berilýär.

97-nji madda. Çaga seretmek boýunça rugsat

1. Iş döwrüne garamazdan aýalyň göwrelilik we çaga dogurmagy boýunça rugsat gutarandan soň, çaga üç ýaşyna ýetýänçä oňa seretmek üçin tölenilmeýän rugsada bolan hukugy bardyr.

2. Çaga seretmek boýunça rugsat çaga hakyky seredýän adama, şol sanda çaganyň kakasyna, howandaryna, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen halatlarda başga hossaryna berlip bilner.

Görkezilen adamlara çaga seretmek boýunça rugsat bermegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

3. Çaga seretmek boýunça rugsadyň döwründe işgäriň iş ýeri (wezipesi) saklanýar.

4. Çaga seretmek boýunça rugsat doly ýa-da bölekler boýunça peýdalanylyp bilner.

Üç ýaşyna çenli çaga seretmek üçin rugsatda bolýanyň rugsadyň arasyny kesmäge we çaga seretmek üçin rugsadyň möhletiniň gutarmagyna çenli işe girişmäge haky bardyr, şunda ol bu hakda işe çykmagyna çenli iki hepde galanda iş berijä duýdurmalydyr.

5. Çaga seretmek boýunça rugsatda bolýan adama Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly bellenilýär we tölenilýär.

98-nji madda. Gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşler boýunça ýokary we orta hünärment okuw mekdeplerinde önümçilikden aýrylman okaýan işgärlere rugsatlar

Gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşler boýunça ýokary we orta hünärment okuw mekdeplerinde, şol sanda daşary ýurt döwletlerinde önümçilikden aýrylman okaýan işgärlere şu Kodeksiň 99-njy, 100-nji maddalaryna laýyklykda tölenilýän rugsatlar berilýär.

99-njy madda. Gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşler boýunça ýokary okuw mekdeplerinde okamak bilen baglanyşykly rugsat

Gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşler boýunça ýokary okuw mekdeplerinde önümçilikden aýrylman üstünlikli okaýan işgärlere şu aşakdaky döwür üçin rusgat berilýär:

1) okuw meýilnamasynda göz öňünde tutulan käriň her bir hasap-synag sessiýasy - dowamlylygy ýigrimi senenama güni;

2) döwlet synaglaryny tabşyrmak (jemleýji hünär synagyny geçmek) - dowamlylygy otuz senenama güni.

100-nji madda. Gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşler boýunça orta hünärment okuw mekdeplerinde okamak bilen baglanyşykly rugsat

Orta hünärment okuw mekdeplerinde önümçilikden aýrylman üstünlikli okaýan işgärlere şu aşakdaky döwür üçin rugsat berilýär:

1) okuw meýilnamasynda göz öňünde tutulan käriň her bir hasap-synag sessiýasy:

a) okuwyň gaýybana görnüşi boýunça - dowamlylygy ýigrimi senenama güni;

b) okuwyň gündizki-gaýybana (agşamky) görnüşi boýunça - dowamlylygy on dört senenama güni;

2) okuwyň gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşleri boýunça döwlet synaglaryny tabşyrmak (jemleýji hünär synagyny geçmek) - dowamlylygy otuz senenama güni.

101-nji madda. Diplom taslamasyny (işini) taýýarlamak üçin rugsat

Iş beriji gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşleri boýunça ýokary we orta hünärment okuw mekdepleriniň soňky kursunda önümçilikden aýrylman okaýan işgäriň islegi we degişli okuw mekdebiniň maslahaty boýunça diplom taslamasyny (işini) taýýarlamak üçin dowamlylygy otuz senenama güni bolan goşmaça rugsady iş hakyny saklap galmazdan bermäge haklydyr.

102-nji madda. Döredijilik rugsady

1. Önümçilik ýa-da mugallymçylyk işini ylmy iş bilen üstünlikli utgaşdyrýan adama degişli ylmy geňeşiň hödürnamasy boýunça ortaça aýlyk zähmet hakyny we esasy iş ýerindäki wezipesini saklap galmak bilen döredijilik rugsady berilýär.

2. Kandidatlyk işini tamamlamak, şeýle hem okuw kitaplaryny we okuw-usuly gollanmalaryny ýazmak üçin üç aý möhletde, doktorlyk işini tamamlamak üçin - alty aý döredijilik rugsady berilýär.

3. Döredijilik rugsatlarynyň tölegi zähmete hak tölemegiň gaznasynyň çäklerinde, şeýle hem ylmy işgärleri taýýarlamaklyga goýberilýän serişdeleriň hasabyna iş ýerinde geçirilýär.

4 bap. Zähmet haky tölenilmeýän rugsat

103-nji madda. Zähmet haky tölenilmeýän rugsady bermegiň tertibi we şertleri

1. Esasly sebäpler ýüze çykan mahalynda işgäriň islegine görä ýylyň dowamynda dowamlylygy on senenama gününe çenli zähmet haky tölenilmeýän rugsat berilýär.

2. Haçanda işgäre on senenama gününden köp dowamlylykda zähmet haky tölenilmeýän rugsat gerek bolan halatlarynda oňa her ýylky esasy rugsadyň ýa-da goşmaça rugsatlaryň hasabyna goşmaça günler berlip bilner.

3. Işgäriň islegine görä bellenilen dowamlylykdan artyk zähmet haky tölenilmeýän rugsat şu aşakdakylara berilýär:

1) on dört ýaşa çenli çagalaryň sanyna garamazdan olary terbiýeleýän ýalňyz ata ýa enä (hossara, howandara) - on dört senenama güni;

2) maýyba - otuz senenama gününe çenli;

3) ýokary ýa-da ýörite hünärment okuw mekdebine giriş synaglaryna goýberlene - degişlilikde on bäş we on senenama güni, aspirantura - on bäş senenama güni, şunda görkezilen möhletlere okuw mekdebiniň ýerleşýän ýerine we yzyna gidilen wagt girmeýär;

4) syrkawlan maşgala agzasyna seretmek üçin hossara - saglygy goraýyş edarasy tarapyndan bellenilen möhlete;

5) ýaşy boýunça işleýän pensionere - otuz senenama gününe çenli.

4. Önümçilik sebäpleri boýunça boş durlan mahalynda iş berijiniň işgärlere otuz senenama gününden köp bolmadyk möhlet bilen zähmet haky tölenmeýän rugsady bermäge haky bardyr.

5. Weteranlaryň aýry-aýry toparlaryna we ýeňillikler boýunça olara deňleşdirilen adamlara iş haky tölenmeýän rugsadyň dowamlylygy Türkmenistanyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

5 bap. Rugsady bermegiň aýratynlyklary

104-nji madda. Rugsadyň bölekler boýunça berilmegi

Goşmaça we durmuş (döredijilik rugsadyndan başga) rugsatlaryny birleşdirmek bilen her ýylky esasy rugsat işgäriň islegine görä, iki bölege bölüp, iş ýylynyň dürli döwürlerinde berlip bilner.

105-nji madda. Rugsatdan yzyna çagyrmak

Rugsatdan yzyna çagyrmaga diňe işgäriň ýazmaça razylygy bilen ýol berilýär. Rugsadyň peýdalanylmadyk bölegi işgäriň islegine görä, şol iş ýylynyň dowamynda başga wagtda ýa-da indiki iş ýyly üçin rugsada birleşdirilip berlip bilner.

106-njy madda. Işden çykylanda rugsatdan peýdalanmaga bolan hukuk

1. Işgär işden çykanda (şu Kodeksiň 42-nji maddasynyň 5-13-nji bentlerinde göz öňünde tutulan halatlardan başga) onuň islegi boýunça soňra işden çykmak bilen oňa doly ýa-da kem-käsleýin peýdalanylmadyk her ýylky esasy we goşulýan goşmaça rugsat ýa-da 109-njy madda laýyklykda peýdalanylmadyk rugsat üçin öwez puly berlip bilner.

2. Zähmet şertnamasynyň möhletiniň dolmagy sebäpli soňra işden çykmagy bilen berilýän rugsady

hakyky işlenilen wagt we umuman goşanyňda zähmet şertnamasynyň möhletiniň çäklerinden daşary çykýan wagt üçin hem berlip bilner.

3. Şu esaslar boýunça işden çykmagyň senesi rugsat gutarandan soň onuň yz ýanyndan gelýän gün hasaplanýar.

6 bap. Rugsadyň tölegi

107-nji madda. Rugsady tölemek üçin serişdeler

1. Kärhanada rugsadyň tölegi zähmete hak tölemek üçin niýetlenen serişdeleriň hasabyna geçirilýär.

2. Rugsat üçin töleg puly hasaplananda döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna gatançlar tölenilýän zähmet hakynyň görnüşiniň ählisi hasaba alynýar, muňa esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça iş üçin zähmet haky, birwagtlaýyn häsiýetli tölegler, şeýle hem zähmete hak tölemegiň hereket edýän ulgamy bilen şertlendirilmedik tölegler girmeýär.

108-nji madda. Rugsadyň tölegini hasaplamak

1. Rugsady tölemek üçin rugsadyň haýsy iş ýyly üçin berilýändigine garamazdan, rugsada gidilýän aýyň öňünden gelýän on iki senenama aýyndan ortaça aýlyk zähmet haky we ortaça gündelik zähmet haky hasaplanylýar.

2. Ortaça aýlyk zähmet hakyny we ortaça gündelik zähmet hakyny hasaplamak şu Kodeksiň 131-nji maddasy bilen kesgitlenýän tertipde geçirilýär.

3. Rugsadyň tölegininiň jemi ortaça gündelik zähmet haky her ýylky esasy rugsadyň, goşmaça we durmuş rugsatlarynyň günleriniň sanyna köpeltmek bilen kesgitlenilýär.

109-njy madda. Ulanylmadyk rugsadyň öwezini pul bilen dolmak

1. Rugsatdan yzyna çagyrylanda rugsadyň peýdalanylmadyk bölegi üçin öwezini pul bilen dolmak aýratyn halatlarda geçirilýär.

2. Durmuş rugsatlarynyň ähli görnüşleri hakyky görnüşde ulanylyp bilner we olary pul bilen öwezini dolmak arkaly çalyşmaga ýol berilmeýär.

3. Göwreli aýallara we on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärlere, şeýle hem işiň aýratyn häsiýeti bolan we zähmetiň aýratyn şertleri bilen baglanyşykly işlerde işleýän işgärlere rugsadyň öwezini pul bilen dolmak arkaly çalyşmaga ýol berilmeýär.

4. Işgär işden çykanda ulanylmadyk her ýylky esasy we goşulýan goşmaça rugsatlarynyň hemmesi üçin pul bilen öwezini dolmak arkaly tölenilýär.

VII bölüm. Zähmete hak tölemek

1 bap. Zähmete hak tölemegiň görnüşi, tertibi we möçberleri

110-njy madda. Esasy düşünjeler we kesgitlemeler

1. Zähmete hak tölemek - munuň özi Türkmenistanyň kanunçylygyna, zähmet şertnamalaryna, köpçülikleýin şertnamalara (ylalaşyklara) laýyklykda, işgärlere olaryň zähmeti üçin iş beriji tarapyndan tölegleri bellemegi we amala aşyrmagy üpjün etmek bilen baglanyşykly durmuş-ykdysady we hukuk gatnaşyklaryň ulgamydyr.

2. Zähmet haky - munuň özi işgäriň hünärine, onuň ýerine ýetirýän işiniň çylşyrymlylygyna, mukdaryna, hiline we şertlerine baglylykda zähmeti üçin pul höweslendirmesidir, şeýle hem öwezini dolma we höweslendirme häsiýetli tölegler dir.

3. Zähmete hak tölemegiň tertibi - munuň özi işgäriň zähmetiniň netijesine laýyklykda, oňa zähmet hakyny bellemäge mümkinçilik berýän, işgärleriň zähmetiniň netijeleri bilen işçi güýjüniň nyrhyny (tarif derejesini, aýlyk wezipe haky) baglanyşdyrmagyň usulydyr. Kärhanada zähmete hak tölemegiň potratlaýyn we sagatlaýyn tertibi bellenip bilner.

4. Höweslendiriş häsiýetli tölegler - munuň özi beýleki işgärler bilen deňeşdireniňde işgärleri has ýokary we durnukly netijeler üçin sylaglamak maksady bilen iş berijiler tarapyndan ulanylýan goşmaça höweslendirme töleglerinin, sylaglaryň, goşmaça haklaryň dürli görnüşidir.

5. Iň pes zähmet haky - munuň özi Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kepillendirilýän zähmet üçin höweslendirmäniň iň az möçberi bolup, ony zähmet borçlaryna hötde gelýän, öz iş ornunda kadaly zähmet şertlerinde iň ýönekeý işi ýerine ýetirýän işgär almalydyr.

6. Ortaça zähmet haky - munuň özi belli bir döwürde işlenilen wagt üçin işgäriň zähmet hakynyň ortaça ululygydyr. Ortaça zähmet haky bir aý üçin (ortaça aýlyk zähmet haky) we bir gün üçin (ortaça bir günlük zähmet haky) şu Kodeksiň 131-nji maddasynda bellenilen tertipde kesgitlenilýär.

7. Tarif stawkasy (aýlyk wezipe haky) - munuň özi wagt birliginiň içinde anyk çylşyrymly (hünäriň) zähmet kadalarynyň (zähmet borçlarynyň) ýerine ýetirilendigi üçin işgäriň zähmetine hak tölemegiň bellenen ölçegidir.

8. Öwezini dolma tölegleri - munuň özi işiň saglyga ýa-da ýaşaýyşa oňaýsyz täsir edýän işiň şertleriniň anyk bir derejesinde işgärleriň tarif stawkalaryna (aýlyk wezipe hakyna) öwezini dolmak maksady bilen goşmaça haklaryň dürli görnüşleriniň jemidir. Şeýle töleglere kadaly iş şertlerinden daşlaşýan şertlerdäki iş üçin; köp çalşyklaýyn düzgünli iş üçin; gijeki wagtdaky iş üçin; kadalaşdyrylmadyk iş güni üçin degişlidir.

111-nji madda. Kepillendirilen zähmet haky

1. Iş beriji özüniň maliýe ýagdaýyna garamazdan, zähmete hak tölemegiň bellenilen şertlerine we möhletlerine laýyklykda işgäre ýerine ýetiren işi üçin hak tölemäge borçludyr.

2. Iş beriji tarapyndan kepillendirilen zähmete hak tölemegiň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen iň pes zähmet hakyndan pes bolmaly däldir.

112-nji madda. Zähmete hak tölemegiň döwlet nyrhlary

1. Zähmete hak tölemegiň döwlet nyrhlary býujet guramalarynyň we edaralarynyň işgärleriniň anyk professional-hünär derejeleri üçin zähmete hak tölemegiň derejelerini kesgitleýän aýlyk tarif stawkalary we aýlyk wezipe haklarydyr.

2. Döwlet nyrhlary kemeldilmäge degişli däldir we býujet guramalarynda we edaralarynda stawkalaryň we aýlyk wezipe haklarynyň anyk möçberlerini bellemek üçin esas bolup duryarlar.

3. Beýleki iş berijiler, eger bu barada köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulan bolsa, döwlet nyrhlary işgärleriň zähmete hak tölemegi differensirlenen görnüşde tölemek üçin ulanylyp bilner.

113-nji madda. Zähmete hak tölemegiň görnüşleri, tertibi we möçberleri

1. Işgärleriň zähmetine hak tölemegiň görnüşleri, tertibi we möçberleri, şol sanda öwezini dolma we höweslendirme häsiýetli goşmaça tölegler, rasionalizatorlyk teklipler we oýlap tapyşlar üçin awtorlyk galam haklary iş beriji tarapyndan zähmet şertnamasy, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) esasynda bellenilýär.

Öwezini dolma häsiýetli tölegler iş beriji tarapyndan şu Kodeks we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen bellenen tertipde we möçberlerde geçirilýär.

2. Döwlet gullukçylarynyň zähmete hak tölemegiň görnüşleri, tertibi we möçberleri Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär.

3. Býujet edaralarynyň we guramalarynyň işgärleriniň zähmete hak tölemegiň möçberleri Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarly eden edarasy tarapyndan bellenýär.

4. Işgärlere zähmete hak tölemegiň möçberlerini differensirlemek olaryň hünäriniň, işiniň çylşyrymlylygyna we dartgynlylygyna, onuň şertlerine, sarp edilen zähmetiň mukdaryna hem hiline baglylykda amala aşyrylýar.

5. Işgärleriň zähmet haky iň ýokary möçberler bilen çäklendirilmeýär.

114-nji madda. Ýyllyk işiň jemleri boýunça höweslendirme

1. Zähmete hak tölemegiň ulgamlaryna kärhananyň ygtyýarynda galýan peýdanyň hasabyna emele gelýän gaznadan ýyllyk işiň jemleri boýunça kärhananyň işgärleriniň haky goşmaça bellenilip bilner. Hakyň

möçberi işgäriň zähmetiniň netijelerini we onuň kärhanadaky üznüksiz iş döwrüniň dowamlylygyny hasaba almak bilen kesgitlenilýär.

2. Ýyllyk işiň jemleri boýunça höweslendirmäni hasaplamagyň we tölemegiň tertibi hakynda düzgünnama kärhananyň kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşyk boýunça iş beriji tarapyndan tassyklanylýar.

115-nji madda. Zähmet hakyny tölemegiň görnüşi

Zähmet hakyny tölemek pul görnüşinde geçirilýär.

116-njy madda. Kärhanalarda zähmete hak tölemegiň möçberleri

1. Işgäriň zähmetine hak tölemegiň möçberleri zähmet şertnamasy, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk), tarif ylalaşygy bilen düzgünleşdirilýär.

2. Işgärleriň maddy gyzyklanmasyny, şeýle hem önümçiligiň netijeliligini we işiň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen iş beriji zähmetiň netijeleri üçin sylaglamagyň we goşmaça haklaryň ulgamlaryny girizip biler.

117-nji madda. Ýolbaşçylaryň, hünärmenleriň, gullukçylaryň we ylmy işgärleriň zähmetine hak tölemek

1. Ýolbaşçylaryň, hünärmenleriň, gullukçylaryň we ylmy işgärleriň zähmetine hak tölemek, adatça aýlyk wezipe haklary esasynda geçirilýär.

2. Aýlyk wezipe haklary iş beriji tarapyndan işgäriň wezipesine we hünärine laýyklykda bellenilýär.

3. Iş beriji ýolbaşçylar, hünärmenler we gullukçylar üçin zähmete hak tölemegiň başga görnüşini, şeýle hem höweslendirme tölegleri (düşen serişdäniň göteriminde, peýdadan alynýan paýlarda we beýlekiler) belläp biler.

4. Ylmy derejesi, ylmy ady bolan ylmy we pedagogik işgärlere Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýän tertipde aýlyk wezipe hakyna goşmaça hak bellenilýär.

(2010-njy ýylyň 15-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 1, 6-nji madda)

118-nji madda. Işçileriň zähmetine hak tölemek

1. Işçileriň zähmetine hak tölenende tarif stawkalary, aýlyk wezipe haklary ulanylýar.

2. Zähmete hak tölemegiň görnüşini, tertibini, tarif stawkalarynyň, aýlyk wezipe haklarynyň, sylaglaryň, höweslendirme we beýleki tölegleriň möçberlerini, şeýle hem işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň arasynda olaryň möçberlerine bolan gatnaşygyny iş berijiler köpçülikleýin şertnamalaryň (ylalaşyklaryň) ýa-da tarif ylalaşyklarynyň esasynda özbaşdak kesgitleýärler.

119-njy madda. Zähmete hak tölemegiň şertleriniň üýtgedilmegi

1. Zähmete hak tölemegiň şertleri olaryň bellenilen tertibi ýaly üýtgedilýärler.

2. Zähmete hak tölemegiň şertleriniň işgäriň zyýanyna üýtgedilmegine işgär bilen ylalaşmazdan şu ýagdaýda kadadan çykma hökmünde ýol berilýär:

1) önümçilik tehnologiýasynda, zähmeti guramakda zähmete hak tölemegiň ozalky şertleri saklanyp bilinmejek ýagdaýynda;

2) Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan işleriň (hyzmatlaryň) möçberleri, önüm öndürmegiň kadalary (kadalaşdyrmalary) üýtgände.

3. Işgäre zähmete hak tölemegiň şertleriniň üýtgedilmegi hakynda bir aýdan gijä goýman duýdurylmalydyr.

2 bap. Zähmete hak tölemegiň aýratyn şertleri

120-nji madda. Iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen işe hak tölemek

1. Iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen işe iki esse möçberde hak tölenilýär.

2. Iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen iş üçin işgäriň islegine görä, ýokarlandyrylan zähmet hakyna derek iş wagtyndan daşarky işlenilen sagatlardan ýokary geçmeýän möçberde rugsat berlip bilner.

121-nji madda. Dynç günlerindäki, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerindäki ýerine ýetirilen işe hak tölemek

1. Dynç günleri, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleri ýerine ýetirilen işiň taraplaryň ylalaşygy boýunça dynç günleriň berilmegi ýa-da iki esse möçberde hak tölemek bilen öwezi dolunyp bilner.

2. Dynç günleri, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleri ýerine ýetirilen iş üçin töleg şeýle geçirilýär:

1) potratçylara - potratlaýyn nyrhlar boýunça iki esse;

2) sagatlaýyn ýa-da gündelik stawkalar boýunça zähmete hak tölenýän işgärlere - sagatlaýyn ýa-da gündelik stawkanyň iki esse möçberinde;

3) aýlyk wezipe haklaryny alýan işgärlere, eger iş baýramçylyk günlerinde iş wagtynyň bir aýlyk normasynyň möçberinde ýerine ýetirilen bolsa, aýlyk wezipe haklaryndan artyk sagatlaýyn ýa-da gündelik stawkanyň möçberinde, eger iş aýlyk normasyndan artyk ýerine ýetirilen bolsa, onda aýlyk wezipe hakyndan artyk sagatlaýyn ýa-da gündelik stawkanyň iki esse möçberinde.

122-nji madda. Aýratyn şertlerdäki zähmete hak tölemek

1. Aýratyn zähmet şertleri, agyr ýa-da aýratyn howa şertleri bolan ýerlerdäki işlerde (suwsuz, çöllük ýerlerde), şeýle hem göçme we (ýa-da) gatnaw häsiýeti bolan işlerde işgärleriň şeýle şertlerde işleýändikleri üçin tarif stawkasyna (aýlygyna) goşmaça hak bellenilýär.

2. Işleriň, kärleriň we wezipeleriň, şeýle hem ýerleriň sanawy, görkezilen zähmet şertleri bolan kärhanalarda işleýänleriň tarif stawkasyna (aýlygyna) goşmaça hak bellemegiň anyk möçberleri we tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

(2010-njy ýylyň 15-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 1, 6-nji madda)

123-nji madda. Gijeki wagtdaky işe hak tölemek

1. Eger gijeki wagtdaky işi hasaba almak bilen zähmet haky bellenilen işiň häsiýeti bilen baglanyşykly bolmadyk bolsa, gijeki wagtdaky işiň her bir sagady sagat stawkasynyň bir ýarym esse möçberinden pes bolmadyk möçberinde tölenilýär.

Gijeki wagtdaky işiň töleginiň anyk möçberleri kärhananyň köpçülikleýin şertnamasy (zähmet haky hakyndaky düzgünnama) bilen bellenilýär, ýöne ol şu Kodeksde göz öňünde tutulandakydan pes bolmaly däldir.

2. Gijeki wagtdaky iş üçin ýokarlandyrylan hak stawkalara, aýlyk wezipe haklaryna goşulmaýar, şu maddanyň birinji böleginde görkezilenler muňa girmeýär.

124-nji madda. Boş durlan wagtynda we täze önümçilikler (önümler) özleşdirilende hak tölenişiň tertibi

1. Işgäriň günäsi bolmazdan boş durlan wagty, eger işgär işsiz durulýan wagtyň başlanýandygy hakynda iş berijini (brigadiri, ussany, beýleki wezipeli adamlary) duýduran bolsa, işgäre bellenilen razrýadyň, aýlyk wezipe hakynyň tarif stawkasynyň üçden iki böleginden pes bolmadyk hasapdan hak tölenilýär.

2. Işgäriň günäsi boýunça boş durlan wagta hak tölenilmeýär.

3. Täze önümçilik (önüm) özleşdirilýän döwründe iş beriji işgärlere alty aýdan köp bolmadyk möhletde öňki ortaça aýlyk zähmet hakyna çenli goşmaça hak töläp biler.

125-nji madda. Pes hilli (brak) önüm taýýarlananda zähmete

hak tölemegiň tertibi

1. Işgäriň günäsi bolmazdan, pes hilli (brak) önüm taýýarlananda ony taýýarlamak boýunça zähmete hak tölemek ýaramly önümlere bellenilen nyrhlar bilen deň hatarda geçirilýär.

2. Işlenilýän materialyň bildirmeýän kemçiligi netijesinde ýüze çykan brak önümler, şeýle hem tehniki gözegçilik edarasy tarapyndan kabul edilenden soň, işgäriň günäsi bolmazdan, ýüze çykan brak önüm üçin şol işgäre ýaramly önümler bilen deň hatarda tölenilýär.

3. Işgäriň günäsi bilen ýol berlen doly brak önüm tölege degişli däldir.

4. Işgäriň günäsi bilen ýol berlen kem-käsleýin brak önümiň bölekleýin ýaramlylyk derejesine baglylykda peseldilen nyrhlar boýunça tölenýär.

126-njy madda. Iş öndürijiliginiň kadalary ýerine ýetirilmedik halatynda zähmete hak tölemegiň tertibi

1. Işgäriň günäsi bolmazdan, iş öndürijiliginiň kadalary ýerine ýetirilmedik bolsa, zähmete hak tölemek hakyky ýerine ýetirilen iş üçin geçirilýär. Şeýle ýagdaýda aýlyk zähmet haky oňa bellenen razrýadyň (wezipe aýlygyň) tarif stawkasynyň üçden iki böleginden pes bolup bilmez.

2. Işgäriň günäsi bilen iş öndürijiliginiň kadalary ýerine ýetirilmedik bolsa, töleg ýerine ýetirilen işiň möçberine laýyklykda geçirilýär.

127-nji madda. Kärler (wezipeler) utgaşdyrylanda we wagtlaýyn ýok işgäriň borçlary ýerine ýetirilende zähmete hak tölemek

1. Şol bir kärhanada (şol bir iş berijide) zähmet şertnamasy bilen şertlendirilen öz esasy işi bilen deň hatarda başga kär (wezipe) boýunça goşmaça işi ýa-da öz esasy işinden boşamazdan, wagtlaýyn ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirýän işgäre kärleri (wezipeleri) utgaşdyrandygy üçin, ýa-da wagtlaýyn ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirendigi üçin goşmaça hak tölenilýär.

2. Kärleri (wezipeleri) utgaşdyrmak, adatça, işgärleriň degişli toparynyň çäklerinde (işçiler, inžener-tehniki işgärler, gullukçylar we beýlekiler) rugsat berilýär.

3. Kärleri (wezipeleri) utgaşdyrmak ýa-da wagtlaýyn ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirendigi üçin goşmaça hak iş beriji tarapyndan kärhananyň kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşyk boýunça işgär bilen ylalaşyk esasynda utgaşdyrylýan käriň (wezipäniň) zähmet hakynyň elli göteriminden köp bolmadyk möçberinde bellenilýär.

4. Şu aşakdakylar üçin goşmaça haklar:

1) kärleri (wezipeleri) utgaşdyrmak üçin goşmaça hakyň bellenilmegine ýokarda durýan guramanyň tassyklan wezipe sanawa garanda, işgärleriň sanynyň azaldylmagyndan alnan zähmete hak tölemegiň gaznasynyň tygşytlanan serişdeleri gönükdirilip bilner;

2) wagtlaýyn ýok işgärleriň borçlaryny ýerine ýetirmek üçin goşmaça hak ýok işgäriň tarif stawkasynyň (aýlygyň) elli göteriminden köp bolmadyk möçberinde, şol goşmaça haklaryň näçe adam sanynyň arasynda bölünýändigine garamazdan, peýdalanylyp bilner.

5. Bu madda şulara degişli däldir:

1) kärhanalaryň ýolbaşçylaryna, olaryň orunbasarlaryna we kömekçilerine; baş hünärmenlerine; gurluş düzüm birlikleriniň, bölümleriň, sehleriň, gulluklaryň ýolbaşçylaryna we olaryň orunbasarlaryna;

2) ylmy-barlag edaralarynyň ylmy, inžener-tehniki işgärlerine we beýleki hünärmenlerine hem gullukçylaryna, muňa şol görkezilen edaralaryň tejribe (synag) önümçiliklerinde, sehlerde, ussahanalarda, uçastoklarynda we desgalarynda, geologik, gözleg, gözleg-agtaryş ekspedisiýalarynda we toparlarynda (partiýalarynda) işleýänler girmeýär;

3) döwlet we hojalygy dolandyryş edaralarynyň inžener-tehniki işgärlerine hem-de beýleki hünärmenlerine we gullukçylaryna.

128-nji madda. Wagtlaýyn ornuna işlenende zähmete hak tölemek

Wagtlaýyn ornuna işlenende ornuna işleýän işgäre wezipe sanawynda göz öňünde tutulan ornuna işlenýän işgäriň aýlyk wezipe hakynyň möçberinde zähmet haky tölenilýär.

129-njy madda. Dürli hünärli işler ýerine ýetirilende zähmete hak tölemek

1. Dürli hünärli işler ýerine ýetirilende wagta görä hak tölenilýän işçileriň, şeýle hem gullukçylaryň zähmetine has ýokary hünär derejeli iş boýunça tölenilýär.

2. Potratlaýyn zähmet haky tölenilýän işçileriň zähmetine ýerine ýetirilýän işiň nyrhlary boýunça tölenilýär. Ykdysadyýetiň pudaklarynda önümçiligiň häsiýeti boýunça potratlaýyn zähmete hak tölenilýän işçilere berlen razrýadlaryndan pes derejedäki işleri ýerine ýetirmek tabşyrylanda, şeýle işleri ýerine ýetirýän işçilere, eger köplükçileýin şertnama (ylalaşyk) bilen göz öňünde tutulan bolsa, razrýadara tapawut tölenilýär. Töleg işçiniň zähmet öndürjiliginiň normalaryny ýerine ýetirende geçirilýär.

130-njy madda. Doly däl iş wagtynda zähmete hak tölemek

Doly däl iş gününde ýa-da doly däl iş hepdesinde, şu Kodeksiň 63-nji maddasyna laýyklykda, zähmete hak tölemek işlenilen wagta barabarlykda ýa-da zähmet öndürjiliginiň normalarynyň ýerine ýetirilmegine baglylykda geçirilýär.

131-nji madda. Ortaça zähmet hakynyň hasaplanylmagy

1. Şu Kodeksde göz öňünde tutulan ortaça zähmet hakynyň möçberini kesgitlemegiň ähli halatlary üçin ony hasaplamagyň ýeke-täk tertibi bellenilýär.

2. Ortaça zähmet hakyny hasaplamak üçin döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna gatançlar alynýan zähmet hakynyň ähli görnüşleri hasaba alynýar, muňa esasy iş bilen utgaşdyrmak boýunça iş üçin gazanç, birwagtlaýyn häsiýetli tölegler, şeýle hem zähmete hak tölemegiň hereket edýän ulgamy bilen şertlendirilmedik tölegler girmeýär.

3. Islendik iş düzgüninde işgäriň ortaça zähmet hakyny hasaplamak oňa töleg pursadynyň öň ýanyndan gelýän on iki senenama aý üçin hakyky hasaplanan zähmet hakyndan we hakyky işlenilen wagtyndan ugur alnyp geçirilýär.

Eger işgär on iki aýdan az işlän bolsa, onda onuň ortaça aýlyk zähmet hakyny hasaplamak töleg pursadynyň öň ýanyndan gelýän hakyky işlän senenama aýlarynyň sanyndan ugur alnyp geçirilýär.

4. Ortaça gündelik zähmet haky ortaça aýlyk zähmet hakyny 29,7-ä bölmek ýoly bilen hasaplanýar.

5. Türkmenistanyň kanunçylygynda ortaça zähmet hakyny hasaplamak üçin, eger işgärleriň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrmaýan bolsa, beýleki döwürler hem göz öňünde tutulyp bilner.

6. Şu madda bilen kesgitlenen ortaça zähmet hakyny hasaplamagyň tertibiniň aýratynlyklary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär.

7. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna laýyklykda zähmet haky ýokarlandyrylanda zähmet rugsadyny tölemek, işden çykanda berilýän kömek pulunyň, öwez pullarynyň we öwezini dolmalaryň möçberini hasaplamak üçin kabul edilýän zähmet hakyny ýokarlandyrmagyň belgisine görä indeksirlenýär.

(2010-njy ýylyň 15-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 1, 6-nji madda)

132-nji madda. Zähmet hakynyň töleniliş tertibi, ýeri we möhletleri

1. Işgäriň zähmet haky her ýarym aýdan az bolmadyk döwürde tölenýär.

2. Türkmenistanyň kanunçylygy bilen işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin zähmet hakyny tölemegiň beýleki möhletleri bellenip bilner.

3. Zähmet hakynyň tölenilýän güni dynç alyş, baýramçylyk ýa-da ýatlama gününe gabat gelen halatlarynda, zähmet haky şol günleriň öň ýanyndaky günde tölenýär.

4. Rugsadyň ähli wagty üçin zähmet haky rugsadyň başlamagyna azyndan bir gün galanda tölenýär. Işgäre rugsadyň ähli wagty üçin degişli zähmet haky bellenilen möhletde tölenmedik halatynda, işgär zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegini dowam etse, onda berlen rugsat zähmet hakynyň saklanan günleriniň sanyna laýyklykda yzaldylýar.

5. Işgäre zähmet haky kada boýunça onuň işi ýerine ýetirýän ýerinde tölenilýär ýa-da işgäriň ýazmaça arzasy esasynda Türkmenistanyň banklarynda onuň görkezen hasabyna geçirilýär.

Işgäriň ýazmaça arzasy boýunça onuň zähmet haky bank edaralarynyň üsti bilen aýda bir gezek geçirilip bilner.

6. Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda, iş beriji öz wagtynda bellenen möhletlerde işgäre zähmet hakyny doly möçberde tölemäge, şeýle hem oňa hasaplanan zähmet haky we ondan tutulýan tutumlar barada maglumatlary bermäge borçludyr.

133-nji madda. Işgäriň aradan çykan gününe çenli alynmadyk zähmet hakynyň berilmegi

Işgäriň aradan çykan gününe alynmadyk zähmet haky, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen başga tölegler we sylaglar ýazmaça arza we degişli resminamalar esasynda arza berlenden soň iki hepdäniň dowamynda onuň maşgala agzalaryna ýa-da onuň aradan çykan gününe çenli aradan çykanyň eklenjinde bolan adamlara berilýär.

134-nji madda. Işden çykylanda hasaplaşyk möhletleri

1. Zähmet şertnamasynyň hereketi bes edilen mahalynda iş berijiden işgäre düşýän puluň ählisini tölemegi işgär işden çykan güni amala aşyrylýar. Eger işgär işden çykýan güni işlemedik bolsa, onda oňa degişli pul işgäriň hasaplaşyk hakyndaky talapnamany bildiren gününden soň yzyndan gelýän günden gijä galman tölenilmelidir.

2. Işgär işden çykan mahalynda oňa düşýän puluň möçberi hakynda jedel ýüze çykan halatynda, iş beriji şu maddada görkezilen möhletde onuň dawalaşylmaýan möçberini tölemäge borçludyr.

135-nji madda. Işgärleriň zähmet haklaryndan tutumlary tutmak

1. Işgärleriň zähmet hakyndan tutum tutmak diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda amala aşyrylýar.

2. Işgärleriň zähmet hakyndan tutum tutmak kärhana bolan bergini üzmek üçin olaryň işleýän ýerinde iş berijiniň buýrugy esasynda amala aşyrylýar:

1) zähmet hakynyň hasabyna berlen hakujyny gaýtarmak, ýalňyş hasaplamalar netijesinde artyk tölenen pullary yzyna gaýtarmak, gulluk iş sapary ýa-da başga ýere geçirilmegi üçin, hojalyk hajatlary üçin berlen harçlanylmadyk we öz wagtynda gaýtarylmadyk hakujyny üzülişmek üçin, eger işgär şunda tutup alnyp galynan puluň esaslaryna we möçberine jedel etmeýän bolsa. Şeýle halatlarda iş berijiniň hakujyny gaýtarmak, bergini üzmek üçin ýa-da nädogry hasaplanyp çykarylan töleg üçin bellenilen möhlet gutarandan soň bir aýdan gijä goýman tutum tutmalar hakyndaky buýrugy bermäge haklydyr;

2) iş ýyly tamamlanmanka işden çykan işgäre rugsadynyň işlenilmedik günleri üçin rugsadynyň hasabyna berlen tölegler.

Eger işgär şu Kodeksiň 39-njy maddasynyň birinji böleginiň 3-nji bendinde, 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji, 2-nji, 4-nji ýa-da 5-nji bentlerinde, 47-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji, 2-nji, 5-nji, 7-nji ýa-da 9-njy bentlerinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça işden çyksa, şol günler üçin tutumlar tutulmaýar.

Pensiýa çykmagy bilen baglanyşykly işgär işden çykan mahalynda hem rugsadyň işlenilmedik günleri üçin tutumlar tutulmaýar;

3) işgäriň günäsi bilen kärhana ýetirilen zyýanyň öwezi dolunanda.

3. Iş beriji tarapyndan işgäre artykmaç tölenilen zähmet haky (şol sanda Türkmenistanyň kanunçylygyny ýalňyş ulanmak netijesinde) ondan tutulyp bilinmez, ýalňyş hasaplanmagy netijesinde tölenen ýagdaýlar muňa girmeýär.

4. Işgäre ýalňyş maglumatlar bermegi ýa-da onuň ýalňyş resminamalar bermegi netijesinde artyk tölenilen zähmet haky we başga pullar kazyýetiň karary esasynda ondan töledilip alynýar.

136-njy madda. Zähmet hakyndan tutum tutmagyň möçberini çäklendirmek

1. Her bir zähmet haky tölenende tutumlaryň umumy möçberi ýigrimi göterimden, Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan aýratyn halatlarda bolsa, işgäre tölenýän zähmet hakynyň elli

göteriminden köp bolmaly däldir.

2. Iş hakyndan birnäçe ýerine ýetiriş resminamalary esasynda zähmet hakyndan tutum tutulanda zähmet hakynyň elli göteriminden az bolmadyk möçberi işgärde saklanyp galmalydyr.

137-nji madda. Işgärlere tölenmäge degişli käbir töleglerden tutum tutmagy gadagan etmek

Işden çykarylanda berilýän kömek pulundan, öwezini doluş we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tutum tutulmaýan başga töleglerden tutum tutulmagyna ýol berilmeýär.

VIII bölüm. Zähmet kadalary we potratlaýyn bahalar

138-nji madda. Zähmet kadalary

1. Işgärler üçin zähmet kadalary (iş öndürijiligi, wagt, hyzmat ediş, san kadalary) tehnikanyň, tehnologiýanyň, önümçiligi we zähmeti guramagyň gazanylan derejesine laýyklykda bellenilýär.

2. Zähmeti guramagyň we hak tölemegiň toparlaýyn görnüşleri ulanylýan şertlerinde şonuň ýaly ulaldylan we toplumlaýyn kadalar ulanylyp bilner.

3. Zähmet kadalary iş orunlarynyň hünär synaglarynyň we rasionalizasiýalaşdyrylmagynyň, täze tehnikanyň, tehnologiýanyň ornaşdyrylyşyna we zähmet öndürijiliginiň ösüşini üpjün edýän guramaçylyk-tehniki çärelere görä hökman täzeleri bilen çalşyrylmaga degişlidir.

4. Aýry işgär, brigada tarapyndan önüm öndürijiliginiň (hyzmatlaryň edilmegi) ýokary derejesiniň gazanylmagy zähmetiň we öňde baryjy tejribäniň täze usullarynyň hut öz başlangyjy bilen, şeýle hem iş orunlarynyň öz güýçleri bilen kämilleşdirilmegiň kadalary täzeden seretmäge esas bolmaly däldir.

139-njy madda. Zähmet kadalaryny girizmek, çalşyrmak we täzeden seretmek

1. Zähmet kadalaryny girizmek, çalşyrmak we täzeden seretmek iş beriji tarapyndan kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramalary bilen ylalaşmak esasynda amala aşyrylýar.

2. Bütewi we birkysmy (pudagara, pudaklaýyn, edaralaýyn) zähmet kadalarynyň çalşyrylmagy we täzeden seredilmegi şolary tassyklan edaralar tarapyndan amala aşyrylýar.

3. Zähmetiň täze kadalarynyň girizilendigi hakynda işgärlere bir aýdan gijä galman habar edilmelidir. Şunda işgärlere zähmet kadalaryna täzeden seretmegiň sebäpleri, şeýle hem täze kadalaryň ulanylmaly şertleri düşündirilmelidir.

4. Iş öndürijiliginiň kadalary (wagt kadalary), hyzmat etmegiň kadalary bellenilende ýa-da olara täzeden seredilende ýüze çykýan näsazlyklar ýokarda durýan edaralar we kärdeşler arkalaşygy guramalary, kazyýet tarapyndan çözülýär.

140-njy madda. Zähmete hak tölemegiň potratçylyk usulynda bahalaryň kesgitlenilişi

1. Zähmete hak tölemegiň potratçylyk usulynda bahalar işiň bellenilen razrýadlaryndan, hak tölemegiň tarif stawkalaryndan we iş öndürijiliginiň kadalaryndan (wagt kadalaryndan) ugur alnyp kesgitlenilýär.

2. Potratçylyk esasynda hak tölemek üçin bolan baha ýerine ýetirilýän işiň derejesine laýyk gelýän sagatlaýyn (gündelik) tarif stawkasyny sagatlaýyn (gündelik) iş kadasyna bölmek arkaly kesgitlenilýär.

3. Potratçylyk bahasy ýerine ýetirilýän işiň derejesine laýyk gelýän sagatlaýyn (gündelik) tarif stawkasyny sagat ýa-da gün hasaby bilen bellenilen wagt kadasyna köpeltmek arkaly hem kesgitlenilip bilner.

141-nji madda. Oýlap tapyşlar we rasionalizatorlyk teklipleri ornaşdyrylanda işgärler üçin öňki bahalaryň saklanyp galmagy

1. Tehniki kadalary we bahalary üýtgedýän oýlap tapyşlaryň we rasionalizatorlyk teklipleriň awtorlaryna zähmetiň täze kadalarynyň we bahalaryň girizilen pursatyndan başlap, alty aýyň dowamynda öňki

bahalar saklanyp galýar.

2. Oýlap tapyjynyň ýa-da rasionalizatoryň oýlap tapyşynyň ýa-da rasionalizatorçylyk teklibiniň ornaşdyrylmagy bilen, kadalary we bahalary üýtgedilen işi oýlap tapyjy ýa-da rasionalizator ozal ýerine ýetirilmedik mahalyndaky we şonuň ýaly teklip girizilenden soň ol şol işe geçirilen mahalyndaky halatlarda hem ozalky bahalar ulanylýar.

3. Oýlap tapyja ýa-da rasionalizatora tekliplerini ornaşdyrmaga kömek beren işgärlere üç aýyň dowamynda öňki bahalar saklanyp galýar.

142-nji madda. Kadalaşdyrylan tabşyryklaryň we hyzmat etmegiň kadalarynyň bellenilmegi

Zähmete sagatlaýyn hak tölenýän halatynda işgärlere kadalaşdyrylan tabşyryklar bellenilýär. Işleriň (hyzmatlaryň) aýry-aýry görnüşlerini we möçberlerini ýerine ýetirmek üçin hyzmat etmegiň kadalary ýa-da işgärleriň sany babatynda kadalar bellenilip bilner.

143-nji madda. Iş öndürijiliginiň kadalaryny ýerine ýetirmek üçin işiň kadaly şertleriniň üpjün edilmegi

Iş beriji işgärler tarapyndan iş öndürijilik kadalarynyň ýerine ýetirilmegi üçin işiň kadaly şertlerini üpjün etmäge borçludyr, şol sanda:

1) buýrmalar, işleriň möçberleri we zerur çig mal bilen üpjün etmäge;

2) maşynlaryň, stanoklaryň, enjamlaryň we abzallaryň abat işleýiş ýagdaýyny;

3) tehniki resminamalar bilen öz wagtynda üpjün etmäge;

4) işi ýerine ýetirmek üçin zerur bolan oňat hilli we san taýdan ýeterlik materiallar hem-de iş gurallary bilen üpjün etmäge we şolary öz wagtynda bermäge;

5) önümçiligi elektroenergiýa, gaz we beýleki energiýa çeşmeleri bilen öz wagtynda üpjün etmäge;

6) zähmetiň howpsuz we sagdyn şertleri (tehniki howpsuzlygyň kadalary we düzgünleri boýunça hem-de önümçilik sanitariýa düzgünlerini we kadalaryny berjaý etmek, zerur ýagtylyk, ýylylyk, wentilýasiýa, zyýanly galmagalyň netijelerini aradan aýyrmak, şöhlelenmeleri, wibrasiýany we işgärleriň saglygyna ýaramaz täsir edýän beýleki faktorlaryň aradan aýrylmagy).

IX bölüm. Kepillikler we öwezini dolmalar

144-nji madda. Kepillikler we öwezini dolmalar düşünjesi

1. Kepillikler - munuň özi serişdeler, usullar we şertler bolup, şolaryň kömegi bilen işgärlere durmuş-zähmet gatnaşyklary çygrynda hukuklaryň berilmegini amala aşyrmagy üpjün edýär.

2. Öwezini dolmalar - munuň özi pul tölegleri bolup, işgärlere Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan zähmet ýa-da beýleki borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezini dolmak maksatlarynda bellenilýär.

145-nji madda. Döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda işgärler üçin kepillendirmeler

1. Eger Türkmenistanyň kanunçylygy boýunça borçlar iş wagtynda amala aşyrylyp bilinýän bolsa, onda işgärlere döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlary ýerine ýetirilende iş ýeriniň (wezipesiniň) we ortaça zähmet hakynyň saklanmagy kepillendirilýär.

2. Şu aşakdaky döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlary iş wagtynda ýerine ýetirilende ortaça zähmet haky we iş ýeri (wezipesi) saklanylýar:

1) saýlaw hukugy amala aşyrylanda;

2) deputatlyk ygtyýarlary amala aşyrylanda;

3) welaýat, etrap we şäher halk maslahatynyň agzalarynyň, şeýle hem Geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyklary amala aşyrylanda;

4) Türkmenistanyň Mejlisiniň sessiýalaryna, Geňeşleriň maslahatlaryna gatnaşmagy, döwlet

edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri tarapyndan çagyrylýan gurultaýlara, plenumlara, konferensiýalara delegatlar hökmünde gatnaşmagy, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen beýleki wezipeler ýerine ýetirilende;

5) anyklaýyş, deslapky derňew edaralaryna, prokuratura ýa-da kazyýete çagyrylmagy boýunça şaýat, ejir çeken, bilermen, hünärmen, terjimeçi, güwä hökmünde barmagy, şeýle hem kazyýetiň mejlislerine halk oturdaşlary, jemgyýetçilik birleşikleriniň we zähmet toparlarynyň wekilleri hökmünde gatnaşylanda;

6) köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde gepleşiklere gatnaşmak, olar bolmadyk mahalynda bolsa köpçülikleýin gepleşikleriň taraplarynyň arasyndaky ylalaşyk boýunça gatnaşylanda;

7) kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralary tarapyndan agzalar hökmünde ýerli häkimiýet edaralarynyň ýanyndaky toparlaryň we HMAT-nyň işine gatnaşylanda;

8) meýletin ýangyna garşy družinalaryň agzalarynyň ýangynyň ýa-da awariýanyň ýok edilmegine gatnaşylanda;

9) Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen beýleki ýagdaýlarda döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlary ýerine ýetirilende.

146-njy madda. Döwlet we jemgyýetçilik edaralaryndaky saýlawly wezipelere saýlanylan işgärler üçin berilýän kepillikler

Döwlet we jemgyýetçilik edaralaryndaky saýlawly wezipelere saýlanmagy netijesinde işden boşadylan işgärlere saýlawly wezipesi boýunça olaryň ygtyýarlyklary gutarandan soňra, olaryň öňki işi (wezipesi), şeýle hem olar bolmadyk mahalynda, şol kärhanada ýa-da işgäriň razylygy bilen beýleki kärhanada şoňa kybapdaş iş (wezipe) berilýär.

147-nji madda. Gulluk iş sapary. Gulluk iş saparlarynda berilýän kepillikler we öwezini dolmalar

1. Gulluk iş sapary hökmünde işgäriň kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy boýunça onuň hemişelik işleýän ýerinden daşary gulluk tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin başga bir ýere belli bir möhletiň dowamynda gitmegi hasaplanylýar. Işgärleriň gulluk boýunça ugramagy ýolda geçýän bolsa ýa-da ýol üçin niýetlenen ýa-da göçme häsiýete eýe bolýan bolsa, onda ol iş sapary hasaplanylmaýar.

2. Işgärleriň öz iş saparlary bilen baglanyşykly çykdajylary we beýleki öwezini dolmalary almaga hukugy bardyr.

3. Iş saparyna iberilýän işgärlere iş saparynda bolýan döwri üçin gündelik harjy, bellenen ýere barmak we yzyna gaýtmak üçin çykdajylar, ýaşaýyş jaýyny kireýine almak üçin çykdajylar Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän tertipde we möçberlerde tölenilýär.

4. Iş saparyna iberilen işgärlere iş orny, wezipesi we ortaça zähmet haky (wezipe aýlyk haky, tarif stawkasy) onuň iş sapary bilen bolan döwrüne, şol sanda onuň ýolda bolan döwri üçin hem tölenilýär.

5. Iş sapary bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezini dolmagyň anyk möçberleri zähmet ýa-da köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen kesgitlenilýär we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen möçberlerden pes bolup bilmez.

148-nji madda. Başga ýere işe geçirilende berilýän kepillikler we öwezini dolmalar

1. Işgärleriň başga ýere işe geçirilenligi, kabul edilenligi ýa-da iberilenligi bilen edilen çykdajylarynyň öwezini dolmaga we beýleki öwezini dolmalary almaga hukugy bardyr.

2. Işgärler başga işe geçirilende, eger munuň özi başga ýere göçmek bilen baglanyşykly bolsa, şu aşakdakylar tölenilýär:

1) işgäriň we onuň maşgala agzalarynyň ýol kireýi;

2) emlägini daşamak boýunça çykdajylar;

3) işgäriň we onuň maşgala agzalarynyň täze iş ýerine barýan ýolunda geçilen döwür üçin gündelik harjy;

4) ýola taýýarlanmak we täze ýaşaýan ýerinde ýerleşmek üçin gerek bolan günlere zähmet haky,

ýöne ol alty günden köp bolmaly däldir, şeýle hem onuň ýolda bolan wagty üçin;

5) işgäre we onuň bilen gidýän maşgalasynyň her bir agzasyna birwagtlaýyn berilýän kömek puly.

3. Başga ýere işe gidýän işgärlere işi kabul etmek boýunça (deslapky ylalaşyk boýunça) öwezini dolmalar tölenilýär we şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan kepillikler berilýär, muňa birwagtlaýyn berilýän kömek pul tölegleri girmeýär, şeýle kömek pul taraplaryň ylalaşygy esasynda şol işgärlere tölenip bilner.

4. Okuw mekdebini, aspiranturany, doktoranturany, klinik ordinaturany tamamlap ýa-da guramaçylykly toplum, ýa-da jemgyýetçilik çagyryşy tertibinde başga ýere işe iberilmegi sebäpli gidýän adamlara kepillikler we öwezini dolmalar, şeýle hem şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen adamlara öwezini dolmalaryň möçberleri, olary tölemegiň tertibi we kepillikleri bermek Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär.

149-njy madda. Jemgyýetiň bähbitleri üçin hereket edende işgäre berilýän kepillikler

Işgäriň jemgyýetçilik bähbitleri üçin hereketi amala aşyran (heläkçiligiň, tebigy betbagtçylyklaryň netijeleriniň ýok edilmegi, adamyň halas edilmegi we Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda) döwründe onuň iş ýeri (wezipesi) we ortaça zähmet haky saklanyp galýar.

150-nji madda. Işgärleriň harby borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen olara berilýän kepillikler

Harby borçlaryny ýerine ýetirmek üçin çekilýän işgärlere şu Kodeksde we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan kepillikler we ýeňillikler berilýär.

151-nji madda. Oýlap tapyjy we rasionalizator işgärlere berilýän kepillikler

1. Oýlap tapyşlaryň ýa-da rasionalizatorlyk teklipleriň awtorlaryna şol kärhanada oýlap tapyşy ýa-da rasionalizatorlyk teklibi ornaşdyrmak boýunça esasy işinden boşadylanda ortaça zähmet haky saklanyp galýar.

2. Oýlap tapyş ýa-da rasionalizatorlyk teklip başga kärhanada ornaşdyrylan halatynda, işgärlere hemişelik iş ýeri boýunça wezipesi saklanyp galýar, oýlap tapyşy ýa-da rasionalizatorlyk teklibi ornaşdyrmak boýunça işi hemişelik iş ýeri boýunça ortaça zähmet hakyndan pes bolmadyk möçberde taraplaryň ylalaşygy boýunça tölenilýär.

152-nji madda. Işgäre degişli ulag serişdeleriniň ulanylmagy, enjamlaryň, gurallaryň we abzallaryň könelmegi üçin öwezini doluş tölegleri

Iş berijiniň işgärlere degişli ulag serişdelerini, enjamlary, gurallary we abzallary ulanmaga hukugy bardyr. Olaryň peýdalanylandygy üçin öwez pullarynyň möçberi we olary tölemegiň tertibi işgär bilen ylalaşyk boýunça kesgitlenilýär.

153-nji madda. Işgär başga hemişelik pes hak tölenýän işe geçirilendäki kepillikler

Başga iş berilmegine mätäçlik çekýän işgär lukmançylyk netijenamasy esasynda başga hemişelik pes hak tölenýän işe geçirilende, onuň öňki ortaça zähmet haky bir aýyň dowamynda saklanýar, zähmet maýyplygy, hünär keselligi ýa-da iş bilen baglanyşykly saglygyna ýetirilen başga zeper zerarly başga işe geçirilende bolsa, oňa zähmete ukyplylygynyň durnukly hünär ukybyny ýitirendigi bellenilýänçä ýa-da işgär doly sagalýança saklanýar.

154-nji madda. Zähmete ukyplylyk wagtlaýyn ýitirilende işgäre berilýän kepillikler

1. Zähmete ukyplylyk wagtlaýyn ýitirilende iş beriji işgäre zähmete ukyplylygyň wagtlaýyn ýitirilmegi boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda oňa döwlet kömek puluny töleýär.

2. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek pulunyň möçberi we ony tölemegiň şertleri Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär.

155-nji madda. Önümçilikde bolan betbagtçylykly ýagdaý we hünär keseli sebäpli berilýän kepillikler we öwezini dolmalar

1. Önümçilikde betbagtçylykly ýagdaý ýa-da hünär keseli netijesinde işgäriň saglygyna zeper ýetende ýa-da işgär aradan çykanda işgäre (onuň maşgalasyna) ýitiren zähmet hakynyň (girdejisiniň), şeýle hem saglygyna zeper ýetenligi bilen baglanyşykly lukmançylyk, durmuş we hünär taýdan saglygyny dikeltmek üçin goşmaça çykdajylar ýa-da işgäriň aradan çykmagy bilen baglanyşykly degişli çykdajylar tölenilýär.

2. Işgärlere berilýän kepillikleriň we öwezini dolmalaryň görnüşleri, möçberleri we şertleri görkezilen halatlarda şu Kodeks we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalary tarapyndan kesgitlenilýär.

3. Ýitirilen zähmet hakynyň we (ýa-da) goşmaça çykdajylaryň öwezini dolmak kärhanalarda öz serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar, býujetiň hasabyna saklanýan kärhanalarda şolary saklamak üçin göz öňünde tutulan çykdajylaryň smetasyndaky serişdeleriň hasabyna tölenilýär.

156-njy madda. Donor bolup durýan işgärler üçin kepillikler

1. Gan we onuň komponentleri tabşyrylýan gününde, şeýle hem şonuň bilen baglanyşykly lukmançylyk gözegçiliginden geçýän işgär şol gün işden boşadylýar. Iş beriji işgärleri lukmançylyk gözegçiligi gününde we goýbermek üçin gan tabşyrylýan gününde saglygy goraýyş edaralaryna bökdençsiz goýbermäge borçludyr.

2. Eger gan we onuň komponentleri tabşyrylýan gününde işgär işe çykan bolsa (muňa zyýanly, zähmetiň aýratyn agyr şertleri bolan işleri, işgäriň şol gün işe çykmagy mümkin bolmadyk halaty girmeýär), iş beriji bilen işgäriň arasyndaky ylalaşyk boýunça işgäriň islegine görä, oňa başga dynç güni berilýär.

3. Gan we onuň komponentleri her ýylky tölegli rugsat döwründe tabşyrylanda, dynç alyş ýa-da işlenilmeýän baýramçylyk ýa-da ýatlama güni tabşyrylanda işgäriň islegine görä, oňa başga dynç güni berilýär.

4. Gan we onuň komponentleri tabşyrylan her bir günden soň işgäre goşmaça dynç güni berilýär. Görkezilen dynç güni işgäriň islegine görä her ýylky esasy rugsada goşulyp bilner ýa-da gan we onuň komponentleri tabşyrylan gününden soňra senenama ýylynyň dowamynda başga wagtda peýdalanylyp bilner.

5. Gan we onuň komponentleri muzdsuz tabşyrylanda iş beriji işgäre gan tabşyran we şonuň bilen baglanyşykly berlen dynç günleri üçin onuň ortaça zähmet hakyny saklaýar.

157-nji madda. Iş beriji tarapyndan hünärini ýokarlandyrmak üçin iberilýän işgärlere kepillikler we öwezini dolmalar

Iş beriji tarapyndan işgär işden aýrylmak şerti bilen hünärini ýokarlandyrmaga iberilende oňa öňki iş ýeri (wezipesi) we esasy iş ýeri boýunça ortaça zähmet haky saklanýar. Hünärini ýokarlandyrmak üçin başga ýere işden boşadylyp iberilýän işgärlere iş saparlaryna iberilýän adamlar üçin göz öňünde tutulan tertipde we möçberlerde iş sapar çykdajylarynyň tölegi geçirilýär.

158-nji madda. Önümçilikden aýrylmak şerti bilen okaýan adamlara kepillikler

Önümçilikden aýrylmak şerti bilen orta hünärmentçilik we ýokary okuw mekdeplerinde, aspiranturada we doktoranturada okaýan adamlara öňki iş ýeri saklanylýar.

159-njy madda. Kärhananyň eýesiniň çalyşmagy bilen baglanyşykly kärhananyň ýolbaşçysyna, onuň orunbasarlaryna we baş hasapçysyna kepillikler

Kärhananyň eýesiniň çalyşmagy bilen baglanyşykly kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary we baş hasapçysy bilen zähmet şertnamasy bes edilende kärhananyň täze eýesi görkezilen işgärlere üç aýlyk

ortaça zähmet haky möçberinde öwezini doluş tölegini tölemäge borçludyr.

X bölüm. Zähmet düzgün-nyzamy

160-njy madda. Kärhananyň zähmet düzgün-nyzamy we içerki zähmet tertip-düzgün kadalary

1. Zähmet düzgün-nyzamy, munuň özi Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna, zähmet şertnamasyna, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyga) laýyklykda, ähli işgärler üçin özüni alyp barmagyň kesgitlenen kadalaryna boýun egmegidir.

Zähmet düzgün-nyzamy kadaly iş üçin zerur bolan durmuş-ykdysady we guramaçylyk-tehniki şertleri döretmek arkaly yhlasly zähmet üçin höweslendirmegiň usullary bilen, yhlassyz işgärlere temmi çärelerini ulanmak bilen üpjün edilýär.

2. Iş beriji Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna, zähmet şertnamasyna, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyga) laýyklykda, işgärleriň zähmet düzgün-nyzamyny berjaý etmek üçin zerur şertleri döretmäge borçludyr.

3. Kärhanada zähmet tertibi içerki zähmet düzgün-tertip kadalary bilen kesgitlenilýär.

Kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary şu Kodekse we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işgärleri işe kabul etmegiň we işden boşatmagyň tertibini, zähmet şertnamasynyň taraplarynyň esasy hukuklaryny, borçlaryny we jogapkärçiligini, iş düzgünini, dynç alyş wagtyny, işgärlere ulanylýan höweslendiriş we temmi çärelerini, şeýle hem kärhanada zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki meseleleri kadalaşdyrýan kärhananyň kadalaşdyryjy namasydyr.

4. Işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan tertipnamalar, düzgün-nyzamy hakyndaky düzgünnamalar hereket edýärler.

161-nji madda. Kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryny tassyklamagyň tertibi

1. Kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary iş beriji tarapyndan kärdeşler arkalaşygy ýa-da kärhananyň işgärleriniň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tassyklanylýar.

2. Kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) goşundysy bolup durýar.

162-nji madda. Işdäki netijeler üçin höweslendirme

1. Işgäre işde gazanan üstünligi üçin höweslendirme çäreleri ulanylyp bilner. Höweslendirmäniň görnüşleri, olary ulanmagyň tertibi, artykmaçlyklaryň we ýeňilliklerin berilmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda zähmet düzgün-nyzamy hakynda zähmet ýa-da köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk), tertipnama we düzgünnama bilen kesgitlenýär.

2. Işgärler jemgyýetiň we döwletiň öňünde bitiren aýratyn zähmet hyzmatlary üçin döwlet sylaglaryna hödürlenilip bilner.

3. Zähmete hak tölemegiň ulgamy tarapyndan göz öňünde tutulan goşmaça tölegleri, goşmaça haklary, sylaglary we beýleki tölegleri goşmak bilen zähmet haky höweslendirmäniň görnüşlerine degişli däldir.

4. Düzgün-tertip nyzamynyň temmisiniň hereket edýän möhletiniň dowamynda işgäre höweslendiriş çäreleri ulanylmaýar.

163-nji madda. Zähmet üçin höweslendirme çäreleri

1. Zähmet üçin höweslendirme çärelerine şular degişlidir:
1) minnetdarlyk bildirmek;
2) birwagtlaýyn baýrak bermek;
3) gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglamak;
4) hormat haty bilen sylaglamak.

Köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen höweslendirmegiň beýleki çäreleri hem göz öňünde tutulyp bilner.

2. Sylaglar we höweslendirmeler hakyndaky maglumatlar zähmet depderçesine girizilýär.

164-nji madda. Zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy üçin temmiler

1. Zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy üçin şu aşakdaky düzgün-nyzam temmileri ulanylýar:
1) duýduryş;
2) käýinç;
3) berk käýinç;
4) işden çykarmak.

2. Türkmenistanyň kanunçylyk namalary, tertipnamalar, düzgün-nyzam hakyndaky düzgünnamalar bilen işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin beýleki düzgün-nyzam temmileri hem göz öňünde tutulyp bilner.

3. Düzgün-nyzam temmileri ulanylanda işgäriň eden etmişiniň agyrlygy, ol amal edilendäki ýagdaýlar, işgäriň şol etmişden öňki döwürde özüni alyp barşy, işe bolan garaýşy göz öňünde tutulmalydyr. Iş beriji edilen etmişiň agyrlyk häsiýetine baglylykda zähmet düzgün-nyzamynyň bozulandygy üçin şu maddanyň birinji böleginde sanalyp geçilen düzgün-nyzam temmi çäreleriniň islendigini ulanmaga haklydyr.

4. Zähmet hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynda, tertipnamalarda, düzgün-nyzam hakyndaky düzgünnamalarda göz öňünde tutulmadyk düzgün-nyzam temmilerini ulanmaklyga ýol berilmeýär.

165-nji madda. Düzgün-nyzam temmilerini ulanmaga ygtyýarly edaralar

1. Düzgün-nyzam temmisi bu işgäri işe kabul etmäge (saýlamaga, tassyklamaga we wezipä bellemäge) hukuk berlen edara ýa-da adam tarapyndan ulanylýar.

2. Türkmenistanyň kanunçylygyna, tertipnama, düzgün-nyzam hakyndaky düzgünnama laýyklykda düzgün-nyzam jogapkärçiligini çekýän işgärlere düzgün-nyzam temmileri şu maddanyň birinji böleginde görkezilen edaranyň ýokarda duran edaralary tarapyndan hem berlip bilner.

3. Saýlawly wezipeleri eýeleýän işgärler diňe olary saýlan edaranyň karary boýunça we diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça işden boşadylyp bilner.

166-njy madda. Düzgün-nyzam temmilerini ulanmagyň tertibi

1. Düzgün-nyzam temmisini ulanmazdan öň işgärden ýazmaça düşündiriş talap edilmelidir. Işgäriň ýazmaça düşündirişi ýazmakdan ýüz öwürmegi onuň öň eden etmişine temmini ulanmak üçin päsgel bolup bilmez.

2. Her bir etmiş üçin diňe bir düzgün-nyzam temmisi ulanylyp bilner.

3. Düzgün-nyzam temmisi gös-göni etmiş ýüze çykandan soň bir aýdan gijä goýman, ýöne şol etmiş edilenden alty aý geçmedik bolsa, işgäriň kesel bolan wagtyny ýa-da onuň zähmet rugsadynda bolan wagtyny hasaba almazdan, derňewiň netijeleri, maliýe-hojalyk işiniň barlagynyň ýa-da auditor barlagynyň netijeleri boýunça onuň amal edilen gününden iki ýyldan gijä goýman berilýär. Şu görkezilen möhletlere jenaýat işi boýunça önümçiligiň wagty goşulmaýar.

4. Düzgün-nyzam temmisi hakynda buýruk, karar delillerini görkezmek bilen işgäre üç iş gününiň dowamynda gol çekdirilip mälim edilmelidir.

Düzgün-nyzam temmisi hakynda buýruk, onuň çykarylan gününden başlap karar bilen tanyşdyrylmadyk işgäriň düzgün-nyzam temmisi ýok hasap edilýär.

Düzgün-nyzam temmisi hakynda buýruk, karar bilen tanyşmakdan ýüz öwren işgäre, oňa gatnaşan şaýatlary görkezmek arkaly nama bilen resmileşdirilýär. Şeýle halatda işgär düzgün-nyzam temmisiniň ulanylandygy hakyndaky buýruk, karar bilen tanyşdyrylan hasap edilýär.

167-nji madda. Düzgün-nyzam temmisiniň aýrylmagy

1. Eger bir ýylyň dowamynda işgäre ulanylan düzgün-nyzam temmisinden soň, oňa täze düzgün-nyzam temmisi berilmedik bolsa, onda onuň düzgün-nyzam temmisi ýok hasaplanylýar. Şunda düzgün-nyzam temmisi buýruk, karar çykarylmazdan öz-özünden aýrylýär.

2. Düzgün-nyzam temmisini ulanan iş beriji, eger temmi berlen täze etmiş etmän we özüni ynamly işgär hökmünde görkezen bolsa, bir ýyl dolmanka hem öz başlangyjy, işgäriň haýyşy, kärdeşler arkalaşygy guramasynyň teklipnamasy ýa-da zähmetkeşler toparynyň, şeýle hem gös-göni işgäriň ýolbaşçysynyň haýyşy boýunça temmini aýyrmaga haklydyr.

168-nji madda. Kärhananyň ýolbaşçysyny, onuň orunbasarlaryny kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň talaby boýunça düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmek

1. Iş beriji öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasynyň kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary tarapyndan şu Kodeksiň we zähmet hukugynyň kadalaryny özünde jemleýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň, köpçülikleýin şertnamanyň, ylalaşygynyň şertlerini bozan halatyndaky ýüztutmasyna seretmäge we onuň netijeleri hakynda kärdeşler arkalaşygyna ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasyna habar bermäge borçludyr.

2. Eger düzgün bozulmalar hakyndaky faktlar tassyk bolsa, iş beriji öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kärhananyň ýolbaşçysyna, onuň orunbasarlaryna eýeleýän wezipesinden boşadylmagyna çenli düzgün-nyzam temmisini bermäge borçludyr.

169-njy madda. Aýratyn häsiýetli işde işleýän işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin düzgün-nyzam jogapkärçiliginiň aýratynlyklary

Zähmetiň aýratyn häsiýeti bolan işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň düzgün-nyzam jogapkärçiliginiň aýratynlyklary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

170-nji madda. Düzgün-nyzam temmilerine şikaýat etmek

1. Düzgün-nyzam temmisine şu Kodeks we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalary tarapyndan bellenilen tertipde şikaýat edilip bilner.

2. Zähmet jedellerine seredýän edara edilen etmişiň agyrlygyny, onuň amala aşyrylan ýagdaýlaryny, işgäriň ozalky tertibini, onuň zähmete bolan garaýşyny, şeýle hem eden etmişiniň agyrlygynyň düzgün-nyzam temmisine laýyklygyny göz öňünde tutmaga borçludyr.

3. Düzgün-nyzam temmisi edilen etmişiň agyrlygyna laýyk gelmeýär diýip hasap eden mahalynda zähmet jedellerine garaýan edara düzgün-nyzam temmisini ulanmak hakyndaky buýrugy ýatyrýar.

XI bölüm. Zähmeti goramak

171-nji madda. Zähmeti goramak we onuň şertleri

1. Zähmeti goramak - munuň özi zähmet işiniň barşynda işgärleriň ömrüniň we saglygynyň howpsuzlygyny üpjün ediş ulgamydyr, muňa hukuk, durmuş-ykdysady, guramaçylyk-tehniki, sanitariýa-arassaçylyk, bejeriş-öňüni alyş, dikeldiş we beýleki çäreler hem-de serişdeler giryär.

2. Zähmet şertleri - munuň özi işgäriň işe ukyplylyk we saglyk ýagdaýyna täsir edýän önümçilik gurşawynyň we zähmet işiniň faktorlarynyň jemidir.

172-nji madda. Zähmeti goramak babatda döwlet syýasatynyň esasy ugurlary

1. Zähmeti goramak babatda döwlet syýasatynyň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr:

1) işgärleriň ömrüni we saglygyny goramagyň ileri tutulýan ugurlaryny üpjün etmekden;

2) zähmeti goramak boýunça Türkmenistanyň kanunlaryny we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, şeýle hem zähmetiň şertlerini we ony goramagy kämilleşdirmegiň maksada laýyk maksatnamalaryny kabul etmekden we durmuşa geçirmekden;

3) zähmeti goramagyň döwlet dolandyryşyndan;

4) zähmeti goramagyň talaplaryny berjaý etmegiň döwlet gözegçilik barlagyndan we gözegçiliginden;

5) howply bolan işlere ygtyýarlylandyrmakdan, önümçilik maksatly önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) güwälendirilmeginden;

6) zähmeti goramak babatda işgärleriň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegi üçin jemgyýetçilik gözegçiligi boýunça kärdeşler arkalaşyklary edaralaryna ýardam etmekden;

7) önümçilikde bolan betbagtçylykly ýagdaýlaryň we hünär keselleriň derňewinden we hasabatyndan;

8) önümçilikde bolan heläkçilikli ýagdaýlardan we hünär keseller sebäpli zyýan çeken işgärleriň, şeýle hem olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakdan;

9) zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan iş üçin öwezini dolmalary bellemekden;

10) zähmeti goramak babatda işi, daşky gurşawy gorap saklamak işini we ykdysady hem-de durmuş işiniň beýleki görnüşlerini utgaşdyrmakdan;

11) zähmetiň şertlerini we ony goramagy kämilleşdirmek boýunça öňdebaryjy milli we daşary ýurt iş tejribesini ýaýratmakdan;

12) zähmeti goramagyň çygrynda, ony ylmy taýdan guramakdan, täze tehnikany we tehnologiýany ornaşdyrmakdan, rasionalizatorlyk we oýlap tapyjylyk işini höweslendirmekden;

13) zähmeti goramak boýunça çäreleri maliýeleşdirmäge döwletiň gatnaşmagyndan;

14) zähmeti goramak boýunça hünärmenleri taýýarlamakdan we olaryň hünärini ýokarlandyrmakdan;

15) zähmet şertleri hakynda, şeýle hem önümçilik şikesi, hünär keseli hakynda we olaryň maddy netijeleri barada döwlet statistik hasabaty guramakdan;

16) zähmeti goramagyň bütewi habar beriş ulgamyny ösdürmekden we onuň işlemegini üpjün etmekden;

17) zähmeti goramak boýunça halkara hyzmatdaşlygyndan;

18) zähmetiň howpsuz şertlerini höweslendirýän, tehniki howpsuzlygy we tehnologiýany işläp düzmegi we ornaşdyrmagy, işgärleriň hususy we köpçülikleýin goranyş serişdeleriniň önümçiligini ýola goýmagy höweslendirýän netijeli döwlet salgyt syýasatynyň geçirilmeginden;

19) işgärleriň hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri, şeýle hem sanitariýa-durmuş jaýlary we enjamlary, bejeriş-öňüni alyş serişdeleri bilen iş berijileriň serişdeleriniň hasabyna üpjün etmegiň tertibini bellemekden.

2. Zähmeti goramak babatda döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny durmuşa geçirmek döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, iş berijileriň we olaryň birleşikleriniň, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklarynyň we zähmeti goramagyň meseleleri boýunça wekilçilikli edaralarynyň beýleki ygtyýarly işgärleri bilen bilelikde ylalaşykly hereketleri bilen üpjün edilýär.

173-nji madda. Işgäriň howpsuzlyk we arassaçylyk talaplaryna jogap berýän zähmete bolan hukugy

Her bir işgär şu aşakdaky hukuklara eýedir:

1) zyýanly ýa-da howply önümçilik faktorlarynyň täsirinden ýol berilýän kadalaryň goragly çäklerinde bolup biljek önümçilik heläkçiliginden, hünär keselinden ýa-da işe ukyplylygyň peselmeginden goragly iş ornuna;

2) iş ýerinde zähmet şertleri we ony goramak barada, saglyga zyýan ýetirip biljek howply ýagdaýlar barada, şeýle hem saglyga zyýan ýetirip biljek we howply ýa-da önümçilik faktorlarynyň täsirinden goramak boýunça çäreler hakynda iş berijiden, degişli döwlet edaralaryndan we jemgyýetçilik birleşiklerinden doly we dogry maglumaty almaga;

3) işgäriň ýa-da beýleki adamlaryň ömrüne we saglygyna howp döreýän bolsa, onda zähmeti goramagyň talaplarynyň bozulmagy netijesinde şeýle howp aradan aýrylýança işleriň ýerine ýetirilmeginden ýüz öwürmäge, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar muňa girmeýär;

4) zähmeti goramagyň talaplaryna laýyklykda hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri bilen iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna üpjün edilmegine;

5) işiň howpsuz usullaryny we tärlerini okatmagy (gönükdirmegi) iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrmaga;

6) zähmeti goramagyň talaplarynyň bozulmagy netijesinde iş orny ýatyrylan halatynda gaýtadan hünär taýdan taýýarlamagy iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrmaga;

7) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilmegine döwlet gözegçilik barlagy we

gözegçiligi edaralary tarapyndan, zähmet şertlerine döwlet seljermesini amala aşyrýan işgärler tarapyndan, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralary tarapyndan onuň iş ornunda zähmet şertleriniň we goramagyň barlagyny geçirmek hakynda talapnama bermäge;

8) döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna, iş berijä we iş berijileriň birleşiklerine, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklaryna we zähmeti goramagyň meseleleri boýunça wekilçilikli edaralarynyň beýleki ygtyýarly işgärlerine ýüzlenmäge;

9) iş ornunda işgäriň howpsuz zähmet şertleri bilen üpjün edilmegi bilen baglanyşykly meseleleriň seredilmegine hut onuň özi ýa-da öz wekilleriniň üsti bilen onuň bilen bolup geçen önümçilikdäki betbagtçylykly ýagdaýy ýa-da hünär keseli sebäpli derňemäge gatnaşmaga;

10) lukmançylyk gözegçiliginden (barlagyndan) geçýän wagtynda, onuň iş ýerini (wezipesini) we ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen, lukmançylyk maslahatlaryna laýyklykda nobatdan daşary lukmançylyk gözegçiligine (barlagyna);

11) eger ol zähmetiň zyýanly, agyr şertleri bolan işlerde meşgul bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan, zähmet we köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen bellenilen öwezini dolmalara we beýleki töleglere.

174-nji madda. Zähmeti goramak babatda işgärleriň hukuklaryny goramagyň döwlet kepillikleri

1. Döwlet zähmeti goramak babatda işgärleriň hukuklaryny goramagy kepillendirýär.

2. Döwlet zähmeti goramak işini guramagy üpjün edýär, zähmeti goramak boýunça talaplaryň berjaý edilmegine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligi amala aşyrýar, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligi belleýär.

3. Işgärleriň zähmet şertleri zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelmelidir.

4. Zähmeti goramagyň talaplarynyň bozulmagy netijesinde Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilmegine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligi edaralary tarapyndan işleriň wagtlaýyn togtadylmagy, eger ol işgäriň günäsi bilen bolmadyk halatynda, onuň iş ýeri (wezipesi) we ortaça zähmet haky saklanylýar.

5. Işgäriň we onuň töweregindäkileriň ömrüne we saglygyna gös-göni howp dörän halatynda özüne tabşyrylan işi ýerine ýetirmekden işgär ýüz öwren halatynda; zähmet howpsuzlygyny gös-göni üpjün edýän zerur hususy gorag serişdeleri berilmedik halatynda; gözegçilik barlagynyň we gözegçiligiň döwlet edaralary tarapyndan işleri geçirmek togtadylanda we gadagan edilende, bozulma aradan aýrylýança ýa-da täze iş orny döredilýänçä, işgäre bir aýa çenli möhletde onuň hünärine laýyk gelýän başga iş ýa-da onuň razylygy bilen öňki işindäki ortaça zähmet hakyndan pes bolmadyk, beýleki iş berilmelidir. Iş beriji zerur halatda öz serişdeleriniň hasabyna işgäri täze käre (hünäre) taýýarlamak döwründe oňa ortaça zähmet hakyny tölemek bilen okatmaga borçludyr.

6. Eger işgäre başga işiň berilmegi obýektiw sebäplere görä mümkin bolmasa, işgäriň ömri we saglygy üçin howp aradan aýrylýança, onuň işden boş duran wagty şu Kodekse we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda iş beriji tarapyndan tölenilýär.

7. Işgär bellenilen kadalara laýyklykda, hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri bilen üpjün edilmedik halatynda, iş berijiniň işgärden zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegini talap etmäge hukugy ýokdur we ýüze çykan ýagdaý boýunça işden boş duran wagty üçin şu Kodekse laýyklykda tölemäge borçludyr.

8. Zähmeti goramak talaplarynyň bozulmagy netijesinde işgäriň ömri we saglygy üçin howp dörän mahalynda işleri ýerine ýetirmekden ýa-da zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulmadyk zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işleri ýerine ýetirmekden işgäriň boýun gaçyrmagy onuň düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekilmegine eltmeýär.

9. Zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen işgäriň ömrüne we saglygyna zyýan (zelel) ýetirilen halatynda, oňa ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

10. Zähmet şertleri sebäpli işgäriň saglyk ýagdaýynyň ýaramazlaşan halatynda, önümçilikde betbagtçylykly ýagdaý ýa-da hünär keseli sebäpli onuň zähmete bolan ukybyny ýitiren ýagdaýda, iş beriji işgäri onuň razylygy boýunça, lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda iş bilen ýa-da öz serişdeleriniň hasabyna işgäriň täze kär (hünär) almak üçin okamagyny üpjün etmäge borçludyr, oňa gaýtadan taýýarlaýyş döwründe ortaça zähmet hakyny saklamalydyr, zerur halatda onuň saglygynyň we zähmete ukyplylygynyň

dikeldilmegini göz öňünde tutmalydyr.

175-nji madda. Önümçilikde betbagtçylykly ýagdaýlardan we hünär kesellerinden hökmany ätiýaçlandyrma

Has howply önümçilik şertlerinde işleýän işgärler topary iş beriji tarapyndan önümçilikde betbagtçylykly ýagdaýlardan we hünär kesellerinden Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda hökmany şahsy ätiýaçlandyrma degişlidir.

176-njy madda. Iş şertleri boýunça öwezini dolmaga bolan hukuk

Zyýanly, aýratyn agyr zähmet şertleri bolan işlerde işleýän işgäriň zähmetiň aýratyn şertleri bilen baglanyşykly işi üçin zähmet pensiýasyna, ýokarlandyrylan möçberde zähmet hakyna, bejeriş-öňüni alyş iýmiti, süýt ýa-da deň derejeli azyk önümleri bilen tölegsiz üpjün edilmegine, zähmet şertleri boýunça tölegli arakesmelere, gysgaldylan iş gününe, goşmaça zähmet rugsadyna, şeýle hem beýleki öwezini dolmalara hukugy bardyr. Zähmet şertleri, olaryň görnüşleri, möçberleri boýunça öwezini dolmaga hukugy bolan hünärleriň we işgärler toparynyň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

177-nji madda. Işgäriň zähmeti goramak boýunça maglumatlary almaga bolan hukugy

Işgär zähmet şertnamasyny baglaşanda ýa-da başga işe geçirilende iş beriji tarapyndan zähmetiň şertleri hakynda, şol sanda hünär keseli we başga keseller bilen kesellemek töwekgelçiligi hakynda, şu sebäpli oňa degişli bolan ýeňillikler we öwezini dolmalar, şeýle hem hususy gorag serişdeleriniň bolmagy hakynda habardar edilmelidir. Iş beriji şeýle hem işgärleri ýa-da işgärleriň wekilçilikli edaralaryny anyk iş orunlarynda we önümçilikde zähmeti goramagyň ýagdaýy hakynda habardar etmäge borçludyr.

178-nji madda. Iş berijiniň zähmeti goramagy üpjün etmek boýunça borçlary

1. Kärhanada zähmeti goramagy üpjün etmek boýunça borçlar iş berijiniň üstüne ýüklenilýär.

2. Iş beriji şulary üpjün etmäge borçludyr:

1) jaýlar, binalar, maşynlar, mehanizmler, enjamlar ulanylanda, tehnologik prosesler amala aşyrylanda, şeýle hem önümçilikde gurallar, çig mal we materiallar ulanylanda işgärleriň howpsuzlygyny;

2) işgärleriň hususy we köpçülikleýin gorag serişdelerini peýdalanmagyny;

3) her bir iş ornunda zähmeti goramagyň degişli talaplaryna laýyk gelýän iş şertleriniň bolmagyny;

4) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärleriň zähmet we dynç alşynyň düzgünini;

5) öz hususy serişdeleriniň hasabyna, zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde, şeýle hem hapalanmak bilen baglanyşykly aýratyn temperatura şertlerinde ýerine ýetirilýän işlerde işleýänlere bellenilen kadalara laýyklykda ýörite egin-eşigiň, ýörite aýakgabyň we beýleki hususy gorag serişdeleriniň, ýagny ýuwýan we zyýansyzlandyrýan ýa-da ýokançsyzlandyrýan serişdeleriň alynmagyny we olara berilmegini;

6) zähmeti goramak boýunça işleriň howpsuz usullaryny we işi ýerine ýetirmegiň tärlerini okatmak we önümçilikde döreýän betbagtçylykly ýagdaýlarda ilkinji kömegi bermek, zähmeti goramak boýunça gözükdirmek, iş ornunda tälim alşyny we zähmeti goramagyň talaplary boýunça bilimleri barlamagy, işleri ýerine ýetirmegiň howpsuz usullaryny we tärlerini;

7) bellenilen tertipde zähmeti goramak boýunça okuw we gözükdirme geçmedik, tälim alşy we zähmeti goramagyň talaplary boýunça bilim barlagyny geçmedik adamlaryň işe goýberilmezligini;

8) iş orunlarynda zähmet şertleriniň ýagdaýyna, şeýle hem hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleriniň işgärler tarapyndan dogry peýdalanylyşyna gözegçiligi guramagy;

9) iş orunlaryna hünär synagynyň (attestasiýanyň), zähmeti goramak boýunça kadalaryna we düzgünlerine laýyklygyny geçirmegi;

10) şu Kodeks, Türkmenistanyň kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen göz öňünde tutulan ýagdaýlarda öz hususy serişdeleriniň hasabyna hökmany deslapky (işe giren halatynda) we döwürleýin (zähmet işiniň dowamynda) lukmançylyk taýdan gözegçiligini (barlagyny), işgärleriň haýyşy

boýunça nobatdan daşary lukmançylyk taýdan gözegçiligini (barlagyny) guramaga, şunda ýokarda görkezilen lukmançylyk taýdan gözegçiligi (barlagy) geçirilen wagtynda olara iş ýeriniň (wezipesiniň) we ortaça aýlyk hakynyň saklanylmagyny;

11) sanawy Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen hünärler boýunça hökmany lukmançylyk taýdan gözegçiligini (barlagyny) geçmedik işgärleri, şeýle hem lukmançylyk taýdan olara garşy gelýän halatlarda zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge goýbermezlige;

12) iş ýerlerinde işgärlere zähmet şertleri we onuň goralyşy hakynda, saglyga zeper ýetirýän töwekgelçilik hakynda we olara degişli bolan öwezini dolmalar we hususy hem-de köpçülikleýin gorag serişdeleri hakynda işgärleriň habardar edilmegini;

13) zähmeti goramagyň döwlet dolandyryş edaralaryna, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagy we gözegçiligi edaralaryna, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklarynyň we işgärleriň beýleki wekilçilikli edaralarynyň öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrmak üçin zerur bolan resminamalaryň we maglumatlaryň berilmegini;

14) işgärleriň ömrüni we saglygyny gorap saklamak üçin heläkçilikli ýagdaýlaryň öňüni almak boýunça, şeýle ýagdaýlar dörän halatynda, şol sanda heläkçilik çekenlere ilkinji kömegi bermek boýunça çäreleriň kabul edilmegini;

15) şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen tertipde önümçilikde betbagtçylykly halatlary we hünär kesellerini derňemegi, hasaba almagy we seljermegi ejir çekene, ol aradan çykan mahalynda bolsa - aradan çykanyň maşgalasyna (maşgala agzasyna), kanuny wekiline betbagtçylykly halat hakyndaky ykrarnamanyň tassyklanan nusgasyny derňew gutarandan soň üç günden gijä galman bermäge;

16) zähmeti goramagyň talaplaryna laýyklykda işgärlere sanitariýa-durmuş we bejeriş-öňüni alyş taýdan hyzmat etmegi;

17) barlaglar we derňewler geçirmek üçin Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine zähmeti goramagyň döwlet dolandyryş, döwlet gözegçilik barlagy we gözegçilik, jemgyýetçilik gözegçiligi edaralarynyň wezipeli adamlarynyň päsgelçiliksiz goýberilmegini;

18) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagy we gözegçilik edaralarynyň wezipeli adamlarynyň tabşyryknamalarynyň ýerine ýetirilmegini we jemgyýetçilik gözegçiligi edaralarynyň tabşyryknamalarynyň şu Kodeksde bellenilen tertipde seredilmegini;

19) işgärleriň iş ýerinde zähmet howpsuzlygy we arassaçylygy boýunça zerur resminamalar bilen tanyşmagy;

20) işgärler üçin kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki ygtyýarly guramasynyň pikirini göz öňünde tutmak bilen zähmeti goramak boýunça gollanmalaryň işlenilmegini we tassyklanylmagyny;

21) zähmet işinde işgärleriň beden we psihologik ýadawlygyny aýyrmak üçin ylmy taýdan esaslandyrylan we praktiki taýdan amala aşyrylýan ähli çäreleriň kabul edilmegini;

22) işgärlere gutulgysyz howply hasaplanýan amallary ýerine ýetirmegiň gadagan edilmegini;

23) önümçilikde betbagtçylykly hadysalar we awariýa hakynda degişli edaralara öz wagtynda habar berilmegini;

24) kärhananyň işiniň aýratynlygyna laýyklykda, zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelýän Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň bolmagyny we olar bilen işgärleriň tanyşdyrylmagyny.

179-njy madda. Zähmeti goramak boýunça talaplar

1. Ähli kärhanalarda howpsuzlygyň we arassaçylygyň talaplaryna laýyk gelýän zähmet şertleri döredilmelidir. Şeýle şertleriň döredilmegi iş berijiniň borjuna giryär.

2. Zähmeti goramak boýunça talaplar şu Kodeks we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, şeýle hem tehniki standartlar bilen bellenilýär.

3. Iş beriji Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde zähmeti goramagyň talaplarynyň bozulmagyna jogapkärçilik çekýär.

180-nji madda. Zähmeti goramagyň talaplarynyň döwlet kadalaşdyrmalary

1. Zähmet işiniň barşynda işgärleriň ömrüni we saglygyny gorap saklamaga gönükdirilen zähmeti

goramagyň döwlet kadalaşdyryjy talaplary kadalar, düzgünler we ölçegler bilen bellenilýär.

2. Zähmeti goramagyň talaplary işiň islendik görnüşleri amala aşyrylanda, şol sanda obýektler taslanylanda, olaryň gurluşygynda (durky täzelenende) we ulanylanda, maşynlar, mehanizmler we beýleki enjamlar konstruirlenende, tehnologik prosesler işlenip düzülende, önümçilik we zähmet guralanda edara görnüşindäki we şahsy taraplaryň ýerine ýetirmegi üçin hökmanydyr.

3. Zähmeti goramak boýunça işlere laýyk gelýän güwänama (howpsuzlyk güwänamasy) - munuň özi kärhanada zähmeti goramak boýunça geçirilýän işleriň zähmeti goramagyň döwlet tarapyndan bellenen kadalaşdyryjy talaplara laýyk gelýändigini tassyklaýan resminamadyr.

181-nji madda. Zähmeti goramagyň döwlet dolandyryşy

1. Zähmeti goramagyň döwlet dolandyryşy zähmeti goramak babatda döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny durmuşa geçirmekde, zähmeti goramak babatda kanunçylyk we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp düzmekde, şeýle hem işgärlere zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerini üpjün edýän önümçiligiň serişdelerine, tehnologiýasyna we zähmeti guramaga bolan talaplary özünde jemleýär.

2. Zähmeti goramagyň döwlet dolandyryşy Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýan Düzgünnama laýyklykda amala aşyrylýar.

182-nji madda. Zähmeti goramak babatda döwlet dolandyryş edaralary

1. Zähmeti goramak babatda döwlet dolandyryş edaralary “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugy (mundan beýläk - “Türkmenstandartlary”) we zähmeti goramak babatda işi amala aşyrýan beýleki döwlet edaralary hasaplanylýar.

2. “Türkmenstandartlary” öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde:

1) zähmeti goramagyň döwlet toplumlaýyn dolandyryşyny üpjün edýär, zähmeti goramak boýunça pudagara işi utgaşdyrýar;

2) zähmeti goramak boýunça döwlet maksatnamalaryny işläp düzmegi guraýar we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär;

3) kärhanalarda zähmet howpsuzlygyny üpjün etmek üçin ylmy esaslarda esaslandyrylan standartlaryň, düzgünleriň we kadalaryň zerur talaplaryny belleýär. Kadalaşdyryjy hukuk namalary şu Kodeksde göz öňünde tutulan kepilliklerden pes bolmadyk derejede işgärleriň ömrüni we saglygyny goramak baradaky hukugyny üpjün etmelidir;

4) zähmeti goramak boýunça döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini amala aşyrýar we zähmet şertlerine döwlet seljermesini geçirýär;

5) bellenilen tertipde önümçilikdäki betbagtçylykly hadysalary we heläkçilikleri derňeýär;

6) Türkmenistanyň kanunçylygy we şu Kodeks tarapyndan kesgitlenen beýleki meseleleri çözýär.

Zähmeti goramak çygrynda “Türkmenstandartlarynyň” kararlary ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň we kärhanalaryň ählisi üçin hökmanydyr.

3. Zähmeti goramak babatda döwlet dolandyryş edaralarynyň şu aşakdakylara hukugy bardyr:

1) kärhana islendik wagty päsgelçiliksiz baryp görmäge, ministrliklerden, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryndan we kärhanalardan zerur maglumaty almaga;

2) kärhanalaryň ýolbaşçylaryna we beýleki wezipeli adamlaryna ýerine ýetirmek üçin hökmany tabşyryknamalary bermäge;

3) zähmeti goramagyň talaplary bozulan halatynda kärhanalaryň, aýry-aýry önümçilikleriň, sehleriň, uçastoklaryň, iş ýerleriniň we enjamlaryň ulanylyşyny togtatmaga (gadagan etmäge);

4) kärhanalaryň ýolbaşçylaryna, wezipeli adamlaryna, işgärlerine zähmeti goramak boýunça kanunçylygyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bozulandygy üçin jerime salmaga, görkezilen adamlary eýeleýän wezipesinden boşatmak hakynda teklipnama girizmäge, zerur halatlarda materiallary prokuratura edaralaryna bermäge.

4. Iş beriji zähmeti goramak babatda döwlet dolandyryş edaralarynyň wekillerine öz üstüne ýüklenilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin ähli zerur şertleri üpjün edýär.

5. Zähmeti goramak babatda döwlet dolandyryş edaralarynyň bellenilen ygtyýarly adamlary öz ygtyýarlyklarynyň çäginden çykanlygy we esassyz idinleri ulanandygy üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna

laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

183-nji madda. Zähmeti goramak babatda ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň we beýleki döwlet dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlyklary

Zähmeti goramak babatda ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we dolandyryşyň beýleki edaralary:

1) zähmeti goramak çygrynda döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny durmuşa geçirýärler;

2) standartlary, düzgünleri, gollanmalary we beýleki kadalaşdyryjy namalary işläp düzýärler, gurluşygyň taslamalarynyň tehniki seljermesini we obýektleriň durkuny täzelemegi, täze tehnologik prosesleri we enjamlary zähmeti goramagyň talaplaryna laýyklykda durmuşa geçirýärler;

3) zähmeti goramagyň kadalary we düzgünleri boýunça kärhanalaryň ýolbaşçy işgärlerini we hünärmenlerini bellenilen tertipde okatmagy guraýarlar;

4) zähmeti goramagyň ýagdaýy üçin içki edara gözegçiligini amala aşyrýarlar;

5) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýarlar.

184-nji madda. Ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň zähmeti goramak babatdaky ygtyýarlyklary

Ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary welaýatlarda, etraplarda we şäherlerde, şeýle hem geňeşliklerde zähmeti goramak babatda döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýärler.

185-nji madda. Kärhanada zähmeti goramak gullugy

Önümçilik işini amala aşyrýan işgärleriniň sany elliden köp bolan her bir kärhanada zähmeti goramagyň talaplaryny berjaý etmegi üpjün etmek, şolaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmak maksady bilen kärhanada zähmeti goramak gullugy döredilýär ýa-da şol çygyrda zähmeti goramak boýunça degişli taýýarlygy ýa-da iş tejribesi bolan hünärmeniň wezipesi girizilýär. Zähmeti goramak gullugy öz derejesi boýunça kärhananyň esasy önümçilik gulluklaryna deňeşdirilýär we kärhananyň ýolbaşçysyna tabynlykda durýar. Zähmeti goramak gullugynyň işgärlerine olara mahsus bolmadyk wezipeleri ýüklemek gadagan edilýär.

186-njy madda. Zähmeti goramak baradaky toparlar

1. Kärhanalarda iş berijiniň başlangyjy, şeýle hem işgärleriň ýa-da kärdeşler arkalaşygynyň we (ýa-da) işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň başlangyjy boýunça zähmeti goramak baradaky toparlar döredilýär. Olaryň düzümine deň esasynda iş berijileriň, kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň wekilleri girýärler. Zähmeti goramak baradaky toparlar hakynda birkysmy düzgünnama “Türkmenstandartlary” gullugy tarapyndan işlenilýär we tassyklanylýar.

2. Zähmeti goramak baradaky topar iş berijiniň we zähmeti goramagyň talaplaryny üpjün etmek boýunça işgärleriň bilelikdäki hereketi netijesinde önümçilik şikesiniň we hünär kesellerinin öňüni almak boýunça, şeýle hem iş ýerlerinde zähmeti goramagyň şertleriniň barlaglarynyň geçirilmegini guraýar we işgärleri görkezilen barlaglaryň netijeleri bilen tanyşdyrýar, köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) zähmeti goramak hakyndaky bölümine dahylly teklipleri toplaýar.

187-nji madda. Lukmançylyk gözegçiligi

1. Iş beriji özüniň hususy serişdeleriniň hasabyna işgärleriň deslapky (zähmet şertnamasy baglaşylanda) we döwürleýin (işiň barşynda) lukmançylyk gözegçiligini guramaga borçludyr. Oňa şu aşakdakylar degişlidir:

1) on sekiz ýaşyna ýetmedikler;

2) altmyş iki ýaşa ýeten erkek adamlar, elli ýedi ýaşa ýeten aýallar;

3) maýyplar;

4) amatsyz zähmet şertleri bolan işlerde, gijeki işlerde, şeýle hem ulagyň hereketi bilen baglanyşykly işlerde işleýänler;

5) saglygy goraýyş we derman senagatynyň, azyk senagatynyň işlerinde, söwdada we ilata gös-göni hyzmat edýän beýleki pudaklarda işleýänler;

6) umumybilim berýän mekdepleriň we mekdebe çenli edaralaryň we gös-göni çagalary okatmak we terbiýelemek bilen meşgullanýan beýleki edaralaryň mugallymlary we beýleki işgärleri;

7) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki işgärler.

2. Amatsyz zähmet şertleri bolan we beýleki işlerde deslapky we döwürleýin lukmançylyk gözegçiligi geçirmegiň tertibi we şol işleriň sanawy Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär.

3. Şu maddanyň birinji bölegінde görkezilen işgärleriň lukmançylyk gözegçiliginden geçmekden boýun gaçyrmaga haky ýokdur. Lukmançylyk gözegçiliginden geçmekden boýun gaçyran işgärleri ýa-da lukmanlar toparlary tarapyndan barlaglaryň netijesi boýunça olaryň beren maslahatlaryny ýerine ýetirmekden ýüz öwren işgärleri iş berijiniň işe goýbermezlige haky bardyr.

4. Saglyk ýagdaýy boýunça ýaramazlyk görkezijisi bolan işlerde işgärleriň zähmetiniň peýdalanylmagyna ýol berilmeýär.

5. Işgäriň şulara hukugy bardyr:

1) eger işgär iş şertleri bilen baglanyşykly özüniň saglyk ýagdaýy ýaramazlaşýar diýip hasap etse, nobatdan daşary lukmançylyk gözegçiligiň geçirilmegini talap etmäge;

2) işe girende deslapky we zähmet işiniň dowamynda döwürleýin lukmançylyk gözegçiligi geçirilende şolaryň netijeleri boýunça özüniň saglyk ýagdaýy barada gelnen netije hakynda maglumat almaga.

6. Işgärler şu maddada göz öňünde tutulan lukmançylyk gözegçiliginden geçmek bilen baglanyşykly çykdajylary tölemeýärler.

188-nji madda. Işgärleriň hususy gorag serişdeleri bilen üpjün edilmegi

1. Zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde, şeýle hem hapalanmak bilen baglanyşykly ýa-da aýratyn ýokary temperaturalarda ýerine ýetirilýän işlerde işleýän işgärlere Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde tassyklanylýan kadalara laýyklykda ýuwup aýyrýan we zyýansyzlandyrýan ýa-da hapalandyrmaýan, ýokuşdyrmaýan hususy goragyň güwälendirilen serişdeleri berilýär.

Işgärleriň hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri hökmünde zyýanly ýa-da howply önümçilik faktorlarynyň täsiriniň öňüni almak we (ýa-da) azaltmak üçin, şeýle hem hapalanmakdan goranmak üçin ulanylýan tehniki we beýleki serişdelere düşünilýär.

2. Işgärleriň hususy gorag serişdelerini edinmegi, saklamagy, ýuwmagy, arassalamagy, abatlanmagy, dezinfeksiýasy we olaryň zyýansyzlandyrylmagy iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

Iş beriji işgärlere ýörite eşigiň bellenilen kadalara laýyklykda, ýörite aýakgaby we hususy goragyň beýleki serişdelerini goramagy, ýuwmagy, guratmagy, dezinfeksiýany, degazasiýany, dezaktiwizasiýany we abatlygy üpjün etmäge borçludyr.

3. Işgärlere ýörite geýime we ýörite aýakgaba derek olary edinmek üçin, şeýle hem şolary taýýarlamak üçin materiallary edinmäge pul serişdeleriniň berilmegine rugsat berilmeýär.

Aýratyn halatlarda, haçanda ýörite geýim we ýörite aýakgap öz möhletinde berilmedik bolsa we şonuň netijesinde olar işgär tarapyndan edinilen bolsa, iş beriji şol geýimi we aýakgaby edinmek üçin harç edilen çykdajylary olara tölemäge borçludyr.

189-njy madda. Işgärleri süýt, bejeriş-öňüni alyş iýmiti, gazlaşdyrylan duzly suw, çaý, hususy gorag we arassaçylyk serişdeleri bilen üpjün etmek

Zähmetiň amatsyz şertleri bolan işlerde işleýän işgärler bellenen kadalara boýunça şu aşakdakylar bilen mugt üpjün edilýär:

1) süýt ýa-da deň derejeli beýleki azyk önümleri bilen;

2) bejeriş-öňüni alyş iýmiti bilen;

3) gazlaşdyrylan duzly suw (gyzgyn sehlerde işleýän adamlar üçin), çaý bilen;

4) hususy gorag we arassaçylyk serişdeleri bilen.

190-njy madda. Işgärlere sanitariýa-durmuş we bejeriş-öňüni alyş taýdan hyzmat etmek

1. Kärhanalaryň işgärlerini zähmeti goramagyň talaplaryna laýyklykda, sanitariýa-durmuş we bejeriş-öňüni alyş taýdan hyzmat etmegi üpjün etmek iş berijiniň üstüne ýüklenilýär. Şu maksatlar bilen kärhanada bellenilen kadalara laýyklykda sanitariýa-durmuş otaglary, naharlanmak üçin otaglar, lukmançylyk kömegini bermek üçin otaglar, iş wagtynda dynç alyş üçin we psihologik taýdan halyny ýeňletmek üçin otaglar enjamlaşdyrylýar; dermanhanajykly sanitariýa nokatlary döredilýär, olar dermanlyk serişdeleriniň toplumyndan we ilkinji lukmançylyk kömegini bermek üçin üsti ýetirilen toplumdan ybaratdyr; gyzgyn sehlerdäki we uçastoklardaky işgärleri gazlaşdyrylan duzly suw we beýlekiler bilen üpjün etmek üçin abzallar (enjamlar) oturdylýar.

2. Önümçilikde betbagtçylykly ýagdaýlardan we professional kesellerden heläkçilik çeken, şeýle hem lukmançylyk taýdan görkezijileri bolan işgärler kärhananyň ulag serişdeleri bilen ýa-da kärhananyň hasabyna sagaldyş edaralaryna ýa-da olaryň ýaşaýan ýerine äkidilýär.

191-nji madda. Maýyplaryň zähmetini goramak boýunça goşmaça çäreler

1. Iş beriji işe ýerleşdirmek tertibinde iş bilen üpjün edýän ýerli edara tarapyndan iberilen maýyplary bellenilen möçberiň hasabyna iş orunlaryna işe kabul etmäge borçludyr.

2. HMAT-nyň doly däl iş wagtynyň düzgüni, maýyplaryň iş ýüküniň peseldilmegi we beýleki şertleri hakyndaky maslahatlarynyň iş beriji tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

3. Maýyplary gijeki wagtdaky işlere, şeýle hem iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilýän işlere we dynç güni işe çekmäge, şeýle işlere olara lukmançylyk netijenamalary boýunça gadagan edilmedik şertlerinde diňe olaryň razylygy bilen ýol berilýär.

192-nji madda. Işgäriň zähmeti goramak babatdaky borçlary

Işgär zähmeti goramak babatda şu aşakdakylara borçludyr:

1) zähmeti goramagyň Türkmenistanyň kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, şeýle hem zähmeti goramak boýunça düzgünler we gollanmalar tarapyndan bellenilen talaplaryny berjaý etmäge;

2) zähmeti goramak boýunça degişli gollanmalaryň, düzgünleriň we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryny berjaý etmäge, maşynlary, enjamlary we önümçiligiň beýleki serişdelerini howpsuz ulanmagyň, şeýle hem kärhananyň, önümçilik, kömekçi we durmuş jaýlarynyň çäginde alyp baryş kadalaryny berjaý etmäge;

3) köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) esasynda zähmeti goramak boýunça kadalary hem borçnamalary we kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip nyzamyny ýerine ýetirmäge;

4) hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleriniň dogry ulanylmagyna, olaryň ýok halatlarynda gös-göni ýolbaşça haýal etmän habar bermäge;

5) zähmeti goramak boýunça işlerde howpsuzlyk usullaryny we tärlerini öwrenmäge, önümçilikde betbagtçylykly hadysalarda ilkinji kömegi bermäge, zähmeti goramak boýunça gözükdirmäni, iş ýerinde tälim alşyny, zähmeti goramagyň talaplaryna bolan bilimleriň barlanylmagyny geçirmäge;

6) şu Kodeksiň 187-nji maddasyna laýyklykda işe giren mahaly hökmany suratda deslapky we zähmet işi döwründe döwürleýin lukmançylyk gözegçiligini (barlagyny) geçmäge;

7) sagdyn we howpsuz iş şertlerini döretmäge we şeýle iş bilen üpjün etmekde iş beriji bilen hyzmatdaşlyk etmäge, önümçilikde bolup geçen betbagtçylykly hadysa hakynda, şeýle hem özi ýa-da onuň daş-töweregindäki adamlar üçin howp salýan ýagdaýlar hakynda haýal etmän gös-göni ýolbaşçysyna habar bermäge.

193-nji madda. Zähmeti goramaga gözükdirmäniň geçirilmegi we onuň kadalarynyň okadylmagy

1. Iş berijiniň üstüne işgärleri tehniki howpsuzlyk, önümçilik sanitariýasy, ýangyna garşy gorag we zähmeti goramagyň beýleki düzgünleri boýunça gözükdirmäni geçirmek, şeýle hem zähmeti goramak boýunça ähli talaplaryň işgärler tarapyndan berjaý edilmegine hemişelik gözegçiligi amala aşyrmak wezipesi

ýüklenilýär.

2. Iş beriji işgärleriň zähmeti goramagyň kadalarynyň we olaryň bilimleriniň barlagyny geçirmäge borçludyr.

3. Okuwy, gözükdirmäni geçmedik we zähmeti goramak boýunça bilimleri barlanmadyk adamlary işe goýbermek gadagandyr.

194-nji madda. Zähmeti goramak babatda okatmak we hünär taýdan taýýarlamak

1. Kärhananyň ähli işgärleri, şol sanda onuň ýolbaşçysy hem zähmeti goramak boýunça okuwy we zähmeti goramagyň talaplarynyň bilimlerine bolan barlagyny geçmäge borçludyrlar.

2. Iş beriji ýa-da onuň ygtyýarly eden adamy işe ýerleşýän ähli adamlar, şeýle hem başga işe geçirilýän işgärleriň hemmesi üçin zähmeti goramak boýunça gözükdirme geçirmäge, işleriň howpsuz usullarynyň, tärleriniň öwredilmegini we heläkçilik çekenlere ilkinji kömegiň berilmegini guramaga borçludyr.

3. Iş beriji zyýanly we (ýa-da) howply zähmet şertleri bolan işe giryän adamlaryň işleri ýerine ýetirmekde howpsuz usullary we tärleri ulanmagy iş ýerinde tälim alşy geçmek we synaglary tabşyrmak hem-de zähmeti goramagyň yzygiderli okuwyny geçirmek we iş döwründe zähmeti goramak talaplaryna bolan bilimleriniň barlagyny üpjün edýär.

4. Döwlet “Zähmeti goramak” kursunyň özbaşdak ders ýa-da degişli dersiň özbaşdak bölümi hökmünde hökmany öwrenilmegini göz öňünde tutýan Türkmenistanyň okuw mekdeplerinde zähmeti goramak boýunça okuwyň guralmagyna ýardam edýär.

5. Döwlet orta hünärmentçilik we ýokary okuw mekdeplerinde zähmeti goramak boýunça hünärmenleriň hünär taýýarlygyny üpjün edýär.

195-nji madda. Saglyk ýagdaýy boýunça has ýeňil ýa-da amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan işe geçirilmegi

1. Iş beriji saglyk ýagdaýy boýunça has ýeňil ýa-da amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan işiň berilmegine mätäçlik çekýän işgärleri olaryň razylygy bilen lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda wagtlaýyn ýa-da möhletsiz şonuň ýaly işe geçirmäge borçludyr.

2. Saglyk ýagdaýy boýunça has ýeňil ýa-da amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan pes aýlyk tölenýän işe geçirilende işgärlere öňki ortaça zähmet haky işe geçirilen gününden iki hepdäniň dowamynda saklanylýar.

3. Iş bilen baglanyşykly maýyplyk ýa-da saglygyna zeper ýetirilmegi sebäpli wagtlaýyn pes aýlyk tölenilýän işe geçirilmegi onuň saglyk ýagdaýyna jogapkär bolan iş beriji işgäriň öňki ortaça aýlyk zähmet haky bilen häzirki täze işindäki zähmet hakynyň arasyndaky tapawudy töleýär. Şeýle tapawut işgäre onuň zähmet ukyby dikeldilýänçä ýa-da maýyplygy bellenilýänçä tölenilýär.

4. Türkmenistanyň kanunçylygy bilen saglyk ýagdaýy boýunça has ýeňil ýa-da amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan pes aýlyk tölenýän işe geçirilende onuň öňki ortaça zähmet hakynyň saklanylmagy beýleki ýagdaýlarda hem göz öňünde tutulyp bilner.

196-njy madda. Işgäriň ömrüne we saglygyna howp salýan işleri ýerine ýetirmekden ýüz öwürmäge bolan hukugy

Işgär iş prosesinde onuň ömrüne ýa-da saglygyna howp salýan ýagdaýlaryň dörändigi hakynda haýal etmän iş berijä habar berýär. Zähmeti goramagyň berjaý edilmegine gözegçilik barlagyny we gözegçiligi amala aşyrýan edaralar tarapyndan şeýle ýagdaýlar tassyklanan halatynda, iş beriji şolary aradan aýyrmak boýunça çäreleri görýär. Eger zerur çäreler görülmese, işgäriň öz ömrüne ýa-da saglygyna howp salýan ýagdaýlar düzedilýänçä işgär degişli işi ýerine ýetirmekden ýüz öwürmäge haklydyr. Işgäre şol döwürde onuň ortaça zähmet haky saklanýar.

197-nji madda. Işgärlere ilkinji lukmançylyk kömegini bermek we olaryň bejeriş-öňüni alyş edaralaryna äkidilmegi

1. Iş beriji iş (gulluk) ýerinde kesellän işgärlere ilkinji lukmançylyk kömegini bermäge gönükdirilen çäreleri görmäge borçludyr.

2. Iş (gulluk) ýerinde kesellän işgärleri bejeriş-öňüni alyş edaralaryna äkitmek iş berijiniň hasabyna geçirilýär.

198-nji madda. Önümçilik desgalarynyň we önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelmegi

1. Gurluşygyň we önümçilik desgalarynyň durkuny täzeleýiş taslamalary, şeýle hem maşynlar, mehanizmler we beýleki önümçilik enjamlar, tehnologik prosesler zähmeti goramagyň standartlarynyň, düzgünleriniň we kadalarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir.

2. Şu maddanyň 1-nji böleginde görkezilen taslamalaryň zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelýändigi hakynda zähmet şertleriniň döwlet bilermen toparynyň netijenamasy bolmazdan önümçilik desgalaryny gurmak, durkuny täzelemek, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak, täze tehnikany öndürmek we ornaşdyrmak, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak gadagandyr.

3. Täze ýa-da durky täzelenilýän önümçilik desgalary zähmeti goramagyň talaplarynyň berjaý edilişine degişli döwlet gözegçilik barlagy we gözegçilik edaralarynyň netijenamasy bolmasa, olar ulanylmaga kabul edilip bilinmez.

4. Toksikologik (sanitariýa-arassaçylyk, lukmançylyk-biologik) taýdan baha bermek geçirilmedik, metrologik gözegçiligiň usullary we serişdeleri işlenilip taýýarlanylmadyk zyýanly ýa-da howply maddalary, materiallary, önümleri (işleri, hyzmatlary) önümçilikde ulanmak gadagandyr.

5. Kärhanada täze ýa-da öň ulanylmadyk zyýanly ýa-da howply maddalar peýdalanylan mahalynda iş beriji görkezilen maddalary ulanmaga başlamazdan öň işgärleriň ömrüni we saglygyny gorap saklamak boýunça çäreleri işläp taýýarlamaga we olary zähmeti goramagyň talaplarynyň berjaý edilşine döwlet gözegçilik barlagynyň we gözegçiliginiň degişli edaralary bilen ylalaşmaga borçludyr.

6. Maşynlar, mehanizmler we beýleki önümçilik enjamlary, ulag serişdeleri, tehnologik prosesler, materiallar we himiki maddalar, işgärleriň hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri, şol sanda daşary ýurtda öndürilenler zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelmelidir we laýyk geliş güwänamalary bolmalydyr.

199-njy madda. Zähmeti goramak boýunça çäreleri maliýeleşdirmek

1. Kärhanada zähmeti goramak boýunça çäreleri maliýeleşdirmek onuň hususy serişdeleriniň hasabyna, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we býujetden daşary gaznalaryň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

2. Zähmeti goramak üçin berilýän serişdeleriň möçberi howpsuz we sagdyn durmuş şertlerini has doly üpjün etmekden ugur alnyp köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen kesgitlenilýär.

3. Zähmeti goramagyň döwlet dolandyryş edaralary kärhanalar bilen bilelikde Zähmetiň howpsuzlygy we hili baradaky gaznany döredip bilerler, ony döretmegiň we peýdalanmagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

200-nji madda. Önümçilikdäki betbagtçylykly hadysalary derňemek we olary hasaba almak

1. Iş beriji şu aşakdakylara borçludyr:

1) önümçilikdäki betbagtçylykly hadysalaryň öz wagtynda derňewini we hasaba almagy geçirmäge;

2) derňewiň gutaran gününden başlap üç günden gijä galman betbagtçylyk ýagdaý hakyndaky ykrarnamany heläkçilik çekene, ol aradan çykan mahalynda bolsa - aradan çykanyň maşgalasyna (maşgala agzalaryna), kanuny wekiline bermäge.

2. Önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalary derňemek we hasaba almak Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde geçirilýär.

201-nji madda. Önümçilikdäki betbagtçylykly hadysalary derňemegiň, resmileşdirmegiň we hasaba almagyň meseleleri boýunça

gapma-garşylyklara seretmek

Önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalary derňemek, resmileşdirmek we ony hasaba almak boýunça meseleler baradaky gapma-garşylyk, iş beriji (onuň ygtyýarlandyrylan wekili) tarapyndan betbagtçylykly hadysanyň ykrar edilmezligi, betbagtçylykly hadysanyň derňewini geçirmekden hem degişli namany düzmekden ýüz öwrülmegi we heläkçilik çekeniň ýa-da onuň ynanylan adamynyň şol namanyň mazmuny bilen ylalaşmazlygy zähmeti goramagyň döwlet dolandyryşyna degişli edaralary, kärdeşler arkalaşygy tarapyndan seredilýär, olaryň kararlary kazyýete şikaýat edilip bilner. Şeýle halatlarda şikaýat edilmegi iş beriji (onuň ygtyýarlandyrylan wekili) tarapyndan bu edaralaryň kararlarynyň ýerine ýetirilmezligi üçin esas bolup bilmeýär.

202-nji madda. Zähmeti goramagyň ýagdaýyna gözegçilik barlagy we gözegçilik etmek

1. Zähmeti goramagyň ýagdaýyna döwlet gözegçilik barlagy we gözegçiligi şu Kodeksiň 182-nji maddasynda görkezilen ygtyýarly döwlet edaralary amala aşyrýarlar.
2. Zähmeti goramak boýunça kadalaryň we düzgünleriň berjaý edilişine jemgyýetçilik gözegçiligini kärdeşler arkalaşyklary we işgärleriň beýleki wekilçilikli edaralary amala aşyrýarlar.

203-nji madda. Türkmenistanyň zähmeti goramak boýunça kanunçylygynyň bozulmagy üçin wezipeli we beýleki adamlaryň, şeýle hem işgärleriň jogapkärçiligi

Türkmenistanyň zähmeti goramak boýunça kanunçylygynyň bozulmagyna günäkär wezipeli we beýleki adamlar, şeýle hem işgärler Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde maddy, düzgün-nyzam, dolandyryş we jenaýat jogapkärçiligine çekilýärler.

204-nji madda. Zähmeti goramagyň talaplary bozulyp önümçilik serişdeleriniň, tehnologiýalaryň taslamalarynyň işlenip taýýarlanylandygy üçin taslama-konstruktorçylyk guramalarynyň jogapkärçiligi

Zähmeti goramak boýunça kadalaryň we düzgünleriň bozulyp, önümçilik serişdeleriniň, tehnologiýalarynyň taslamalarynyň işlenip taýýarlanandygy üçin taslama-konstruktorçylyk guramalary bu düzgün bozmalary we olaryň netijelerini düzetmek üçin harajatlary buýruja doly tölemäge borçludyrlar.

205-nji madda. Kärhanalaryň zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelmeýän önümçilik maksatly önümleriň öndürilmegine we ýerlenilmegine jogapkärçiligi

1. Zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelmeýän, önümçilik maksatly önümleri öndürýän we iberýän kärhanalar Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenýän tertipde we şertlerde sarp edijilere ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezini dolýarlar.
2. Zähmeti goramak boýunça standartlaryň, düzgünleriň we kadalaryň bellenilen talaplaryna laýyk gelmeýän önümçilik maksatly önümi öndürmek, mahabatlandyrmak we satmak, şol sanda Türkmenistanyň çäginden daşarda satyn alnanlary bikanun hasaplanylýar. Kärhanalar tarapyndan şeýle iş netijesinde alnan peýda bellenilen tertipde alnyp, Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilmäge degişlidir.

XII bölüm. Zähmet şertnamasynyň taraplarynyň maddy jogapkärçiligi

1 bap. Umumy düzgünler

206-njy madda. Zähmet şertnamasynyň tarapynyň ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezini doldurmakdaky borjy

1. Zähmet şertnamasynyň tarapy (iş beriji ýa-da işgär) zähmet babatdaky borçlary ýerine ýetirmekde beýleki tarapa ýetiren zyýany (zeleli) üçin şu Kodeks we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary tarapyndan bellenilen düzgünler boýunça onuň öwezini dolýar.

2. Köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen zähmet şertnamasynyň taraplarynyň maddy jogapkärçiligi anyklaşdyrylyp bilner. Şunda iş berijiniň işgäriň öňündäki şertnamalaýyn jogapkärçiligi pes bolmaly däldir, işgäriň iş berijiniň öňündäki jogapkärçiligi şu Kodeksde göz öňünde tutulandan ýokary bolmaly däldir.

3. Zyýan (zelel) ýetirilenden soňra zähmet gatnaşyklarynyň bes edilmegi zähmet şertnamasynyň tarapynyň şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulýan maddy jogapkärçilikden boşadylmagyna getirmeýär.

207-nji madda. Zähmet şertnamasynyň tarapynyň ýetirilen zyýan (zelel) üçin maddy jogapkärçiliginiň başlanýan şertleri

1. Eger şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başgaça zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, zähmet şertnamasynyň beýleki tarapyna özüniň ýetiren zyýany (zeleli) üçin zähmet şertnamasynyň tarapynyň maddy jogapkärçiligi günäkäriň hukuga garşy özüni alyp barmagy (hereketi ýa-da hereketsizligi) netijesinde ýetirilen hem-de günäkäriň hukuga garşy özüni alyp barmagy bilen ýetirilen zyýanyň (zeleliň) arasyndaky sebäpli arabaglanyşyk netijesinde ýetirilen zyýan (zelel) üçin döreýär.

2. Iş beriji ýetirilen zyýan (zelel) üçin işgäriň öňünde maddy jogapkärçiligi çekýär:

1) işgäriň zähmet çekmekden bikanun mahrum edilmegi netijesinde;

2) işgäriň emlägine zyýan ýetirilende;

3) işgäriň ömrüne we saglygyna zeper ýetirilende.

3. Işgär iş berijiniň emlägini ýitirmegi ýa-da ony zaýalamagy bilen ýetirilen ýa-da şunuň bilen baglanyşykly artykmaç çykdajylary etmek zerurlygy bilen ýüze çykan zyýan (zelel) üçin iş berijiniň öňünde maddy jogapkärçilik çekýär.

2 bap. Iş berijiniň işgäriň öňündäki maddy jogapkärçiligi

208-nji madda. Işgäre ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak

Işgäre zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşyklylykda ýa-da onuň zähmet çekmek mümkinçiliginden bikanun mahrum edilmegi netijesinde ýetirilen zyýanyň (zeleliň), ekleýjiniň iş bilen baglanyşykly aradan çykan ýagdaýynda, şu Kodeksiň 216-njy maddasynda görkezilen adamlara ýetirilen islendik zyýanyň (şol sanda ahlak zyýanynyň), eger şu Kodeksde başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, iş beriji tarapyndan doly möçberde öwezi dolunýar.

209-njy madda. Zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň görnüşleri

Heläkçilik çekene zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmaklyk şulardan ybaratdyr:

1) hünär taýdan zähmete ukyplylygyny ýitirmegi netijesinde zähmet maýyplygynyň derejesine laýyklykda zähmet haky ýa-da onuň bölekleýin möçberde pul serişdeleriniň tölenmeginden;

2) HMAT-nyň netijenamasy boýunça zerur lukmançylyk kömegini almak bilen baglanyşykly goşmaça çykdajylaryň öwezini dolmakdan;

3) bellenilen ýagdaýlarda birwagtlaýyn kömek pulunyň tölenmeginden.

210-njy madda. Iş berijiniň işgäre, ony zähmet çekmek mümkinçiliginden bikanun mahrum etmegi netijesinde ýetiren maddy zyýanynyň (zeleliniň) öwezini dolmak borjy

Iş beriji işgäriň zähmet çekmek mümkinçiliginden bikanun mahrum eden ýagdaýlarynyň ählisinde onuň almadyk zähmet hakyny tölemäge borçludyr. Şeýle borç, hususan-da, eger zähmet haky şu aşakdaky ýagdaýda alynmadyk bolsa:

1) işgäriň işden bikanun çetleşdirilmegi, onuň işden çykarylmagy ýa-da başga işe geçirilmegi

netijesinde;

2) iş berijiniň zähmet jedellerine seretmek boýunça edaranyň, kärdeşler arkalaşygy guramasynyň hukuk gullugynyň ýa-da kazyýetiň işgäri öňki işine dikeltmek hakyndaky kararyny ýerine ýetirmekden ýüz öwürmegi ýa-da öz wagtynda ýerine ýetirmezligi netijesinde;

3) iş beriji tarapyndan işgäre zähmet depderçesiniň gijikdirilip berilmegi, zähmet depderçesine nädogry ýa-da işgäriň işden çykarylyşynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýän kesgitlemesiniň girizilmegi netijesinde;

4) Türkmenistanyň kanunçylygynda we köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda döreýär.

211-nji madda. Iş berijiniň işgäriň saglygyna ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak borjy

1. Iş beriji işgäriň maýyplygy, hünär keseli ýa-da onuň zähmet borçlary bilen baglanyşykly wezipeleri ýerine ýetirmegi bilen saglygyna ýetirilen zyýany (zeleli), eger ýetirilen zyýan (zelel) öz günäsi bilen bolmandygyny bilen subut etmese, doly möçberde öwezini dolmaga borçludyr.

2. Iş beriji iş berijiniň çäginde we onuň çäginden daşarda, şeýle hem iş beriji tarapyndan berilýän ulagda iş ýerine barýarka we işden gaýdyp gelýärkä zähmet şikesi bilen işgäriň saglygyna ýetirilen zyýan (zelel) üçin maddy jogapkärçilik çekýär.

3. Iş beriji işgäriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeginde ýokary howply çeşmeden onuň saglygyna ýetirilen zyýan (zelel) üçin, eger ol öňüni alyp bolmajak güýç ýa-da heläkçilik çeken tarapyndan şeýle zyýanyň (zeleliň) bet niýetli ýüze çykmagy netijesinde dörändigini subut edip bilmese, zyýany (zeleli) tölemäge borçludyr.

4. Eger zyýan (zelel) ýokary howply çeşmeden ýetirilen bolmasa, onda iş beriji zyýanyň (zeleliň) öz günäsi bilen ýetirilmändigini subut etse, jogapkärçilikden boşadylýar.

5. Öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirende işgäriň saglygyna keseki adamlaryň (şahsy we edara görnüşindäki taraplaryň) günäsi boýunça ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezi Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde, günäkär adama soňky yza gaýtma görnüşinde iş beriji tarapyndan dolunýar.

212-nji madda. Ýetirilen zyýan (zelel) üçin iş berijiniň günäsiniň we jogapkärçiliginiň subutnamalary

1. Eger zähmet şikesi zähmetiň sagdyn howpsuz şertlerini üpjün etmezliginiň (zähmeti goramak kadalarynyň, senagat sanitariýasynyň, ekologik howpsuzlygynyň berjaý edilmezligi we ş.m.) netijesinde bolup geçen bolsa, ol iş berijiniň günäsi bilen bolup geçen diýlip hasap edilýär.

2. Şu aşakdakylar ýetirilen zyýan (zelel) üçin iş berijiniň jogapkärçiliginiň subutnamasy we onuň günäsiniň subutnamasy bolup hyzmat edip bilerler:

1) önümçilikdäki betbagtçylykly hadysa hakynda ykrarnama (hünär keseli);

2) kazyýetiň hökümi, karary, prokuroryň, anyklaýyş ýa-da deslapky derňew edarasynyň karary;

3) döwlet gözegçilik barlagynyň we gözegçiliginiň ýörite ygtyýarly edaralarynyň saglyga zeper ýetirilmeginiň sebäpleri hakyndaky netijenamasy;

4) wezipeli günäkär adamlara dolandyryş ýa-da düzgün-nyzam temmisini bermek hakyndaky karar;

5) hünär keseli hakyndaky lukmançylyk netijenamasy;

6) beýleki resminamalar, şonuň ýaly-da şaýatlaryň görkezmeleri.

213-nji madda. Işgäriň saglygyna zeper ýetmegi bilen baglanyşykly öwezi dolunmaga degişli zyýanyň (zeleliň) möçberi

1. Zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak jebir çekeniň zähmete ukyplylygyny ýitirmeginiň derejesine görä onuň zähmetde şikes almagyna çenli döwrüň ortaça aýlyk zähmet hakyna göterimlerde her aýdaky (ömürlik) töleginden, şeýle hem saglygyna zeper ýetirmeginiň döreden goşmaça çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyndan ybaratdyr.

2. Zähmete ukyplylygynyň ýitiriliş derejesi we jebir çekeniň kömegiň goşmaça görnüşlerine mätäçligi HMAT tarapyndan kesgitlenilýär.

Zähmetde şikes almagyň netijesinde zähmete ukyplylygyny ýitirmeginiň derejesini kesgitlemegiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

3. Jebir çekene ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň möçberi bellenilende, onuň zähmetde şikes almagy bilen baglanyşykly maýyplygy boýunça alýan döwlet kömek puly, zähmet haky, talyp haky nazara alynýar.

4. Jebir çekene zähmet pensiýasy bellenilen mahalynda zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň pul möçberleri kesgitlenilende maýyplygy boýunça öň bellenilen döwlet kömek pulunyň möçberi Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna laýyklykda onuň ýokarlandyrylmagyny hasaba almak bilen nazara alynýar.

214-nji madda. Zähmet şikesi gaýtadan alnan ýagdaýynda zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň möçberi

1. Zähmet şikesi gaýtadan alnan mahalynda ortaça aýlyk zähmet haky jebir çekeniň islegine görä öň bolan birinji ýa-da gaýtadan zähmet şikesiniň degişli döwürleri üçin hasaplanylýar.

2. Eger zähmet şikesleri bir iş berijide işlän döwründe ýetirilen bolsa, zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň möçberi birinji we gaýtadan alnan şikesiniň jemi boýunça zähmete ukyplylygyň ýitirilmeginiň umumy göterimi boýunça hasaplanylýar.

3. Eger zähmet şikesleri dürli iş berijilerde alnan bolsa, zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň möçberini kesgitlemek degişli zähmet şikesi boýunça zähmete ukyplylygynyň ýitirilmeginiň göteriminden ugur alnyp, her bir iş beriji tarapyndan aýratynlykda geçirilýär.

215-nji madda. Işgäriň emlägine ýetirilen zyýan (zelel) üçin iş berijiniň maddy jogapkärçiligi

1. Işgäriň emlägine zyýan (zelel) ýetiren iş beriji bu zyýany (zeleli) doly möçberde töleýär. Zyýanyň (zeleliň) möçberi zyýanyň (zeleliň) tölenýän pursadynda bu emlägiň könelmegini aýyrmak bilen bu ýerde hereket edýän bazar bahalary boýunça hasaplanylýar.

2. Işgäriň razylygy bolan mahalynda zyýan (zelel) hakyky görnüşde tölenilip bilner.

3. Işgäriň zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak hakynda beren arzasy iş berijä iberilýär. Iş beriji gelip gowşan arza garamaga we onuň gelip gowşan gününden başlap on gün möhletde degişli karar kabul etmäge borçludyr. Işgäriň iş berijiniň karary bilen razy bolmadyk ýa-da bellenilen möhletde jogaby almadyk ýagdaýynda kazyýete ýüz tutmaga hukugy bardyr.

216-njy madda. Iş berijiniň ekleýjiniň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak boýunça borjy

1. Zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly zähmet şikesi, hünär keseli ýa-da saglygyna başga hili zeper ýetmegi bilen baglanyşykly işgär aradan çykan halatynda, iş beriji maşgalanyň zähmete ukypsyz agzalaryna we aradan çykanyň eklemeginde durýan adamlara, şonuň ýaly-da aradan çykanyň eklemeginde duran on sekiz ýaşyna ýetmedik ýa-da onuň aradan çykan gününe çenli, ondan eklenç almaga hukugy bolan adamlara, ol aradan çykandan soň, aradan çykanyň doglan çagasyna, şeýle hem ata-eneden birine, är-aýala ýa-da maşgalanyň başga agzasyna eger ol işlemese we çagalara - aradan çykanyň sekiz ýaşa ýetmedik doganlaryna, uýalaryna ýa-da agtyklaryna seretmek bilen meşgullansa zyýany (zeleli) tölemäge borçludyr.

2. Ekleýjiniň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna hukugy bolan maşgalanyň zähmete ukypsyz agzalary we aradan çykanyň eklenjinde duran adamlar diýlip şu aşakdakylar hasap edilýär:

1) on sekiz ýaşa ýetmedik ýa-da bu ýaşdan uly bolan çagalar (şol sanda, ogullyga, gyzlyga alnanlar, öweý çagalary), doganlar, uýalar we agtyklar, eger olar on sekiz ýaşyna ýetmänkä maýyp bolan bolsalar, şunda doganlar, uýalar we agtyklar - eger olaryň zähmete ukyply ata-enesi bolmadyk mahalynda, öweý çagalary - eger olar ata-enelerinden hossar haklaryny almaýan bolsalar;

2) ata-enesi (şol sanda ogullyga, gyzlyga alýanlar), aýaly, äri, eger olar pensiýa ýaşyna ýeten bolsalar: erkekler - 62 ýaş, aýallar - 57 ýaş, ýa-da maýyp bolsalar we pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny almaýan bolsalar;

3) ýaşyna ýa-da zähmete ukyplylygyna garamazdan ata-eneden biri ýa-da äri (aýaly) ýa-da ata-babasy, ene-mamasy, dogany ýa-da uýasy, eger ol aradan çykan ekleýjiniň sekiz ýaşyna ýetmedik çagalaryna, doganlaryna, uýalaryna ýa-da agtyklaryna seretmek bilen meşgul bolup we işlemeýän bolsa;

4) kanun boýunça saklamaga borçly adamlar bolmasa pensiýa ýaşyna ýeten: erkekler - 62 ýaş, aýallar - 57 ýaş we ýaşamak üçin serişdeleriň beýleki çeşmeleri bolmadyk kakasy we ejesi tarapyndan babasy we mamasy;

Maşgala agzasynyň zähmete ukypsyzlygynyň gelip ýeten wagty (ekleýjiniň aradan çykmagyna çenli ýa-da aradan çykandan soň) onuň zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna bolan hukugyna täsir etmeýär.

3. Ekleýjiniň önümçilikden aýrylmak şerti bilen orta hünärment, ýokary, şeýle hem dini okuw mekdeplerinde okaýan çagalaryna ekleýjisiniň ölümi bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öwez puly olaryň görkezilen okuw mekdeplerini tamamlaýançalar tölenilýär, ýöne olaryň ýaşy ýigrimi üç ýaşdan uly bolmaly däldir.

(2010-njy ýylyň 15-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 1, 6-nji madda)

217-nji madda. Ekleýjiniň aradan çykmagy bilen baglanyşykly öwezi dolunmaga degişli zyýanyň (zeleliň) möçberi

1. Maşgalanyň zähmete ukypsyz agzalaryna we aradan çykan ekleýjiniň eklemeginde durýan we onuň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna hukugy bolan adamlara zyýan (zelel) onuň özüne we zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna hukugy bolmadyk onuň eklemeginde durýan zähmete ukyply adamlaryň paýyny tutup almak bilen aradan çykanyň ortaça zähmet haky möçberinde kesgitlenilýär.

Öwezi dolunmaga hukugy bolan adamlaryň her birine zyýan (zelel) öweziniň doluş möçberini kesgitlemek üçin görkezilen adamlaryň hemmesine degişli ekleýjiniň zähmet hakynyň bir bölegi olaryň sanyna bölünýär.

2. Aradan çykanyň eklemeginde durmaýan, ýöne zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna hukugy bolan zähmete ukypsyz adamlara onuň möçberi kazyýetiň karary boýunça kesgitlenilýär.

3. Eger zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna bolan hukuga aradan çykanyň eklemeginde durýan adamlar hem-de onuň eklemeginde durmaýan adamlar bir wagtda eýe bolsalar, onda ilki aradan çykanyň eklemeginde durmaýan adamlara zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň möçberi kesgitlenilýär. Zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň olara bellenilen pul möçberi ekleýjiniň zähmet hakyndan aýrylýar, soňra zähmet hakynyň galan pul möçberinden ugur alnyp, şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan tertipde aradan çykanyň eklemeginde durýan adamlara zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň möçberi kesgitlenilýär.

4. Ekleýjisini ýitirmegi bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna hukugy bolan adamlara, olara bellenilen ekleýjisini ýitirendigi üçin döwlet kömek puly hasaplanylýar.

218-nji madda. Birwagtlaýyn kömek pulunyň möçberleri

1. Önümçilikde betbagtçylykly hadysanyň ýa-da hünär keseliniň netijesinde işgär aradan çykan mahalynda kärhana aradan çykanyň maşgalasyna (maşgala agzalaryna) aradan çykanyň ýyllyk zähmet haklarynyň on esse möçberinde birwagtlaýyn kömek puluny töleýär.

2. Birwagtlaýyn kömek puly salgyt salynmaga degişli däldir.

219-njy madda. Işgäriň saglygyna zeper ýetirilmegi ýa-da onuň aradan çykmagy bilen baglanyşykly iş berijiniň zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagynyň tertibi we möhletleri

Zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly işgäriň saglygyna zeper ýetirilmegi ýa-da onuň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) iş beriji tarapyndan öwezini dolmagyň tertibi we möhletleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

220-nji madda. Işgäre ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak hakyndaky işlere garamagyň tertibi

1. Zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagy hakyndaky arza ejir çeken işgär tarapyndan, işgär aradan çykan mahalynda bolsa, maşgalasy (maşgala agzasy) ýa-da onuň kanuny wekili tarapyndan iş berijä berilýär.

2. Iş beriji arza garamaga we onuň gelip gowşan gününden başlap on gün möhletde degişli karar kabul etmäge borçludyr.

Karar iş berijiniň buýrugy bilen adamlaryň familiýalaryny görkezmek arkaly resmileşdirilýär, onda zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak, maşgalanyň her bir agzasy üçin onuň möçberleri we tölegleriň möhletleri bellenilýär.

3. Işgäre zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak hakyndaky buýrugyň nusgasy ýa-da iş berijiniň delillendirilen ýazmaça ýüz öwürmesi onuň kabul edilen gününden başlap üç gün möhletde işgäre ýa-da gyzyklanýan adamlara gowşurylýar.

Işgär ýa-da gyzyklanýan adamlar iş berijiniň karary bilen razy bolmadyk mahalynda ýa-da bellenilen möhletde jogaby almasalar, olar bu jedeliň çözülmegi üçin kazyýete ýüz tutup bilerler.

4. Daşary ýurtda işlän döwründe zähmetde şikes alan işgär ýa-da aradan çykan işgäriň maşgala agzalary işgäri daşary ýurda iberen iş berijä ýa-da daşary ýurtda işlemäge kabul edene zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagy hakyndaky arzany beryärler.

221-nji madda. Garrylar we maýyplar üçin öý-internatlarynda bolunýan wagtda zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň pul möçberini tölemek

1. Zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagy bellenen adamlar garrylar we maýyplar üçin öý-internatyna ýerleşdirilen mahalynda zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň pul möçberleri iş beriji tarapyndan öý-internatynyň hasaplaşyk hasabyna geçirilýär (zähmete ukypsyz eklençdäkilere degişli pul möçberleri muňa girmeýär).

2. Görkezilen adamlaryň zähmete ukypsyz eklençdäkilere zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak iş beriji tarapyndan şu aşakdaky tertipde geçirilýär: zähmete ukypsyz bir eklençdäki üçin - dörtden biri, ikisi üçin - üçden biri, üç we ondan köpüsi üçin zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň bellenilen pul möçberiniň ýarysy. Zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň pul möçberiniň galan bölegi öý-internatyň hasaplaşyk hasabyna geçirilýär.

3. Zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak bellenilen adama öý-internatynda zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň bellenen pul möçberiniň azyndan 25 göterimi tölenilýär.

4. Döwletiň doly eklemeginde durýan ejir çekeniň kämillik ýaşyna ýetmedik eklençdäkilere zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň olara bellenen pul möçberi bilen döwletiň eklemegindäki gymmatyň arasyndaky tapawut zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň bellenen pul möçberiniň azyndan 25 göterimi ony saklaýan edara tarapyndan olaryň bank edarasyndaky şahsy hasaplaryna geçirilýär.

5. Iş beriji garrylaryň we maýyplaryň öý-internatyna zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak bellenen adamy saklamagyň gymmatyny töleýär.

222-nji madda. Alyjynyň azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jezasyny çekýän döwründe zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň pul möçberleriniň tölenilişi

Kazyýetiň hökümi boýunça azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jezasyny çekýän döwründe zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň tölenmäge degişli pul möçberleri alyjynyň bank edarasyndaky ýörite hasabyna geçirilýär we onuň eklemeginde durýan adamlara bellenilen pul möçberleriniň paýlaryna laýyklykda tölenilýär.

223-nji madda. Kärhana ýatyrylanda, üýtgedilip guralanda ýa-da eýesi çalşylanda ýa-da iş beriji - şahsy tarap işi bes edende zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak

1. Kärhananyň üýtgedip guralan ýa-da eýesi çalşan halatlarynda işgäriň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly onuň zähmet şikesi, hünär keseli, şeýle hem saglygyna gaýry zeper ýetmegi ýa-da onuň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öwezini doluş tölegi boýunça borjy hukuk mirasdüşeri çekýär.

2. Kärhana, şol sanda daşary ýurtly kärhana ýatyrylanda bu kärhananyň iş berijisi zähmet şikesi, hünär keseli bilen, şeýle hem işgäriň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly onuň saglygyna başga hili zeper ýetmegi ýa-da aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna hukugy bolan adamlara tölenmäge degişli ähli tölegleri bir wagtda geçirmäge borçludyr.

Zähmet şikesi, hünär keseli ýa-da saglygyna başga hili zeper ýetmegi bilen baglanyşykly tölenmäge degişli zyýanyň (zeleliň) öwezini doluş pul möçberleriniň hasaplaşygy bu adamyň Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň maglumatlary boýunça ömrüň ortaça dowamlylygynyň degişli ýaşyny doldurmagyna çenli döwür üçin geçirilýär.

Işgäriň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň muňa hukugy bolan adamlara tölenmäge degişli öwezini doluş pul möçberleriniň hasaplaşygy şeýle hukuga eýe bolan döwür üçin geçirilýär.

3. Kärhananyň geljekde ýatyryljakdygy, üýtgedilip guraljakdygy ýa-da eýesiniň çalyşjakdygy iş beriji - şahsy tarap tarapyndan işiň bes ediljekdigi hakynda iş beriji zähmet şikesi, hünär keseli, şeýle hem işgäriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly onuň saglygyna başga hili zeper ýetmegi ýa-da aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna hukugy bolan adamlara iki hepde möhletde ýazmaça görnüşde habar bermäge borçludyr. Iş beriji şeýle hem görkezilen tölegleriň kim tarapyndan geçiriljekdigini habar berýär.

4. Iş beriji - şahsy tarap tarapyndan iş bes edilen mahalynda zähmet şikesi, hünär keseli, şeýle hem onuň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly işgäriň saglygyna başga hili zeper ýetmegi ýa-da aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öwezini doluş tölegi şu maddanyň ikinji bölegine laýyklykda iş beriji - şahsy tarap tarapyndan amala aşyrylýar.

5. Iş beriji gurpsuz bolan mahalynda ol zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagy ilkinji nobatda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda geçirýär.

224-nji madda. Zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň öz wagtynda alynmadyk pul möçberlerini tölemek

1. Ejir çeken ýa-da zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna hukugy bolan adamlar tarapyndan öz wagtynda alynmadyk zyýanyň (zeleliň) öweziniň doluş pul möçberleriniň tölegi geçen döwür üçin geçirilýär, ýöne ol ýüz tutulan gününden öňki üç ýyldan köp bolmaly däldir.

2. Alyjynyň aradan çykan gününe çenli alynmadyk zyýanyň (zeleliň) öwezini doluş pul möçberleri aradan çykanyň maşgala agzalaryna ýa-da onuň bilen bile ýaşaýan we onuň eklemeginde durýan adamlara tölenilýär.

3. Zyýan (zelel) üçin jogapkär bolan iş berijiniň günäsi bilen öz wagtynda alynmadyk zyýanyň (zeleliň) öwezini doluş pul möçberleri haýsydyr bir möhlet bilen çäklendirilmezden geçen döwür üçin tölenilýär.

Iş berijiniň günäsi bilen zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň öz wagtynda tölenmedik pul möçberleri Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen zähmet hakynyň möçberiniň üýtgemegi bilen baglanyşykly indeksasiýa edilmäge degişlidir.

225-nji madda. Işgäriň saglygyna zyýan (zelel) ýetirilen mahalynda zähmet şertnamasynyň taraplarynyň garyşyk jogapkärçiligi

1. Eger ejir çekeniň gödek seresapsyzlygy zyýanyň (zeleliň) döremegine ýa-da artmagyna getiren bolsa, onda ejir çekeniň günäsiniň derejesine baglylykda öwezini doluş möçberi degişlilikde azalýar.

2. Ejir çekeniň gödek seresapsyzlygynda we iş berijiniň günäsi bolmadyk mahalynda haçanda onuň jogapkärçiligi günäsine garamazdan gelip ýetse, öwezini doluş möçberi hem degişlilikde azalýar. Şunda zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmakdan boýun gaçyrylmagyna ýol berilmeýär. Ejir çekeniň gödek seresapsyzlygy bolan mahalynda iş berijiniň onuň günäsiniň derejesini kesgitlemek hakyndaky karary kazyýete şikaýat edilip bilner.

3. Garyşyk jogapkärçilik wagtlaýyn başga işe geçirilende, zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň goşmaça görnüşleri üçin, birwagtlaýyn kömek pulunyň tölenmegi üçin, şonuň ýaly-da ekleýjiniň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zeleliň (zyýanyň) öwezi dolunanda ulanylmaýar.

3 bap. Işgäriň maddy jogapkärçiligi

226-njy madda. Işgärleri maddy jogapkärçilige çekmegiň şertleri

1. Işgär şu aşakdaky şertler şol bir wagtda bolan mahalynda maddy jogapkärçilige çekilip bilner:
1) zähmet borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda iş berijä zyýan (zelel) ýetirilende;
2) işgäriň özüni alyp barşy (hereketi ýa-da hereketsizligi) kanuna ters gelende;
3) işgäriň kanuna ters gelýän özüni alyp barşy bilen iş berijide dörän zyýanyň (zeleliň) arasynda göni sebäpli baglanyşyk bolanda;
4) zyýanyň (zeleliň) ýetirilmeginde işgäriň günäsi bolanda;
2. Zyýanyň (zeleliň) möçberi kesgitlenilende alynmadyk girdejiler nazara alynman, diňe göni hakyky zyýan (zelel) nazara alynýar. Göni hakyky zyýan (zelel) diýlip iş berijiniň nagt emläginiň (şol sanda eger iş beriji bu emläginiň abatlygy üçin jogapkärçilik çekýän bolsa iş berijide durýan üçünji taraplaryň emläginiň) hakyky azalmagyna ýa-da görkezilen emläginiň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna, şeýle hem iş beriji üçin harajatlary geçirmegiň zerurlygyna ýa-da emläginiň alynmagy ýa-da dikeldilmegi üçin artykmaç töleglere düşünilýär.
3. Kanuna garşy diýlip şu Kodeks, zähmet we köpçülikleýin şertnamasy (ylalaşygy) bilen işgäriň üstüne ýüklenen zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeýän ýa-da (göwnejaý ýagdaýda ýerine ýetirmeýän) işgäriň özüni alyp barşy (hereketi ýa-da hereketsizligi) diýlip hasap edilýär.
4. Zyýan (zelel) ýetirmek, şeýle hem maddy jogapkärçiliginiň beýleki şertleriniň bolmagyny subut etmek borjy iş berijiniň üstüne ýüklenilýär.
5. Şu Kodeksiň esasynda doly maddy jogapkärçilik çekýän işgärler zyýanyň (zeleliň) ýetirilmeginde öz günäsiniň ýokdugyny subut etmäge borçludyrlar.
6. Iş beriji işgärlere kadaly işlemek we özüne ynanylan emläginiň (gymmatlyklaryň) doly abat saklanylmagyny üpjün etmek üçin zerur bolan şertleri döretmäge borçludyr.

227-nji madda. Işgäriň iş berijä ýetirilen zyýan (zelel) üçin maddy jogapkärçiligi

1. Işgär iş berijä ýetirilen göni hakyky zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmaga borçludyr. Alynmadyk girdejiler (duşdan geçirilen bähbit) işgärden alynmaga degişli däldir.
2. Işgär özüniň iş berijä gös-göni ýetiren göni hakyky zyýany (zeleli) üçin hem, başga adamlara zyýany (zeleli) tölemeginiň netijesinde iş berijide dörän zyýan (zelel) üçin hem maddy jogapkärçilik çekýär.

228-nji madda. Işgäriň maddy jogapkärçiligini aradan aýyrýan ýagdaýlar

Ýeňip geçip bolmajak güýjüň, kadaly hojalyk töwekgelçiliginiň, goranyşyň örän zerurlygynyň ýa-da işgäre ynanylan emlägi saklamak üçin degişli şertleri üpjün etmek boýunça iş berijiniň borçlarynyň ýerine ýetirilmezligi netijesinde zyýan (zelel) ýüze çykan halatlarynda işgäriň maddy jogapkärçiligi aýrylýar.

229-njy madda. Iş berijiniň işgärden zyýany (zeleli) tutup almakdan boýun gaçyrmak hukugy

1. Iş berijiniň zyýan (zelel) ýetirilen mahalynda anyk ýagdaýlary hasaba almak bilen günäkär işgärden ony töletdirmekden doly ýa-da kem-käsleýin boýun gaçyrmaga hukugy bardyr.
2. Eger bu köpçülikleýin şertnamada göz öňünde tutulan bolsa, görkezilen çözgüt döwlet kärhanalarynda kabul edilip bilner, şu ýagdaýda zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak kärhananyň ygtyýarynda galýan girdejiniň hasabyna amala aşyrylýar.

230-njy madda. Işgäriň doly maddy jogapkärçiligi

1. Işgäriň doly maddy jogapkärçiligi onuň ýetirilen zyýany (zeleli) doly möçberde tölemek borçlaryndan ybaratdyr.
2. Ýetirilen zyýanyň (zeleliň) maddy jogapkärçiligi doly möçberde diňe şu Kodeksiň 231-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda işgäriň üstüne ýüklenilip bilner.

231-nji madda. Işgärleriň doly maddy jogapkärçilik halatlary

1. Ýetirilen zyýanyň (zeleliň) doly möçberdäki maddy jogapkärçiligi işgäriň üstüne şu aşakdaky halatlarda ýüklenilýär:

1) eger şu Kodekse ýa-da Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işgär öz zähmet borçlaryny ýerine ýetiren mahalynda iş berijä ýetirilen zyýan (zelel) üçin işgäriň üstüne doly möçberde maddy jogapkärçilik ýüklenilen bolsa;

2) ýörite ýazmaça şertnamanyň esasynda oňa ynanylan ýa-da bir gezeklikçe resminama boýunça onuň alan gymmatlyklary ýetmezçilik edende;

3) bilkastlaýyn zyýan (zelel) ýetirilende;

4) kazyýetiň hökümi bilen bellenilen, jenaýatçylykly hereketleriniň netijesinde zyýan (zelel) ýetirilende;

5) dolandyryş hukuk bozulmagy netijesinde zyýan (zelel) ýetirilende, eger bu degişli döwlet edarasy tarapyndan bellenilen bolsa;

6) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda Türkmenistanyň kanuny bilen goralýan gulluk, täjirçilik ýa-da başga syry düzýän maglumatlar jar edilende;

7) işgäriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmedik mahalynda ýetirilen zyýan (zelel);

8) serhoş, neşe çeken ýa-da kelläni sämediji ýagdaýda zyýan (zelel) ýetirilende.

2. On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärler şu maddanyň birinji böleginiň 3-5-nji we 8-nji bentlerinde göz öňünde tutulan halatlarda doly maddy jogapkärçilik çekýärler.

3. Iş berijä ýetirilen zyýanyň (zeleliň) doly möçberdäki maddy jogapkärçiligi kärhananyň ýolbaşçysy, ýolbaşçynyň orunbasarlary, baş (uly) hasapçy bilen baglaşylýan zähmet şertnamasy bilen bellenilip bilner.

232-nji madda. Doly şahsy maddy jogapkärçilik hakyndaky ýazmaça şertnamalar

1. Doly şahsy maddy jogapkärçilik hakyndaky ýazmaça şertnamalar özlerine berlen gymmatlyklary saklamak, işläp bejermek, satmak (goýbermek), daşamak ýa-da önümçiligiň barşynda ulanmak bilen gös-göni baglanyşykly wezipeleri eýeleýän ýa-da işleri ýerine ýetirýän (on sekiz ýaşyna ýeten) işgärler bilen baglaşylyp bilner.

2. Şu maddanyň birinji bölegine görkezilen wezipe borçlarynyň bozulmagyna ýol beren maddy jogapkär işgäriň bikanun işden boşadylmagynda ýa-da başga işe geçirilmeginde günäkär bolan wezipeli adamlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýärler.

3. Şonuň ýaly wezipeleriň ýa-da işleriň sanawy, şeýle hem doly hususy maddy jogapkärçilik hakyndaky birkysmy şertnamanyň görnüşi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

233-nji madda. Zyýanyň (zeleliň) ýetirilmegi üçin köpçülikleýin (brigadalaýyn) maddy jogapkärçilik

1. Özlerine berlen gymmatlyklary saklamak, işläp bejermek, satmak (goýbermek), daşamak, öndürmek prosesinde ulanmak ýa-da başga hili peýdalanmak bilen baglanyşykly işleriň aýry-aýry görnüşleri işgärler tarapyndan bilelikde ýerine ýetirilen wagtynda, ýetirilen zyýan (zelel) üçin her bir işgäriň jogapkärçiligini aýyl-saýyl etmek we onuň bilen zyýany (zeleli) doly möçberde tölemek hakynda şertnama baglaşmak mümkin däl mahalynda köpçülikleýin (brigadalaýyn) maddy jogapkärçilik girizilip bilner.

2. Zyýan (zelel) köpçülikleýin (brigadalaýyn) maddy jogapkärçilik hakyndaky ýazmaça şertnama iş beriji bilen köpçüligiň (brigadanyň) ähli agzalarynyň arasynda baglaşylýar.

3. Ýerine ýetirilen mahalynda köpçülikleýin (brigadalaýyn) maddy jogapkärçilik girizilip bilinjek işleriň sanawy, şeýle hem köpçülikleýin (brigadalaýyn) maddy jogapkärçilik hakyndaky birkysmy şertnamanyň görnüşi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

4. Zyýanyň (zeleliň) meýletin öwezi dolunanda köpçüligiň (brigadanyň) her bir agzasynyň günäsiniň derejesi köpçüligiň (brigadanyň) ähli agzalary bilen iş berijiniň arasyndaky ylalaşyk boýunça kesgitlenilýär. Zyýan (zelel) töletdirilende köpçüligiň (brigadanyň) her bir agzasynyň günäsiniň derejesi kazyýet tarapyndan kesgitlenilýär.

234-nji madda. Iş berijiniň özüne ýetirilen zyýanyň (zeleliň) möçberini bellemek we onuň ýüze çykmagynyň sebäbini anyklamak borjy

1. Zyýany (zeleli) anyk işgärleriň tölemegi hakyndaky çözgüdi kabul etmegine çenli iş beriji ýetirilen zyýanyň (zeleliň) möçberini bellemek we onuň ýüze çykmagynyň sebäplerini anyklamak üçin barlag geçirmäge borçludyr. Iş beriji şeýle barlagy geçirmek üçin kärdeşler arkalaşygy guramasynyň wekilleriniň we degişli hünärmenleriniň gatnaşmagynda iş toparyny döretmek hukugyna eýedir.

2. Zyýanyň (zeleliň) ýüze çykmagynyň sebäplerini anyklamak üçin işgärden ýazmaça görnüşindäki düşündirişi talap etmek hökmandyr. Işgäriň düşündiriş bermekden boýun gaçyrmagy iş berijä ýetirilen zyýan (zelel) üçin ony maddy jogapkärçilige çekmek üçin päsgelçilik bolup hyzmat edip bilmez.

3. Işgär we (ýa-da) onuň wekili barlagyň ähli materiallary bilen tanyşmak we olary şu Kodeksde bellenilen tertipde şikaýat etmek hukugyna eýedirler.

235-nji madda. Kärhana ýetirilen zyýanyň (zeleliň) möçberini kesgitlemek

1. Kärhana ýetirilen zyýanyň (zeleliň) möçberi bellenilen ölçegler boýunça sandan çykanlaryny hasaplaşykdan aýyrmak bilen bazar bahalaryndan ugur alnyp hasapçylyk hasaba alşyň maglumatlarynyň esasynda hakyky ýitgiler boýunça kesgitlenilýär. Maddy gymmatlyklar ogurlananda, kem gelende, bilkastlaýyn ýok edilende ýa-da bilkastlaýyn zaýalananda zyýan (zelel) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen düzgünler boýunça kesgitlenilýär.

2. Söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynda önümleriň we harytlaryň ogurlanmagy ýa-da kem çykmagy bilen ýetirilen zyýanyň (zeleliň) möçberi bu önümleri we harytlary satmak (ýerlemek) üçin bellenilen bahalar boýunça kesgitlenilýär.

3. Emlägiň we beýleki gymmatlyklaryň aýry-aýry görnüşleriniň ogurlanmagy, kem çykmagy ýa-da ýitirilmegi zerarly kärhana ýetirilen zyýanyň (zeleliň) hakyky möçberi olaryň başlangyç möçberinden geçýän möçberini kesgitlemegiň, şol sanda birnäçe esse artdyryp kesgitlemegiň-de aýratyn tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilip bilner.

4. Birnäçe işgäriň günäsi bilen ýetirilen öwezi dolunýan zyýanyň (zeleliň) möçberi olaryň her biri üçin olaryň her biriniň günäsiniň anyk derejesiniň çekýän maddy jogapkärçiliginiň görnüşini we çägini hasaba almak bilen kesgitlenilýär.

236-njy madda. Zyýany (zeleli) töletmegiň tertibi

1. Ortaça aýlyk zähmet hakyndan geçmeýän möçberde işgärlere zyýany (zeleli) töletmek iş berijiniň buýrugy boýunça, kärhanalaryň ýolbaşçylary we olaryň orunbasarlary tarapyndan bolsa tabynlyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň buýrugy boýunça işgäriň zähmet hakyndan tutup almak arkaly geçirilýär.

2. Iş berijiniň ýa-da tabynlyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň buýrugy işgär tarapyndan ýetirilen zyýanyň (zeleliň) ýüze çykarylan gününden başlap iki hepdeden gijä galman çap edilmelidir we bu barada işgäre habar berlen gününden başlap ýedi gün geçenden soň ýerine ýetirilmelidir. Eger işgär tutup almak ýa-da onuň möçberi bilen razy bolmadyk mahalynda, zähmet jedeli onuň arzasy boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde garalýar.

3. Galan ýagdaýlarda zyýany (zeleli) töletmek iş beriji tarapyndan kazyýete hak islegini bildirmek arkaly geçirilýär.

237-nji madda. Işgäriň maddy jogapkärçiliginiň çäkleri

1. Zähmet borçlary ýerine ýetirilende kärhana ýetirilen zyýan (zelel) üçin maddy jogapkärçilik işgäriň üstüne ýüklenilýär we ol ýetirilen zyýanyň (zeleliň) doly möçberinden ýokary geçmeli däldir, eger zyýan (zelel) onuň günäsi bilen ýetirilen mahalynda, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

2. Zyýanyň (zeleliň) möçberi kesgitlenende diňe göni hakyky ýetirilen zyýan (zelel) nazara alynýar.

3. Kadaly önümçilik-hojalyk töwekgelçiliginiň derejesine degişli (synag önümçiligi, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak we ş.m.) zyýan (zelel) üçin işgäriň üstüne jogapkärçiligiň ýüklenilmegine ýol

berilmeýär.

238-nji madda. Işgärleriň çäklendirilen maddy jogapkärçiliginiň halatlary

Şu aşakdakylar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çäklendirilen maddy jogapkärçilik çekýärler:

1) işgärler - harsallyk boýunça materiallaryň, ýarym fabrikatlaryň, önümleriň zaýalananlygy ýa-da ýok edilenligi üçin, şol sanda olar taýýarlanylanda - olaryň günäsi boýunça ýetirilen zeleliň (zyýanyň) möçberinde, ýöne ol özüniň ortaça aýlyk zähmet hakyndan ýokary bolmaly däldir. Kärhana tarapyndan işgäre peýdalanmaga berlen gurallaryň, abzallaryň, ýörite geýimiň we beýleki närseleriň harsallyk boýunça zaýalanandygy ýa-da ýok edilendigi üçin işgärler edil şol möçberde maddy jogapkärçilik çekýärler;

2) kärhanalaryň ýolbaşçylary we olaryň orunbasarlary, şonuň ýaly-da kärhanalardaky düzüm birlikleriniň ýolbaşçylary we olaryň orunbasarlary - eger kärhana zyýan (zelel) artykmaç pul tölegleri, maddy ýa-da pul gymmatlyklarynyň nädogry hasaby we saklanylmagy, boş durmalaryň öňüni almak üçin zerur çäreleriň görülmezligi, ýaramaz hilli önümiň çykarylmagy, maddy ýa-da pul gymmatlyklarynyň ogurlanmalary, ýok edilmegi ýa-da zaýalanmagy bilen ýetirilen bolsa, olaryň günäsi bilen ýetirilen zyýanyň (zeleliň) möçberinde, ýöne ol öz ortaça bir aýlyk zähmet hakyndan ýokary bolmaly däldir.

239-njy madda. Zyýany (zeleli) töletmek hakyndaky karara şikaýat etmek hukugy

Iş berijiniň emlägine ýetirilen zyýany (zeleli) töletmek hakyndaky karar kazyýete şikaýat edilip bilner.

240-njy madda. Işgäre maddy jogapkärçilik ýüklenilende anyk ýagdaýlary hasaba almak

1. Kazyýet işgäriň günäsiniň derejesini, anyk ýagdaýlaryny we maddy ýagdaýyny hasaba almak bilen töledilmäge degişli zyýanyň (zeleliň) möçberini azaldyp biler.

2. Eger zyýan (zelel) betnebislik maksady bilen amala aşyrylan jenaýat arkaly ýetirilen bolsa töledilmäge degişli zyýanyň (zeleliň) möçberiniň azaldylmagyna ýol berilmeýär.

XIII bölüm. Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

1 bap. Aýal-gyzlaryň we maşgala borçlary bolan beýleki adamlaryň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

241-nji madda. Göwreli aýallara we çagalary bolan aýallara işe kabul edilendäki we zähmet şertnamasy ýatyrylandaky kepillendirmeler

1. Göwreliligi ýa-da üç ýaşa çenli çagasy (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolmagy bilen baglanyşykly sebäpler boýunça aýallary işe kabul etmekden boýun gaçyrmak we olaryň zähmet hakyny peseltmek gadagandyr.

Kärhanalaryň ýolbaşçylary we olaryň orunbasarlary, şeýle hem gurluş düzüm birlikleriniň ýolbaşçylary we olaryň orunbasarlary görkezilen adamlary işe kabul etmekden boýun gaçyranlygy üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

2. Aýallaryň görkezilen toparlaryny işe kabul etmekden boýun gaçyranlarynda iş beriji olara boýun gaçyrmagyň sebäplerini ýazmaça görnüşde habar bermäge borçludyr. Işe kabul etmekden ýüz öwrülen halatynda kazyýete şikaýat edilip bilner.

3. Iş berijiniň başlangyjy boýunça göwreli aýallar we üç ýaşa çenli çagasy (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan aýallar bilen zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagyna ýol berilmeýär, ýöne kärhananyň ýatyrylan ýa-da iş beriji - şahsy tarap tarapyndan işiň bes edilen, zähmet düzgün-nyzamynyň bir gezek gödek bozulan,

zat eýesiniň emläginiň ogurlanan, şeýle hem şu maddanyň bäşinji böleginde görkezilen halatda muňa degişli däldir.

4. Aýalyň göwrelilik döwründe möhletli zähmet şertnamanyň möhleti gutaran mahalynda iş beriji onuň ýazmaça arzasy boýunça we göwreliliginiň ýagdaýyny tassyklaýan lukmançylyk kepilnamasyny beren mahalynda göwreliligiň gutarmagyna çenli zähmet şertnamasynyň hereket ediş möhletini uzaltmaga borçludyr. Göwreliligiň gutarmagyna çenli zähmet şertnamasynyň hereket ediş möhleti uzaldylan aýal iş berijiniň soramagy boýunça ýöne üç aýda bir gezek göwreliliginiň ýagdaýyny tassyklaýan lukmançylyk kepilnamasyny bermäge borçludyr. Eger şunda aýal göwrelilik gutarandan soň işlemegini hakyky dowam etdirse, onda iş beriji göwreliligiň tamamlanandygy bilen ýa-da bilmeli bolan gününden başlap bir hepdäniň içinde zähmet şertnamasynyň hereket ediş möhletiniň gutarmagy bilen baglanyşykly onuň bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmaga hukuklydyr.

5. Eger zähmet şertnamasy ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirýän wagty üçin baglaşylsa we aýalyň ýazmaça razylygy bilen göwreliligiň gutarmagyna çenli ony iş berijide bar bolan başga işe (hem aýalyň degişli hünärindäki boş wezipä ýa-da işe, hem pes bolan boş wezipä ýa-da pes hak tölenilýän işe), aýalyň saglyk ýagdaýyny hasaba almak bilen onuň ýerine ýetirip biljek işine geçirmek mümkin bolmasa, aýaly zähmet şertnamasynyň möhletiniň gutarmagy bilen baglanyşykly onuň göwrelilik döwründe işden boşatmaga ýol berilýär. Şunda iş beriji oňa şol ýerde özünde bar bolan, görkezilen ähli talaplara jogap berýän boş orunlary teklip etmäge borçludyr. Eger bu zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan bolsa, iş beriji başga ýerlerdäki boş orunlary teklip etmäge borçludyr.

242-nji madda. Aýal-gyzlaryň zähmetiniň ulanylmagy gadagan edilýän işler

1. Göwreli aýallary gijeki wagtdaky işlere, iş wagtyndan daşary işlere, dynç alyş günlerinde, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işlere çekmek, şeýle hem gulluk iş saparlaryna ibermek gadagandyr.

2. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän çäklerden ýokary geçýän agyrlyklary aýal-gyzlaryň el bilen götermegi we ondan-oňa süýşürmegi gadagandyr.

243-nji madda. Aýal-gyzlar we maşgala borçlary bolan beýleki adamlar üçin zähmet düzgüniniň aýratynlyklary

1. Zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde aýallaryň zähmetini ulanmak çäklendirilýär, fiziki bolmadyk işler ýa-da sanitariýa we durmuş hyzmaty boýunça işler muňa degişli däldir.

Aýallaryň zähmetiniň ulanylmagy çäklendirilýän zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr işleriniň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

2. Üç ýaşa çenli çagalary (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan aýallar olaryň ýazmaça razylygy bolmazdan gijeki işlere, iş wagtyndan daşary işlere, dynç alyş günlerinde, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işlere çekilip bilinmez, şeýle hem gulluk iş saparlaryna iberilip bilinmez.

3. Üç ýaşdan on dört ýaşa çenli çagalary (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan aýallar olaryň ýazmaça razylygy bolmazdan iş wagtyndan daşary işlere çekilip ýa-da gulluk iş saparlaryna iberilip bilinmez.

4. Şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen aýallar özüniň işleriň bu görnüşlerine çekilmekden boýun gaçyrmak hukugy bilen ýazmaça görnüşde tanyşdyrylmalydyrlar.

5. Eger maşgalanyň syrkaw agzalaryna seredýän işgärleri lukmançylyk netijenamanyň esasynda seredilmäge mätäçlik çekýän bolsalar, iş berijiniň olary gijeki işlere, iş wagtyndan daşary işlere çekmäge, şeýle hem gulluk iş saparyna ibermäge we wahta usuly bilen ýerine ýetirilýän işlere ibermäge hakly däldir.

244-nji madda. Oba hojalyk işlerinde işleýän göwreli aýallar üçin gysgaldylan iş güni

Meýdan şertlerinde oba hojalyk işlerinde işleýän göwreli aýallara ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen dowamlylygy alty sagat bolan iş güni bellenilýär.

245-nji madda. Aýallary başga has ýeňil işe geçirmek

1. Göwreli aýallara lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda iş öndürijiliginiň kadalary, hyzmat ediş kadalary azaldylýar ýa-da olar öňki işindäki ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen başga has ýeňil işe we amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan işe geçirilýär.

2. Lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda göwreli aýala başga has ýeňil we işiň amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan iş bermek hakyndaky meseläniň çözülmegine çenli, ol munuň netijesinde goýberen ähli iş günleri üçin kärhananyň hasabyna ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen işden boşadylmaga degişlidir.

3. Bir ýarym ýaşa çenli ýaşdaky çagalary bolan aýallar öňki işini ýerine ýetirmäge mümkinçilik bolmadyk mahalynda çagasy bir ýarym ýaşa ýetýänçä öňki işi boýunça ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen başga has ýeňil işe geçirilýär.

246-njy madda. Goşmaça dynç alyş güni

1. On alty ýaşa çenli maýyp çagany terbiýeleýän ata-eneleriň birine (hossara, howandara) gündelik zähmet haky möçberinde oňa hak tölemek bilen aýda bir goşmaça dynç alyş güni berilýär.

2. Ata-enelerden biriniň (hossaryň, howandaryň) ýazmaça arzasy boýunça iş beriji şu maddanyň birinji böleginde görkezilen günleri iş ýylynyň içinde jemläp ýa-da olary her ýylky esasy zähmet rugsadyna goşup bermäge hukugy bardyr.

247-nji madda. Çagany naharlamak üçin arakesmeler

1. Dynç almak üçin we nahar edinmek üçin umumy arakesmeden başga-da, bir ýarym ýaşa çenli çagalary bolan aýallara çagany naharlamak üçin goşmaça arakesmeler berilýär.

2. Her biriniň dowamlylygy otuz minutdan az bolmadyk bu arakesmeler her üç sagatdan bir gezek berilýär. Bir ýarym ýaşa ýetmedik iki ýa-da köp çagasy bar bolan mahalynda arakesmäniň dowamlylygy azyndan bir sagat bellenilýär.

3. Çagany naharlamak üçin arakesmeler iş wagtyna goşulýar we ortaça zähmet haky boýunça tölenilýär.

4. Arakesmeleriň dowamlylygy we olary bermegiň tertibi enäniň islegi nazara alnyp kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň gaýry wekilçilikli edarasy bilen bilelikde iş beriji tarapyndan bellenilýär.

248-nji madda. Aýallaryň zähmeti giňden ulanylýan kärhanalarda aýallara hyzmat etmek

Aýallaryň zähmeti giňden ulanylýan kärhanalarda çagalar bakjalary we baglary, emýän çagalary naharlamak üçin otaglar, şeýle hem aýallaryň şahsy arassaçylyk otaglary guralýar.

249-njy madda. Enesiz çagalary terbiýeleýän adamlara berilýän kepillikler we ýeňillikler

Enelik bilen baglanyşykly aýala berilýän kepillikler we ýeňillikler (gijeki wagtdaky we iş wagtyndan daşary işlerdäki zähmetiň çäklendirilmegi, dynç alyş günlerinde, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işlere çekmegiň hem-de gulluk iş saparlaryna ibermegiň çäklendirilmegi, zähmet haky tölenilmeýän rugsadyň berilmeginiň, zähmetiň ýeňillikli düzgünleriniň bellenilmeginiň we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki kepillikler we ýeňillikler) enesiz (ol aradan çykanda, ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilende, bejeriş edarasynda uzak wagtlap bolanda we çagalar hakynda enelik aladasynyň bolmadyk beýleki halatlarynda) çagalary terbiýeleýän atalara, şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hossarlary (howandarlary) üçin hem degişlidir.

2 bap. On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

250-nji madda. On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň

zähmet hukuklary

On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärler zähmet hukuk gatnaşyklarynda kämillik ýaşyna ýetenleriň hukuklary bilen deňleşdirilýär, zähmeti goramak, iş wagty, rugsatlar we zähmetiň käbir beýleki şertleriniň çygrynda bolsa şu Kodeks we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen bellenilen ýeňilliklerden peýdalanýarlar.

251-nji madda. On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň lukmançylyk gözegçiligi

1. On sekiz ýaşyna ýetmedik ähli adamlar işe diňe deslapky lukmançylyk gözegçiliginden soň kabul edilýär we mundan beýläk on sekiz ýaşyna ýetýänçäler her ýyl hökmany suratda lukmançylyk gözegçiligine degişlidirler.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedik işgärleriň her ýylky hökmany lukmançylyk gözegçiligi ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen iş wagtynda geçirilýär.

252-nji madda. On sekiz ýaşyna ýetmedik adamlar işe kabul edilendäki kepillikler

1. Iş beriji iş bilen üpjün edýän ýerli edara (gulluk) we beýleki edaralar tarapyndan iberilýän on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlary işe ýerleşdirmek tertibinde bellenilen möçberiniň hasabyna iş ýerlerine işe kabul etmäge borçludyr.

2. Bellenilen möçberiň hasabyna işe kabul etmekden boýun gaçyrmak gadagandyr we kazyýete şikaýat edilip bilner.

3. On sekiz ýaşyna ýetmedik adamlary işe ýerleşdirmegiň aýratynlyklary şu Kodeks, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen kesgitlenilýär.

253-nji madda. On sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň zähmetiniň ulanylmagy gadagan edilýän işler

1. Zähmetiň aýratyn şertleri bolan işlerde, şeýle hem ýerine ýetirilmegi olaryň saglygyna we ahlak ösüşine zyýan ýetirip biljek işlerde (humarly täjirçilik, spirtli içgileri, temmäki önümleri, neşe, zäherli we gaýry serişdeleri öndürmek, daşamak we söwdasyny etmek) on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň zähmetini ulanmak gadagandyr. Bu adamlar tarapyndan olar üçin aňryçäk bellenilen ölçeglerden ýokary geçýän agyrlyklary geçirmek we ondan-oňa süýşürmek, götermek we ýerini üýtgetmek gadagandyr.

2. On sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň zähmetiniň ulanylmagy gadagan edilýän zähmetiň aýratyn şertleri bolan işleriň sanawy, şeýle hem olaryň geçirýän we ondan-oňa süýşürýän agyrlyklaryň aňryçäk ölçegleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

254-nji madda. Gündelik işiň gysgaldylan dowamlylygynda on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň zähmetine hak tölemek

1. Gündelik işiň gysgaldylan dowamlylygynda on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň zähmet haky gündelik işiň doly dowamlylygyna degişli toparlardaky işgärleriňki ýaly möçberde tölenilýär.

2. Potratçylyk işlerine goýberilen on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň zähmeti uly ýaşly işgärleriň gündelik işiniň dowamlylygy bilen deňeşdirilende olaryň gündelik işiniň dowamlylygy gysgaldylýan wagt üçin tarif stawkasy boýunça goşmaça hak bilen uly ýaşly işgärler üçin bellenilen potratçylyk bahalary boýunça tölenilýär.

3. Orta mekdepleriň we orta hünärment okuw mekdepleriniň okuwdan boş wagty işleýän okuwçylarynyň zähmetine hak tölemek işlenen wagta proporsionallykda ýa-da iş öndürijiligine baglylykda geçirilýär.

4. Kärhanalar okuwçylara öz serişdeleriniň hasabyna zähmet hakyna goşmaça haklary belläp bilerler.

255-nji madda. On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleri

gijeki wagtdaky işlere we iş wagtyndan daşary işlere çekmegi gadagan etmek

On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleri gijeki wagtdaky we iş wagtyndan daşary işlere we dynç alyş, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işlere çekmek, şeýle hem olary gulluk iş saparlaryna ibermek gadagan edilýär.

256-njy madda. Ýaş işçiler üçin iş öndürijiliginiň kadalary

1. On sekiz ýaşyna ýetmedik işçiler üçin iş öndürijiliginiň kadalary gysgaldylan dowamlylykda iş wagtyna proporsionallykda, uly ýaşly işçiler üçin iş öndürijiliginiň kadalaryndan ugur alnyp bellenilýär.

2. Orta mekdepleri, orta hünärment okuw mekdeplerini, kurslaryny gutaryp kärhana giren, şeýle hem önümçilikde hünär okuwyny geçen ýaş işçiler üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda we möçberlerde hem-de olara kesgitlenilýän möhletlere aşaklandyrylan iş öndürijiliginiň möçberleri tassyklanylýar. Bu möçberler kärhananyň kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasy bilen ylalaşylyp iş beriji tarapyndan tassyklanylýar.

**257-nji madda. On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň
işden boşadylmagyny çäklendirmek**

Işden boşatmagyň umumy tertibini berjaý etmegiň daşyndan diňe kärdeşler arkalaşygy guramasynyň we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky toparyň razylygy bilen iş berijiniň başlangyjy boýunça on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň işden boşadylmagyna ýol berilýär. Şunda şu Kodeksiň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-3-nji bentlerinde görkezilen esaslar boýunça işe ýerleşdirilmän işden boşadylmagyna ýol berilmeýär.

**258-nji madda. On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärler bilen
zähmet şertnamasyny olaryň ata-eneleriniň we
beýleki şahslaryň talap etmegi boýunça ýatyrmak**

Eger şertnamanyň dowam etdirilmegi kämillik ýaşyna ýetmedikleriň saglygyna howp salsa ýa-da olaryň kanuny bähbitlerini bozsa, on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärler bilen zähmet şertnamasy olaryň ata-eneleriniň, ogullyga, gyzlyga alanlaryň we howandarlaryň, şeýle hem hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň hem-de Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilmegine gözegçilik barlagy we gözegçilik etmek ýüklenen beýleki edaralaryň talap etmegi boýunça ýatyrylyp bilner.

**3 bap. Kärhananyň ýolbaşçysynyň we kärhananyň ýerine ýetiriji edarasynyň
agzalarynyň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary**

259-njy madda. Umumy düzgünler

1. Kärhananyň ýolbaşçysy - şahsy tarap kanuna ýa-da kärhananyň esaslandyryjy resminamalaryna laýyklykda bu kärhana ýolbaşçylyk edýär, şol sanda onuň özbaşdak ýerine ýetiriji edarasynyň wezipelerini ýerine ýetirýär.

2. Şu babyň düzgünleri kärhanalaryň guramaçylyk-hukuk görnüşlerine we eýeçiligiň görnüşine garamazdan olaryň ýolbaşçylaryna degişlidir, şu aşakdakylar muňa girmeýär:

1) kärhananyň ýolbaşçysy kärhananyň ýeke-täk gatnaşyjysy (esaslandyryjysy), agzasy, onuň emläginiň eýesi bolanda;

2) kärhanany dolandyrmak başga kärhana (kärhanany dolandyryjy) ýa-da hususy telekeçi (dolandyryjy) bilen şertnama boýunça amala aşyrylsa.

**260-njy madda. Kärhananyň ýolbaşçysynyň zähmetini
düzgünleşdirmegiň hukuk esaslary**

1. Zähmet gatnaşyklary çygrynda kärhananyň ýolbaşçysynyň hukuklary we borçlary şu Kodeks,

Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, kärhananyň esaslandyryjy resminamalary, zähmet şertnamasy bilen kesgitlenilýär.

2. Kärhananyň ýolbaşçysyna esasy iş bilen utgaşdyrmak şertlerinde tölenilýän işi ýerine ýetirmek gadagandyr, mugallymçylyk, ylmy-barlag we döredijilik işi muňa degişli däldir.

3. Kärhananyň ýolbaşçysy şol kärhana gözegçilik barlagynyň we gözegçiligiň wezipelerini amala aşyrýan edaralaryň düzümine girip bilmez.

261-nji madda. Kärhananyň ýolbaşçysy bilen zähmet şertnamasyny baglaşmak

1. Kärhananyň ýolbaşçysy bilen zähmet şertnamasy kärhananyň esaslandyryjy resminamalary we taraplaryň ylalaşmagy bilen kesgitlenilen möhlete baglaşylýar, ýöne ol şu Kodeksde bellenilenden köp bolmaly däldir.

2. Türkmenistanyň kanunlary, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary ýa-da kärhananyň esaslandyryjy resminamalary arkaly kärhananyň ýolbaşçysy bilen öňki baglaşylan zähmet şertnamasynyň amallary bellenilip bilner (bäsleşik geçirmek, wezipä saýlamak ýa-da bellemek we başgalar).

262-nji madda. Kärhananyň ýolbaşçysynyň maddy jogapkärçiligi

1. Kärhananyň ýolbaşçysy kärhana ýetirilen göni hakyky zyýan (zelel) üçin maddy jogapkärçilik çekýär.

2. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda kärhananyň ýolbaşçysy özüniň günäkär hereketleri bilen ýetirilen zyýany (zeleli) kärhana töleýär. Şunda zyýany (zeleli) kesgitlemek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

263-nji madda. Kärhananyň ýolbaşçysy bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmak üçin goşmaça esaslar

Şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan esaslardan başga kärhananyň ýolbaşçysy bilen zähmet şertnamasy şu aşakdakylar bilen baglanyşykly ýatyrylyp bilner:

1) Türkmenistanyň batyp galmak hakyndaky kanunçylygyna laýyklykda bergidar kärhananyň ýolbaşçysynyň wezipesinden çetleşdirilmegi bilen;

2) edara görnüşindäki tarapyň ygtyýarly edarasy ýa-da kärhananyň emläginiň eýesi ýa-da kärhananyň emläginiň eýesiniň ygtyýarly şahs (edara) tarapyndan zähmet şertnamasyny möhletinden öň bes etmek hakyndaky esaslandyrylan kararyň kabul edilmegi bilen;

3) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki halatlarda.

264-nji madda. Kärhananyň ýerine ýetiriji edarasynyň agzalarynyň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

1. Türkmenistanyň kanunçylygynda, kärhananyň esaslandyryjy resminamalary bilen kärhananyň ýolbaşçysy üçin şu bapda bellenilen zähmeti düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary zähmet şertnamasyny baglaşan kärhananyň ýerine ýetiriji edarasynyň (prawleniýe, direksiýa) agzalaryna degişli bolup biler.

2. Türkmenistanyň kanunlary bilen kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň we bu kärhanalaryň ýerine ýetiriji edaralarynyň agzalarynyň zähmetini düzgünleşdirmegiň beýleki aýratynlyklary bellenilip bilner.

4 bap. Maýyplaryň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

265-nji madda. Maýyplaryň hukuk ýagdaýynyň esaslary

1. Türkmenistanda maýyplar Türkmenistanyň Konstitusiýasy, şu Kodeks we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen berkidilen durmuş-ykdysady, syýasy, şahsy hukuklaryň we azatlyklaryň ählisine eýedirler.

2. Maýyplaryň hukuklaryny kemsitmek gadagandyr. Hukuk kemsidilmelerine ýol berýän adamlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýärler.

266-njy madda. Maýyplaryň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

Maýyplaryň zähmete, işe ýerleşmäge we maýyplar üçin iş orunlarynyň möçberini bellemäge bolan hukuklaryny durmuşa geçirmek, maýyplaryň bilim almak we hünär taýýarlygy üçin şertler bilen üpjün etmek şu Kodekse we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

5 bap. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlaryň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

267-nji madda. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça iş hakynda umumy düzgünler

1. Esasy iş bilen utgaşdyrma diýlip işgäriň öz esasy işinden başga ol ýa-da beýleki iş berijide esasy işden boş wagtda zähmet şertnamasynyň şertlerinde we kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna laýyklykda yzygiderli tölenilýän başga işi ýerine ýetirmegine düşünilýär. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça zähmet şertnamasy baglaşylanda bu işiň esasy iş bilen utgaşdyrma bolup durýandygy hökmany suratda görkezilmelidir.

2. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işlemek üçin esasy iş ýeri boýunça iş berijiniň razylygy talap edilmeýär, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir.

3. Işgärleriň aýry-aýry toparlary (pedagogik, lukmançylyk we melhemçilik işgärleri, medeniýet işgärleri) üçin esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işiň şertleri hakynda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan Düzgünnama bilen kesgitlenilýär.

268-nji madda. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işe kabul edilende görkezilýän resminamalar

Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça başga kärhana işe kabul edilen işgär iş berijä pasportyny ýa-da şahsyýetini tassyklaýan başga resminamany görkezmäge borçludyr. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça ýörite bilim talap edýän işe kabul edilende iş berijiniň işgärden diplomyny ýa-da bilimi, ýa-da hünär taýýarlygy hakyndaky başga resminamany ýa-da olaryň talaba laýyk ýagdaýda tassyklanylan nusgalaryny, zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işe kabul edilende bolsa, esasy iş ýeri boýunça zähmetiň häsiýeti we şertleri hakyndaky kepilnamany talap etmäge hukugy bardyr.

(2010-njy ýylyň 15-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 1, 6-nji madda)

269-njy madda. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlaryň iş wagtynyň dowamlylygy

Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlar üçin iş beriji tarapyndan bellenilýän iş wagtynyň dowamlylygy günde dört sagatdan ýa-da dynç gününde doly iş gününden ýokary geçip bilmez.

270-nji madda. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlaryň zähmetine hak tölemek

1. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlaryň zähmetine hak tölemek iş öndürijiligine baglylykda işlenen wagta proporsionallykda ýa-da zähmet şertnamasynda kesgitlenen başga şertlerde geçirilýär.

2. Wagta görä hak tölenýän esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlara zähmete hak tölemegiň kadalaşdyrylan tabşyryklary bellenilende işleriň hakyky ýerine ýetirilen möçberi üçin ahyrky netijeleri boýunça geçirilýär.

271-nji madda. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işlenilende berilýän rugsat

Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlara esasy işi boýunça rugsat bilen bir wagtda tölenilmeýän rugsat berilýär.

272-nji madda. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlara berilýän kepillikler we öwez pullary

Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlara kepillikler we öwez pullary diňe esasy iş ýeri boýunça berilýär.

273-nji madda. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işiň çäklendirmeleri

1. Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça bellenilmedik bolsa, döwlet kärhanalarynda iki ýolbaşçy wezipeleriniň esasy iş bilen utgaşdyrma şertlerinde işlenilmegine ýol berilmeýär, ussalaryň we brigadirleriň wezipeleri muňa degişli däldir.
2. On sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň, göwreli aýallaryň esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işlemegi, şeýle hem eger esasy iş şeýle şertler bilen baglanyşykly bolsa gijeki wagtdaky işlerde, zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde işlemegi gadagandyr.
3. Esasy iş bilen utgaşykly işlenilende garyndaşlaryň gös-göni tabynlygy we gözegçiligi astynda bolmagy bilen baglanyşykly bilelikdäki işi gadagan edilýär.
4. Işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça çäklendirmeler Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilip bilner.
5. Döwletiň wezipeli adamynyň ýa-da döwlet gullukçysynyň esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işlemäge haky ýokdur, mugallymçylyk, ylmy we döredijilik işi muňa degişli däldir.

274-nji madda. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adam bilen zähmet şertnamasyny bes etmegiň (ýatyrmagyň) goşmaça esaslary

Şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan esaslardan başga esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adam bilen zähmet şertnamasy bu iş esasy iş boljak işgär işe kabul edilen mahalynda bes edilip bilner.

275-nji madda. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işi düzgünleşdirmegiň başga esaslary

Işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işi düzgünleşdirmegiň beýleki esaslary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

6 bap. Möwsümleýin işlerde işleýän adamlaryň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

276-njy madda. Möwsümleýin işler

1. Möwsümleýin diýlip belli bir döwrüň (möwsümiň) içinde dokuz aýdan geçmeýän wagtda klimat we beýleki tebigy şertleriň esasynda ýerine ýetirilýän işler hasap edilýär.
2. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň hereketi möwsümleýin işlerde işleýän adamlara (möwsümleýin işgärlere) hem degişlidir.

277-nji madda. Möwsümleýin işgärler bilen zähmet şertnamasyny baglaşmagyň şertleri

1. Işiň möwsümleýin häsiýeti hakyndaky şert zähmet şertnamasynda görkezilmelidir.
2. Möwsümleýin işgärler işe kabul edilende synag möhleti bellenilmeýär.
3. Möwsümleýin işgärler bilen zähmet şertnamasy möwsümiň dowamlylygyndan ýokary geçmeýän

möhlete baglaşylýar.

278-nji madda. Möwsümleýin işgärleriň rugsady

Kärhanalaryň edara tabynlygyna garamazdan ykdysadyýetiň möwsümleýin pudaklarynyň kärhanalarynda doly möwsümiň içinde işlän möwsümleýin işgärlere möwsüm gutarandan soň işiň her aýy üçin iki senenama güni hasabyndan tölenilýän rugsat berilýär.

279-njy madda. Möwsümleýin işgär bilen zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak)

1. Möwsümleýin işgär zähmet şertnamasyny möhletinden öň bes etmek (ýatyrmak) hakynda iş berijini bir hepde galanda ýazmaça görnüşde duýdurmaga borçludyr.

2. Kärhananyň ýatyrylmagy ýa-da iş beriji - şahsy tarap tarapyndan işiň bes edilmegi, işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy bilen baglanyşykly geljekde işden boşadyljakdygy hakynda iş beriji möwsümleýin işgäri azyndan bir hepde galanda gol çekdirip ýazmaça görnüşde duýdurmaga borçludyr.

3. Möwsümleýin işgärler bilen zähmet şertnamasy şu aşakdaky halatlarda iş berijiniň başlangyjy boýunça bes edilip (ýatyrylyp) bilner:

1) önümçilik häsiýetli sebäpler boýunça işleriň iki hepdeden gowrak möhlete togtadylmagy bilen, şeýle hem iş berijide işleriň möçberiniň gysgaldylmagy boýunça;

2) bir aýdan gowrak wagtyň içinde üznüksiz wagtlaýyn zähmete ukyplylygyny ýitirmegi netijesinde möwsümleýin işgär işde bolmadyk mahalynda. Zähmet şikesi ýa-da hünär keseli netijesinde zähmete ukyplylyk ýitirilen mahalynda, şeýle hem belli bir kesel bolanda Türkmenistanyň kanunçylygy bilen iş ýerini (wezipesini) saklamagyň has uzak möhleti bellenilen mahalynda möwsümleýin işgärleriň zähmete ukyplylygy dikeldilýänçä ýa-da maýyplygy bellenilýänçä iş ýeri (wezipesi) saklanýar, ýöne ol zähmet şertnamasy boýunça iş möhletiniň tamamlanmagyndan köp bolmaly däldir.

280-nji madda. Möwsümleýin işgäre işden çykylanda berilýän kömek puly

Möwsümleýin işgäre iki hepdelik zähmet haky möçberinde işden çykylanda berilýän kömek puly şu Kodeksiň 54-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda, şeýle hem şu Kodeksiň 279-njy maddasynyň üçünji böleginiň 1-nji bendinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça zähmet şertnamasy ýatyrylanda tölenilýär.

281-nji madda. Mejbury boş bolnan wagt üçin möwsümleýin işgäre ortaça zähmet hakyny tölemek

1. Zähmet jedellerine garaýan edaranyň karary boýunça işe dikeldilen möwsümleýin işgäre işden boşadylan gününden başlap işe dikeldilmegine ýa-da zähmet şertnamasy boýunça iş möhletiniň gutarmagyna çenli mejbury boş bolnan wagt üçin ortaça zähmet haky tölenilýär, ýöne ol üç aýdan köp bolmaly däldir.

2. Pes hak tölenilýän başga işe bikanun geçirilen möwsümleýin işgäre mejbury boş bolnan wagt üçin ortaça zähmet haky ýa-da şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda pes hak tölenilýän işi ýerine ýetiren wagty üçin iş hakyndaky tapawut tölenilýär.

282-nji madda. Möwsümleýin işgäriň iş döwrüni hasaplamagyň tertibi

1. Möwsümleýin işgäre Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda, eger ol möwsümde doly işläp, indiki möwsüme şertnama baglaşyp we bellenilen möhletde işe gaýdyp gelen bolsa, şol iş berijidäki iş döwri jemlenýär.

2. Kärhanalaryň edara tabynlygyna garamazdan ykdysadyýetiň möwsümleýin pudaklarynyň kärhanalarynda doly möwsümiň içindäki iş - Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylan sanaw boýunça bir ýyldaky iş döwrüne, şol sanda pensiýa hukuk berýän iş döwrüne hasaplanýar.

Galan möwsümleýin işler olaryň hakyky dowamlylygy boýunça iş döwrüne goşulýar.

7 bap. Wahta iş usulyna çekilýän adamlaryň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

283-nji madda. Wahta iş usuly

1. Wahta iş usuly - adamyň hemişelik ýaşaýan ýerine gündelik gaýdyp gelmegini üpjün edip bolmajak, onuň hemişelik ýaşaýan ýeriniň daşyndaky zähmet prosesini amala aşyrmagynyň aýratyn görnüşidir.

2. Iş beriji işiň wahta usulynda işgärleri işleriň geçirilýän desgasynda bolan döwründe olaryň ýaşamagy üçin ýaşaýyş jaýy, iş ýerine çenli we yzyna gaýtmagyny, şeýle hem işleri ýerine ýetirmek we çalşyklaryň arasynda dynç almak üçin şertler bilen üpjün edýär.

284-nji madda. Wahta iş usuly üçin çäklendirmeler

Wahta iş usulyna on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlar, göwreli aýallar we üç ýaşa çenli çagalary (on alty ýaşyna çenli maýyp çagasy) bolan aýallar, şeýle hem işleri wahta usuly bilen ýerine ýetirmäge lukmançylyk taýdan ýaramsyz hasap edilen adamlar çekilip bilinmez.

285-nji madda. Wahtanyň dowamlylygy

1. Wahtanyň dowamlylygy desgada işleriň ýerine ýetirilýän döwrüni we wahta şäherçesinde, meýdan şäherjiginde, şeýle hem ýaşamak üçin beýleki ýörite enjamlaşdyrylan jaýlarda, çalşyklaryň arasyndaky dynç alyş wagtyny öz içine alýar.

2. Wahtanyň dowamlylygy bir aýdan ýokary geçip bilmez. Aýratyn halatlarda aýry-aýry desgalarda, kärhananyň kärdeşler arkalaşygy guramasynyň pikirini hasaba almak bilen iş beriji tarapyndan wahtanyň dowamlylygy iki aýa çenli artdyrylyp bilner.

286-njy madda. Işiň wahta usulynda zähmet we dynç alyş düzgüni, iş wagtyny hasaba almak

Işiň wahta usulynda zähmet we dynç alyş düzgüni, iş wagtyny hasaba almak şu Kodeks, şeýle hem kärdeşler arkalaşygynyň guramalary bilen ylalaşylyp, degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, şeýle hem eýeçiligiň döwlete dahylsyz görnüşindäki kärhanalar tarapyndan tassyklanylan düzgünnamalar bilen düzgünleşdirilýär.

287-nji madda. Wahta usulynda işleýän adamlara berilýän kepillikler we öwez pullary

1. Wahta usuly bilen işleri ýerine ýetirýän işgärlere wahtanyň döwründe işleriň geçirilýän ýerlerinde bolmagyň her bir senenama güni üçin, şeýle hem iş berijiniň ýerleşýän ýerinden (ýygnanyş nokadyndan) işleriň ýerine ýetirilýän ýerine çenli we gaýdyşyn ýolda bolnan hakyky günler üçin gije-gündizlik töleginiň ýerine işiň wahta usuly üçin goşmaça bir günlük tarif stawkasynyň (aýlygynyň) 75 göterimi möçberde hak tölenilýär.

2. Wahtadaky iş tertibinde göz öňünde tutulan kärhananyň ýerleşýän ýerinden (ýygnanyş nokadyndan) işleriň ýerine ýetirilýän ýerine çenli we gaýdyşyn ýolda bolnan günler üçin, meteorologik şertler boýunça we ulag kärhanalarynyň günäsi boýunça ýolda eglenilen günler üçin işgäre gündelik tarif stawkasy (zähmet haky) tölenilýär.

(2010-njy ýylyň 15-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 1, 6-nji madda)

8 bap. Hakyna tutma zähmeti ulanýan iş berijilerde-şahsy taraplarda işleýän adamlaryň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

288-nji madda. Iş beriji - şahsy tarap bilen işgäriň arasynda zähmet şertnamasyny baglaşmak

1. Hakyna tutma zähmeti ulanýan iş beriji - şahsy tarap bilen işgäriň arasynda zähmet şertnamasyny baglaşmak onuň taraplary tarapyndan gol çekilýän we zähmet şertlerini, onuň töleginiň tertibini, taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän ýazmaça şertnama görnüşinde geçirilýär.

Işgär iş beriji - şahsy tarap bilen zähmet şertnamasyny baglaşanda Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik, şu şertnama bilen kesgitlenen işi ýerine ýetirmäge borçlanýar.

2. Zähmet şertnamasyna hökmany tertipde işgär we iş beriji üçin mahsus bolan ähli şertler goşulýar.

3. Iş beriji - şahsy tarap şu aşakdakylara borçludyr:

1) işgär bilen zähmet şertnamasyny baglaşmaga we ony salgyt hasabynyň ýerinde bellige aldyrmaga;

2) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde we möçberlerde döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna serişde geçirmeleri we beýleki hökmany tölegleri tölemäge.

289-njy madda. Zähmet şertnamasynyň möhleti

Işgär bilen iş beriji - şahsy tarapyň arasyndaky ylalaşyk boýunça hem möhletli, hem möhletsiz zähmet şertnamasy baglaşylyp bilner.

290-njy madda. Zähmet şertnamasynyň şertlerini üýtgetmek

Zähmet şertnamasynyň şertlerini üýtgetmek hakynda iş beriji- şahsy tarap işgäri azyndan on dört senenama güni galanda ýazmaça görnüşde duýdurýar.

291-nji madda. Zähmet şertnamasyny bes etmek

1. Iş beriji - şahsy tarapda işleýän işgär bilen zähmet şertnamasy şu Kodeksde, şeýle hem zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça bes edilip bilner.

2. Işden boşatmak hakyndaky duýduryşyň möhletleri, şeýle hem zähmet şertnamasy bes edilende, işden çykylanda berilýän kömek pulunyň we beýleki öwez tölegleriniň halatlary we möçberleri zähmet şertnamasy bilen kesgitlenilýär.

292-nji madda. Iş beriji - şahsy tarapda işleýän işgärleriň zähmet we dynç alyş düzgüni

Iş düzgüni, dynç alyş günlerini we her ýylky tölenilýän rugsatlary bermek işgär bilen iş beriji - şahsy tarapyň arasyndaky ylalaşyk boýunça kesgitlenilýär. Şunda iş hepdesiniň dowamlylygy şu Kodeksde bellenilenden köp bolup bilmez, her ýylky tölegli rugsat bolsa az bolup bilmez.

293-nji madda. Iş beriji - şahsy taraplardaky işi tassyklaýan resminamalar

1. Iş beriji - şahsy tarapda işlenilen wagty tassyklaýan resminama zähmet depderçesidir. Zähmet işi hakyndaky maglumatlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde iş beriji - şahsy tarapyň salgyt hasabynyň ýerindäki döwlet salgyt gullugy tarapyndan olaryň zähmet depderçelerine girizilýär.

2. Iş beriji - şahsy tarapyň işgärleriň zähmet depderçelerine ýazgy geçirmäge, şeýle hem ilkinji gezek işe kabul edilýän işgärlere zähmet depderçelerini resmileşdirmäge hukugy ýokdur.

294-nji madda. Hususy zähmet jedellerini çözmek

Işgär bilen iş beriji - şahsy tarap tarapyndan özbaşdak düzgünleşdirilmedik hususy zähmet jedellerine kazyýet tarapyndan garalýar.

9 bap. Iş beriji - şahsy taraplarda işleýän öý işgärleriniň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

295-nji madda. Öý işgärleri

1. Öý işgärleri diýlip raýatlaryň öý hojalygyndaky işi zähmet şertnamasy boýunça ýerine ýetirýän, olara edebiýat, gaýry döredijilik işinde tehniki kömek berýän we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik hyzmatlaryň beýleki görnüşlerini edýän adamlar hasap edilýär.

2. I topardaky maýyplara ýa-da on alty ýaşyna ýetmedik maýyp çaga seredýän adamlar öý işgärleri däldirler. Görkezilen adamlaryň zähmet gatnaşyklarynyň aýratynlyklary Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

296-njy madda. Öý işgärleri bilen zähmet şertnamasyny baglaşmak

1. Öý işgärleri bilen zähmet şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylýar we möhletli hem-de möhletsiz bolup biler. Zähmet şertnamasy şertnama gol çekilen gününden başlap ýedi senenama gününiň içinde iş beriji - şahsy tarapyň salgyt hasaba alnan ýerinde bellige alynýar.

2. Eger iş gysga möhletli häsiýete eýe bolsa (bir aýyň içinde tutuşlygyna on güne çenli), zähmet şertnamasy baglaşylmaýar.

3. Aýry-aýry adamlaryň öý hojalygynda işleýän işgärleriň zähmet işi hakyndaky maglumatlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde iş beriji - şahsy tarapyň salgyt hasaba alnan ýerindäki döwlet salgyt gullugy tarapyndan olaryň zähmet depderçelerine girizilýär.

4. Zähmet şertnamasy boýunça işlenilen wagt Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde iş döwrüne goşulýar.

297-nji madda. Öý işgärleriniň zähmetine hak tölemek

1. Öý işgärleriniň zähmetine hak tölemek zähmet şertnamasynda kesgitlenilýän tertipde we möçberlerde geçirilýär, ýöne ol Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň az zähmet hakyndan pes bolmaly däldir.

2. Öý işgäriniň zähmet haky Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salynmaga degişlidir.

298-nji madda. Öý işgärleriniň iş wagty we dynç alyş wagty

1. Öý işgärleriniň iş wagty we dynç alyş wagty zähmet şertnamasynyň taraplarynyň arasyndaky ylalaşyk boýunça düzgünleşdirilýär. Şunda iş hepdesiniň dowamlylygy şu Kodeksde bellenilenden köp bolup bilmez.

2. Dynç almagyň anyk günlerini zähmet şertnamasynyň taraplary belleýär.

3. Öý işgärleri şu Kodeksde bellenilen tertipde we şertlerde dowamlylygy azyndan otuz senenama günündäki her ýylky tölenilýän rugsada bolan hukuga eýedirler.

299-njy madda. Öý işgärleri bilen zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak)

1. Zähmet şertnamasy işgäriň syrkawlan döwrüni hasaba almazdan taraplaryň her biriniň başlangyjy boýunça islendik wagt sebäpleri yglan edilmezden bes edilip (ýatyrylyp) bilner, şonda iş berijiniň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasyny bes etmäge diňe işgäriň zähmete ukyplylygyny ýitiren gününden başlap iki hepde geçenden soň ýol berilýär.

2. Zähmet şertnamasyny bes etmek hakynda oňa girizilen ýazgy bilen zähmet şertnamasy taraplar bu şertnamany bellige alan edara berýärler.

300-nji madda. Öý işgärleriniň döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy

Öý işgärleriniň zähmet hakyna Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde we möçberlerde döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna serişdeler geçirilýär.

10 bap. Öýünde işleýän işçileriň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

301-nji madda. Öýünde işleýän işçiler

1. Öýünde işleýän işçiler diýlip we iş beriji tarapyndan berilýän ýa-da öýünde işleýän işgäriň öz hasabyna alan materiallaryny, gurallaryny we mehanizmlerini peýdalanmak bilen öýünde işi (hyzmatlary) ýerine ýetirmek hakynda zähmet şertnamasyny baglaşan adamlar hasap edilýär.

2. Öýünde işleýän işçi öz gurallaryny we mehanizmlerini peýdalanan mahalynda oňa olaryň könelmegi üçin öwez puly tölenilýär. Şeýle öwez puluny tölemek, şonuň ýaly-da işleriň öýünde ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly beýleki çykdajylaryň (elektrik energiýasynyň, suwuň we ş.m. gymmaty) öwezini dolmak iş beriji tarapyndan zähmet we köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) kesgitlenilýän tertipde geçirilýär.

3. Öýünde işleýän işçileri çig mal, materiallar we ýarym fabrikatlar bilen üpjün etmegiň, taýýarlanan önüm üçin hasaplaşyklaryň, öýde işleýän işçilere degişli materiallaryň gymmatyny tölemegiň tertibi we möhletleri, taýýar önümi äkitmegiň tertibi we möhletleri, enjamlary, mehanizmleri we abzallary hyzmat etmek we abatlamak zähmet we köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen kesgitlenilýär.

4. Öýünde işleýänlere şu Kodeksde bellenilen aýratynlyklar bilen Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy degişlidir.

302-nji madda. Öýünde işleýän işçileriň zähmetiniň guralyşy we şertleri

1. Öýünde işleýän işçi tarapyndan ýerine ýetirilýän işler (hyzmatlar) onuň saglyk ýagdaýyna zyýanly bolup bilmez we zähmeti goramagyň degişli talaplarynyň şertlerinde ýerine ýetirilmelidir.

2. Ýangyn howpsuzlygynyň we sanitariýanyň umumy bellenilen düzgünlerine, şonuň ýaly-da öýünde işleýän işçileriň ýaşaýyş-durmuş şertlerine laýyklykda öýünde ýerine ýetirilýän işleriň (hyzmatlaryň) aýry-aýry görnüşlerine diňe degişli edaralaryň rugsady bilen ýol berlip bilner.

303-nji madda. Öýünde işleýän işçiler bilen zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak)

Öýünde işleýän işçiler bilen zähmet şertnamasy şu Kodeksde we zähmet şertnamasynda kesgitlenilýän tertipde bes edilýär (ýatyrylýar).

11 bap. Wagtlaýyn işlerde işleýän adamlaryň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

304-nji madda. Wagtlaýyn işlerde işleýän adamlar

Wagtlaýyn işlerde işleýän adamlar diýlip iki aýa çenli möhlete işe kabul edilen adamlar (wagtlaýyn işgärler) hasap edilýär.

305-nji madda. Wagtlaýyn işgärler bilen zähmet şertnamasyny baglaşmak

1. Wagtlaýyn işgärler bilen zähmet şertnamasy baglaşylanda olar üçin synag möhleti bellenilmeýär.

2. Iki aýa çenli möhlete zähmet şertnamasyny baglaşan wagtlaýyn işgärlere tölenilýän rugsatlar berilmeýär.

306-njy madda. Wagtlaýyn işgärleri dynç alyş günlerinde, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işe çekmek

1. Wagtlaýyn işgärler wagtlaýyn iş möhletiniň çäklerinde dynç alyş günlerinde, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde olaryň ýazmaça razylygy bilen işe çekilip bilner.

2. Dynç alyş günlerindäki, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerindäki iş iki esse möçberinde pul görnüşinde öwezi dolunýar.

307-nji madda. Wagtlaýyn işgärler bilen zähmet şertnamasyny bes etmek

1. Wagtlaýyn işgär zähmet şertnamasyny möhletinden öň bes etmek hakynda azyndan üç senenama güni galanda iş berijini ýazmaça görnüşde duýdurmaga borçludyr.

2. Iş beriji şu aşakdakylar bilen baglanyşykly işden geljekki boşatma hakynda azyndan üç senenama güni galanda wagtlaýyn işgäri gol çekdirip ýazmaça görnüşde duýdurmaga borçludyr:

1) kärhananyň ýatyrylmagy ýa-da iş beriji - şahsy tarap tarapyndan işiň bes edilmegi bilen;

2) işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy bilen;

3) iş berijide önümçilik häsiýetli sebäpler boýunça bir hepdeden köp bolmadyk möhletde işiň togtadylmagy, şeýle hem iş möçberiniň gysgaldylmagy bilen;

4) zähmete wagtlaýyn ukypsyzlygyň netijesinde bassyr iki hepdeden gowrak wagtlap işe gelmezlik bilen. Zähmet şikesiniň ýa-da hünär keseliniň netijesinde zähmete ukyplylyk ýitirilen mahalynda, şeýle hem belli bir kesel mahalynda Türkmenistanyň kanunçylygy bilen iş ýerini (wezipesini) saklap galmagyň has uzak möhleti bellenilen bolsa, zähmete ukyplylyk dikeldilýänçä ýa-da maýyplyk bellenilýänçä wagtlaýyn işgärlerde iş ýeri (wezipesi) saklanyp galýar, ýöne ol zähmet şertnamasy boýunça iş möhletiniň tamamlanmagyndan köp bolmaly däldir;

5) Şu Kodekse laýyklykda zähmet şertnamasy, kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary bilen wagtlaýyn işgärleriň üstüne ýüklenen borçlaryň esasly sebäpleri bolmazdan olar tarapyndan ýerine ýetirilmezligi bilen.

308-nji madda. Wagtlaýyn işgärlere işden çykylanda berilýän kömek puly

Wagtlaýyn işgärlere işden çykylanda berilýän kömek puly harby gulluga çagyrylanda ýa-da oňa başlanda iki hepdelik ortaça zähmet haky möçberinde tölenilýär.

309-njy madda. Wagtlaýyn işgäre mejbury boş bolunan wagt üçin ortaça zähmet hakyny tölemek

1. Zähmet jedellerine garaýan edaranyň karary boýunça işe dikeldilen wagtlaýyn işgäre işden boşan gününden başlap işe dikeldilen gününe çenli ýa-da zähmet şertnamasy boýunça iş möhletiniň gutarmagyna çenli mejbury boş bolnan wagt üçin ortaça zähmet haky tölenilýär, ýöne ol iki aýdan köp bolmaly däldir.

2. Pes hak tölenilýän başga işe bikanun geçirilen wagtlaýyn işgäre şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda mejbury boş bolnan wagt üçin ortaça zähmet haky ýa-da görkezilen işi ýerine ýetiren wagty üçin zähmet hakynyň tapawudy tölenilýär.

310-njy madda. Wagtlaýyn işgärler bilen zähmet şertnamasyny uzaltmak

1. Wagtlaýyn işgärler bilen zähmet şertnamasy çäklendirilmedik möhlete uzaldylan diýlip hasap edilýär, eger:

1) wagtlaýyn işgär iki aýdan köp işlän bolsa we taraplaryň hiç birisi-de zähmet gatnaşyklaryny bes etmegi talap etmedik bolsa;

2) işden boşadylan wagtlaýyn işgär bir hepdeden geçmeýän arakesmeden soň şol bir iş berijä täzeden işe kabul edilen bolsa, eger şunda onuň arakesmeden öň we soň işlän möhleti umumylykda degişlilikde iki aýdan geçen mahalynda.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen halatlarda wagtlaýyn işgärler zähmet şertnamasynyň baglaşylan gününden başlap wagtlaýyn işgärler hasap edilmeýär.

12 bap. Dini guramalaryň işgärleriniň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

311-nji madda. Dini guramadaky zähmet

şertnamasynyň taraplary

1. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde bellige alnan dini gurama iş beriji bolup durýar.

2. On sekiz ýaşyna ýeten, dini gurama bilen zähmet şertnamasyny baglaşan, özi belli bir işi ýerine ýetirýän we dini guramanyň tertipnamasyna tabyn bolan adam işgär bolup durýar.

312-nji madda. Dini guramanyň zähmet şertnamasynyň taraplarynyň hukuklary we borçlary

Zähmet şertnamasynyň taraplarynyň hukuklary we borçlary dini guramanyň tertipnamasynda göz öňünde tutulan aýratynlyklary hasaba almak bilen kesgitlenilýär.

313-nji madda. Dini gurama bilen zähmet şertnamasyny baglaşmagyň we üýtgetmegiň aýratynlyklary

1. Işgär bilen dini guramanyň arasynda zähmet şertnamasy kesgitli möhlete baglaşylyp bilner.

2. Zähmet şertnamasy baglaşylanda işgär Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik şu şertnamada kesgitlenen islendik işi (hyzmaty) ýerine ýetirmäge borçlanýar.

3. Zähmet şertnamasyna şu Kodekse we dini guramanyň tertipnamasyna laýyklykda işgär üçin we iş beriji hökmünde dini gurama üçin mahsus bolan şertler goşulýar.

4. Zähmet şertnamasynyň şertlerini üýtgetmek zerurlygy bolan mahalynda dini gurama bu hakda olaryň girizilmegine azyndan bir aý galanda işgäre ýazmaça görnüşde duýdurmaga borçludyr.

314-nji madda. Dini guramada işleýän adamlaryň iş wagtynyň düzgüni

Dini guramada işleýän adamlaryň iş wagtynyň düzgüni dessurlary ýa-da dini guramanyň tertipnamasynda kesgitlenen onuň beýleki işini amala aşyrmagyň düzgüninden ugur alnyp, iş wagtynyň şu Kodeksde bellenilen kadaly dowamlylygyny hasaba almak bilen kesgitlenilýär.

315-nji madda. Dini guramanyň işgärleriniň maddy jogapkärçiligi

Dini guramanyň işgäri bilen dini guramanyň tertipnamasynda kesgitlenen sanawa laýyklykda doly maddy jogapkärçilik hakynda şertnama baglaşylyp bilner.

316-njy madda. Dini guramanyň işgäri bilen zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak)

Dini guramanyň işgäri bilen zähmet şertnamasy şu Kodeksde göz öňünde tutulan esaslardan başga-da zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça bes edilip (ýatyrylyp) bilner.

317-nji madda. Dini guramanyň işgärleriniň hususy zähmet jedellerine garamak

Işgär bilen iş beriji - dini gurama tarapyndan özbaşdak düzgünleşdirilmedik hususy zähmet jedellerine şu Kodeksde kesgitlenýän tertipde garalýar.

XIV bölüm. Işgärleriň hünär taýýarlygy, olary gaýtadan taýýarlamak we hünärini ýokarlandyrmak. Iş orunlarynyň we işgärleriň hünär synagy

1 bap. Işgärleri hünär taýdan taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we hünärini ýokarlandyrmak

318-nji madda. Işgärleriň hünär taýýarlygy, gaýtadan taýýarlygy we hünärini ýokarlandyrmagy boýunça iş berijiniň hukuklary we borçlary

1. Iş beriji öz hajatlary üçin işgärleriň hünär taýýarlygynyň we gaýtadan taýýarlygynyň zerurlygyny we talabyny özbaşdak kesgitleýär.

2. Iş beriji zähmet ýa-da köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) kesgitlenilýän şertlerde we tertipde işgärleriň hünär taýýarlygyny, gaýtadan taýýarlygyny we hünäriniň ýokarlandyrylmagyny geçirýär.

3. Işgärleriň hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlamagyň we hünärini ýokarlandyrmagyň görnüşleri, zerur hünärleriň sanawy iş beriji tarapyndan kesgitlenilýär.

4. Eger munuň özi işiň (gullugyň) belli bir görnüşleriniň işgärler tarapyndan ýerine ýetirilmegi şert bolup durýan bolsa, şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan halatlarda iş beriji işgärleriň hünäriniň ýokarlandyrylmagyny geçirmäge borçludyr.

5. Hünär taýýarlygyny geçýän işgärlere iş beriji işi okuw bilen utgaşdyrmak üçin zerur şertleri döretmelidir, şu Kodeksde, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda, zähmet we köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) bellenilen kepillikleri bermelidir.

6. Eger işgär hünär taýýarlygy, gaýtadan taýýarlygy, hünärini ýokarlandyrmagy gutarandan soň esasly sebäpler bolmazdan, şertnama boýunça öz borçnamalaryny ýerine ýetirmese, ol iş berijä bu maksatlar üçin onuň çeken çykdajylaryny tölemäge borçludyr.

319-njy madda. Işgärleriň hünär taýýarlygyna, gaýtadan taýýarlyga we hünärini ýokarlandyrmaga bolan hukugy

Işgärler hünär taýýarlygyna, gaýtadan taýýarlyga we hünärini ýokarlandyrmaga, şeýle hem täze hünärleri öwrenmäge bolan hukuga eýedirler.
Hünär taýýarlygyna bolan hukuk şu bölümiň 3-nji babyna laýyklykda şägirtlik görnüşinde durmuşa geçirilýär.

2 bap. Iş orunlarynyň we işgärleriň hünär synagy

320-nji madda. Iş orunlarynyň hünär synagy

1. Iş beriji zähmeti goramak boýunça çäreleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda zähmetiň şertlerine baha bermek maksady bilen iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmelidir.

2. Kärhanada azyndan bäş adamdan ybarat hünär synagy topary döredilip, onuň düzümine zähmeti goramak, zähmeti guramak we zähmet haky gulluklarynyň hünärmenleri, baş hünärmenler, kärhananyň gurluş düzüm birlikleriniň ýolbaşçylary, kärdeşler arkalaşygyň we (ýa-da) işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasynyň wekilleri girýär.

3. Iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň möhletleri zähmet şertleriniň we häsiýetiniň üýtgemeginden ugur alnyp bellenilýär, ýöne ol üç ýylda bir gezekden az bolmaly däldir.

4. Iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň netijeleri boýunça olaryň köpçülikleýin gysgaldylmagy ýol berilmesizdir.

5. Iş orunlarynyň hünär synaglary Zähmet şertleri boýunça iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň tertibi hakyndaky birkysmy düzgünnama laýyklykda geçirilýär.

321-nji madda. Işgärleriň hünär synagy, ony geçirmegiň tertibi we şertleri

1. Iş beriji işgärleriň hünär derejesini barlamak, işewür sypatlaryny kesgitlemek, şu Kodeksiň 322-nji maddasynda görkezilen işgärlerden başga kärine, hünärine, eýeleýän wezipesine olaryň laýyk gelşini ýüze çykarmak maksady bilen işgärleriň hünär synagyny geçirýär.

2. Diňe degişli wezipede ýa-da iş ornunda azyndan üç ýyl işlän işgärler hünär synagyndan geçip bilerler. Her bir işgär üç ýylda bir gezek hünär synagyny geçip biler.

3. Kärhanada işgärleriň hünär synagyny geçirmek üçin iş berijiniň buýrugy bilen ýeterlik tejribe toplan, degişli pudakda ýokary hünär bilimlerine eýe bolan adamlardan, şeýle hem kärdeşler arkalaşygynyň we (ýa-da) işgärleriň beýleki wekilçilikli edaranyň wekilinden ybarat hünär synagy topary döredilýär. Hünär synagy toparynyň düzümine ýokarda durýan edaranyň, şeýle hem beýleki ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hünärmenleri goşulyp bilner. Işgäriň ýolbaşçysy hünär synagy toparynyň agzasy bolup bilmez.

4. Hünär synagy topary azyndan bäş adamdan ýa-da agzalaryň başga täk sanyndan durýar. Hünär synagy toparynyň ygtyýarlyklarynyň möhleti iş berijiniň buýrugy bilen kesgitlenilýär.

5. Hünär synagy ýazmaça ýa-da dilden aýdylýan görnüşde geçirilýär. Hünär synagy üçin sowallar işgärleriň diňe eýeleýän wezipesi (käri), zähmet wezipeleri, hünäri (käri), ýerine ýetirýän işi we olaryň netijeleri, şeýle hem işgärleriň eýeleýän wezipesine (kärine) laýyk gelşini kesgitlemek üçin gerek bolan, zähmet şertnamasynda kesgitlenen hukuklar we borçlar boýunça borçlaryndan ugur alnyp döredilýär.

6. Hünär synagy topary işgäriň eýeleýän wezipesine (kärine) laýyk gelýänligi ýa-da gelmeýänligi hakdaky çözgütleriň diňe ikisinden birini kabul edýär. Şunuň bilen bir hatarda hünär synagy topary bu çözgüdinde iş berijä işgäri başga wezipede (kärde) peýdalanmagyň maksadalaýyklygy hakdaky maslahaty berip biler.

7. Eýeleýän wezipesine laýyk gelmeýändigi hakynda hünär synagy topary tarapyndan çözgüt çykarylan işgär bilen zähmet şertnamasy iş beriji tarapyndan şu Kodeksiň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 3-nji bendine laýyklykda ýatyrylyp bilner.

8. Iş beriji hünär synagy toparynyň maslahatyny nazara alyp, işgäriň razylygy bilen ony başga laýyk gelýän wezipä (käre) geçirip biler.

9. Iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň netijeleriniň esasynda iş beriji işgärler bilen zähmet şertnamalaryny ýatyryp bilmez.

10. Hünär synagynyň geçirilýän wagty esasly sebäp boýunça işde ýok işgäriň hünär synagy başga wagta geçirilýär.

322-nji madda. Hünär synagyna degişli bolmadyk işgärler

Kärhanada şu aşakdaky işgärleriň hünär synagy geçirilmeýär:

1) ýokarda durýan edara tarapyndan wezipä bellenenleriň;

2) saýlawly wezipä saýlananlaryň;

3) on sekiz ýaşyna ýetmedikleriň;

(4-nji bendi Türkmenistanyň 15.01.2010 ý. № 82-IV kanuny esasynda güýjüni ýitiren;)

5) göwreli aýallaryň;

6) çaga seretmek boýunça rugsat gutaryp işe çykandan soň degişli wezipede (kärde) bir ýyldan az işlän aýallaryň;

7) maýyplaryň;

8) şu Kodeksiň 50-nji maddasynda bellenilen pensiýa ýaşyndakylaryň we pensiýa ýaşyna ýetip barýanlaryň;

9) köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulan halatlarda hünär synagyna degişli bolmadyklaryň.

(2010-njy ýylyň 15-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 1, 6-nji madda)

3 bap. Şägirtlik görnüşinde hünär taýýarlygy

323-nji madda. Şägirtlik şertnamasy

1. Iş berijiniň şu Kodeksde kesgitlenýän tertipde kärhanada adama hünär öwretmek üçin şägirtlik şertnamasyny baglaşmaga hukugy bardyr.

2. Şägirtlik şertnamasynda şu aşakdakylar bolmalydyr: taraplaryň ady; şägirdiň alýan anyk kärini, hünärini görkezmek; iş berijiniň şägirtlik şertnamasyna laýyklykda işgäre öwrenmek mümkinçiligini üpjün etmek; işgäriň okuw geçmek we alnan käre, hünäre laýyklykda kärhanada iş beriji bilen şägirtlik şertnamasynda bellenen möhletiniň dowamynda zähmet şertnamasy boýunça işlemek borjy; şägirtligiň möhleti; şägirtlik

töleginiň möçberi.

Şägirtlik şertnamasynda taraplaryň ylalaşygy bilen kesgitlenen beýleki şertler hem bolup biler.

324-nji madda. Şägirtlik şertnamasynyň möhleti

1. Şägirtlik şertnamasy şeýle şertnamada bellenilen möhletiň içinde kärhanada belli bir kär, hünär boýunça öwretmek, hünär we iş almak üçin zerur bolan möhlete baglaşylýar.

2. Şägirtlik şertnamasy şu Kodeksde kesgitlenilýän tertipde baglaşylýar.

325-nji madda. Şägirtlik şertnamasynyň hereketi

1. Şägirtlik şertnamasy şu şertnamada görkezilen günden başlap onda göz öňünde tutulan möhletiň içinde hereket edýär.

2. Şägirtlik şertnamasynyň hereketi şägirdiň syrkawlan, onuň harby ýygnanyşyklary geçen wagtyna we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda uzaldylýar.

3. Şägirtlik şertnamasynyň hereket ediş möhletiniň içinde onuň mazmuny diňe taraplaryň ylalaşygy boýunça üýtgedilip bilner.

326-njy madda. Şägirtligi guramak

Şägirtlik ýekeleýin, brigadalaýyn, toparlaýyn we başga hili öwretmek arkaly guralýar.

327-nji madda. Şägirtligiň wagty

1. Şägirtligiň wagty hepdäniň dowamynda degişli işler ýerine ýetirilende, degişli ýaşdaky, hünärdäki, kärdäki işgärler üçin bellenilen iş wagtynyň kadalaryndan ýokary geçmeli däldir.

2. Kärhanada okuw geçýän işgärler iş beriji bilen ylalaşyp zähmet şertnamasy boýunça işden doly boşadylyp ýa-da doly däl iş wagtynyň şertlerinde bu işi ýerine ýetirip bilerler.

3. Şägirtlik şertnamasynyň hereket edýän döwründe işgärler gijeki işlere, iş wagtyndan daşary işlere, dynç alyş günlerindäki we işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerindäki işe çekilip, şägirtlik bilen baglanyşykly bolmadyk gulluk iş saparlaryna iberilip bilinmez.

328-nji madda. Şägirtligiň tölegi

1. Şägirtlere şägirtlik döwründe talyp haky tölenilip, onuň möçberi şägirtlik şertnamasynda kesgitlenýär we ol alnan käre, hünäre, kwalifikasiýa baglydyr, ýöne ol Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň az zähmet hakyndan pes bolup bilmez.

2. Tejribe okuwlarynda şägirdiň ýerine ýetirýän işi bellenilen bahalar boýunça tölenilýär.

329-njy madda. Şägirtleriň zähmetini goramak

Zähmeti goramagyň meselelerini düzgünleşdirýän şu Kodeksiň we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň täsiri şägirtlere degişlidir.

330-njy madda. Şägirtlik şertnamasynyň şertleriniň hakyky däldigi

Şägirtlik şertnamasynyň şu Kodekse, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyga) ters gelýän şertleri hakyky däldir we ulanylmaýar.

331-nji madda. Şägirtlik tamamlanandan soň şägirtleriň hukuklary we borçlary

1. Şägirtligi üstünlikli tamamlan adamlara iş beriji bilen zähmet şertnamasy baglaşylanda okuw şertnamasyna laýyklykda synag möhleti bellenilmeýär.

2. Eger şägirt şägirtlik tamamlanandan soň esasly sebäpler bolmazdan şägirtlik şertnamasy boýunça öz borçnamalaryny ýerine ýetirmese, şol sanda işe girişmese, ol şägirtlik döwründe alan talyp hakyny iş berijä gaýtarmaga, şeýle hem iş berijiniň şägirtlik bilen baglanyşykly çeken beýleki çykdajylaryny tölemäge borçludyr.

XV bölüm. Zähmet çygrynda durmuş hyzmatdaşlygy

332-nji madda. Durmuş hyzmatdaşlygy düşünjesi

Zähmet çygrynda durmuş hyzmatdaşlygy (mundan beýläk - durmuş hyzmatdaşlygy) - işgärleriň (işgärleriň wekilleriniň), iş berijileriň (iş berijileriň wekilleriniň), döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň arasynda zähmet we olar bilen gös-göni baglanyşykly beýleki gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň meseleleri boýunça işgärleriň hem-de iş berijileriň bähbitleriniň ylalaşylmagyny üpjün etmäge gönükdirilen ulgamdyr.

333-nji madda. Durmuş hyzmatdaşlygynyň esasy ýörelgeleri

Şu aşakdakylar durmuş hyzmatdaşlygynyň esasy ýörelgeleridir:

1) taraplaryň wekilleriniň doly ygtyýarlylygy;

2) taraplaryň deň hukuklylygy;

3) durmuş hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga we ösdürmäge döwletiň ýardam etmegi;

4) ara alyp maslahatlaşmak üçin girizilýän meseleleriň sanawyny saýlamak erkinligi;

5) taraplaryň borçnamalary kabul etmek meýletinligi we taraplaryň olary ýerine ýetirmeginiň hökmanylygy;

6) taraplaryň özüne kabul edýän borçnamalarynyň hakykylygy;

7) taraplaryň bähbitlerine hormat goýulmagy we hasaba alynmagy;

8) taraplaryň we olaryň wekilleriniň zähmet kanunçylygyny we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny berjaý etmegi;

9) kabul edilen köpçülikleýin şertnamalaryň we ylalaşyklaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;

10) taraplaryň, olaryň wekilleriniň köpçülikleýin şertnamalary we ylalaşyklary öz günäleri boýunça ýerine ýetirilmezligi üçin jogapkärçiligi.

334-nji madda. Durmuş hyzmatdaşlygynyň taraplary

Bellenilen tertipde ygtyýarly edilen, wekiller tarapyndan wekilçilik edilýän işgärler we iş berijiler durmuş hyzmatdaşlygynyň taraplarydyr.

335-nji madda. Işgärleriň wekilleri

Işgärleriň wekilleri - kärdeşler arkalaşyklary birleşikleriniň edaralary, Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklarynyň Tertipnamasynda göz öňünde tutulan olaryň birleşikleri, zähmetkeşler köpçüliginiň umumy ýygnagy (konferensiýasy), şeýle hem işgärler tarapyndan ygtyýarly edilen beýleki adamlar we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde döredilen guramalardyr.

336-njy madda. Iş berijiniň wekilleri

1. Kärhananyň ýolbaşçysy, şu Kodekse, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, kärhananyň esaslandyryjy resminamalaryna laýyklykda, onuň ygtyýarly eden adamlary iş berijiniň wekilleri bolup bilerler.

2. Döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary iş berijileriň - döwlet kärhanalarynyň wekilleri bolup bilerler.

3. Köpçülikleýin gepleşikler geçirilende, ylalaşyklar baglaşylanda ýa-da üýtgedilende, olary baglaşmak ýa-da üýtgetmek boýunça köpçülikleýin zähmet jedelleri çözülende iş berijileriň bähbitlerine olaryň degişli birleşikleri, şeýle hem iş berijileriň beýleki wekilleri wekilçilik edýärler.

337-nji madda. Kärhananyň zähmetkeşler köpçüligi

1. Kärhananyň zähmetkeşler köpçüligini zähmet şertnamasynyň esasynda onuň işine gatnaşýan ähli işgärler düzýär, kärhananyň ýolbaşçysy we onuň orunbasarlary muňa degişli däldir.

2. Kärhananyň zähmetkeşler köpçüligi iş beriji bilen köpçülikleýin şertnamany baglaşmak, kärhananyň işgärlerine durmuş ýeňilliklerini bermek, kärhananyň jemgyýetçilik birleşiklerini döretmek bilen baglanyşykly meseleleri çözýär, köpçülikleýin şertnamasyna laýyklykda beýleki meselelere garaýar.

338-nji madda. Durmuş hyzmatdaşlygy ulgamy

Durmuş hyzmatdaşlygy ulgamy durmuş hyzmatdaşlygy taraplaryň özara hereketiniň esasynda, şu aşakdaky derejede gurulýar:

1) döwlet;
2) çäk;
3) pudak;
4) kärhana.

339-njy madda. Durmuş hyzmatdaşlygynyň görnüşleri

Durmuş hyzmatdaşlygy şu aşakdaky görnüşlerde amala aşyrylýar:

1) köpçülikleýin şertnamalaryň, ylalaşyklaryň taslamalaryny taýýarlamak we olary baglaşmak boýunça köpçülikleýin gepleşikler;

2) zähmet gatnaşyklaryny we olar bilen gös-göni baglanyşykly beýleki gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň, işgärleriň zähmet hukuklarynyň kepilliklerini üpjün etmegiň we Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyny kämilleşdirmegiň meseleleri boýunça özara maslahat bermeler (gepleşikler);

3) işgärleriň, olaryň wekilleriniň kärhanany dolandyrmaga gatnaşmagy;

4) işgärleriň we iş berijileriň wekilleriniň zähmet jedellerini çözmäge gatnaşmagy.

340-njy madda. Köpçülikleýin gepleşikler

1. Köpçülikleýin şertnamany, ylalaşygy işläp taýýarlamak, baglaşmak, üýtgetmek ýa-da üstüni ýetirmek üçin iş beriji bilen kärhananyň işgärleriniň wekilçilikli edarasynyň arasynda köpçülikleýin gepleşikler geçirilýär.

2. Köpçülikleýin şertnamany baglaşmak we üýtgetmek, onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek hakynda köpçülikleýin gepleşikler geçirilende, şeýle hem kärhanany dolandyrmaga gatnaşmak hukuklary durmuşa geçirilende, iş beriji bilen işgärleriň zähmet jedellerine garalanda kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasy ýa-da işgärler tarapyndan saýlanylýan beýleki wekiller kärhananyň işgärleriniň bähbitlerine wekilçilik edýärler.

3. Ylalaşyklary baglaşmak we üýtgetmek hakynda köpçülikleýin gepleşikler geçirilende, ylalaşyklary baglaşmak ýa-da üýtgetmek boýunça köpçülikleýin zähmet jedelleri çözülende, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edilende, şeýle hem durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça toparlar döredilende we olaryň işi amala aşyrylanda degişli kärdeşler arkalaşygy edaralary işgärleriň bähbitlerine wekilçilik edýärler.

4. Köpçülikleýin gepleşiklere başlamak hakyndaky teklip bilen ýazmaça görnüşde habarnama alan tarapyň wekilleri görkezilen teklibi alan gününden başlap ýedi senenama gününiň içinde gepleşiklere girişmäge borçludyrlar, köpçülikleýin gepleşikleri alyp barmak baradaky toparyň işine gatnaşmak üçin özi tarapyndan wekiller we olaryň ygtyýarlyklary görkezilen jogaby, köpçülikleýin gepleşikleri geçirmegiň başyny başlaýja iberýär. Köpçülikleýin gepleşikleri geçirmegiň başyny başlaýjy tarapyndan görkezilen jogabyň alnan gününiň yzyndan gelýän gün köpçülikleýin gepleşiklere başlanýan gündür.

5. Köpçülikleýin şertnamany, ylalaşygyny işläp taýýarlamak, baglaşmak we üýtgetmek boýunça köpçülikleýin gepleşiklere başlaýjy bolup taraplaryň islendigi çykyş etmäge haklydyr. Taraplaryň hiç biriniň-de köpçülikleýin gepleşikleri geçirmekden boýun gaçyrmaga haky ýokdur.

341-nji madda. Köpçülikleýin gepleşikleri geçirmegiň tertibi

1. Köpçülikleýin gepleşikleri alyp barmak we köpçülikleýin şertnamanyň, ylalaşygyň taslamasyny taýýarlamak üçin taraplar deňhukukly esasda kärdeşler arkalaşygy edarasynyň wekillerinden, şeýle hem zerur ygtyýarlyklar berlen beýleki wekillerden iş toparyny döredýärler.

2. Iş toparynyň düzümi, gepleşikleriň möhletleri, geçirilýän ýeri we gün tertibi taraplaryň karary bilen kesgitlenilýär.

3. Köpçülikleýin gepleşiklere gatnaşýan taraplara ylalaşygyň, köpçülikleýin şertnamanyň mazmunyny düzýän meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga mümkinçilik berilýär.

4. Iş berijiler we olaryň birleşikleri, ýerine ýetiriji häkimiýet edaralary köpçülikleýin gepleşikleri geçirmek üçin özlerinde bar bolan maglumaty kärdeşler arkalaşyklaryna ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli edaralaryna bermelidirler. Köpçülikleýin gepleşiklere gatnaşyjylar, gepleşikler bilen baglanyşykly beýleki adamlar, eger alnan maglumatlar döwlet syry ýa-da täjirçilik syry bolsa, olary aýan etmeli däldirler. Bu maglumatlary jar edýän adamlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýärler.

5. Eger köpçülikleýin gepleşikleriň barşynda taraplar özlerine bagly bolmadyk sebäpler boýunça ylalaşyga gelip bilmeseler, teswirnama düzülýär, oňa bu sebäpleri düzetmek üçin zerur bolan çäreler, köpçülikleýin gepleşikleri gaýtadan başlamagyň möhleti hakynda gutarnykly düzülen teklipler girizilýär.

342-nji madda. Köpçülikleýin gepleşiklerde ýüze çykýan agzalalyklary çözmek

Köpçülikleýin gepleşikleriň barşynda ýüze çykýan agzalalyklary çözmek köpçülikleýin zähmet jedellerine garamak üçin bellenilen tertipde geçirilýär.

343-nji madda. Köpçülikleýin gepleşiklere gatnaşýan adamlara berilýän kepillikler we öwez dolmalary

1. Köpçülikleýin gepleşiklere, köpçülikleýin şertnamanyň, ylalaşygyň taslamasyny taýýarlamaga gatnaşýan adamlar esasy işinden boşadylýarlar we taraplaryň ylalaşygy esasynda kesgitlenilýän, ýöne kyrk bäş senenama gününden köp bolmadyk möhletiň dowamynda olaryň ortaça zähmet haky saklanyp galýar.

2. Köpçülikleýin gepleşiklere gatnaşylmagy bilen baglanyşykly bolan ähli çykdajylaryň öwezi Türkmenistanyň kanunçylygynda, köpçülikleýin şertnamada, ylalaşykda bellenilen tertipde dolunýar. Bilermenleriň we hünärmenleriň eden hyzmatynyň hakyny, eger köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) başgaça göz öňünde tutulmajak bolsa, çagyrýan tarap töleýär.

3. Köpçülikleýin gepleşiklere gatnaşýan işgärleriň wekilleri, şol gepleşikleriň alnyp barylýan döwründe olary wekilçilige ygtyýarly eden edaranyň deslapky razyçylygy bolmasa, eger eden etmişi üçin şu Kodekse, işden boşatmagy göz öňünde tutýan Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda zähmet şertnamasynyň ýatyrylýan halatlaryndan başga halatlarda olara düzgün-nyzam temmisi berlip bilinmez, olar başga işe geçirilip ýa-da iş berijiniň başlangyjy bilen işden boşadylyp bilinmez.

344-nji madda. Köpçülikleýin şertnamalar diýen düşünje we onuň maksady

1. Köpçülikleýin şertnama - kärhanadaky durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hem-de işgärleriň we iş berijiniň, olaryň ygtyýarly edilen wekilleriniň üsti bilen baglaşylýan hukuk namasydyr.

2. Köpçülikleýin şertnama zähmet gatnaşyklarynyň şertnama esasynda düzgünleşdirilmegine ýardam etmek we işgärleriň we iş berijileriň durmuş-ykdysady bähbitlerini biri-biri bilen sazlaşdyrmak maksady bilen baglaşylýar.

3. Eger köpçülikleýin gepleşikleriň başlanan gününden bäri geçen kyrk bäş senenama günüň dowamynda köpçülikleýin şertnamanyň taslamasynyň aýry-aýry düzgünleri boýunça taraplaryň arasynda ylalaşyk gazanylyp bilinmese, taraplar ylalaşylan şertlerde köpçülikleýin şertnama gol çekmelidirler, şol bir wagtyň özünde hem agzalalyklar teswirnamasyny düzmelidirler.

4. Köpçülikleýin şertnama tutuş kärhanada, onuň edara görnüşindäki tarap hukugy berlen aýrybaşga ýerleşýän bölümlerinde, şeýle hem şahamçalarda we wekilhanalarda baglaşylýar. Kärhananyň aýrybaşga ýerleşýän bölüminde, şahamçasynda we wekilhanasynda köpçülikleýin şertnama baglaşylanda degişli bölümiň

iş beriji tarapyndan ygtyýarly edilen ýolbaşçysy iş berijiniň wekili hasap edilýär.

345-nji madda. Köpçülikleýin şertnamany baglaşmagyň zerurlygy hakyndaky çözgüdiň kabul edilmegi

Iş beriji bilen köpçülikleýin şertnamany baglaşmagyň zerurlygy hakyndaky çözgüdi kabul etmek hukugyna ygtyýarly edilen edaralary arkaly kärdeşler arkalaşyklary, işgärler tarapyndan ygtyýarly edilen beýleki wekilçilikli edaralary ýa-da zähmetkeşler köpçüliginiň gös-göni umumy ýygnagy (konferensiýasy) eýedirler.

346-njy madda. Köpçülikleýin şertnamanyň taraplary

Köpçülikleýin şertnama bir tarapdan işgärleriň kärdeşler arkalaşyklarynyň ýa-da beýleki wekilçilikli edaralaryň üsti bilen işgärler bilen baglaşylýar, beýleki tarapdan bolsa iş beriji tarapyndan gös-göni ýa-da onuň ygtyýarly eden wekilleri bilen baglaşylýar.

347-nji madda. Köpçülikleýin şertnamanyň mazmuny we düzümi

1. Köpçülikleýin şertnamanyň mazmunyny we düzümini taraplar kesgitleýärler.

2. Köpçülikleýin şertnama iş berijiniň hem-de işgärleriň aşakdaky meseleler boýunça özara borçnamalary girizilip bilner:

1) zähmete hak tölemegiň görnüşi, ulgamy we möçberi, pul sylagy, kömek puly, öwez dolmalary, goşmaça haklar, zähmete hak tölemegi düzgünleşdirmegiň usuly;

2) işgärleriň iş bilen üpjünçiligi, gaýtadan öwredilmegi, hünäriniň ýokarlandyrylmagy, işgärleri işden boşatmagyň şertleri;

3) iş wagtynyň we dynç alyş wagtynyň dowamlylygy;

4) işgärleriň, şol sanda aýallaryň hem-de on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň zähmet we goraglylyk şertlerini gowulandyrmak, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek;

5) kärhana, edara jaýlary hususylaşdyrylanda işgärleriň bähbitlerini berjaý etmek;

6) işgärler üçin ýeňillikler;

7) döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy, meýletin saglyk we pensiýa ätiýaçlandyrmasy;

8) köpçülikleýin şertnamanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, taraplaryň jogapkärçiligi, durmuş hyzmatdaşlygy, işgärleriň kärdeşler arkalaşyklary ýa-da beýleki wekilçilikli edaralarynyň kadaly iş şertleriniň üpjün edilmegi.

3. Köpçülikleýin şertnamada kärhananyň ykdysady we maliýe mümkinçilikleri nazara alnyp, beýleki şertler, şol sanda şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen kadalara we düzgünlere garanyňda has ýeňillikli zähmet we durmuş-ykdysady şertler bolup biler (ulag harajatlarynyň öwezini dolmak, beýleki goşmaça ýeňillikler we öwez dolmalary).

4. Eger Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda kadalaşdyryjy düzgünleri hökmany suratda köpçülikleýin şertnama girizmek hakynda göni tabşyryknama bar bolsa, onda şol kadalaşdyryjy düzgünler köpçülikleýin şertnama girizilýär.

348-nji madda. Köpçülikleýin şertnamanyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmak

1. Köpçülikleýin şertnamanyň taslamasy kärhananyň bölümlerinde işgärler tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylmalydyr hem-de gelip gowşan bellikler we teklipler nazara alnyp, onuň üstünde goşmaça işlenilýär.

2. Işlenilip üsti ýetirilen taslama zähmetkeşler köpçüliginiň umumy ýygnagynyň (konferensiýanyň) garamagyna girizilýär.

3. Zähmetkeşler köpçüliginiň umumy ýygnagy eger şol ýygnaga işgärleriň ýarysyndan köpüsi gatnaşýan bolsa, şol ýygnak doly ygtyýarly hasap edilýär.

4. Eger zähmetkeşler köpçüliginiň konferensiýasyna wekilleriň azyndan üçden iki bölegi gatnaşýan bolsa, ol doly ygtyýarly hasap edilýär.

349-njy madda. Köpçülikleýin şertnamany baglaşmagyň tertibi

1. Eger köpçülikleýin şertnama üçin umumy ýygnaga (konferensiýa) gatnaşýanlaryň elli göteriminden köpüsi ses beren bolsa, onda köpçülikleýin şertnama makullanylan hasap edilýär.

2. Eger köpçülikleýin şertnamanyň taslamasy makullanylmadyk bolsa, onda taraplaryň wekilleri umumy ýygnagyň (konferensiýanyň) isleglerine laýyklykda onuň üstünde goşmaça işleýärler we ýedi senenama günüň dowamynda ony gaýtadan umumy ýygnagyň (konferensiýanyň) garamagyna berýärler.

3. Köpçülikleýin şertnama umumy ýygnak (konferensiýa) tarapyndan makullanylandan soň, oňa taraplaryň wekilleri üç günüň içinde gol çekýärler.

350-nji madda. Köpçülikleýin şertnamanyň möhleti we hereket ediş çygry

1. Köpçülikleýin şertnama oňa gol çekilen günden ýa-da köpçülikleýin şertnamada bellenilen günden güýje girýär hem-de taraplaryň kesgitlän möhletiniň dowamynda hereket edýär. Köpçülikleýin şertnama bir ýyldan üç ýyla çenli möhlete baglaşylýar.

2. Köpçülikleýin şertnamanyň hereketi iş berijä we şol kärhananyň işgärlerine, ýagny kärhananyň işgärleriniň wekilçilikli edarasyny özleriniň adyndan köpçülikleýin şertnamany işläp taýýarlamaga hem-de baglaşmaga ygtyýar beren şol kärhananyň işgärlerine, şeýle hem köpçülikleýin şertnama baglaşylandan soň oňa birigen işgärlere degişlidir.

3. Köpçülikleýin şertnamanyň bellenilen hereket ediş möhleti tamamlanandan soň, taraplar täze köpçülikleýin şertnamany baglaşýançalar onuň şertleri öz güýjüni saklaýar.

4. Taraplaryň köpçülikleýin şertnamanyň hereketini üç ýyldan köp bolmadyk möhlete uzaltmaga haky bardyr.

351-nji madda. Kärhana üýtgedilip guralan halatynda köpçülikleýin şertnamanyň hereketiniň saklanyp galmagy

1. Kärhana üýtgedilip guralanda köpçülikleýin şertnama üýtgedip guramak möhletiniň bütin dowamynda öz hereketini dowam etdirýär.

2. Köpçülikleýin şertnama kärhananyň düzümi, gurluşy, kärhanany dolandyryş edarasynyň ady üýtgän, kärhananyň ýolbaşçysy bilen zähmet şertnamasynyň bes edilen halatlarynda hem öz hereketini dowam etdirýär.

352-nji madda. Kärhananyň eýesi çalşan mahalynda köpçülikleýin şertnamany baglaşmak

1. Kärhananyň eýesi çalşan mahalynda köpçülikleýin şertnamanyň hereketi alty aýlap dowam edýär.

2. Şol döwürde taraplar täze köpçülikleýin şertnamany baglaşmak ýa-da hereket edip gelýän köpçülikleýin şertnamany dowam etdirmek, üýtgetmek we üstüni doldurmak hakynda gepleşikler geçirmäge haklydyr.

3. Köpçülikleýin şertnama täzeden seretmegiň barşynda işgärler üçin ýeňillikleri saklap galdyrmak we ozalky köpçülikleýin şertnamada göz öňünde tutulan beýleki şertleri ýerine ýetirmek mümkinçiligi hakyndaky mesele çözülmelidir.

353-nji madda. Kärhana ýatyrylanda köpçülikleýin şertnamanyň hereketiniň saklanyp galmagy

Kärhana Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde we şertlerde ýatyrylan mahalynda, köpçülikleýin şertnama kärhanany ýatyrmak işini geçirmegiň bütin möhletiniň dowamynda hereket edýär.

354-nji madda. Köpçülikleýin şertnamanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek

1. Köpçülikleýin şertnamada göz öňünde tutulan borçnamalaryň ýerine ýetirilişine taraplaryň wekilleri, zähmetkeşler köpçüligi, şeýle hem degişli kärdeşler arkalaşyklary guramalary hem-de ygtyýarly edilen edaralar tarapyndan gözegçilik edilýär.

2. Şertnama gol çeken adamlar her ýyl ýa-da şertnamanyň özünde ýörite bellenilen möhletlerde zähmetkeşler köpçüliginiň umumy ýygnagynda (konferensiýasynda) borçnamalaryň ýerine ýetirilişi hakynda hasabat beryärler.

3. Gözegçilik işi amala aşyrylanda taraplar munuň üçin özlerinde bar bolan ähli zerur maglumatlary bermäge borçludyrlar.

355-nji madda. Köpçülikleýin ylalaşyklar we olaryň görnüşleri

1. Köpçülikleýin ylalaşyk - belli bir pudagyň, çägiň işgärleri we iş berijileri üçin zähmet şertlerini, iş bilen üpjünçiligini hem-de durmuş kepilliklerini bellemek baradaky borçnamalar beýan edilen hukuk namasydyr.

Düzgünleşdirilýän gatnaşyklaryň çygryna, çözülmegi zerur bolan meseleleriň häsiýetine baglylykda baş, pudaklaýyn (pudagara) we çäk köpçülikleýin ylalaşyklary baglaşylyp bilner.

2. Köpçülikleýin ylalaşyklar zähmet gatnaşyklarynyň şertnama esasynda düzgünleşdirilmegine ýardam etmek hem-de pudagyň, çägiň işgärleriniň we iş berijileriniň durmuş-ykdysady bähbitlerini sazlaşdyrmak maksady bilen baglaşylýar.

3. Köpçülikleýin ylalaşyklar köpçülikleýin gepleşiklere gatnaşýan taraplaryň ylalaşmaklary esasynda iki taraplaýyn we üç taraplaýyn bolup biler. Ylalaşyk baglaşylanda üçünji tarap hökmünde döwlet häkimiýet we dolandyryş edarasy, ýerli häkimiýet edarasy ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasy gatnaşyp biler.

4. Kärdeşler arkalaşyklary we işgärleriň beýleki wekilçilikli edaralary, iş berijiniň ýa-da onuň wekili bolup durmaýan döwlet häkimiýet we dolandyryş edarasyndan ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasyndan olar bilen iki taraplaýyn ylalaşyklar baglaşmagy talap etmäge haklary ýokdur.

356-njy madda. Baş ylalaşyk

1. Baş ylalaşyk - Türkmenistanda durmuş-zähmet we olar bilen baglanyşykly ykdysady gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň umumy esaslaryny belläp, şolary çäk we pudaklaýyn ylalaşyklar we köpçülikleýin şertnamalary baglaşylanda nazarda tutýan hukuk namasydyr.

2. Baş ylalaşyk Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da onuň ygtyýarly eden edarasynyň, Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli Merkeziniň, iş berijileriň birleşikleriniň we telekeçileriň ygtyýarly wekilleriniň arasynda özleriniň ygtyýarlarynyň çäklerinde baglaşylýar.

357-nji madda. Pudaklaýyn (pudagara) ylalaşyk

Pudaklaýyn (pudagara) ylalaşyk - döwlet dolandyryş edaralarynyň, iş berijileriň we işgärleriň ygtyýarly edilen wekilleriniň (durmuş hyzmatdaşlygynyň taraplarynyň) arasynda baglaşylýan, zähmete hak tölemegiň kadalaryny belleýän hem-de zähmet bilen baglanyşykly beýleki meseleleri, özara borçnamalary, anyk pudagyň işgärleri üçin durmuş kepilliklerini we ýeňillikleri kesgitleýän, taraplaryň (hyzmatdaşlaryň) ählisi üçin hökmany bolup durýan, çäk ylalaşyklar we köpçülikleýin şertnamalary baglaşylanda nazarda tutulýan hukuk namasydyr.

358-nji madda. Çäk ylalaşygy

Çäk ylalaşygy - ýerli häkimiýet ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, degişli kärdeşler arkalaşyklaryň ýa-da degişli dolandyryş çäk-birlikleriniň baştutanlary derejesindäki işgärleriň beýleki wekilçilikli edaralarynyň we iş berijileriň (olaryň birleşikleriniň) arasynda baglaşylýan, çäk aýratynlyklar bilen baglanyşykly zähmet şertlerini, durmuş kepilliklerini we ýeňillikleri belleýän, taraplaryň (hyzmatdaşlaryň) ählisi üçin hökmany bolan hem-de köpçülikleýin şertnamalary baglaşylanda nazarda tutulýan hukuk namasydyr.

359-njy madda. Ylalaşyklary işläp taýýarlamagyň we baglaşmagyň tertibi, möhletleri

1. Ylalaşyklary işläp taýýarlamagyň we baglaşmagyň, şeýle hem olara üýtgetmeler we goşmaçalar girizmegiň, goşulmagyň tertibi, möhletleri durmuş hyzmatdaşlarynyň döredýän toparlary tarapyndan tassyklanylýar.

2. Ylalaşyklary işläp taýýarlamak we baglaşmak baradaky toparlar Türkmenistanyň kanunçylyk we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan gollanýarlar, toparlar hakynda tassyklanan düzgünnamalara we iş meýilnamalaryna laýyklykda hereket edýärler. Toparyň taraplarynyň şahsy düzümi her bir durmuş hyzmatdaşy tarapyndan özbaşdak düzülýär. Toparyň taraplaryň hersinden bolmaly agzalarynyň sany taraplaryň ylalaşmagy esasynda kesgitlenilýär, ýöne ol ýedi adamdan köp bolmaly däldir.

3. Işgärleriň degişli derejede birnäçe wekilçilikli edaralary (olaryň birleşikleri) bar bolan mahalynda toparyň agzalary işgärler tarapyndan şol edaralaryň (olaryň birleşikleriniň) özara ylalaşmaklary esasynda ýa-da iki tarap üçin hem deňlik esasynda kesgitlenilýär.

4. Köpçülikleýin ylalaşygyň taslamasy topar tarapyndan işlenilip düzülýär hem-de oňa ylalaşyga gatnaşýanlaryň ygtyýarly edilen wekilleri tarapyndan gol çekilýär.

5. Taraplaryň gol çeken köpçülikleýin ylalaşygy, oňa goşulan goşundylar üç günüň içinde ylalaşyga gatnaşýanlara iberilýär.

360-njy madda. Köpçülikleýin ylalaşyklaryň mazmuny

1. Köpçülikleýin ylalaşyklaryň mazmunyny taraplar kesgitleýärler.

2. Köpçülikleýin ylalaşyklarda aşakdaky düzgünler göz öňünde tutulyp bilner:

1) zähmete hak tölemek, zähmet şertleri we zähmeti goramak, zähmet we dynç alyş düzgüni hakynda;

2) zähmete hak tölenilişini düzgünleşdirmegiň usuly hakynda;

3) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öwez dolma häsiýetli tölegler we goşmaça tölegler hakynda;

4) işgärleriň iş bilen üpjünçiligine, gaýtadan öwredilmegine we hünärleriniň artdyrylmagyna ýardam etmek hakynda;

5) önümçilikde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek we işgärleriň saglygyny goramak hakynda;

6) işgärleri we olaryň maşgala agzalaryny durmuş taýdan goramak baradaky ýörite çäreler hakynda;

7) döwlet kärhanalary hususylaşdyrylanda işgärleriň bähbitlerini berjaý etmek hakynda;

8) maýyplaryň we ýaşlaryň (şol sanda on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň) zähmetini ulanmak esasynda goşmaça iş orunlaryny döredýän kärhanalara ýeňillikler bermek hakynda;

9) durmuş hyzmatdaşlygyny hem-de üç taraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek, köpçülikleýin şertnamalaryň baglaşylmagyna ýardam bermek, zähmet dawalarynyň öňüni almak, zähmet düzgün-nyzamyny pugtalandyrmak hakynda;

10) taraplaryň ylalaşmagy boýunça beýleki meseleler hakynda.

3. Köpçülikleýin ylalaşyklarda Türkmenistanyň kanunçylygyna ters gelmeýän beýleki zähmet we durmuş-ykdysady meseleler baradaky düzgünler hem beýan edilip bilner.

361-nji madda. Köpçülikleýin ylalaşygy üýtgetmek we oňa goşmaçalar girizmek

Köpçülikleýin ylalaşyga üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek işi taraplaryň özara ylalaşmagy esasynda şol ylalaşykda kesgitlenilen tertipde amala aşyrylýar, eger-de şeýle tertip kesgitlenilmedik bolsa, onda şu Kodeksde ony baglaşmak üçin bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

362-nji madda. Köpçülikleýin ylalaşygyň hereket ediş möhleti

1. Köpçülikleýin ylalaşyk oňa gol çekilen pursadyndan ýa-da ylalaşykda bellenilen günden güýje girýär.

2. Köpçülikleýin ylalaşygyň hereket ediş möhletini taraplar kesgitleýärler we ol üç ýyldan artyk bolmaly däldir.

363-nji madda. Köpçülikleýin ylalaşygyň hereket ediş çygry

1. Köpçülikleýin ylalaşygyň hereketi özleriniň wekilçilikli edaralary şu ylalaşygy baglaşan işgärlere we iş berijilere degişlidir.

2. Üç taraplaýyn ylalaşyk baglaşylan halatynda, onuň hereketi degişli döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasyna hem degişlidir.

364-nji madda. Köpçülikleýin ylalaşyklaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek

Ähli derejedäki köpçülikleýin ylalaşyklaryň ýerine ýetirilişine gös-göni taraplar ýa-da olaryň ygtyýarly eden wekilleri, şeýle hem degişli kärdeşler arkalaşyklary edaralary we muňa ygtyýarly edilen edaralar gözegçilik edýärler. Gözegçilik işi amala aşyrylanda taraplar munuň üçin zerur bolan maglumaty bermäge borçludyrlar.

365-nji madda. Durmuş hyzmatdaşlygy taraplarynyň jogapkärçiligi

1. Durmuş hyzmatdaşlygy taraplarynyň wekilleri:

1) köpçülikleýin şertnamany, ylalaşygyny baglaşmak, üýtgetmek ýa-da üstüni ýetirmek boýunça köpçülikleýin gepleşiklere gatnaşmakdan boýun gaçyrylandygy ýa-da ylalaşylan köpçülikleýin şertnama, ylalaşyga gol çekmekden hukuga garşy ýüz öwrülmegi;

2) köpçülikleýin şertnama, ylalaşyk boýunça borçnamalaryň bozulmagy we ýerine ýetirilmezligi üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

2. Köpçülikleýin gepleşikleri alyp barmak we köpçülikleýin şertnamanyň, ylalaşygyň berjaý edilişine gözegçilik etmek üçin maglumatyň berilmezliginde günäkär bolan adamlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

366-njy madda. Şu bölümiň kadalaryny ulanmagyň aýratynlyklary

Şu bölümiň kadalaryny döwlet gullukçylary, harby we harbylaşdyrylan edaralaryň we guramalaryň, içeri işler edaralarynyň, howpsuzlyk gullugynyň edaralarynyň, prokuratura edaralarynyň, kazyýet edaralarynyň, gümrük edaralarynyň we Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň işgärleri barada ulanmagyň aýratynlyklary Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilýär.

XVI bölüm. Zähmet jedelleri

1 bap. Şahsy zähmet jedelleri

367-nji madda. Şahsy zähmet jedelleriniň taraplary we mazmuny

Şahsy zähmet jedelleri - munuň özi Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyny ulanmak, zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulan zähmet şertleri barada iş beriji bilen işgäriň arasyndaky agzalalyklar. Şeýle halatlarda işgäriň bähbitleri üçin jedel tarapy bolup onuň ygtyýarly edilen wekili, kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasy çykyş edip biler.

368-nji madda. Zähmet jedellerine garaýan edaralar

1. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyny, ylalaşyklary, köpçülikleýin şertnamany ulanmak meseleleri baradaky zähmet jedellerine aşakdakylar tarapyndan garalýar:

1) zähmet jedelleri baradaky toparlar;

2) kärhanalaryň we olaryň bölümleriniň kärdeşler arkalaşygy edaralary;

3) kazyýetler.

2. Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň zähmet jedellerine ýokarda durýan edaralar tarapyndan garalýar.

3. Işgäre täze zähmet şertlerini bellemek ýa-da dowam edýän zähmet şertlerini üýtgetmek hakyndaky zähmet jedelleri iş beriji tarapyndan hem-de degişli kärdeşler arkalaşygy edarasy tarapyndan olaryň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde çözülýär.

369-njy madda. Zähmet jedellerine garamagyň tertibi

Zähmet jedellerine garamagyň tertibi şu Kodeks we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary arkaly düzgünleşdirilýär.

370-nji madda. Zähmet jedelleri baradaky topary döretmegiň tertibi

1. Zähmet jedelleri baradaky topar azyndan on bäş adam işleýän kärhananyň zähmetkeşler köpçüliginiň umumy ýygnagy (konferensiýasy) tarapyndan saýlanylýar.

Zähmet jedelleri baradaky topar kärhananyň bölümlerinde hem döredilip bilner.

2. Sesleriň köpüsini alan hem-de umumy ýygnaga (konferensiýa) gatnaşanlaryň ýarysyndan köpüsi tarapyndan özüne ses berlen adamlar toparyň düzümine saýlanan hasap edilýär. Topary saýlamagyň tertibi, onuň agzalarynyň sany, düzümi we ygtyýarlylyk möhleti kärhananyň zähmetkeşler köpçüliginiň umumy ýygnagy (konferensiýasy) tarapyndan kesgitlenilýär.

3. Zähmet jedelleri baradaky topar öz düzümininiň arasyndan toparyň başlygyny, onuň orunbasarlaryny we kätibini saýlaýar.

4. Kärhananyň bölümlerindäki zähmet jedelleri baradaky topar onuň zähmetkeşler topary tarapyndan saýlanylýar we kärhananyň zähmet jedelleri baradaky toparyndaky ýaly esaslarda hereket edýärler. Bölümiň zähmet jedelleri baradaky toparlarynda zähmet jedellerine olaryň özleriniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde garalyp bilner.

5. Zähmet jedelleri baradaky toparyň bellenilen nusgadaky möhüri bardyr.

6. Zähmet jedelleri baradaky toparyň işiniň guralyşy we tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan Zähmet jedelleri baradaky toparlar hakynda birkysmy düzgünnama bilen kesgitlenilýär.

371-nji madda. Zähmet jedelleri baradaky toparyň ygtyýary

1. Zähmet jedelleri baradaky topar kärhanalarda we olaryň bölümlerinde ýüze çykýan zähmet jedellerine (garamagyň başga hili tertibi bellenilen jedellerden özge jedeller) garaýan ilkinji edara bolup durýar.

2. Eger işgäriň özbaşdak ýa-da onuň bähbidine wekilçilik edýän kärdeşler arkalaşygy edaranyň gatnaşmagy esasynda iş beriji bilen agzalalyklaryny gös-göni gepleşiklerde düzgünleşdirmedik bolsa, şeýle halatda zähmet jedeli zähmet jedelleri baradaky toparda garalmaga degişlidir.

372-nji madda. Zähmet jedelleri baradaky toparda şahsy zähmet jedeline garamagyň tertibi

1. Işgäriň zähmet jedelleri baradaky topara gowuşan arzasy şol topar tarapyndan hökmany suratda bellige alynmalydyr. Zähmet jedelleri baradaky topar şahsy zähmet jedeline şol işgäriň arza beren gününden beýläk on senenama günüň içinde garamaga borçludyr.

2. Zähmet jedeline arza beren işgäriň ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiliniň gatnaşmagynda garalýar. Diňe işgäriň ýazmaça görnüşdäki arzasy boýunça işgäriň ýa-da onuň wekiliniň bolmazlygynda zähmet jedeline garamaga ýol berilýär. Işgär ýa-da onuň wekili şol toparyň mejlisine gelmedik halatynda zähmet jedeline garalmagy gaýra goýulýar. Işgäriň ýa-da onuň wekiliniň esassyz sebäplere görä ikinji gezek hem mejlise gelmedik halatynda, topar meseläni garamakdan aýyrmak hakynda çözgüt çykaryp biler, munuň özi işgäri zähmet jedeline şu Kodeksde bellenilen möhletiň dowamynda gaýtadan seretmek hakynda arza bermek hukugyndan mahrum etmeýär.

3. Zähmet jedelleri baradaky topar mejlise şaýatlary, kärdeşler arkalaşyklary guramalaryny we beýleki jemgyýetçilik birleşikleriniň wekillerini çagyrmaga haky bardyr. Toparyň talap etmegine görä kärhananyň ýolbaşçysy bellenilen möhletde topara zerur resminamalary bermäge borçludyr.

4. Eger zähmet jedelleri baradaky toparyň mejlisine işgärlere wekilçilik edýän agzalarynyň azyndan ýarysy hem-de iş berijä wekilçilik edýän agzalarynyň azyndan ýarysy gatnaşýan bolsa, onda zähmet jedelleri baradaky toparyň mejlisi doly hukukly hasap edilýär.

5. Zähmet jedelleri baradaky toparyň mejlisinde teswirnama ýöredilýär, oňa toparyň başlygy ýa-da onuň orunbasary gol çekýär hem-de toparyň möhüri bilen tassyklanylýar.

373-nji madda. Zähmet jedelleri baradaky toparyň mejlisiniň hukuklylygy, ret etmek hukugy

1. Eger zähmet jedelleri baradaky toparyň mejlisine onuň düzümine saýlanan agzalaryň azyndan üçden iki bölegi gatnaşýan bolsa, ol doly hukukly hasap edilýär.

2. Dahylly işgäriň we iş berijiniň toparyň islendik agzasyna ony delilli ret etmäge haky bardyr. Ret etmek hakyndaky mesele toparyň mejlisine gatnaşýan agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen çözülýär.

374-nji madda. Zähmet jedelleri baradaky toparyň çözgüdi

1. Zähmet jedelleri baradaky toparyň çözgüdi özüniň mejlisine gatnaşýan agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen kabul edýär. Çözgütde: kärhananyň ýa-da onuň bölüminiň ady, topara ýüz tutan işgäriň familiýasy, ady, atasynyň ady; topara ýüz tutan senesi, zähmet jedeline garalan senesi; jedeliň düýp manysy, toparyň agzalarynyň, iş berijiniň we kärdeşler arkalaşygy edarasynyň mejlise gatnaşýan wekilleriniň familiýalary; ses berlişligiň netijeleri we toparyň delillendirilen çözgüdi görkezilýär.

2. Toparyň çykaran çözgüdi delillendirilen we Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň kadalaryna esaslandyrylan bolmalydyr.

3. Toparyň pul talaby barada çykaran çözgüdinde işgäre berilmeli edilen puluň takyk möçberi görkezilmelidir.

4. Çözgüde toparyň başlygy we kätibi gol çekýärler. Çözgüt hökmany güýje eýedir hem-de hiç bir hili tassyklanmaga degişli däldir.

5. Toparyň çözgüdiniň nusgasy şol çözgüdiň kabul edilen gününden beýläk üç günüň içinde işgäre, iş berijä we kärdeşler arkalaşygy edarasyna ýa-da işgärleriň gaýry wekilçilikli edarasyna gowşurylýar.

375-nji madda. Zähmet jedelleri baradaky toparyň çözgütlerini ýerine ýetirmek

1. Zähmet jedelleri baradaky toparyň çykaran çözgüdi ol barada şikaýat etmek üçin göz öňünde tutulan on senenama güni geçenden soň üç günüň dowamynda ýerine ýetirilmelidir.

2. Toparyň çözgüdi bellenilen möhletde ýerine ýetirilmedik mahalynda işgäre zähmet jedelleri baradaky topar tarapyndan şahadatnama berilýär, ol bolsa ýerine ýetiriji resminama hasaplanýar.

Şahadatnamada şular görkezilýär: zähmet jedelleri barada çözgüt çykaran edaranyň ady, çözgüdiň kabul edilen we şahadatnamanyň berlen senesi, işgäriň familiýasy, ady, atasynyň ady, jedeliň düýp manysy boýunça çykarylan çözgüt.

Şahadatnama kärhananyň (bölümiň) zähmet jedelleri baradaky toparyň başlygynyň ýa-da başlygyň orunbasarynyň goly we zähmet jedelleri baradaky toparyň möhüri bilen tassyklanylýar.

3. Eger işgär ýa-da iş beriji zähmet jedeline garamak hakyndaky arza bilen kazyýete bellenilen möhletde ýüz tutan bolsa, onda şahadatnama berilmeýär.

4. Zähmet jedelleri baradaky topar tarapyndan berlen hem-de alnan gününden beýläk üç aý möhletden gijä galynman kazyýete görkezilen şahadatnamanyň esasynda kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirijisi zähmet jedelleri baradaky toparyň çözgüdini mejbur ediş tertibinde ýerine ýetirýär.

5. Işgär bellenilen üç aý möhleti esasly sebäplere görä berjaý edip bilmedik halatynda şahadatnama beren zähmet jedelleri baradaky topar bu möhleti dikeldip biler.

376-njy madda. Zähmet jedelleri baradaky toparyň çözgüdi babatda şikaýat etmek we şahsy zähmet jedeline garamagy kazyýete geçirmek

1. Eger şahsy zähmet jedeline zähmet jedelleri baradaky topar tarapyndan on günüň içinde garalmadyk bolsa, işgär zähmet jedelini kazyýetiň garamagyna geçirmäge haklydyr.

2. Işgär ýa-da iş beriji çözgüdiň nusgasynyň gowşurylan gününden beýläk on günüň içinde zähmet jedelleri baradaky toparyň çözgüdi babatda kazyýete şikaýat edip bilerler.

3. Bellenilen möhlet esasly sebäplere görä geçirilen bolsa, kazyýet bu möhleti dikeldip hem-de şahsy zähmet jedeline düýp manysy boýunça garap biler.

377-nji madda. Zähmet jedellerine kärhananyň ýa-da onuň bölüminiň kärdeşler arkalaşygy guramasy tarapyndan garalmagy

1. Kärhananyň ýa-da onuň bölüminiň kärdeşler arkalaşygy guramasy işgärler ýa-da iş berijiler, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başga hili göz öňünde tutulmadyk bolsa, zähmet jedelleri baradaky toparyň çykaran çözgüdi bilen ylalaşmaýan bolsalar, şol işgärleriň ýa-da iş berijileriň arzalary boýunça zähmet jedellerine garaýar. Kärhananyň ýa-da onuň bölüminiň kärdeşler arkalaşygy guramasy, eger arza beriji şeýle birleşigiň agzasy bolup durýan bolsa, işgärleriň ýa-da iş berijileriň jemgyýetçilik birleşikleriniň wekillerini çagyryp biler.

Kärdeşler arkalaşygy guramasy jedeliň düýp manysy boýunça karar çykarýar.

2. Kärhananyň ýa-da onuň bölüminiň kärdeşler arkalaşygy guramasy arzanyň gowşan gününden soň on günüň içinde zähmet jedelleri baradaky arza garaýar, ol şunda şu Kodeksiň 372-nji we 374-nji maddalarynda göz öňünde tutulan tertibi berjaý etmelidir.

3. Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň mejlisine onuň düzümine saýlanan agzalaryň ýarysyndan köpüsi gatnaşýan bolsa, onuň mejlisi doly hukukly hasap edilýär.

4. Kärdeşler arkalaşygy edarasynyň karary şu Kodeksiň 374-nji maddasynda göz öňünde tutulyşyna laýyklykda zähmet jedelleri baradaky çözgütlere bildirilýän talaplara laýyk gelmelidir.

5. Kararyň nusgasy üç günüň içinde işgäre we iş berijä gowşurylýar.

378-nji madda. Kärhananyň we onuň bölüminiň kärdeşler arkalaşygy edarasynyň zähmet jedeli boýunça kararyna şikaýat etmek

Kärhananyň we onuň bölüminiň kärdeşler arkalaşygy edarasynyň zähmet jedeli baradaky kararynyň nusgasy işgäre ýa-da iş berijä gowşurylan gününden beýläk on günüň içinde şol işgär ýa-da iş beriji tarapyndan şol karar barada kazyýete şikaýat edilip bilner.

379-njy madda. Kärhananyň we onuň bölüminiň kärdeşler arkalaşygy edarasynyň kararyny ýerine ýetirmek

1. Kärhananyň we onuň bölüminiň kärdeşler arkalaşygy edarasynyň kararyny işgär ýa-da iş beriji şu Kodeksiň 375-nji maddasynda bellenilen möhletde ýerine ýetirmese, işgäre şahadatnama berilýär, ol bolsa ýerine ýetiriji resminama hasaplanýar.

2. Şahadatnamada: zähmet jedeli baradaky karary çykaran kärdeşler arkalaşygy edarasynyň ady, şol kararyň kabul edilen we şahadatnamanyň berlen senesi, işgäriň familiýasy, ady, atasynyň ady, jedeliň düýp manysy boýunça çözgüt görkezilýär.

Şahadatnama kärdeşler arkalaşygy edarasynyň başlygynyň ýa-da onuň orunbasarynyň goly we kärdeşler arkalaşygy edarasynyň möhüri bilen tassyklanylýar.

3. Eger işgär ýa-da iş beriji bellenilen möhletde kazyýete zähmet jedeline garamak baradaky arza bilen ýüz tutan bolsa, onda şahadatnama berilmeýär.

4. Kärdeşler arkalaşygy edarasy tarapyndan berlen we alnan gününden soň üç aý möhletden gijä galynman görkezilen şahadatnamanyň esasynda kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetiriji kärdeşler arkalaşygy edarasynyň kararyny mejbury tertipde ýerine ýetirýär.

5. Işgäriň bellenilen üç aý möhleti esasly sebäplere görä berjaý etmedik halatynda şahadatnama beren kärdeşler arkalaşygy edarasy bu möhleti dikeldip biler.

380-nji madda. Zähmet jedellerine ýokarda durýan edaralar tarapyndan garalmagynyň tertibi

1. Ýokarda durýan edara zähmet jedeline arzanyň gelip gowşan gününden beýläk bir aý möhletiň içinde garamaga borçludyr. Zähmet jedeli işgäriň gatnaşmagynda çözülýär. Jedele işgäriň gatnaşmazlygynda garalmagyna diňe onuň ýazmaça görnüşde ýazan arzasy boýunça ýa-da ol esassyz sebäplere görä ikinji gezek çagyrylanda gelmedik halatynda ýol berilýär.

2. Zähmet jedellerine garaýan edara jedelli çözgüdi kabul eden edaranyň wekilini, şeýle hem kärdeşler

arkalaşygy edarasynyň we beýleki jemgyýetçilik birleşikleriniň wekilini çagyrmaga haklydyr.

3. Ýokarda durýan edaranyň zähmet jedeli baradaky çözgüdi Türkmenistanyň kanunçylygyna esaslandyrylmalydyr hem-de delillendirilmelidir.

4. Işgär kanuna esaslanylman işden boşadylan ýa-da oňa düzgün-nyzam temmisi berlen halatynda ýokarda durýan edara karary, buýrugy ýatyrmak hakynda çözgüt kabul edýär.

5. Ýokarda durýan edaranyň çözgüdiniň nusgalary üç günüň içinde şol gyzyklanýan işgäre, şeýle hem hereketi barada şikaýat edilen edara iberilýär ýa-da gowşurylýar.

6. Düzgün-nyzam temmisi hakyndaky zähmet jedeline garalanda ýokarda durýan edaranyň işgär barada has berk düzgün-nyzam temmisini ulanmaga ýa-da ony anyk ýagdaýlary nazara alyp, has ýeňil temmi bilen çalşyrmaga haky ýokdur.

381-nji madda. Kazyýetlerde şahsy zähmet jedellerine garalyşy

1. Kazyýetlerde gös-göni şu aşakdakylaryň arzalary boýunça her bir aýratyn zähmet jedellerine garalýar:

1) işgäriň - zähmet şertnamasynyň bes edilmeginiň nämä esaslanýandygyna garamazdan işe dikeltmek hakyndaky; zähmet şertnamasynyň bes edilen senesini we bes edilmegiň esaslandyrylyş beýanyny üýtgetmek hakyndaky; mejbury ýagdaýda işe gelinmedik wagtynyň ýa-da pes hak tölenilýän işiň ýerine ýetirilen wagtynyň hakyny tölemek hakyndaky; işgär zähmet borçlaryny ýerine ýetirende onuň saglygyna ýa-da onuň emlägine ýetirilen zyýany (zeleli) iş berijiniň öwezini doldurmak hakyndaky; işe kabul etmekden boýun gaçyrmak hakyndaky;

2) iş berijiniň - iş berijä maddy zyýany işgäriň tölemegi hakyndaky.

2. Eger işgäriň işleýän ýerinde kärdeşler arkalaşygy guramasy ýa-da zähmet jedelleri baradaky topar döredilmedik bolsa, zähmet jedellerine hem gös-göni kazyýetlerde garalýar.

382-nji madda. Zähmet jedeliniň çözülmegi üçin ýüz tutmagyň möhletleri

1. Kazyýete ýa-da zähmet jedelleri baradaky topara ýüz tutmagyň aşakdaky möhletleri bellenilýär:

1) işe dikeltmek hakyndaky jedeller boýunça - işgäre onuň bilen zähmet şertnamasynyň bes edilýänligi hakyndaky buýrugyň nusgasynyň işgäre gowşurylan gününden beýläk - bir aý;

2) işgäriň iş berijä ýetiren maddy zyýanynyň öwezini tölemegi hakyndaky jedeller boýunça - iş berijiniň ýetirilen zyýanyň üstüni açan gününden beýläk - bir ýyl;

3) beýleki zähmet jedelleri boýunça - işgäriň öz hukuklarynyň bozulandygyny bilen ýa-da bilmeli bolan gününden beýläk - üç aý.

2. Şu maddada bellenilen möhletleriň esasly sebäplere görä berjaý edilmedik halatynda olar işgäriň ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiliniň arzasy esasynda kazyýet tarapyndan ýa-da zähmet jedelleri baradaky topar tarapyndan dikeldilip bilner.

3. Işgäriň saglygyna ýetirilen zeleliň öwezini tölemek hakyndaky jedeller boýunça kazyýete ýüz tutmagyň möhleti bellenilmeýär.

383-nji madda. Zähmet jedelleri baradaky käbir çözgütleriň we kararlaryň haýal edilmän ýerine ýetirilmegi

1. Işden bikanun boşadylan ýa-da başga pes hak tölenilýän işe geçirilen işgäri işe dikeltmek hakynda zähmet jedellerine garaýan edara tarapyndan kabul edilen çözgüt haýal edilmän ýerine ýetirilmäge degişlidir.

2. Eger iş beriji işden bikanun boşadylan ýa-da başga pes hak tölenilýän işe geçirilen işgäri işine dikeltmek hakynda kazyýetiň çykaran kararyny ýerine ýetirmegi gaýra goýan bolsa, onda çözgüdiň çykarylan gününden onuň ýerine ýetirilen gününe çenli bökdelen wagt üçin işgäre ortaça zähmet haky ýa-da zähmet hakyndaky tapawut tölenilýär.

3. Işden bikanun boşadylan işgäri ozalky wezipesine dikeltmek hakynda, şeýle hem oňa mejbury ýagdaýda işe gelinmedik wagt üçin ýa-da pes hak tölenilýän işi ýerine ýetirenligi üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda zähmet hakyny tölemek hakynda tabynlylyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň çözgüdi hem haýal edilmän ýerine ýetirilmäge degişlidir.

4. Tabynlylyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň degişli çözgüdiniň ýerine ýetirilmegi bökdelen mahalynda ortaça zähmet hakyny tölemek ýa-da bökdelen wagt üçin düşýän iş hakyndaky tapawudy tölemek hakyndaky çözgüdi şol edara kabul edýär.

384-nji madda. Zähmet jedelleri baradaky çözgütleriň ýerine ýetirilmegini yzyna öwürmegi çäklendirmek

1. Kazyýetiň zähmet jedelleri baradaky çözgüdi gözegçilik tertibinde ýatyrylan halatynda işgäre tölenilen puly ondan töledip almaga (çözgüdi ýerine ýetirmegi yzyna öwürmek) ýatyrylan çözgüt işgäriň beren ýalan maglumatlaryna ýa-da görkezilen galp resminamalaryna esaslandyrylan bolsa, diňe şeýle halatda ýol berilýär.

2. Zähmet jedelleri baradaky toparyň çözgüdini ýa-da kärhananyň (düzüm birliginiň) kärdeşler arkalaşygy edarasynyň kararyny ýerine ýetirmegi yzyna öwürmäge jedel soňra başgaça çözülen mahalynda hem şol esaslar boýunça ýol berilýär.

385-nji madda. Işgäriň mejbury ýagdaýda işe gelmedik ýa-da pes hak tölenilýän işi ýerine ýetiren wagtynyň hakyny tölemek

1. Işden bikanun boşadylan ýa-da başga pes hak tölenilýän işe geçirilen işgäri işe dikeltmek hakynda çözgüt çykaranda zähmet jedellerine garaýan edara şol bir wagtda mejbury ýagdaýda işe gelinmedik wagt üçin işgäre ortaça zähmet hakyny ýa-da pes hak tölenilýän işi ýerine ýetiren wagty üçin zähmet hakyndaky tapawudy tölemek hakynda çözgüdi kabul edýär, ýöne onuň tölegi bir ýyldan köp bolmaly däldir.

2. Işden boşatmagyň sebäpleriniň kesgitlenilişi nädogry ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýär diýlip hasap edilen halatynda zähmet jedellerine garaýan edara ony üýtgetmäge we kararda Türkmenistanyň kanunçylygynyň kesgitlenişine takyk laýyklykda we şu Kodeksiň degişli maddasyna salgylanyp işden boşatmagyň sebäbini görkezmäge borçludyr. Eger zähmet depderçedäki işden boşatmagyň nädogry ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýän kesgitlemesi işgäriň täze işe girmegine päsgelçilik döretse, onda zähmet jedellerine garaýan edara şol bir wagtda mejbury ýagdaýda işe gelmedik wagt üçin oňa ortaça zähmet hakyny tölemek hakynda çözgüt kabul edýär, ýöne onuň tölegi bir ýyldan köp bolmaly däldir.

3. Tabynlyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň çözgüdi boýunça işgär öňki işine dikeldilen halatynda işden boşadylan günden başlap mejbury ýagdaýda işe gelmedik wagt üçin ýa-da pes hak tölenilýän işi ýerine ýetiren wagty üçin töleg geçirilýär, ýöne onuň tölegi bir ýyldan köp bolmaly däldir.

4. Bikanun işden boşadylan mahalynda işgäriň mejbury ýagdaýda işe gelmedik wagtynyň tölegi, şeýle hem pes hak tölenilýän işi ýerine ýetiren wagty üçin zähmet hakyndaky tapawudyň tölegi iş beriji tarapyndan zähmet jedellerine garamak baradaky edaranyň çözgüdi ýa-da karary bolmadyk mahalynda hem geçirilýär.

386-njy madda. Işgäri işden bikanun boşatmakda ýa-da başga pes hak tölenilýän işe geçirmekde günäkär wezipeli adama maddy jogapkärçiligiň ýüklenilmegi

1. Kazyýet işgäri işden bikanun boşatmakda ýa-da başga pes hak tölenilýän işe geçirmekde günäkär bolan wezipeli adama mejbury ýagdaýda işden galynan wagtyň ýa-da pes zähmet hakly işi ýerine ýetirilen wagtyň dowamynda iş hakyny tölemek bilen kärhana ýetirilen zyýanyň öwezini tölemek borjuny ýükleýär.

2. Eger işden boşatmak ýa-da başga işe geçirmek işi Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagy bilen amala aşyrylan bolsa ýa-da eger iş beriji kazyýetiň ýa-da tabynlylyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň işgäri işe dikeltmek hakyndaky çözgüdiniň ýerine ýetirilmegini bökdän halatynda hem şeýle borç ýüklenilýär. Ýetirilen zyýanyň öwezini tölemegiň möçberi wezipeli adamyň üç aýlyk zähmet hakyndan artyk bolup bilmez.

387-nji madda. Işgäriň pul talaplaryny kanagatlandyrmak

Aýratyn zähmet jedeline garaýan edara işgäriň pul talaplarynyň esaslydygyny ykrar etse, şol talaplar doly möçberde kanagatlandyrylýar.

388-nji madda. Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň işden boşatmak, başga işe geçirmek we düzgün-nyzam temmilerini bermek meselesi baradaky zähmet jedellerine garamak

1. Türkmenistanyň ýokary döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary tarapyndan wezipä saýlanylýan, tassyklanylýan ýa-da bellenilýän ýolbaşçy işgärleriň, kazylaryň, prokurorlaryň, olaryň orunbasarlarynyň hem-de kömekçileriniň, şeýle hem prokuraturanyň sülçüleriniň işden boşatmak, işden boşadylan senesini üýtgetmek we işden boşatmagyň sebäbini beýan etmek, başga işe geçirmek, mejbury ýagdaýda işe gelinmedik ýa-da pes hak tölenilýän işi ýerine ýetirilen wagtynyň hakyny tölemek hem-de düzgün-nyzam temmilerini bermek meseleleri baradaky zähmet jedellerine Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde garalýar.

2. Zähmet jedellerine garamagyň şu Kodeksde bellenilen tertibi saýlawly edaralaryň hak tölenilýän işinden möhletinden öň boşadylmagy hakyndaky zähmet jedellerine degişli däldir.

389-njy madda. Işgärleri kazyýet çykdajylaryndan boşatmak

Işgärler zähmet hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan talaplar boýunça kazyýete talap arza bilen ýüz tutan halatynda, olar kazyýet çykdajylaryndan boşadylýarlar.

390-njy madda. Täze zähmet şertlerini bellemek ýa-da dowam edip gelýän zähmet şertlerini üýtgetmek hakyndaky zähmet jedellerine garamak

1. Işgärlere täze zähmet şertlerini bellemek ýa-da dowam edip gelýän zähmet şertlerini üýtgetmek hakyndaky zähmet jedelleri iş beriji we degişli kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasy tarapyndan çözülýär.

2. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň kadalaryny ulanmagyň meseleleri, şeýle hem täze zähmet şertlerini bellemek ýa-da dowam edýän zähmet şertlerini üýtgetmek hakyndaky zähmet şertnamasynyň borçlary baradaky zähmet jedellerine işgäriň saýlap alşyna görä zähmet jedellerine garamak baradaky toparda ýa-da kazyýetde garalýar.

391-nji madda. Zähmet şertlerini bellemek ýa-da üýtgetmek barada işgärler bilen iş berijiniň arasyndaky zähmet jedellerine garamagyň tertibi

Täze zähmet şertlerini bellemek ýa-da dowam edýän zähmet şertlerini üýtgetmek barada işgärler bilen iş berijiniň arasynda ýüze çykýan zähmet jedelleri, eger jedeller Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy arkaly düzgünleşdirilmedik bolsa, kärhananyň kärdeşler arkalaşygy edarasy bilen ylalaşylyp iş beriji tarapyndan garalýar, ylalaşyk gazanylyp bilinmedik halatynda bolsa taraplaryň gatnaşmagy bilen olaryň ýokarda durýan edaralary bilen bilelikde çözülýär.

2 bap. Köpçülikleýin zähmet jedellerine garamak

392-nji madda. Köpçülikleýin zähmet jedeli (dawasy)

Köpçülikleýin zähmet jedeli (dawasy) - zähmet şertlerini bellemek we üýtgetmek (muňa zähmet haky hem giryär), köpçülikleýin gepleşikleri alyp barmak, köpçülikleýin şertnamalary (ylalaşyklary) baglaşmak, ýerine ýetirmek we üýtgetmek, zähmet hukugynyň kadalary beýan edilen hukuk namalary kärhanada kabul edilýän wagtynda iş berijiniň kärdeşler arkalaşygy edarasynyň ýa-da işgärleriniň beýleki wekilçilikli edarasynyň pikirini nazara almakdan boýun gaçyrmagy babatda işgärler (olaryň wekilleri) bilen iş berijileriň (olaryň wekilleriniň) arasyndaky düzgünleşdirilmedik agzalalykdyr, şeýle hem işgärleriň ykdysady, durmuş, hünär we medeni bähbitlerine degişli bolup, durmuş hyzmatdaşlarynyň arasynda dürli derejede ýüze çykýan agzalalykdyr.

393-nji madda. Işgärleriň we olaryň wekilleriniň talaplary bildirmegi

1. Talaplary bildirmek hukugyna işgärler we olaryň wekilleri eýedirler.

Kärhananyň (bölümiň) işgärleri we (ýa-da) işgärleriň wekilçilikli edarasy tarapyndan bildirilen talaplar işgärleriň degişli umumy ýygnagynda (konferensiýasynda) tassyklanylýar.

2. Iş beriji işgärlere ýa-da işgärleriň wekillerine talaplary bildirer ýaly ýygnak (konferensiýa) geçirmek üçin zerur bolan jaýy bermäge borçludyr we onuň geçirilmegine iş berijiniň päsgelçilik bermäge haky ýokdur.

3. Işgärleriň talaplary ýazmaça görnüşde beýan edilýär we iş berijä iberilýär.

4. Kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň we olaryň birleşikleriniň talaplary durmuş hyzmatdaşlygynyň degişli taraplaryna bildirilýär we iberilýär.

394-nji madda. Işgärleriň, kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň we olaryň birleşikleriniň talaplaryna garalyşy

1. Iş berijiler işgärleriň özlerine iberen talaplaryny garamak üçin kabul etmäge borçludyrlar.

2. Iş beriji kabul edilen çözgüt hakynda kärhananyň (bölümiň) işgärleriniň wekilçilikli edarasyna işgärleriň talabynyň alnan gününden beýläk üç iş gününiň dowamynda ýazmaça görnüşde habar berýär.

3. Iş berijileriň (iş berijileriň birleşikleriniň) wekilleri kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň (olaryň birleşikleriniň) özlerine iberilen talaplaryna garamak üçin olary kabul etmäge hem-de kabul edilen çözgüt hakynda şol görkezilen talaplaryň alnan gününden beýläk bir aýyň dowamynda kärdeşler arkalaşyklary guramalaryna (olaryň birleşiklerine) habar bermäge borçludyrlar.

395-nji madda. Ylalaşdyryjy amallar

1. Köpçülikleýin zähmet jedelini çözmegiň tertibi köpçülikleýin zähmet jedeline garamagyň aşakdaky basgançaklaryndan ybaratdyr:

1) ylalaşdyryjy topar tarapyndan;

2) köpçülikleýin zähmet jedeline kazyýetde garamak.

Köpçülikleýin zähmet jedeline ylalaşdyryjy topar tarapyndan garalmagy hökmany tapgyr bolup durýar.

2. Köpçülikleýin zähmet jedeliniň taraplaryndan hiç biriniň ylalaşdyryjy amallara gatnaşmakdan boýun gaçyrmaga haky ýokdur.

3. Taraplaryň wekilleri, ylalaşdyryjy topar ýüze çykan köpçülikleýin zähmet jedelini çözmek üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ähli mümkinçiliklerden peýdalanmaga borçludyrlar.

4. Ylalaşdyryjy amallar şu Kodeksiň 396-njy maddasynyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan möhletde geçirilýär.

Zerur bolan halatda ylalaşdyryjy amallary geçirmek üçin göz öňünde tutulan möhletler köpçülikleýin zähmet jedeline gatnaşýan taraplaryň ylalaşmaklary esasynda uzaldylyp bilner.

396-njy madda. Ylalaşdyryjy toparyň köpçülikleýin zähmet jedeline garamagy

1. Ylalaşdyryjy topar köpçülikleýin zähmet jedeliniň başlanan pursadyndan beýläk üç iş gününe çenli möhletiň içinde döredilýär. Topary döretmek hakyndaky çözgüt iş berijiniň degişli buýrugy bilen resmileşdirilýär.

Ylalaşdyryjy topar köpçülikleýin zähmet jedeline gatnaşýan taraplaryň wekillerinden deň hukuklylyk esasynda düzülýär.

Ylalaşdyryjy toparyň agzalary köpçülikleýin zähmet jedelini çözmäge gatnaşan döwründe esasy işinden boşadylýarlar, şunda olaryň ortaça zähmet haky saklanýar.

2. Köpçülikleýin zähmet jedeline gatnaşýan taraplaryň ylalaşdyryjy topary döretmekden hem-de onuň işine gatnaşmakdan boýun gaçyrmaga haky ýokdur.

3. Iş beriji ylalaşdyryjy toparyň işlemegi üçin zerur şertleri döredýär.

4. Köpçülikleýin zähmet jedeline ylalaşdyryjy topar tarapyndan ony döretmek hakyndaky buýrugyň çykarylan pursadyndan beýläk ýedi iş gününe çenli möhletiň içinde garalmalydyr. Bu görkezilen möhlet

taraplaryň özara ylalaşmagy esasynda uzaldylyp bilner, bu ýagdaý bolsa teswirnama bilen resmileşdirilýär.

5. Ylalaşdyryjy toparyň çözgüdi köpçülikleýin zähmet jedeline gatnaşýan taraplaryň ylalaşmagy esasynda kabul edilýär, bu ýagdaý bolsa teswirnama bilen resmileşdirilýär, munuň jedele gatnaşýan taraplar üçin hökmany güýji bardyr hem-de ol ylalaşdyryjy toparyň çözgüdi bilen bellenilen tertipde we möhletde ýerine ýetirilýär.

6. Ylalaşdyryjy toparda ylalaşyk gazanylyp bilinmedik mahalynda agzalalyk teswirnamasy düzülýär, ylalaşdyryjy toparyň işi bolsa ýatyrylýar.

Taraplar ylalaşyk gazanylmadyk mahalynda ylalaşdyryjy toparyň işiniň bes edilen pursadyndan beýläk, on gün möhletiň içinde kazyýete ýüz tutmaga haklydyrlar.

397-nji madda. Kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmänligi üçin taraplaryň jogapkärçiligi

Köpçülikleýin zähmet jedeline gatnaşýan taraplar üçin kazyýetiň çözgüdiniň hökmany ýerine ýetirilmezliginde günäkär bolan adamlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýärler.

XVII bölüm. Kärdeşler arkalaşyklary guramalary

398-nji madda. Işgärleriň kärdeşler arkalaşyklary guramalaryna birleşmek hukugy

1. Işgärleriň kärdeşler arkalaşyklary guramalaryna birleşmäge haky bardyr.

2. Kärdeşler arkalaşyklary guramalaryny döretmegiň tertibi we olaryň hukuklary Türkmenistanyň kanunçylygy we olaryň Tertipnamasy bilen kesgitlenilýär.

399-njy madda. Işgärleriň zähmet hukuklarynyň kärdeşler arkalaşyklarynyň birleşikleri tarapyndan goralmagy

1. Kärdeşler arkalaşyklarynyň birleşikleri döwlet edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri, eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, telekeçiler we olaryň birleşikleri (assosiasiýalary) bilen özara gatnaşyklarynda işgärleriň durmuş-ykdysady, zähmet hukuklaryna we kanuny bähbitlerine wekilçilik edýärler we goraýarlar.

2. Işgärleriň zähmet hukuklarynyň kärdeşler arkalaşyklarynyň birleşikleri tarapyndan goralmagy şu Kodekse, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklary birleşikleriniň Tertipnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

400-nji madda. Kärdeşler arkalaşyklary edaralaryna saýlanan kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň işden boşadylan işgärlerine berilýän kepillikler

1. Işgäriň şol kärhananyň kärdeşler arkalaşygy guramasyna saýlawly wezipä saýlanmagy bilen kärhanada işden boşadylan işgäre onuň ygtyýarlylyk möhleti gutarandan soň, oňa ozalky işi (wezipesi) berilýär, şol işiň (wezipäniň) bolmadyk halatynda bolsa işgäriň razylygy bilen şol kärhanada öňki işi bilen deň derejedäki başga bir iş (wezipe) berilýär.

Işgär hödürlenilen işden (wezipeden) ýüz öwüren halatynda şu Kodeksiň 39-njy maddasynyň birinji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda onuň bilen baglaşylan zähmet şertnamasy ýatyrylýar.

Kärhana üýtgedilip guralanda - onuň hukuk mirasdüşeri, kärhana ýatyrylanda - degişli kärdeşler arkalaşygy guramasy şol işgäre işe ýerleşýän döwrüne çenli onuň ortaça zähmet hakyny saklap galýar, ýöne ol işden çykarylanda berilýän kömek puluny hasaba almak bilen üç aýdan artyk bolmaly däldir.

2. Şol kärhananyň saýlawly kärdeşler arkalaşygy guramasyna saýlanyp, işden boşadylan kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň işgärleriniň işlän wagty olaryň iş döwrüne goşulýar.

3. Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň saýlawly edarasyna saýlanmagy bilen esasy işinden boşadylan işgär köpçülikleýin şertnama laýyklykda kärhananyň beýleki işgärleri ýaly zähmet hukuklaryna, kepilliklere we ýeňilliklere eýe bolýar.

401-nji madda. Kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň hukuklarynyň bozulmagy üçin jogapkärçilik

Kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň şu Kodeksde göz öňünde tutulan hukuklaryny we işiniň kepilliklerini bozýan adamlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

XVIII bölüm. Durmuş üpjünçiligi

402-nji madda. Türkmenistanda durmuş üpjünçiligi

Türkmenistanda durmuş üpjünçiligi zähmete ukypsyz raýatlara, maýyplara, çagaly maşgalalara we beýleki adamlara pensiýalar, döwlet kömek puly görnüşinde maddy tölegleri hem-de durmuş ýeňilliklerini bermek we olara durmuş taýdan hyzmat etmek boýunça döwlet ulgamyndan ybaratdyr.

403-nji madda. Türkmenistanyň raýatlarynyň durmuş üpjünçiligi

1. Türkmenistanyň raýatlary garrylyk döwründe, kesellän wagtynda, maýyp bolan, işe ýarawlylyk ukybyny ýitiren, ekleýjisini ýitiren, işsizlige uçran mahalynda durmuş taýdan üpjün edilmek hukugyna eýedirler.

2. Türkmenistanyň raýatlarynyň durmuş üpjünçiligi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

XIX bölüm. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagy we gözegçilik

404-nji madda. Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini edýän edaralar

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini şu aşakdakylar amala aşyrýarlar:

1) ähli kärhanalarda, şeýle hem ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edaralarynda, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň, köpçülikleýin ylalaşyklaryň we köpçülikleýin zähmet şertnamalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek barada Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ýörite ygtyýarly edilen döwlet edarasy (mundan beýläk - ýörite ygtyýarly edilen edara). Ýörite ygtyýarly edilen edara hakyndaky Düzgünnama Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar;

2) kärdeşler arkalaşyklary guramalary, şeýle hem olaryň garamagynda durýan zähmet baradaky tehniki we hukuk gulluklar - şol gulluklar hakyndaky düzgünnamalara laýyklykda;

3) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary;

4) ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary - özleriniň garamagyndaky kärhanalar barada olaryň ygtyýarlarynyň çäklerinde.

405-nji madda. Ýörite ygtyýarly edilen edaranyň ygtyýarlary

Ýörite ygtyýarly edilen edara öz ygtyýarlarynyň çäklerinde:

1) Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, zähmet hukugynyň kadalary beýan edilen Türkmenistanyň kanunlarynyň we başga kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň, halkara şertnamalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär;

2) şahsy we köpçülikleýin zähmet şertnamalaryna; zähmet depderçelerine; iş wagtyna we dynç alyş wagtyna; zähmete hak tölenilişine; kämillik ýaşyna ýetmedikleriň we aýallaryň zähmetine; zähmetiň goralyşyna we beýleki zähmet şertlerine degişli Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik edýär;

3) tehniki serişdeleriň, hususy gorag serişdeleriniň, iş egin-eşikleriniň we aýakgaplarynyň nusgalaryny önümçilige ornaşdyrmak hakynda netijenama berýär;

4) önümçilikdäki betbagtçylykly hadysalary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde derňemäge haklydyr;

5) zähmet gatnaşyklary, zähmeti goramak we zähmet gigiýenasy, işçiler bilen özüňi alyp barmak bilen baglanyşykly meseleler boýunça kärhanalaryň işgärlerini taýýarlamak, olara öwretmek we olary habarly etmek baradaky işi utgaşdyrýar;

6) ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edaralaryndan, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan, şahsy we edara görnüşindäki taraplardan öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrmak üçin zerur maglumatlary soramaga we almaga haklydyr;

7) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde, işgärler öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirenlerinde zähmet şertlerine we işgärleriň goralmagyna degişli Türkmenistanyň kanunçylyk we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň düzgünleriniň bozulanlygy üçin degerli çäre görmäge haklydyr;

8) Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik etmek baradaky beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

406-njy madda. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik etmekde kärdeşler arkalaşyklary edaralarynyň gatnaşmagy

1. Kärdeşler arkalaşyklary guramalary iş berijiler we olaryň wekilleri tarapyndan Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagynyň we gözegçiligiň amala aşyrylmagyna gatnaşýarlar.

2. Iş berijiler ýüze çykarylan düzgün bozmalary düzetmek hakyndaky talaplary alan gününden beýläk bir hepde möhletiň içinde şol talaba garalmagynyň netijeleri we görlen çäreler hakynda degişli kärdeşler arkalaşygy edarasyna habar bermäge borçludyrlar.

3. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak üçin kärdeşler arkalaşyklary guramalary we olaryň birleşikleri kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň zähmet baradaky tehniki we hukuk gulluklaryny döredýärler, olara bolsa Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň Milli Merkezi tarapyndan tassyklanylýan düzgünnamalarda göz öňünde tutulan ygtyýarlar berilýär.

4. Türkmenistanyň welaýatlarynda, etraplarynda we şäherlerinde hereket edýän kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň çäk birleşikleri kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň zähmet baradaky tehniki we hukuk gulluklaryny döredýärler, olar bolsa şu maddanyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan düzgünler esasynda hereket edýärler.

5. Kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň, zähmetkeşler köpçüligine wekilçilik edýän beýleki edaralaryň aşakdakylara haky bardyr:

1) Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň iş berijiler tarapyndan berjaý edilişine gözegçilik etmäge;

2) zähmet şertleri we kärhanada işgärleriň howpsuzlygynyň üpjün edilişi barada garaşsyz seljerme geçirmäge;

3) önümçilikde ýüze çykan betbagtçylykly hadysalary we hünär kesellerini derňemäge gatnaşmaga, şeýle hem olaryň özbaşdak derňewini geçirmäge;

4) zähmet şertleriniň we zähmetiň goralyşynyň ýagdaýy hakynda, şeýle hem önümçilikdäki bellige alynmaga degişli bolan ähli betbagtçylykly hadysalar hakynda kärhanalaryň ýolbaşçylaryndan we beýleki wezipeli adamlaryndan maglumat almaga;

5) işgärleriň ömri we saglygy üçin gös-göni howp dörän halatlarynda işleriň wagtlaýyn togtadylmagyny talap etmäge;

6) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň ýüze çykarylan bozulmalaryny düzetmek hakynda iş berijä hökmany garamaly bolan görkezmeleri bermäge;

7) zähmeti goramagyň köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulan şertleriniň ýagdaýyny barlamaga;

8) önümçilik desgalaryny we önümçilik serişdelerini synamak we ulanmaga kabul etmek baradaky toparlaryň işine garaşsyz bilermen hökmünde gatnaşmaga;

9) zähmeti goramak baradaky kadalaşdyryjy namalary işläp taýýarlamak we olar boýunça ylalaşmak işine gatnaşmaga;

10) zähmeti goramak baradaky kadalaşdyryjy talaplaryň bozulmagynda, önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalary ýaşyrmakda günäkär wezipeli adamlary jogapkärçilige çekmek hakyndaky talap bilen degişli edaralara ýüz tutmaga;

11) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň, köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) bellenilen borçnamalaryň bozulmagy, şeýle hem zähmet şertleriniň üýtgemegi bilen baglanyşykly zähmet jedellerine garamaga gatnaşmaga.

6. Kärdeşler arkalaşyklary guramalary, olaryň zähmet gulluklary ýokarda görkezilen ygtyýarlyklar amala aşyrylanda Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik edýän döwlet edaralary bilen arkalaşykly hereket edýärler.

407-nji madda. Ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlary

Ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary özleriniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde:

1) özleriniň garamagyndaky çäkde ýerleşen kärhanalar babatda Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçiligi amala aşyrýarlar;

2) özleriniň garamagyndaky çäkde ýerleşen kärhanalar, kärdeşler arkalaşyklary edaralary we beýleki jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde durmuş hyzmatdaşlygy hakyndaky ylalaşyklarda göz öňünde tutulan çäreleriň geçirilmegini guraýarlar;

3) Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik etmek babatynda kärdeşler arkalaşyklarynyň pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen arkalaşykly hereket edýärler;

4) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde gözegçilik barlagyny we gözegçilik etmek baradaky beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýarlar.

408-nji madda. Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlary

Ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary özleriniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde:

1) özleriniň garamagyndaky kärhanalar babatda Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň içerki gözegçiligini amala aşyrýarlar;

2) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik etmek babatynda özleriniň garamagyndaky kärhanalaryň kärdeşler arkalaşyklary edaralary bilen arkalaşykly hereket edýärler;

3) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçiligi amala aşyrmak işinde ýerli häkimiýet edaralaryna we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna guramaçylyk, habar beriş ýardamlaryny hem-de gaýry ýardamy berýärler;

4) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik etmek baradaky beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýarlar.

XX bölüm. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçilik

409-njy madda. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçilik

1. Iş beriji işgäre düşýän iş haky tölenilmedik (doly däl görnüşde tölenilen) ýa-da iş hakynyň berilmegi gijikdirilen halatynda şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalarynda bellenilen jogapkärçiligi çekýär.

2. Iş berijiniň günäsi bilen zähmet depderçesiniň berilmegi gijikdirilen mahalynda mejbury ýagdaýda işe gelinmedik ähli wagt üçin işgäre ortaça zähmet haky tölenilýär.

3. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyny, zähmeti goramak baradaky düzgünleri bozmakda, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik edýän edaralaryň işine päsgel bermekde günäkär adamlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýärler.

XXI bölüm. Jemleýji düzgünler

410-njy madda. Şu Kodeksde bellenilen möhletleriň hasaplanylyşy

1. Şu Kodeksde ýa-da zähmet şertnamasynda bellenilen möhlet senenama senesi bilen, wagtyň geçen döwri - ýyllar, aýlar, hepdeler ýa-da günler bilen hasaplanylýar.

2. Şu Kodeksiň zähmet hukuklarynyň we borçlarynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşdyrýan möhletleriniň geçişi agzalan hukuklaryň we borçlaryň ýüze çykyp başlamagynyň kesgitlenen senesinden başlanýar.

Şu Kodeksiň zähmet hukuklarynyň we borçlarynyň bes edilmegi bilen baglanyşdyrýan möhletleriniň geçişi zähmet gatnaşyklarynyň gutarmagynyň kesgitlenen senenama senesiniň yzyndan gelýän günde başlanýar.

3. Ýyllar, aýlar, hepdeler bilen hasaplanylýan möhletler möhletiň soňky ýylynyň, aýynyň ýa-da hepdäniň degişli gününde tamamlanýar. Eger aý hasabynda hasaplanylýan möhletiň tamamlanmagy degişli güni bolmadyk aýa gabat gelse, onda möhlet şol aýyň soňky gününde tamamlanýar. Senenama hepdeleri ýa-da günleri bilen hasaplanylýan möhlete iş güni bolmadyk günler hem girýär.

4. Eger möhletiň soňky güni iş güni bolmadyk güne düşäýse, onda eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, şol günüň yzyndan gelýän ilkinji iş güni möhletiň tamamlanan güni diýlip hasaplanylýar.

Türkmenistanyň Kanuny

“Durmuş üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunyny tassyklamak we güýje girizmek hakynda

1-nji madda. “Durmuş üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunyny tassyklamaly.

2-nji madda. “Dürmuş üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunyny 2007-nji ýylyň 1-nji iýulyndan başlap güýje girizmeli.

3-nji madda. Şu aşakdakylary 2007-nji ýylyň 1-nji iýulyndan başlap güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

2006-njy ýylyň 26-njy ýanwarynda kabul edilen “Pensiýalar hakynda” Türkmenistanyň kanunyny.

1998-nji ýylyň 17-nji iýulynda kabul edilen “Döwlet kömek puly hakynda” Türkmenistanyň kanunyny (girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen).

1995-nji ýylyň 15-nji iýunynda kabul edilen “Weteranlaryň statusy olaryň durmuş goraglylygynyň kepillikleri hakynda” Türkmenistanyň kanunyny (girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen).

1992-nji ýylyň 19-njy maýynda kabul edilen “Türkmenistanda inwalidleri sosial taýdan goramak hakynda” Türkmenistanyň kanunyny (girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

1992-nji ýylyň 14-nji dekabrynda kabul edilen “Türkmenistanda harby gullukçylaryň pension üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň kanunyny (girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen) güýjüni ýitiren hasap etmeli.

Türkmenistanyň Prezidenti
Gurbanguly Berdimuhammedow
Aşgabat şäheri
2007-nji ýylyň 17-nji marty
№ 98-III

TÜRKMENISTANYŇ BITEWI KANUNY DURMUŞ ÜPJÜNÇILIGI HAKYNDA

Şu Bitewi kanun Türkmenistanda durmuş üpjünçiliginiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär, pensiýa we döwlet kömek puluny almaga hukugy bolan adamlaryň pensiýa we döwlet kömek puly bilen üpjünçiligini kepillendirýär, pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň, pensiýany we döwlet kömek puluny bellemegiň, hasaplamagyň we tölemegiň tertibini hem-de şertlerini kesgitleýär.

I bölüm. UMUMY DÜZGÜNLER

1-nji madda. Durmuş üpjünçiligi

Türkmenistanda durmuş üpjünçiligi zähmete ukypsyz raýatlara, maýyplara, çagaly maşgalalara we beýleki adamlara pensiýalar, döwlet kömek puly görnüşinde maddy tölegleri hem-de durmuş ýeňilliklerini bermek we olara durmuş taýdan hyzmat etmek boýunça döwlet ulgamyndan ybaratdyr.

2-nji madda. Türkmenistanyň durmuş üpjünçiligi hakyndaky kanunçylygy

1. Türkmenistanyň durmuş üpjünçiligi hakyndaky kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Bitewi kanundan, Türkmenistanyň raýatlarynyň durmuş üpjünçiligi meselelerini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

2. Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalarynda (ylalaşyklarynda) şu Bitewi kanunda görkezilen

düzgünlerden başga düzgünler göz öňünde tutulan bolsa, onda halkara şertnamalarynyň (ylalaşyklarynyň) düzgünleri ulanylýar.

3. Durmuş üpjünçiligi meselelerini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalary şu Bitewi kanunyň esasynda kabul edilýär we onuň düzgünlerine garşy gelmeli däldir. Şeýle garşylyk ýüze çykanda, şu Bitewi kanunyň düzgünleri ulanylýar.

3-nji madda. Bitewi kanunyň hereket edýän çägi

1. Şu Bitewi kanun Türkmenistanyň durmuş üpjünçiligine hukugy bolan raýatlaryna şu Bitewi kanunda kesgitlenýän tertipde we şertlerde degişlidir.

2. Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik ýaşaýan daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar, Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda (ylalaşyklarynda) başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, Türkmenistanyň raýatlary bilen deň derejede, şu Bitewi kanunda kesgitlenýän tertipde we şertlerde durmuş üpjünçiligine bolan hukukdan peýdalanýarlar.

4-nji madda. Durmuş üpjünçiligi babatda döwlet syýasaty

Durmuş üpjünçiligi babatda döwlet syýasaty:

1) durmuş üpjünçiligi babatda bitewi syýasaty üpjün etmäge;

2) Türkmenistanyň Konstitusiýasynda kepillendirilen, raýatlaryň durmuş üpjünçiligine hukuklaryny we şu Bitewi kanunda, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenen ýeňillikleri durmuşa geçirmäge;

3) durmuş üpjünçiligi ulgamynyň dolandyrylyşyny kämilleşdirmäge, durmuş goraglylygyny niýetlenen ugra gönükdirmegi üpjün etmäge;

4) durmuş üpjünçiliginiň hukuk binýadyny mundan beýläk hem kämilleşdirmäge;

5) durmuş üpjünçiligi ulgamynyň maliýe durnuklylygyny ýokarlandyrmaga;

6) durmuş üpjünçiliginiň dürli görnüşleriniň raýatlar üçin elýeterli bolmagyna gönükdirilendir.

5-nji madda. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy

Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy raýatlaryň pensiýa ýaşyna ýeten, maýyp bolan, ekleýjisini ýitiren halatlarynda, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen beýleki durmuş ätiýaçlandyryş halatlarynda, olaryň durmuş goraglylygyna gönükdirilen hukuk, ykdysady, durmuş we guramaçylyk çäreleriniň ulgamyndan ybaratdyr.

6-njy madda. Ölçeg

1. Ölçeg - bu arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasynyň we maýyplyk boýunça döwlet kömek pulynyň möçberini hasaplamak üçin ulanylýan we kesgitlenen ululygy aňladýan görkezijidir.

2. Ölçeg raýata arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasy we maýyplyk boýunça döwlet kömek puly bellenýän gününe çenli onuň iş döwrüniň her bir ýyly üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen kesgitlenilýär.

7-nji madda. Şahsy koeffisiýent. Pensiýany we maýyplyk boýunça döwlet kömek puluny hasaplamak üçin iş haky

1. Şahsy koeffisiýent arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasynyň we maýyplyk boýunça döwlet kömek pulunyň möçberini hasaplamak üçin ulanylýar.

2. Şahsy koeffisiýent islendik yzygiderli bäş senenama ýyly üçin kesgitlenilýär.

Oba hojalyk önümlerini öndürmek bilen meşgullanýan, hojalygy ýöretmegiň öňdebaryjy usullary ornaşdyrylyp başlanan wagtyndan bärdäki döwrüniň zähmet haky barada maglumatlar beren adamlaryň gazanjy oba hojalyk pudagynyň görnüşine baglylykda, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň maglumatlary boýunça Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan kesgitlenýän bir adama düşýän işiň ölçeginden ugur almak bilen kabul edilýär.

3. Adamyň şahsy koeffisiýenti, onuň bir ýyldaky ortaça aýlyk iş hakyny degişli ýyllarda Türkmenistan

boýunça ortaça aýlyk iş hakyna bölmek ýoly bilen, her senenama ýyly üçin aýratyn hasaplanyp, olaryň jemini bolsa, ýyllaryň sanyna bölmek ýoly bilen kesgitlenilýär.

4. Raýatyň ortaça aýlyk iş hakynyň möçberinde wezipe aýlyk haky, tarif möçberi boýunça, zähmet rugsady üçin tölegler, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna tutumlar geçirilen tölegler we haklar, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly hasaba alynýar, muňa zähmete hak tölemegiň hereket edýän ulgamynda göz öňünde tutulmadyk birwagtlaýyn häsiýetli tölegler girmeýär.

Şu Bitewi kanunyň 25-nji maddasynyň sekizinji we dokuzynjy böleklerinde görkezilen adamlaryň gazanjyna, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler tölenen şertlerinde, awtorlyk galam haky hem goşulýar.

5. Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna laýyklykda, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimleri tölemekden boşadylan eýeçiligiň görnüşine garamazdan kärhanalarda, guramalarda we edaralarda işlän döwürlerindäki gazanjy barada maglumat beren adamlaryň şahsy koeffisiýenti hasaplananda gazanjyň döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler tölenen görnüşleri ýaly gazanç görnüşleri goşulýar.

6. Oba hojalyk önümlerini öndürmek bilen meşgullanýan adamlaryň arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasyny we maýyplyk boýunça döwlet kömek puluny hasaplamak üçin aýlyk iş hakyna zähmete hak tölemegiň ähli görnüşleri goşulýar.

Ortaça aýlyk iş hakynyň hasaplanýan döwrüniň bir bölegi oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin işlän döwrüne, bir bölegi bolsa - ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda işlän döwrüne düşýän bolsa, onda her döwürdäki aýlyk iş haky, degişlilikde, bellenen kadalar boýunça hasaba alynýar.

7. Şahsy koeffisiýentiň iň ýokary möçberi 2,5 derejede kesgitlenýär.

Ykdysadyýetiň pudaklaryna we zähmete hak tölemegiň şertlerine baglylykda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan şahsy koeffisiýentiň iň ýokary möçberiniň başga bir ululygy bellenilip bilner.

8. Raýatlar tarapyndan, özlerine bagly bolmadyk sebäpler boýunça, işlän döwrüniň bütin dowamynda yzygiderli bäş senenama ýylynyň iş haky baradaky maglumatlary bermek mümkinçiligi bolmasa, şahsy koeffisiýent iş haky bilen tassyklanan hakyky döwür üçin hasaplanyp bilner, şunda ol döwür yzygiderli 36 senenama aýdan az bolmaly däldir.

9. Iş haky barada maglumatlary bermek mümkinçiligi bolmasa şahsy koeffisiýenti işlän ýerinde bäş senenama ýylynda tölenen, bellenen goşmaça haklary hasaba almak we etrap koeffisiýentini ulanmak bilen, degişli wezipe aýlyk haky ýa-da tarif möçberi boýunça hasaplamaga rugsat edilýär. Şunuň ýaly ýagdaýda işgär tarapyndan iş haky barada maglumatlary bermek mümkinçiliginiň ýokdugy iş beriji ýa-da arhiw edaralary tarapyndan tassyklanýar.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

8-nji madda. Binýatlyk ululygy

Pensiýanyň iň pes möçberini bellemek we döwlet kömek puluny hasaplamak üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen tassyklanýan binýatlyk ululygy bellenýär.

II bölüm. PENSIÝa ÜPJÜNÇILIGI

I bap. Umumy düzgünler

9-njy madda. Pensiýa üpjünçiligi

1. Türkmenistanda pensiýa üpjünçiligi döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy we meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy arkaly durmuşa geçirilýär.

2. Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet pensiýa üpjünçiligine bolan hukuklary çäklendirilip bilinmez.

10-njy madda. Pensiýa ulgamlary

1. Türkmenistanda pensiýa üpjünçiliginiň esasyny arkalaşyk, şertli-toplaýyş we toplaýyş usullary düzýär.

2. Arkalaşyk pensiýa usuly şertli-toplaýyş usuly girizilmezinden öňki iş döwri üçin bellenilýän

pensiýalary tölemäge bir bölegi gönükdirilýän döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimlere esaslanýar.

3. Şertli-toplaýyş pensiýa usuly döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň geçirimlerine esaslanyp şertli-toplaýyş usuly girizileninden soň iş döwri üçin olaryň bir bölegi pensiýalary tölemäge gönükdirilýär.

4. Toplaýyş pensiýa usuly şertnamalaýyn esasda zähmet işi, şol sanda hususy telekeçilik işi bilen meşgullanýan raýatlara, harby gullukçylara, içeri işler edaralarynyň ýolbaşçy we ýönekeý düzüminiň işgärlerine, şeýle hem şertnamalaýyn zähmeti ulanmaýan şahsy kömekçi we öý hojalygy, hususy telekeçilik işi we başga zähmet bilen meşgullanýan raýatlara (mundan beýläk-özbaşdak iş bilen meşgullanýan raýatlar) degişli bolup, olaryň meýletin pensiýa gatançlaryna esaslanýar.

11-nji madda. Pensiýa üpjünçiliginiň döwlet kepillikleri

1. Döwlet şu Bitewi kanun güýje girizilmezinden öň pensiýa bellenen raýatlaryň pensiýa üpjünçiligini kepillendirýär.

2. Döwlet, pensiýa ýaşyna ýeten we döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler tölemek bilen, bäş ýyldan az bolmadyk iş döwri bolan raýatlara döwlet arkalaşyk pensiýa usuly boýunça pensiýa üpjünçiligini kepillendirýär.

3. Döwlet, pensiýa ýaşyna ýeten, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler tölemek bilen, bäş ýyldan az bolmadyk iş döwri we döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler esasynda pensiýa toplamalary bar bolan raýatlara şertli-toplaýyş usuly boýunça pensiýa üpjünçiligini kepillendirýär.

4. Toplaýyş usulynda döwlet, raýatlaryň pensiýa toplamalarynyň saklanylyşyny we olara toplaýyş pensiýasyny tölemegi kepillendirýär.

5. Döwlet, raýatlaryň pensiýa toplamalarynyň, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda, üçünji tarapa geçirilmeginiň ýol berilmezligini kepillendirýär.

12-nji madda. Pensiýanyň görnüşleri

1. Türkmenistanda zähmet we toplaýyş pensiýalary bellenilýär.

2. Zähmet pensiýasy - bu pensiýa ýaşyna ýeten adamlara, olaryň döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler amala aşyrylan iş döwri üçin bellenilýän pensiýadyr.

3. Toplaýyş pensiýasy - bu pensiýa ýaşyna ýeten we pensiýa toplamalary bar bolan adamlara bellenilýän pensiýadyr.

13-nji madda. Pensiýalary maliýeleşdirmegiň çeşmeleri

Pensiýalary maliýeleşdirmegiň çeşmeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1) döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň serişdeleri;
2) raýatlaryň pensiýa toplamalary;
3) eýeçiliginiň görnüşine garamazdan kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň serişdeleri;
4) Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki çeşmeler.

II bap. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy we meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy

14-nji madda. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy we meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy

1. Eýeçiligiň görnüşine garamazdan kärhanalar, guramalar we edaralar, şeýle hem şertnamalaýyn zähmeti ulanýan hususy telekeçiler we beýleki şahsy taraplar (mundan beýläk - iş berijiler), şeýle hem şahsy taraplar, olaryň sanawyny Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tassyklaýar, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimleri (mundan beýläk - geçirimleri) töleýärler.

2. Iş berijiler arkalaşyk pensiýa usuly boýunça döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimleri kärhana boýunça tutuşlugyna, şertli-toplaýyş pensiýa usulynda bolsa, şeýle geçirimler geçirilende işleýän adamlary görkezmek bilen geçirýärler.

3. Bank edaralary şertli-toplaýyş pensiýa usuly boýunça geçirimler baradaky maglumaty (göçürmäni),

her günde elektron görnüşde (magnit göterijilerde ýa-da aragatnaşyk usullary boýunça) ýa-da kagyz göterijilerde durmuş taýdan üpjünçilik edaralaryna berýärler.

Bank edaralary döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy boýunça serişdeleriň hereketi baradaky jemleýji maglumatlary her günde Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligine berýärler. Görkezilen maglumatlar şunuň ýaly tertipde welaýat derejesinde hem berilýär.

4. Toplaýyş pensiýa usuly boýunça meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy şu Bitewi kanunyň 15-nji maddasyna laýyklykda şertnama esasynda amala aşyrylar. Meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy şertnamasynyň mysaly görnüşi Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi tarapyndan tassyklanýar.

15-nji madda. Meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň şertnamasy

1. Meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň şertnamasy (mundan beýläk - Şertnama) durmuş taýdan üpjünçilik edarasy bilen raýatlaryň arasynda baglaşylýar. Şertnamada ätiýaçlandyrylan adamyň pensiýa gatanjynyň möçberi görkezilýär. Şertnama bellige alyş belgisi berilýär, we ol, şol birwagtyň özünde ätiýaçlandyrylan adamyň atly pensiýa hasabynyň belgisi hem bolup durýar.

2. Şertnamanyň hereketi ätiýaçlandyrylan adamyň çagyryş boýunça harby gullugy we içeri işler edaralaryndaky gullugy geçen döwründe, üç ýaşa çenli çaga seretmek boýunça rugsady döwründe, zähmet işiniň arasy kesilende we girdeji almagyň kesilýän beýleki ýagdaýlarynda wagtlaýyn togtadylyp bilner. Şertnamanyň hereketi pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatançlar tölenen pursatyndan gaýtadan ýola goýulýar.

3. Hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden daşyna çykylyp gidilende, Şertnamanyň hereketini dowam etmek mümkin bolmadyk beýleki ýagdaýlarda Şertnama ätiýaçlandyrylan adamyň durmuş taýdan üpjünçilik edaralaryna ýazmaça arzasy esasynda ýatyrylýar.

4. Ätiýaçlandyrylan adam, aradan çykan, nam-nyşansyz giden ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde aradan çykan diýlip yglan edilen halatlarynda Şertnama bozuldy hasap edilýär.

16-njy madda. Meýletin pensiýa gatançlarynyň möçberi we olary tölemek

1. Raýatlaryň meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatançlary Türkmenistanyň çäklerinde, şeýle hem onuň çäklerinden daşarda alan zähmet hakynyň (pul üpjünçiliginiň) iki göteriminden az bolmadyk möçberde bellenýär, şu maddanyň üçünji, dördünji, bäşinji böleklerinde görkezilen ýagdaýlar muňa girmeýär.

Meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasyna şertnama baglaşan adamlar ätiýaçlandyrma pensiýa gatançlaryny özbaşdak ýa-da iş berijileriň üsti bilen her aý tölemäge borçludyrlar.

2. Meýletin pensiýa gatançlaryny tölemek üçin girdejilere döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler edilmeýän tölegler goşulmaýar.

3. Daýhan birleşiklerinde we beýleki oba hojalyk kärhanalarynda işleýän adamlar, meýletin pensiýa gatançlaryny Şertnamada bellenen, ýöne arassa girdejiniň iki göteriminden az bolmadyk möçberde töleýärler.

Şu adamlardan meýletin pensiýa gatançlaryny tutup almak şol kärhanalaryň hasaphanalary tarapyndan amala aşyrylýar. Meýletin pensiýa gatançlaryny Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň ýörite hasabyna geçirmek geçen ýylyň ortaça aýlyk girdejileriniň möçberinden ugur alnyp, aýlar boýunça deň paýlara bölmek bilen amala aşyrylýar. Hasabat ýylynyň hakyky girdejileri boýunça gaýtadan hasaplamak hasabat ýylynyň yz ýanyndan gelýän ýylyň Nowruz aýynyň 31-ine çenli geçirilýär.

Daýhan birleşiklerinde we beýleki oba hojalyk kärhanalarynda wezipe aýlyk iş haky (nyrh möçberi) boýunça zähmet haky bilen işleýän adamlar meýletin pensiýa gatançlaryny şu maddanyň birinji we ikinji böleklerine laýyklykda töleýärler.

4. Daýhan birleşiklerinden daşary oba hojalyk önümlerini öndürmek bilen meşgullanýan raýatlar öndürýän önümleriniň möwsümini göz öňünde tutmak bilen, ýylda birden az bolmadyk gezekde meýletin pensiýa ätiýaçlandyrma gatançlaryny arassa girdejiniň iki göteriminden az bolmadyk möçberde özbaşdak nagt ýa-da nagt däl hasaplaşyklar arkaly bank edaralarynyň üsti bilen geçirýärler.

5. Özbaşdak iş bilen meşgullanýan raýatlar meýletin pensiýa gatançlaryny Şertnamada bellenen, ýöne Türkmenistan boýunça geçen ýyldaky ortaça aýlyk iş hakynyň iki göteriminden az bolmadyk möçberde töleýärler.

Özbaşdak iş bilen meşgullanýan raýatlar meýletin pensiýa gatançlaryny bellenen tertipde, “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunynda salgytlary tölemek üçin bellenen döwürden seýrek bolmadyk wagtda, Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň ýörite hasabyna nagt ýa-da nagt däl

hasaplaşyklar arkaly töleýärler.

6. Bank edaralary her gün, elektron görnüşde (magnit göterijilerde ýa-da aragatnaşyk usullary bilen) ýa-da kagyz göterijilerde meýletin pensiýa gatançlaryny özbaşdak geçiren adamlaryň sanawyny goşmak bilen, durmuş taýdan üpjünçilik edaralaryna Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň ýörite hasabyndaky serişdeleriň hereketi baradaky göçürmäni berýärler.

7. Iş berijiler, raýatlar tarapyndan pensiýa gatançlarynyň hasaplanyşynyň dogrulygyna, dolulygyna we wagtynda geçirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň salgytlar hakyndaky kanunçylygynda bellenen tertipde Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň edaralary, Türkmenistanyň bank edaralary we Türkmenistanyň durmuş üpjünçiligi edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

III bap. Pensiýa toplamalary

17-nji madda. Pensiýa toplamalary

1. Şertli pensiýa toplamalary şertli-toplaýyş usuly boýunça geçirimler bilen olara hasaplanyp ýazylan şertli girdejiniň jemi möçberini aňladýar.

2. Pensiýa toplamalary raýatlaryň toplaýyş pensiýa usulynda Şertnama boýunça meýletin pensiýa gatançlary bilen olara hasaplanyp ýazylan maýa goýum girdejisiniň jemi möçberini aňladýar.

3. Pensiýa toplamalary raýatlaryň durmuş taýdan üpjünçilik edaralarynda açylýan atly pensiýa hasaplarynda hasaba alynýar.

4. Toplaýyş pensiýa usuly boýunça pensiýa toplamalary Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň ygtyýarlandyran bankynda (mundan beýläk - Ygtyýarly bank) açylýan ýörite hasabynda saklanýar we bankyň Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hasaplarynda saklanýan hökmany ätiýaçlyk serişdeleriniň hasabyna goşulmaýar.

5. Ygtyýarly bank Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň ýörite hasabyna hyzmat edýär we pensiýa toplamalarynyň hereketi boýunça ähli pul amallaryny amala aşyrýar.

18-nji madda. Pensiýa toplamalaryny atma-at hasaba almak

1. Şertli pensiýa toplamalaryny we pensiýa toplamalaryny atma-at hasaba almak Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýän tertipde raýatlaryň atly pensiýa hasaplarynda alnyp barylýar.

2. 2-nji bölegi Türkmenistanyň 23.10.2008 ý. № 234-III Kanuny esasynda güýjüni ýitiren.

3. Toplaýyş usuly boýunça atma-at hasaba almak meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmagyň bütin dowamynda we pensiýa toplamalary doly harçlanýança alnyp barylýar.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

19-njy madda. Pensiýa toplamalarynyň gizlinligi

1. Pensiýa toplamalarynyň gizlinligi pensiýa hasaplarynyň belgileri we olaryň eýeleri, bu hasaplardaky we Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň ýörite hasabyndaky pul serişdeleriniň hereketi we olaryň galyndylary baradaky maglumatlary öz içine alýar.

2. Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi, Ygtyýarly bank, durmuş taýdan üpjünçilik edaralary, bank edaralary pensiýa toplamalarynyň gizlinligini kepillendirýärler.

3. Pensiýa toplamalarynyň pul möçberi hasabyň eýesi üçin gizlin däldir we hasabyň eýesiniň ýazmaça razylygy esasynda üçünji tarapa aýdylyp, açylyp bilner.

4. Pensiýa hasaplaryndaky pul serişdeleriniň hereketi we olaryň galyndylary baradaky maglumat şu aşakdaky edaralara berlip bilner:

1) prokuratura, derňew we deslapky derňew edaralaryna - olarda önümçilikde bolan işler we maglumatlar boýunça;

2) kazyýetlere - olarda önümçilikde bolan işler boýunça;

3) salgyt gullugynyň edaralaryna - barlanýan adama salgyt salynmagy bilen baglanyşykly meseleler

boýunça.

5. Pensiýa hasabynyň eýesiniň aradan çykan halatynda hasabyň bardygy, olardaky pul serişdeleriniň hereketi we olaryň galyndylary baradaky maglumatlar mirasdüşerlere, şeýle hem olarda önümçilikde bolan miras barada maglumatlar boýunça kazyýetlere, kepillendiriş edaralaryna we daşary ýurt konsullyk edaralaryna berilýär.

6. Durmuş taýdan üpjünçilik edaralarynyň wezipeli adamlarynyň we öz gulluk borçlaryny amala aşyrmak bilen baglanyşykly pensiýa toplamalarynyň gizlin maglumatlary bilen işlemäge rugsady bolan beýleki adamlaryň olary aýan etmäge haky ýokdur.

7. Şu maddanyň üçünji, dördünji, bäşinji böleklerinde göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda pensiýa toplamalarynyň gizlinliginiň aýan edilendigi üçin görkezilen adamlar Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligi çekýärler.

20-nji madda. Pensiýa toplamalaryny maýa goýuma gönükdirmek

1. Pensiýa toplamalaryny maýa goýmak, bäsdeşlik esasynda saýlanyp alnan, Ygtyýarly edilen bank tarapyndan amala aşyrylýar. Ygtyýarly edilen bank saýlanylmadyk halatynda pensiýa toplamalaryny maýa goýmak Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Pensiýa toplamalary olary täjirçilik banklarynyň depozitlerine ýerleşdirmek, daşary ýurtlara haryt ibermek-getirmek amallaryny we ýaşaýyş jaý gurluşygyny maliýeleşdirmek, taslamalary maliýeleşdirmek, döwletiň gymmatly kagyzlaryny we beýleki gymmatly kagyzlary we halkara maliýe guramalarynyň gymmatly kagyzlaryny satyn almak, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň geçirýän bankara bäsleşikli söwdalarynda satmak arkaly aktiwleriň beýleki görnüşlerine ýerleşdirmek ýoly bilen maýa goýuma gönükdirilýär.

3. Pensiýa toplamalaryny maýa goýuma gönükdirmegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

4. Pensiýa toplamalary serişdeleri girew goýulmaly däldir ýa-da olaryň eýesiniň, şeýle hem pensiýa toplamalary serişdelerini maýa goýuma gönükdirmek işine beýleki gatnaşyjylaryň borçlaryny başga bir görnüşde üpjün etmek üçin ulanylmaly däldir.

5. Ygtyýarly bank pensiýa toplamalarynyň serişdelerini diňe ätiýaçlandyrylan adamlaryň bähbitlerine laýyklykda dolandyrýar.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

21-nji madda. Pensiýa geçirimlerine we pensiýa toplamalaryna hasaplanyp ýazylan girdeji

1. Raýatlaryň atly pensiýa hasaplarynda hasaba alynýan şertli pensiýa toplamalarynyň möçberi Türkmenistan boýunça ortaça zähmet hakynyň artyşynyň hakyky derejesini göz öňünde tutmak bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna laýyklykda her ýylda indeksirlenýär.

2. Raýatlaryň atly pensiýa hasaplarynda ýerleşen pensiýa toplamalarynyň möçberine her ýylda pensiýa toplamalaryny maýa goýuma gönükdirmekden alnan hakyky girdejiniň möçberinden ugur almak bilen, ýöne 2,5 göterimden pes bolmadyk möçberde, Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi tarapyndan kesgitlenýän maýa goýum girdejisi hasaplanyp ýazylýar.

3. Raýatlara toplaýyş pensiýasy bellenende maýa goýum girdejisi pensiýanyň bellenen pursadyndaky ýagdaýa görä hasaplanyp ýazylýar.

4. Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi maýa goýum girdejisiniň hasabyna, raýatlaryň atly pensiýa hasaplaryny ýöretmek üçin harajatlary ýapmak üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýän möçberde hyzmat hakyny alýar.

IV bap. Pensiýa bolan hukuk

22-nji madda. Pensiýa bolan hukuk

1. Türkmenistanyň raýatlarynyň şu Bitewi kanunda bellenen tertipde we şertlerde pensiýa almaga hukugy bardyr.

2. Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik ýaşaýan daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda we (ýa-da) halkara şertnamalarynda (ylalaşyklarynda) başga bir ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, Türkmenistanyň raýatlary bilen deň derejede pensiýa bolan hukukdan peýdalanýarlar.

23-nji madda. Pensiýa bolan hukugy kesgitleýän şertler

1. Raýatlaryň arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasyna hukuklary bardyr:

1) umumy esaslarda:

erkek adamlar - 62 ýaşy dolanda;

aýal maşgalalar - 57 ýaşy dolanda.

Şunda, şu Bitewi kanunyň 24-nji maddasynyň bäşinji böleginde görkezilen döwürleri göz öňünde tutup, geçirimler tölenen we (ýa-da) raýatlar tarapyndan pensiýa gatançlary tölenen şertlerinde, erkek adamlar üçin - 25 ýyldan, aýal maşgalalar üçin - 20 ýyldan az bolmadyk iş döwri talap edilýär.

Geçirimleri tölemegiň şerti, raýatlaryň Türkmenistanyň kanunçylyk namalary bilen görkezilen geçirimleri tölemekden boşadylan kärhanalarda, guramalarda we edaralarda işlän döwrüne degişli däldir;

2) harby gullukçylaryň, içeri işler edaralarynyň ýönekeý we ýolbaşçy düzüminiň işgärleriniň:

erkek adamlar - azyndan 25 ýyl gulluk edip, 52 ýaşy dolanda;

aýal maşgalalar - azyndan 20 ýyl gulluk edip, 48 ýaşy dolanda;

3) harby gullukçylar, içeri işler edaralarynyň orta, uly we ýokary ýolbaşçylar düzüminden bolan, näsaglygy, işgär birliginiň kemeldilmegi ýa-da saglygynyň çäkli ýagdaýy sebäpli gullukdan boşadylan işgärleriniň:

erkek adamlar - azyndan 25 ýyl iş döwri we onuň azyndan 20 ýyly gulluk döwri bolanda, 50 ýaşy dolanda;

aýal maşgalalar - azyndan 20 ýyl iş döwri we onuň azyndan 15 ýyly gulluk döwri bolanda, 45 ýaşy dolanda;

4) döwlet we raýat awiasiýasynyň uçuş we uçuş-synag düzüminiň işgärleriniň:

erkek adamlar - azyndan 25 ýyl gulluk döwri bolup, 50 ýaşy dolanda;

aýal maşgalalar - azyndan 20 ýyl gulluk döwri bolup, 48 ýaşy dolanda;

5) döwlet we raýat awiasiýasynyň uçarbeletleriniň, uçarüsti dolandyryjylarynyň:

erkek adamlar - azyndan 25 ýyl gulluk eden döwri bolup, 55 ýaşy dolanda;

aýal maşgalalar - azyndan 20 ýyl gulluk eden döwri bolup, 50 ýaşy dolanda;

6) doly iş gününiň dowamynda zähmetiň aýratyn (zyýanly we aýratyn agyr) şertleri bolan işlerde işleýän raýatlar:

erkek adamlar - 52 ýaşy dolanda; 25 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanda we eger olar görkezilen işlerde azyndan 10 ýyl işlän bolsalar;

aýal maşgalalar - 48 ýaşy dolanda; 20 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanda we eger olar görkezilen işlerde azyndan 7 ýyl 6 aý işlän bolsalar.

Görkezilen işlerde bellenen möhletleriň azyndan ýarysyny işlän, şu maddanyň birinji böleginiň birinji bendinde bellenen iş döwri bolan raýatlara umumy esaslarda bellenen ýaşy şu işlerde işlenen doly ýyl üçin bir ýyly kemeltmek bilen pensiýa bellenýär. Raýatlaryň şu topary üçin işleriň, hünärleriň we wezipeleriň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýän tertipde tassyklanýar;

7) üç çaga doguran we olary sekiz ýaşa çenli terbiýeläp ýetişdiren aýallaryň, umumy esaslarda bellenilen ýaşy bir ýyl, dört çagaly aýallaryň - iki ýyl, bäş we ondan köp çagaly ýa-da çagalygyndan maýyp çagaly aýallaryň - üç ýyl azaldyp, olaryň 20 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanda;

8) gipofizar nanizmi (boý ösmezlik, göýdüklik) keseli bilen kesellän raýatlaryň (liliputlar) ýa-da göýdükleriň (karlikler):

erkek adamlar - umumy esaslarda talap edilýän iş döwrüniň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan, 45 ýaşy dolanda;

aýal maşgalalar - umumy esaslarda talap edilýän iş döwrüniň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan, 40 ýaşy dolanda.

2. Şu maddanyň birinji böleginde bellenen ýaşa ýeten raýatlaryň, geçirimleri tölemek bilen, azyndan bäş ýyl iş döwri bolup, atly pensiýa hasaplarynda şertli pensiýa toplamalary bar bolan halatynda, şertli-toplaýyş pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasyna çykmaga hukugy bardyr.

3. Şu maddanyň birinji böleginde bellenen ýaşa ýeten ätiýaçlandyrylan raýatlaryň, atly pensiýa hasaplarynda pensiýa toplamalary bar bolan halatynda, toplaýyş pensiýasyna çykmaga hukugy bardyr.

4. Şu maddanyň birinji böleginiň birinji bendinde kesgitlenenden az, emma durmuş ätiýaçlandyrmasyna pul geçirilen bäş ýyldan az bolmadyk iş stazy bar bolan, şol bentde görkezilen raýatlaryň doly däl iş stazy bilen arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasyny almaga haky bardyr.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky we 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda; 2010 ý., № 1, 4-nji madda)

V bap. Iş döwri

24-nji madda. Iş döwri

1. Iş döwri diýlip işiň häsiýetine we işiň arasynyň üzülen döwrüniň dowamlylygyna garamazdan, bellenen tertipde geçirimler geçirilen şertlerinde, zähmet ylalaşygy esasynda eýeçiligiň görnüşine garamazdan ähli kärhanalarda, guramalarda we edaralarda, daşary döwletleriň, halkara birleşikleriniň we guramalaryň Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşen wekilçiliklerinde, edara görnüşli taraplarynda, hakyna tutma ylalaşygy (şertnamasy) esasynda hususy telekeçilerde ýerine ýetirilýän zähmet we beýleki jemgyýete peýdaly (gulluk) işe, şeýle hem oba hojalyk önümlerini öndürýän adam hökmünde işlenen döwre düşünilýär.

2. Iş döwri arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasyny bellemek üçin ulanylýar.

3. Harby gullukçylar, içeri işler edaralarynyň ýönekeý we ýolbaşçy düzüminiň işgärleri üçin iş döwri diýlip, geçirimler geçirilmedigine garamazdan, harby gulluk döwrüne, içeri işler edaralarynda gulluk edilen döwürlere düşünilýär.

4. Arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasyny bellemek üçin iş döwrüne arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasynyň bellenýän gününe çenli zähmet we beýleki jemgyýete peýdaly iş döwri alynýar.

5. Şeýle hem iş döwrüne:

1) ýokary, ýörite orta we hünärmentçilik okuw mekdeplerinde, işgärleri taýýarlamak, hünäri ýokarlandyryş we gaýtadan hünär öwrediş gysga möhletli okuwlarda, kliniki ordinaturalarda, aspiranturalarda, doktoranturalarda we akademiýalarda, şeýle hem ýokary we orta dini okuw mekdeplerinde önümçilikden aýrylmak şerti bilen okalan döwür;

2) çagyryş boýunça harby gullukda we içeri işler edaralarynda gulluk edilen döwürler;

3) işlemeýän adamyň I topar maýybyna ýa-da 16 ýaşa çenli maýyp çaga sereden döwri, ýöne bu döwür jemi 10 ýyldan köp bolmaly däldir;

4) Türkmenistanyň diplomatiki edaralarynyň işgärleriniň we olara deňleşdirilen adamlaryň aýallarynyň (adamsynyň) daşary ýurtda bolan döwri, ýöne jemi 4 ýyldan köp bolmaly däldir;

5) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgäriň iş ýeriniň saklanyp galýan döwri.

25-nji madda. Iş döwrüni tassyklamak

1. Zähmet depderçesi, şeýle hem bellenen tertipde iş ýerinden, gulluk eden, okan we iş döwri diýlip hasaplanýan başga bir işinden, şeýle hem arhiw we beýleki ygtyýarly edaralar tarapyndan berilýän resminamalar iş döwrüni tassyklaýjy esasy resminamalar bolup durýar.

2. Zähmet depderçesi bolmadyk ýagdaýynda, şeýle hem onda nädogry ýa-da nätakyk ýazgylar bolan halatynda ýa-da aýry-aýry iş döwri barada ýazgylaryň bolmadyk wagtynda iş döwrüni tassyklaýan resminamalar hökmünde güwänamalar, buýruklardan göçürmeler, atly hasaplar we iş hakyny (girdejini, pul üpjünçiligini) tölemek üçin töleg sanawlary, şahadatnamalar, häsiýetnamalar, ýazmaça zähmet ylalaşyklary we olaryň ýerine ýetirilendigi baradaky bellik edilen ylalaşyklar, zähmet, gulluk we tertipleşdirilen sanawlar, kärdeşler arkalaşygynyň agzalyk biletleri, birleşikleriň agzalarynyň agzalyk depderçeleri we iş döwri baradaky maglumatlary özünde saklaýan beýleki resminamalar kabul edilýär. Şunda subutnama hökmünde bellenen nusgadaky we bellenen tertipde resmileşdirilen resminamalar kabul edilýär.

3. Zähmetiň aýratyn (zyýanly we aýratyn agyr) şertleri bolan işlerde iş döwri iş berijiniň iş orunlarynyň hünär synagynyň teswirnamasynyň nusgasyny we zähmet şertleri boýunça hünär synagynyň netijeleriniň wedomostyndan iş beriji tarapyndan tassyklanylan göçürmäni goşmak bilen berýän güwänamasy

bilen tassyklanylýar.

4. Oba hojalyk önümlerini öndürmek bilen meşgullanýan adamlaryň we kärendeçileriň daýhan birleşiklerinde işlän döwürlerini tassyklaýan resminamalar hasaphana resminamalarynyň, ylalaşyklaryň we beýleki resminamalaryň esasynda geňeşler, daýhan birleşikleri tarapyndan resmileşdirilýär.

5. Ýokary, ýörite orta we hünärmentçilik okuw mekdeplerinde, işgärleri taýýarlamak, hünäri ýokarlandyryş we gaýtadan hünär öwrediş gysga möhletli okuwlarda, kliniki ordinaturalarda, aspiranturalarda, doktoranturalarda, şeýle hem ýokary we orta dini okuw jaýlarynda okalan döwür olary tamamlandygy hakyndaky diplomlar, şahadatnamalar, şaýatnamalar, şeýle hem arhiw edaralary tarapyndan berilýän, okalan döwür baradaky maglumatlary özünde saklaýan güwänamalar ýa-da beýleki resminamalar bilen tassyklanýar.

6. Harby gulluk möhletleri harby bilet, bellenen nusgadaky goşun depderçesi, harby gullukçylary wezipä bellemek we boşatmak baradaky buýruklar, harby wekilliklerіň, harby bölümleriň, ştablaryň we Ýaragly Güýçleriň edaralarynyň we Türkmenistanyň beýleki goşunlarynyň güwänamalary (şol sanda bu edaralar başga hili atlandyrylan bolsa hem), harby-bejeriş edaralarynyň güwänamalary, zähmet depderçesindäki harby gulluk hakyndaky ýazgylar bilen tassyklanýar.

7. Söweş hereketleri, şol sanda başga döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleri döwründe hereket edýän goşunyň düzüminde harby gulluk möhleti Türkmenistanyň Goranmak ministrligi tarapyndan kesgitlenýän tertipde berilýän, harby wekilliklerіň güwänamalary bilen tassyklanýar.

8. Içeri işler edaralarynda gulluk möhleti ýönekeý we ýolbaşçy işgärler düzümininiň işgärlerini wezipä bellemek we boşatmak hakyndaky buýruklar, içeri işler edaralarynda gulluk edendigi barada zähmet depderçesindäki ýazgylar bilen tassyklanýar. Wezipä bellemek we boşatmak hakyndaky buýruklar bolmadyk halatynda şol döwürlerde gulluk edendigini tassyklaýan resminamalar bar bolsa, gulluk möhleti hakynda netijenama düzülmegine ýol berilýär. Görkezilen düzgünler Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrliginiň Döwlet feldýegerçilik gullugynyň ýönekeý we ýolbaşçy işgärler düzümininiň işgärlerine hem degişlidir.

9. Türkmenistanyň Ýazyjylar birleşiginiň, Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň, Türkmenistanyň Kompozitorlar birleşiginiň, Türkmenistanyň Kinoçylar birleşiginiň, Türkmenistanyň Teatr işgärleri birleşiginiň agzalarynyň, şeýle hem öňki SSSR-iň döredijilik birleşikleriniň agzalary bolup duran adamlaryň döredijilik işi öňki SSSR-iň we Türkmenistanyň döredijilik birleşikleriniň we müdiriýetleriniň sekretariatlarynyň güwänamalary (kararlardan göçürmeler) bilen tassyklanýar. Türkmenistanyň Ýazyjylar birleşiginiň agzasy bolmadyk, ýöne medeniýet işgärleri kärdeşler arkalaşygynyň we edebiýatçylaryň birleşen kärdeşler komitetleriniň agzalary bolan edebiýatçylaryň hem döredijilik işi şunuň ýaly tertipde tassyklanýar.

10. Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň agzasy bolmadyk, ýöne olar bilen gatnaşyklar çeperçilik tabşyryklary baradaky ylalaşyklar (awtorlyk, neşir işleri baradaky ylalaşyklar) bilen düzgünleşdirilýän, medeniýet işgärleriniň kärdeşler arkalaşygynyň agzalary bolup duran suratkeşleriň döredijilik işi Türkmenistanyň Çeperçilik gaznasynyň müdiriýetiniň agzalarynyň güwänamalary bilen, kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň, medeniýet işgärleriniň kärdeşler arkalaşygynyň ýerlerdäki guramalary tarapyndan tassyklanýar.

11. Şu maddanyň sekizinji we dokuzynjy böleklerinde görkezilen, Türkmenistanyň döredijilik birleşikleriniň agzasy bolmadyk adamlaryň döredijilik işi iş berijiler tarapyndan geçirimleriň tölenendigi baradaky resminamalar, şol sanda, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan berlen resminamalar bilen tassyklanýar.

12. I topar maýybyna, 16 ýaşaýança maýyp çaga seredilen döwür durmuş taýdan üpjünçilik edaralary tarapyndan şu aşakdakylar esasynda anyklanýar:

1) görkezilen maýyplara seredýän adamyň arzasy we pasporty, seredilmegine mätäç adam bilen bile ýaşaýan adamlar üçin;

2) seredilmegine mätäç maýypdan aýry ýaşaýan adamlar üçin - seredilýän maýybyň tassyknamasy, ony almak mümkin bolmadyk halatynda (aradan çykmagy, saglyk ýagdaýy sebäpli) - onuň maşgala agzalarynyň tassyknamasy ýa-da barlag namasy;

3) maýyplygyny we maýyp bolan döwrüniň dowamlylygyny (I topar maýyplary we maýyp çagalar üçin) we ýaşyny tassyklaýan resminamalar;

4) maýybyň hasaba alnandygy barada bejeriş edarasyndan güwänama.

13. Maýyba seretmegiň zerurlygyny tassyklaýan resminama hökmünde Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparynyň (HMAT) netijenamasyndan göçürme kabul edilýär.

14. Ýaşyny tassyklaýan resminamalar hökmünde pasport, dogluş hakyndaky şahadatnama kabul edilýär.

15. Türkmenistanyň diplomatik edaralarynyň işgärleriniň we olara deňleşdirilen işgärleriniň

aýallarynyň (adamsynyň) daşary ýurtlarda ýaşan döwürleri Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan berilýän güwänamalar bilen tassyklanýar.

16. Aýry-aýry raýatlarda işlän adamlaryň (öý hyzmatkärleriniň, enekeleriň, garawullaryň, bagbanlaryň, sürüjileriň, çopanlaryň we beýlekileriň) iş döwri bellenen tertipde bellige alnan, şertnamalaýyn işländigi baradaky ylalaşyklar esasynda we geçirimleriň we (ýa-da) pensiýa gatançlarynyň tölenendigini kepillendirýän resminamalar berlende tassyklanýar.

17. Uçuş we uçuş-synag düzüminiň, şeýle hem döwlet we raýat awiasiýasynyň paraşýutçylary, uçarüsti dolandyryjylary we uçarbeletleri wezipelerinde işlenen döwür uçuş (paraşýut) kitapçasy bilen tassyklanýar. Uçuş (paraşýut) kitapçasy bolmadyk halatynda uçulan sagatlaryň sany uçuş we uçuş-synag düzüminiň işgärleriniň uçan sagatlarynyň, paraşýutçylar tarapyndan ýerine ýetirilýän böküşleriň sany hasaphana hasabynyň maglumatlary boýunça tassyklanýar.

18. Uçuş-synag düzüminiň aýry-aýry işgärleriniň tejribe geçirilýän tehnikany synagdan geçirmekde işlän döwri buýruklar, tabşyryklaryň ýerine ýetirilendigi hakyndaky hasabatlar we iş berijiler tarapyndan berilýän beýleki resminamalar bilen tassyklanýar.

19. Kazyýetiň çözgüdi esasynda işine dikeldilen bolsa, raýatyň bikanun işden çykarylan döwründe mejbury işlemedik döwri hem iş döwrüne hasaplanýar.

20. Galan halatlarda iş döwrüne goşulýan ol ýa-da beýleki bir döwri iş döwrüne hasaba almak üçin, şol döwürdäki ýagdaýlary tassyklaýan resminamalar hyzmat edýär.

21. Iş döwrüni tassyklamak üçin berilýän resminamalara eýeçiligiň görnüşine garamazdan kärhananyň, guramanyň we edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilmelidir we möhür basylyp tassyklanmalydyr.

22. Iş döwri hakyndaky resminamadaky ady, atasynyň ady ýa-da familiýasy pasportdaky ýa-da dogluş hakyndaky şahadatnamadaky ady, atasynyň ady ýa-da familiýasy bilen gabat gelmedik halatynda şu resminamanyň şol adama degişlidigi kazyýet tarapyndan anyklanyp bilner.

23. Ygtyýarly edaralar tarapyndan resminamalar esasynda tassyklanan, tebigy betbagtçylyklaryň, heläkçilikleriň, weýrançylyklaryň netijesinde iş döwri hakyndaky resminamalar saklanyp galmadyk ýa-da bölekleýin saklanyp galan bolsa, onda iş döwrüni tassyklamak welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri tarapyndan döredilýän ýörite toparlar tarapyndan amala aşyrylýar.

24. Şu Bitewi kanun güýje girmezinden öň bellenen pensiýalar üçin iş döwrüni tassyklamak Türkmenistanyň şol döwürde hereket eden kadalaşdyryjy hukuk namalary esasynda amala aşyrylýar.

(2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 1, 4-nji madda)

26-njy madda. Iş döwrüni hasaplamak

1. Uçuş we uçuş-synag düzüminiň işgärlerinden, şeýle hem döwlet we raýat awiasiýasynyň paraşýutçylaryndan, uçarüsti dolandyryjylaryndan we uçarbeletlerinden başga, zähmet we beýleki jemgyýete peýdaly işi (gulluk) amala aşyran raýatlar üçin iş döwri şonuň ýaly işiň hakyky dowamlylygyndan ugur alnyp hasaplanylýar.

2. Zähmet we jemgyýete peýdaly beýleki bir işiň (gullugyň) görnüşleri utgaşdyrylanda iş döwrüni hasaplamak olaryň diňe biri boýunça geçirilýär.

3. Pensiýanyň möçberini hasaplamak üçin kabul edilýän iş döwri senenama ýyllarynda we aýlarda hasaplanýar. Şunda on bäş günden ýokary bolan iş döwri doly aý hökmünde hasaplanýar, on bäş güne çenli iş döwri bolsa hasaba alynmaýar.

4. Aýlarda iş döwri doly senenama ýylynyň bir bölegi hökmünde hasap edilýär we iş döwrüniň aýlarynyň hakyky sanyny on ikä bölmek bilen kesgitlenýär.

27-nji madda. Pensiýa ätiýaçlandyrmasy döwri

1. Şertli-toplaýyş pensiýa ulgamy boýunça pensiýa ätiýaçlandyrmasy döwri diýlip, şu Bitewi kanunyň 24-nji maddasynda görkezilen geçirimler geçirilen, zähmet we jemgyýete peýdaly beýleki iş (gulluk) döwri hasap edilýär.

2. Toplaýyş pensiýa ulgamy boýunça meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy döwri diýlip, şu Bitewi kanunyň 24-nji maddasynda görkezilen, Şertnamanyň hereket edýän döwründe ýerine ýetirilýän zähmet we jemgyýete peýdaly beýleki iş (gulluk) döwri hasap edilýär.

VI bap. Gulluk eden ýyllary

28-nji madda. Gulluk eden ýyllary

1. Harby gullukçylaryň gulluk eden ýyllary diýlip ofiserleriň, praporşikleriň, miçmanlaryň, harby okuw mekdepleriniň talyplarynyň (kursantlarynyň) we harby gullugy geçen starşinalaryň, seržantlaryň, esgerleriň we matroslaryň (mundan beýläk - harby gullukçylar), içeri işler edaralarynyň ýönekeý we ýolbaşçy işgärler düzüminiň işgärleriniň harby gullugynyň, içeri işler edaralaryndaky gullugynyň möhletlerine düşünilýär.

2. Türkmenistanyň döwlet we raýat awiasiýasynyň uçuş we uçuş-synag düzüminiň işgärleriniň, paraşýutçylarynyň, uçarüsti dolandyryjylarynyň we uçarbeletleriniň gulluk eden ýyllary diýlip uçuş sagatlary boýunça bellenen ýyllyk ölçegiň ýerine ýetirilmegine düşünilýär.

29-njy madda. Harby gullugyň möhletlerini hasaplamak

1. Harby gullugyň möhletlerine şular hasaba alynýar:

1) Ýaragly Güýçlerde, içeri işler, serhet we demir ýol goşunlarynda, hökümet aragatnaşygynyň düzümlerinde, raýat goranyşy goşunlarynda, milli howpsuzlyk edaralarynda, harby gulluk döwründe hereket eden kanunçylyga laýyklykda döredilen beýleki düzümlerde harby gulluk (şol sanda çagyryş boýunça gulluk);

2) Türkmenistanyň içeri işler edaralarynda, birliklerinde we guramalarynda ofiserleriň, seržantlaryň we esgerleriň düzüminiň wezipelerinde gulluk;

3) Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrliginiň düzümindäki gulluk;

4) Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrliginiň ýanyndaky Döwlet feldýegerçilik gullugynda ofiserleriň, seržantlaryň we esgerleriň düzüminiň wezipelerinde gulluk;

5) harby gulluga çagyrylan we uçuş düzüminiň ätiýaçdaky ofiserlerini taýýarlaýan okuwda okan adamlaryň tejribe uçuş taýýarlygynda bolan döwri;

6) harby ýygnanyşyklarda bolan döwri, 1993-nji ýylyň Sanjar aýynyň birinden öň bolmaly däl;

7) içeri işler edaralarynyň ofiserleriniň, seržantlarynyň we esgerleriniň düzüminiň, olary harby gullukda, içeri işler edaralarynda gullukda galdyrmak bilen, döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynda işlän döwürleri;

8) harby gullukçylar, içeri işler edaralarynyň ýönekeý we ýolbaşçy işgärler düzüminiň işgärleri saýlanandyklary bilen baglanyşykly, harby gullukdan, içeri işler edaralaryndan ugradylyp, saýlawly wezipede ygtyýarlyklary tamamlanandan soň harby gulluga, içeri işler edaralarynda gulluga gaýdyp gelen bolsalar, döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, halk deputatlarynyň Geňeşiniň saýlawly wezipelerinde 1973-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň ýigrimi üçünden soň işlän döwürleri;

9) harby gullukçynyň, içeri işler edaralarynyň ofiserleriniň, seržantlaryň we esgerleriň düzüminiň işgäriniň, soňundan işine dikeldilmek bilen, bikanun işden boşadylmagy sebäpli harby gullugyň, içeri işler edaralarynda gullugyň arasynyň üzülen döwürleri;

10) harby okuw jaýlarynda, gysga möhletli okuwlarda, şeýle hem Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň taýýarlyk merkezlerinde okuw geçilen döwür, şol sanda ugradyş haty boýunça daşary ýurtlarda okan wagty.

2. Harby taýýarlyk okuwlary we bölümleri bolan ýokary we ýörite orta raýat okuw mekdeplerini tamamlan wagtlary ätiýaçlykdan harby gulluga çagyrylan adamlara (ätiýaçlykda bolmadyk aýallara) harby gulluk möhletine olaryň şol okuw mekdeplerinde okan wagtlary bir okuw ýyly alty aý hasabyndan bäş ýyla çenli çäklerde goşulýar. Bu düzgün ýörite okuw mekdeplerini tamamlaman ýokary harby okuw mekdeplerine okuwyny dowam etdirmek üçin geçirilen adamlara hem degişlidir.

3. Ýokary we ýörite orta raýat okuw mekdeplerini tamamlan wagtlary içeri işler edaralaryna gulluga iberilen adamlara içeri işler edaralarynda gulluk eden möhletlerine, okuw mekdeplerini tamamlanlary içeri işler edaralaryna işe ugratmak boýunça şahsy işe bölüşdirmek hakynda döwlet toparynyň kararyndan göçürme we olary ofiserleriň düzüm wezipesine işe bellemek hakynda buýrukdan göçürme bolan halatynda, olaryň şol okuw mekdeplerinde okan wagtlary bir okuw ýyly alty aý hasabyndan bäş ýyla çenli çäklerde goşulýar.

4. Harby gullugyň, içeri işler edaralarynyň ofiserleriniň, seržantlaryň we esgerleriň düzüminde gullugyň möhletlerini ýeňillikli şertlerde hasaplamak harby gullugyň geçilen döwründe hereket eden kanunçylyga laýyklykda geçirilýär.

5. Içeri işler edaralarynyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna (GDA) girýän ýurtlaryň çäklerinde gulluk eden ofiserleriň, seržantlaryň we esgerleriň düzümininň işgärlerine gulluk möhleti 1993-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň on ikisinde baglaşylan, “GDA girýän döwletleriň içeri işler edaralarynyň işgärleriniň pensiýa üpjünçiliginiň we döwlet ätiýaçlandyrylyşynyň tertibi hakyndaky” Ylalaşykda kesgitlenen şertlerde hasap edilýär.

6. Içeri işler edaralarynyň ofiserleriniň, ýolbaşçy işgärler düzümininň 1991-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň birine çenli partiýa, sowet, kärdeşler arkalaşygy we komsomol edaralaryndan, şeýle hem kazyýet edaralaryndan we prokuratura edaralaryndan içeri işler gullugyna işe kabul edilen işgärlerine olaryň görkezilen edaralarda işlän döwürleri şu aşakdaky şertlerde içeri işler edaralarynda gulluk möhleti hökmünde hasap edilýär:

1) işgär ýerlerdäki degişli partiýa we sowet edarasynyň çözgüdi bilen iberilen bolsa;

2) işgär 1963-nji ýyldan başlap, içeri işler edaralaryna derňew işine iberilen bolsa;

3) degişli partiýa ýa-da sowet edarasynyň çözgüdi onuň içeri işler edaralaryndan işe başlamazyndan öň kabul edilen bolsa;

4) işgär içeri işler edaralaryna derňew işine ((Içeri işler ministrliginiň (Içeri işler müdirliginiň) derňew müdirliklerine (bölümlerine) ýokary, uly we orta ýolbaşçylar wezipesine gelen bolsa;

5) işgär IIM-niň derňew bölümine gönüden-göni prokuraturadan ýa-da kazyýetden ýa-da partiýa edaralaryndan, eger partiýa işine prokuraturadan ýa-da kazyýetden saýlanan ýa-da iberilen şertlerinde gelen bolsa.

7. Harby gulluk möhletini hasaplama Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrliginiň ýanyndaky Döwlet feldýegerçilik gullugynyň ofiserleriniň, ýolbaşçy we ýönekeý düzümininň işgärlerine diňe içeri işler edaralarynyň ofiserleriniň, ýolbaşçy we ýönekeý düzümininň işgärleriniň gulluk möhletini hasaplamaga dahylly babatynda degişlidir.

8. Pensiýanyň möhletini hasaplamak üçin kabul edilýän harby gulluk, içeri işler edaralarynda gulluk möhleti degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan senenama ýyllarynda we aýlarynda hasaplanylýar.

30-njy madda. Uçuş, uçuş-synag işgärleriniň, paraşýutçylarynyň, uçarüsti dolandyryjylarynyň we uçarbeletleriniň gulluk eden ýyllaryny hasaplamak

1. Türkmenistanyň döwlet we raýat awiasiýasynyň uçuş, uçuş-synag işgärlerine, paraşýutçylaryna, uçarüsti dolandyryjylaryna we uçarbeletlerine pensiýa bellemek üçin iş döwrüni (mundan beýläk - gulluk eden ýyllary) hasaplamak şu aşakdakylara degişlidir:

1) howa gämileriniň we beýleki uçuş enjamlarynyň ekipažlarynyň agzalary;

2) uçuş-gözükdiriji we uçuş-inspektor düzümininň işgärleri;

3) Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrliginiň, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň howpsuzlyk gullugynyň, “Türkmenhowaýollary” Döwlet milli gullugynyň hereket edýän uçuş şahadatnamasy bolan we howa gämileriniň we beýleki uçuş enjamlarynyň ekipažlarynyň düzüminde uçuşlara gatnaşýan serkerdeler - uçuş düzümininň işgärleri;

4) müdirlikleriň, kärhanalaryň, guramalaryň we olaryň gurluş birlikleriniň uçuş gullugy (uçuş işi) boýunça hereket edýän uçuş şahadatnamasy bolan we howa gämileriniň we beýleki uçuş enjamlarynyň ekipažlarynyň düzüminde uçuşlara gatnaşýan inspektorlary we beýleki hünärmenleri;

5) Türkmenistanyň döwlet we raýat awiasiýasynyň paraşýutçylary.

2. Uçuş, uçuş-synag düzümininň işgärlerine, uçarbeletlere we uçarüsti dolandyryjylara gulluk eden ýyllary bir senenama ýylynda uçan sagatlarynyň şu aşakdaky ölçegleri boýunça hasaplanyp ýazylýar:

1) döwlet awiasiýasynda:

a) söweşjeň reaktiw awiasiýada uçuşlar ýerine ýetirilende - 25 sagat;

b) söweşjeň turbowintli awiasiýada we dikuçarlarda uçuşlar ýerine ýetirilende - 30 sagat;

ç) awiasiýanyň galan ähli görnüşlerinde uçuşlar ýerine ýetirilende (şol sanda sport awiasiýasynda hem) - 110 sagat, çylşyrymly we ýokary dolandyryş (pilotaž) görnüşleri ýerine ýetirilende - 60 sagat;

2) raýat awiasiýasynda uçuşlar ýerine ýetirilende:

a) ulag awiasiýasynda - 250 sagat;

b) ýörite ulanylýan awiasiýada - 150 sagat;

ç) daşary ýurtlaryň howa gämilerini ugradýan toparyň düzüminde - 150 sagat;

d) ýokary we orta okuw mekdeplerinde uçuş düzümininiň işgärlerini taýýarlamak we olaryň hünärini ýokarlandyrmak boýunça uçuşlar ýerine ýetirilende - 150 sagat.

3. Senenama ýylynda şu maddanyň ikinji böleginiň birinji we ikinji bentlerinde görkezilen bir ýa-da birnäçe uçuş görnüşlerini ýerine ýetirýän adamlar üçin bir senenama ýylynda gulluk eden ýyly uçuşlaryň her bir görnüşi boýunça aýratynlykda iş döwürleriniň dowamlylygyndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

4. Uçuşlaryň her bir görnüşi boýunça aýratynlykda iş döwürleriniň dowamlylygy senenama ýyllarynda we aýlarynda senenama ýylynyň dowamynda uçuşlaryň her bir görnüşi boýunça hakyky uçulan sagatlary uçuşlaryň şol görnüşi üçin bellenen ölçeglere bölmek ýoly bilen hasaplanýar.

5. Bir senenama ýylynda gulluk eden ýyly uçuşlaryň her bir görnüşi boýunça aýratynlykda iş döwürleriniň dowamlylygyny jemlemek bilen kesgitlenilýär.

6. Uçuşlaryň ähli görnüşleri boýunça hasaplanýan gulluk eden ýylynyň dowamlylygy senenama ýylynyň dowamynda ondan az bolsa ýa-da bir senenama ýylynda uçan sagatlary uçuşlaryň bir görnüşi üçin bellenen ölçege deň ýa-da ondan az bolsa bir senenama ýylynda gulluk eden ýyly doly senenama ýylyna deň diýlip hasaplanýar.

7. Pensiýany hasaplamak üçin kabul edilýän gulluk eden ýyllary, her senenama ýyly boýunça kesgitlenýän, uçuş işiniň ähli döwründäki gulluk eden ýyllaryny jemlemek bilen hasaplanýar.

8. Paraşýutçylaryň gulluk eden ýyllary bir senenama ýylynda paraşýutdan böküşleri ýa-da ýörite iniş (galyş) enjamlarynda aşak inmeleri (galmalary) ýerine ýetirmek ölçeglerinden ugur alnyp hasaplanýar:

a) reaktiw we turbawintli awiasiýanyň howa gämilerinde - 20 böküş, iniş (galyş);

b) awiasiýanyň galan görnüşleriniň howa gämilerinde - 60 böküş, iniş (galyş).

9. Bir senenama ýylynda howa gämileriniň bir ýa-da birnäçe görnüşlerinde paraşýutdan böküşleri (inişleri, galyşlary) ýerine ýetiren adamlar üçin bir senenama ýylynda gulluk eden ýyly şonuň ýaly böküşleriň (inişleriň, galyşlaryň) ýerine ýetirilen döwürlerinden ugur alnyp hasaplanylýar.

10. Howa gämileriniň bir ýa-da birnäçe görnüşlerinde paraşýutdan böküşleriň (inişleriň, galyşlaryň) ýerine ýetirilen döwürleri senenama ýyllarynda we aýlarynda, senenama ýylynyň dowamynda howa gämisiniň her bir görnüşinde aýratynlykda hakyky ýerine ýetirilen böküşleri (inişleri, galyşlary) howa gämileriniň şol görnüşleri üçin bellenen ölçeglere bölmek bilen hasaplanylýar.

11. Bir senenama ýyly üçin gulluk eden ýyly howa gämisiniň her bir görnüşinde senenama ýylynyň dowamynda ýerine ýetirilen böküşleriň (inişleriň, galyşlaryň) ähli döwürlerini jemlemek bilen kesgitlenilýär.

12. Senenama ýylynda howa gämileriniň diňe bir görnüşinden böküşleri (inişleri, galyşlary) ýerine ýetirýän adamlar üçin, olaryň sany howa gämisiniň şol görnüşi üçin bellenen ölçege deň ýa-da ondan az bolanda, bir senenama ýyly üçin gulluk eden ýyly bir senenama ýylyna deň diýip hasaplanylýar.

13. Bir senenama ýylynda howa gämileriniň dürli görnüşlerinden böküşleri (inişleri, galyşlary) ýerine ýetirýän adamlar üçin, olaryň bir senenama ýylynda hasaplanan gulluk eden ýyly ondan az bolsa, bir senenama ýylynda gulluk eden ýylyna, bir senenama ýylyna deň bolan döwür goşulýar.

14. Pensiýany hasaplamak üçin kabul edilýän gulluk eden ýyly her senenama ýyly üçin kesgitlenilýär, paraşýutdan böküşleriň (inişleriň, galyşlaryň) ähli döwri üçin gulluk edilen ýyllary jemlemek bilen hasaplanylýar.

15. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen adamlaryň harby bölümleriň, ştablaryň we edaralaryň düzüminde söweş hereketlerine gatnaşan döwürleri, şeýle hem söweşjeň hereketler döwründe alan ýaralarynyň, seňselemäniň (kontuziýa), şikesleriň ýa-da keselleriň netijesinde bejeriş edaralarynda arasyny üzmezden keselini bejerden wagty - bir aýy üç aý diýlip hasap etmek şertlerinde hasaplanylýar.

16. Uçuş, uçuş-synag düzümininiň işgärleriniň, paraşýutçylaryň, uçarüsti dolandyryjylaryň we uçarbeletleriň gulluk eden ýyllary, uçuş sagatlarynyň ölçegleriniň ýerine ýetirilişi boýunça hasaplanylýar.

17. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen adamlara pensiýa bellemek üçin gulluk eden ýyllaryny hasaplamak durmuş taýdan üpjünçilik edarasy tarapyndan uçulan sagatlar hakyndaky maglumatlar esasynda geçirilýär, bu maglumatlar:

1) döwlet awiasiýasy boýunça - Türkmenistanyň Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy, Türkmenistanyň Prezidentiniň howpsuzlyk gullugy tarapyndan berilýär;

2) raýat awiasiýasy boýunça - “Türkmenhowaýollary” Döwlet milli gullugynyň kärhanalary we guramalary tarapyndan.

30[1]-nji madda. Zähmetiň aýratyn (zyýanly we aýratyn agyr) şertleri bolan işlerde iş döwrüni hasaplamak

1. Zähmetiň aýratyn (zyýanly we aýratyn agyr) şertleri bolan işlerde iş döwrüne Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde göz öňünde tutulan durmuş rugsatlaryndan başga görkezilen işlerde işlenilen ähli iş döwürleri hasaba alynýar.

2. Zähmetiň aýratyn (zyýanly we aýratyn agyr) şertleri bolan işlerde iş döwrüniň hasaplanylyşy raýatyň görkezilen işlerde işlän haýsy hem bolsa saýlap alan bir iş ýeri boýunça iş beriji tarapyndan amala aşyrylýar.

(Kodekse 30[1]-nji maddasy 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanuny bilen üstü ýetirildi - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 1, 4-nji madda)

VII bap. Pensiýa bellemek üçin ygtyýarly edara. Pensiýa bellemek barada ýüz tutmak

31-nji madda. Pensiýa bellemek üçin ygtyýarly edara

Pensiýa bellemek meseleleri boýunça ygtyýarly edara Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi bolup durýar.

32-nji madda. Pensiýa bellemek barada ýüz tutmak

1. Raýatlaryň ýazga duran ýerindäki durmuş taýdan üpjünçilik edaralaryna pensiýa bellemek üçin resminamalary taýýarlamak barada, haýsydyr bir möhlet bilen çäklendirmezden, islendik wagtda ýüz tutmaga hukuklary bardyr.

2. Durmuş taýdan üpjünçilik edaralary raýatlar tarapyndan pensiýa bellemek üçin berlen maglumatlary we resminamalaryň bolmalysy ýaly resmileşdirilişini bir aýdan köp bolmadyk möhletde barlamaga borçludyrlar.

3. Durmuş taýdan üpjünçilik edaralarynyň raýatlardan we kärhanalardan, ministrliklerden, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryndan we arhiw edaralaryndan pensiýa üpjünçiligi bilen baglanyşykly maglumatlary sorap almaga hukuklary bardyr.

4. Pensiýa bellemek baradaky arza raýatlaryň ýazga duran ýerleri boýunça etrap (şäher) durmuş taýdan üpjünçilik edaralarynda döredilen pensiýa bellemegiň resminamalaryna garamak boýunça toparyň üsti bilen Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligine berilýär. Arza bellige alnandan soň, onuň bellige alnan senesini görkezmek bilen, dilhaty-habarnama berilýär.

5. Şu Bitewi kanunyň 23-nji maddasynyň birinji böleginiň 6-njy bendine laýyklykda, zähmet pensiýasyna hukugy bolan raýatlar pensiýany bellemek üçin özüniň zähmetiň aýratyn (zyýanly we aýratyn agyr) şertlerde işlän haýsy hem bolsa saýlap alan bir iş ýeri boýunça iş berijä arza bilen ýüz tutýarlar.

Kärhananyň, edaranyň, guramanyň üýtgedilip gurlan ýa-da eýesiniň çalşan ýagdaýynda, pensiýany bellemek hakynda arza, raýatyň görkezilen işlerde işlän haýsy hem bolsa saýlap alan bir iş ýeri boýunça iş berijiniň hukuk oruntutaryna, kärhananyň, edaranyň ýa-da guramanyň ýatyrylan halatynda bolsa onuň tabyn bolan ýokary guramasyna, ýokary guramasy bolmadyk halatynda bolsa, raýatyň ýazgyda duran ýeri boýunça etrabyň (şäheriň) durmuş taýdan üpjünçilik bölümininiň üsti bilen Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligine berilýär.

6. Zähmetiň aýratyn (zyýanly we aýratyn agyr) şertleri bolan işlerde işlän raýatlaryň zähmet pensiýasyny bellemek üçin resminamalary iş beriji tarapyndan onuň hasaba alnan ýeri boýunça etrabyň (şäheriň) durmuş taýdan üpjünçilik bölümine tabşyrylýar.

(2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 1, 4-nji madda)

33-nji madda. Pensiýalary bellemek üçin resminamalaryň sanawy

1. Pensiýalary bellemek baradaky arza şu aşakdaky resminamalar goşulýar:

1) arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasy üçin:

a) pasportyň nusgasy;

b) islendik yzygiderli bäş senenama ýylynyň aýlyk iş haky barada güwänama;
ç) zähmet depderçesiniň we iş döwrüni tassyklaýan beýleki resminamalaryň nusgasy;
d) çaganyň dogulandygyny we sekiz ýaşyna çenli terbiýelenendigini tassyklaýan resminama;
e) döwlet sylaglary we atlary hakyndaky şahadatnamalaryň nusgalary (olar bar bolsa);
2) şertli-toplaýyş pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasy üçin:
a) pasportyň nusgasy;
b) çaganyň dogulandygyny we sekiz ýaşyna çenli terbiýelenendigini tassyklaýan resminama;
ç) döwlet sylaglary we atlary hakyndaky şahadatnamalaryň nusgalary (olar bar bolsa);
d) çaga seretmek üçin rugsatda bolnan döwri tassyklaýan resminamalar;
3) toplaýyş pensiýasy üçin - pasportyň nusgasy.

2. Durmuş taýdan üpjünçilik edaralary pensiýa bellemek üçin resminamalary taýýarlamakda raýatlara ýardam edýärler.

34-nji madda. Iş berijileriň borçlary

Iş berijiler raýatlaryň ýüz tutan we durmuş taýdan üpjünçilik edaralarynyň haýyş haty bilen ýüzlenen gününden soň on gün möhletde pensiýa üpjünçiligi bilen baglanyşykly maglumatlary we resminamalary bermäge borçludyrlar.

VIII bap. Pensiýa bellemek, gaýtadan hasaplamak

35-nji madda. Pensiýanyň möçberi we goşmaça tölegler

1. Şu Bitewi kanunyň 23-nji maddasynyň birinji böleginde bellenen iş döwri bolan raýatlaryň arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasynyň möçberi olaryň şahsy koeffisiýentini pensiýanyň möçberini hasaplamak üçin Türkmenistan boýunça bellenen ortaça aýlyk iş hakyna we ölçege köpeltmek ýoly bilen hasaplanylýar.

2. Şertli-toplaýyş pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasynyň möçberi şertli pensiýa toplamalarynyň pul möçberini raýatlaryň pensiýa çykanyndan soňky ömrüniň garaşylýan ortaça dowamlylygynyň aýlaryna bölmek ýoly bilen hasaplanylýar. Şunda çaga seretmek üçin durmuş rugsadynda bolnan döwrüň her bir aýy üçin pensiýa toplamalarynyň pul möçberi işgäriň çaga seretmek üçin rugsada çykmazyndan öňki aý üçin geçirilen geçirimleriniň möçberine barabarlykda köpelýär. Geçirimleriň möçberi şu Bitewi kanunyň 21-nji maddasynyň birinji böleginde bellenen tertipde indeksasiýa geçirilenden soň pensiýa toplamalarynyň pul möçberine goşulýar.

3. Arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasynyň şertli-toplaýyş pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasy bilen bilelikdäki möçberi şu Bitewi kanunyň 23-nji maddasynyň birinji böleginde bellenenden az bolmadyk iş döwri bolanda, pensiýanyň bellenen iň pes möçberinden pes bolmaly däldir.

4. Diňe şertli-toplaýyş pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasyna we toplaýyş pensiýasyna hukugy bolan raýatlaryň, şertli-toplaýyş pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasynyň möçberi pensiýanyň bellenen iň pes möçberinden pes bolmaly däldir.

5. Pensiýanyň iň pes möçberi binýatlyk ululygynyň derejesinde bellenýär. Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylaryň pensiýalarynyň iň az möçberi Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary arkaly bellenilýär.

6. Şu Bitewi kanunyň 23-nji maddasynyň birinji böleginiň 8-nji bendinde, 129-njy maddasynyň birinji böleginiň 2-6-njy bentlerinde, 131-nji maddasynda görkezilen raýatlaryň arkalaşyk pensiýa usuly we (ýa-da) şertli-toplaýyş pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýalarynyň möçberi pensiýanyň iň pes möçberinden az bolmaly däldir.

7. Toplaýyş pensiýasynyň möçberi pensiýa toplamalarynyň pul möçberini raýatlaryň pensiýa çykanyndan soňky ömrüniň garaşylýan ortaça dowamlylygynyň aýlaryna bölmek ýoly bilen hasaplanylýar.

8. Şu Bitewi kanunyň 23-nji maddasynyň birinji böleginiň birinji bendinde bellenenden az, emma dowamynda döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna pul geçirilen bäş ýyldan az bolmadyk iş staży bolan raýatlara arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasy şu maddanyň birinji böleginde bellenen tertipde (doly däl iş stazy mahalyndaky zähmet pensiýasy) hasaplanyp çykarylýar.

9. Doly däl iş döwri bilen pensiýanyň iň pes möçberi pensiýanyň bellenen iň pes möçberiniň ýetmiş

göterimi möçberinde bellenilýär.

10. Zähmet pensiýalarynyň bilelikdäki iň ýokary möçberi Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen kesgitlenilýär.

11. Raýatyň şu Bitewi kanunda bellenen ýaşdan giç pensiýa çykan halatynda, hasaplama üçin ulanylýan, raýatlaryň pensiýa çykanlaryndan soň ömrüniň garaşylýan ortaça dowamlylygy, degişlilikde azalýar, ýöne ol 156 aýdan az bolup bilmez.

12. Pensiýa ýaşly raýatlaryň pensiýa çykanlaryndan soň ömrüniň garaşylýan ortaça dowamlylygy Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan kesgitlenýär.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky we 2010-njy ýylyň 22-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda; 2010 ý., №___, ___-nji madda)

36-njy madda. Pensiýa goşmaça tölegler

Pensiýa goşmaça töleg döwlet sylaglaryna we hormatly atlara mynasyp bolan adamlara, degişli döwlet sylaglary we hormatly atlar hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen möçberde bellenýär.

37-nji madda. Pensiýa bellemek

1. Pensiýa bellemek baradaky resminamalara etrap (şäher) durmuş üpjünçilik bölüminiň pensiýa bellemegiň resminamalaryna seretmek baradaky topary tarapyndan seredilýär.

Pensiýa bellemek baradaky resminamalara seredilenden we pensiýanyň möçberiniň deslapky hasaplamasy taýýarlanandan soň, taýýar edilen pensiýa işi welaýatyň we Aşgabat şäheriniň durmuş taýdan üpjünçilik müdirliklerinde döredilen pensiýa bellemegiň resminamalaryna seretmek baradaky toparlaryna iberilýär.

Raýat özüne hasaplanylýan pensiýanyň möçberi bilen tanyşmaga haklydyr.

2. Welaýatyň we Aşgabat şäheriniň durmuş taýdan üpjünçilik müdirliklériniň pensiýa bellemegiň resminamalaryna seretmek baradaky toparlary pensiýanyň möçberiniň deslapky hasaplamasyna taýýarlanan pensiýa işiniň dogrudygyna seredip, ony Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň Pensiýa bellemek baradaky merkezi toparynyň garamagyna iberýär.

3. Pensiýa welaýatyň we Aşgabat şäheriniň durmuş taýdan üpjünçilik müdirliklériniň pensiýa bellemegiň resminamalaryna seretmek baradaky toparlarynyň towakganamasy boýunça Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň Pensiýa bellemek baradaky merkezi topary tarapyndan bellenýär.

Pensiýa pensiýany bellemek barada arzanyň durmuş taýdan üpjünçilik edaralarynda bellige alnan gününden bellenilýär, ýöne ol pensiýa bolan hukuk ýüze çykan pursadyndan öň bolup bilmez.

Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň Pensiýa bellemek baradaky merkezi topary öz mejlisini aýda bir gezek geçirýär.

Şu Bitewi kanunyň 23-nji maddasynyň birinji böleginiň 6-njy bendinde görkezilen raýatlara zähmet pensiýasy raýatyň haýsy hem bolsa saýlap alan bir iş ýeri boýunça zähmetiň aýratyn (zyýanly we aýratyn agyr) şertleri bolan işlerde işlän ýerindäki iş berijiniň beren resminamalary esasynda Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň Pensiýalary bellemek baradaky merkezi topary tarapyndan bellenilýär.

Görkezilen raýatlara zähmet pensiýasyny bellemek baradaky Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň Pensiýalary bellemek baradaky merkezi toparynyň çözgütleri we pensiýa resminamalary pensiýa tölemek üçin iş berijiniň hasaba alnan ýeri boýunça etrabyň (şäheriň) durmuş taýdan üpjünçilik bölüminiň üsti bilen iş berijä ugradylýar.

4. Pensiýa bellemekden ýüz dönderilende, onuň sebäplerini görkezmek bilen, bu barada ýüz tutan adama bäş gün möhletde habar berilmelidir.

(2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 1, 4-nji madda)

38-nji madda. Döwletiň şahsy (atly) pensiýalaryny bellemek

1. Türkmenistanyň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin Türkmenistanyň raýatlyryna döwletiň şahsy (atly) pensiýasy bellenilýär.

2. Döwletiň şahsy (atly) pensiýasy Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda döredilýän ýörite topar tarapyndan bellenilýär.

3. Döwletiň şahsy (atly) pensiýasyny bellemek barada Düzgünnama Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

39-njy madda. Türkmenistana hemişelik ýaşamak üçin gelen adamlara döwlet pensiýasyny bellemek

1. Türkmenistana hemişelik ýaşamaga gelen adamlara pensiýa, olaryň pensiýa ýaşynyň dolmagy sebäpli, halkara (hökümetara) ylalaşyklarynda (şertnamalarda) başga bir ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, şu Bitewi kanuna laýyklykda bellenilýär.

2. Hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden çykyp giden adamlara, olaryň Türkmenistana yzyna gaýdyp gelen halatlarynda pensiýa şu Bitewi kanuna laýyklykda bellenilýär.

40-njy madda. Pensiýalary gaýtadan hasaplamak

1. Arkalaşyk pensiýa usuly we (ýa-da) şertli-toplaýyş pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýalarynyň möçberini gaýtadan hasaplamak Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

2. Tölenýän pensiýalaryň möçberini takyklamak şu aşakdaky ýagdaýlarda geçirilýär:

a) raýatlar tarapyndan pensiýanyň möçberini hasaplamak üçin Türkmenistanyň çäklerinden daşarda işlän ýa-da okan döwri barada we (ýa-da) döwrüň iş hakyny tassyklaýan goşmaça maglumatlar getirilen halatynda;

b) tölenýän pensiýalaryň möçberine täsir edýän maglumatlaryň nädogrudygy ýüze çykarylan halatlarynda.

3. Bellenen pensiýany gaýtadan hasaplamak:

1) Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynda görkezilen möhletlerden başlap;

2) şu maddanyň ikinji böleginiň “a”bendine laýyklykda, pensiýany gaýtadan hasaplamak boýunça zerur resminamalar bilen bilelikde arza berlen gününden başlap;

3) şu maddanyň ikinji böleginiň “b” bendine laýyklykda, pensiýa gaýtadan hasaplanylan aýdan soňky aýyň birinden başlap geçirilýär.

IX bap. Pensiýany tölemek. Birwagtlaýyn pul sylaglary

41-nji madda. Pensiýany tölemegiň umumy düzgünleri

1. Pensiýany we pensiýa goşmaça tölegleri tölemek ygtyýarly banklaryň üstünden, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi we Türkmenistanyň Merkezi banky bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi tarapyndan bellenýän tertipde üstündäki aý üçin tölenilýär.

2. Bellenen pensiýa, ony alýan adamyň arzasy boýunça ýaşaýan ýerine garamazdan bank edarasynda açylýan hasaplara geçirilip bilner. Şeýle ýagdaýda pensionerler her alty aýdan bir gezek durmuş taýdan üpjünçilik edaralarynda bellige alynýarlar.

3. Pensiýalary we beýleki pul tölegleri tölemek boýunça bank edaralarynyň edýän hyzmaty üçin durmuş taýdan üpjünçilik edaralary hyzmat hakyny töleýärler.

4. Pensiýalaryň tölegleri:

1) zähmet pensiýalary - Türkmenistanyň Merkezi býujetine geçirilýän döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň serişdeleriniň hasabyna;

2) şu Bitewi kanunyň 23-nji maddasynyň birinji böleginiň 6-njy bendinde görkezilen raýatlara, olaryň umumy esaslarda bellenen pensiýa ýaşa ýetýänçäler bellenilen zähmet pensiýalary:

a) eýeçiligiň görnüşine garamazdan, hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalar, guramalar we edaralar tarapyndan olaryň öz serişdeleriniň hasabyna. Olarda serişdeleriň ýetmezçilik eden ýa-da bolmadyk ýagdaýynda zähmet pensiýasy ýokarda durýan edaranyň serişdeleriniň hasabyna;

b) Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän kärhanalar, guramalar we edaralar, durmuş üpjünçiligi edaralary tarapyndan Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň serişdeleriniň hasabyna tölenilip bilner.

Kärhananyň, edaranyň, guramanyň üýtgedilip gurlan ýa-da eýesiniň çalşan ýagdaýynda, bellenilen pensiýa hukuk oruntutary tarapyndan şu bendiň “a” we “b” kiçi bentlerine laýyklykda tölenilýär.

Kärhana, gurama, edara ýatyrylan we onuň ýokary edarasy bolmadyk halatynda bellenilen pensiýa umumy esaslarda zähmet pensiýalaryny tölemek üçin göz öňünde tutulan tertipde Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň serişdeleriniň hasabyna tölenilýär.

Iş beriji zähmet pensiýanyň tölegini, pensiýany alýanyň islegine görä gönüden-göni özüniň hasaphanasynyň üsti bilen ýa-da pensiýany alýanyň bank edarasyndaky goýum hasabyna geçirmek arkaly amala aşyrýar;

3) döwletiň şahsy (atly) pensiýasy - Türkmenistanyň Merkezi býujetiniň serişdeleriniň hasabyna;

4) toplaýyş pensiýalary:

a) serişdeler doly harçlanyp gutarýança. Tölenýän pensiýanyň möçberini çäklendirmäge ýa-da wagtlaýyn togtatmaga diňe toplaýyş pensiýasyny alýan adamyň ýa-da kazyýetiň çözgüdi bolan ýagdaýynda ýol berilýär;

b) ätiýaçlandyrylan adam pensiýa toplamalarynyň möçberini birwagtda Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň ýörite hasabyna geçiren ýagdaýynda toplaýyş pensiýasy ömürlik tölenip bilner. Şeýle halatda pensiýa toplanmalary miras galýan emläk bolup durmaýar.

5. Pensiýa pensioneriň hemişelik ýaşaýan ýeri boýunça onuň hut özüne tölenilýär.

6. Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň Pensiýalary bellemek baradaky merkezi toparynyň çözgüdi boýunça pensiýa pensioneriň köplenç ýaşaýan ýeri boýunça hem tölenip bilner.

7. Işleýän pensionerleriň pensiýalary doly möçberinde tölenilýär.

8. Işleýän pensionerleriň pensiýasyna goşmaça tölegler tölenilmeýär.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky we 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanun;arynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda; 2010 ý., № 1, 4-nji madda)

42-nji madda. Öý-internatlarynda ýaşaýan pensiýa alýanlara pensiýa tölemek

Gartaşan adamlar we maýyplar üçin öý-internatlarynda (pansionatlarda) ýaşaýan pensionerlere aşakdaky tertipde tölenýär:

1) zähmet pensiýasynyň 20 göterimi, ýöne pensiýanyň bellenen iň az möçberiniň 40 göterminden pes bolmadyk möçberde;

2) bellenen toplaýyş pensiýasy doly möçberde.

43-nji madda. Pensiýa alýanyň ýatymlaýyn bejergi alýan döwründe pensiýa tölemek

1. Mejbury bejerişde bolýan adamlardan başga, ýatymlaýyn bejergi alýan döwründe pensiýa her aýda doly möçberde, bejergide bolýan ýerine eltip bermek bilen tölenilýär.

2. Mejbury bejeriş alýan adamlara pensiýa olar hassahanadan çykanlaryndan soň, haýsydyr bir möhlet ýa-da möçber bilen çäklendirmezden tölenýär.

44-nji madda. Ruhy keseller edarasynda bolýan döwründe pensiýa tölemek

1. Ruhy keseller edarasynda bolýan adamlara pensiýa görkezilen edaradan çykandan soň haýsydyr bir möhlet we möçber bilen çäklendirmezden tölenilýär.

2. Ruhy keseller edarasynyň ýolbaşçylygy pensioner bejergi almaga gelende we hassahanadan çykanda bäş günüň dowamynda bu barada ýerlerdäki degişli durmuş taýdan üpjünçilik edarasyna habar bermäge borçludyr.

45-nji madda. Azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde jezasyny çekýän adamlara pensiýa tölemek

1. Azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde jezasyny çekýän döwri üçin adamlara zähmet pensiýasy, şeýle

hem şu Bitewi kanunyň 41-nji maddasynyň dördünji böleginiň 4-nji bendiniň “b” kiçi bendiniň şertleri boýunça tölenilýän toplaýyş pensiýasy tölenilmeýär we töleg azatlykdan mahrum ediş ýerinden boşan gününden başlap ýola goýulýar, ýöne pensiýa almak barada ýüz tutan pursadyndan öň on iki aýdan köp bolmadyk döwür üçin tölenýär.

2. Toplaýyş pensiýasy tussaglykdan azatlyga çykanyndan soň doly möçberde tölenilýär, muňa şu Bitewi kanunyň 41-nji maddasynyň dördünji böleginiň 4-nji bendiniň “b”kiçi bendiniň şertleri boýunça tölenýän toplaýyş pensiýasy girmeýär.

46-njy madda. Pensiýalary we pensiýa toplamalaryny hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden çykyp gidýän adamlara tölemek

1. Hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden çykyp gidýän adamlara pensiýany tölemek çykyp giden aýynyň yz ýanyndaky aýyň birinden bes edilýär.

2. Hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden çykyp gidýän adamlara Şertnama boýunça pensiýa toplamalary birwagtda tölenilýär.

3. Hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden çykyp gidende pensioneriň bergisi pensiýadan tutulyp alynýan halatlarynda pensiýalary we pensiýa toplamalary bergini aýyrmak bilen tölenilýär.

47-nji madda. Öz wagtynda talap edilmedik pensiýany tölemek

1. Öz wagtynda talap edilmedik zähmet pensiýalary, şeýle hem şu Bitewi Kanunyň 41-nji maddasynyň dördünji böleginiň 4-nji bendiniň “b” kiçi bendiniň şertleri boýunça tölenýän toplaýyş pensiýasy pensiýa üçin ýüz tutan aýynyň öň ýanyndaky on iki aýdan köp bolmadyk döwür üçin tölenilýär.

Pensiýa belleýän ýa-da töleýän edaranyň günäsi bilen tölenmedik pensiýalar geçen döwür üçin haýsydyp bir möhlet bilen çäklendirmezden tölenýär.

2. Toplaýyş pensiýasy geçen döwür üçin haýsydyr bir möhlet bilen çäklendirmezden tölenilýär, muňa şu Bitewi kanunyň 41-nji maddasynyň dördünji böleginiň 4-nji bendiniň “b” kiçi bendiniň şertleri boýunça tölenýän toplaýyş pensiýasy girmeýär.

48-nji madda. Pensioneriň aradan çykan halatynda pensiýany tölemek

1. Pensioneriň aradan çykan halatynda, zähmet pensiýalarynyň, şeýle hem şu Bitewi kanunyň 41-nji maddasynyň dördünji böleginiň 4-nji bendiniň “b” kiçi bendiniň şertleri boýunça tölenilýän toplaýyş pensiýasynyň onuň aradan çykan gününe çenli doly alynmadyk möçberi durmuş taýdan üpjünçilik edarasynyň çözgüdi boýunça, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda maşgalanyň kämillik ýaşyndaky agzalarynyň birine, olar bolmadyk halatynda jaýlama dessuryny ýerine ýetiren adama tölenilýär.

2. Aradan çykanyň doly peýdalanmadyk pensiýa toplamalaryny tölemek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, miras almak hukugy boýunça geçirilýär.

49-njy madda. Pensiýa toplamalaryny birwagtlaýyn tölemek

Pensiýa toplamalaryny birwagtlaýyn tölemek doly ýa-da bölekleýin möçberde geçirilip bilner:

1) pensiýa ýaşy dolanda, pensiýa toplamalarynyň möçberi pensiýanyň iň pes möçberinden az bolsa;

2) pensiýa ýaşy dolanda, ätiýaçlandyrylan adam pensiýanyň bellenen iň pes möçberinden az bolmadyk möçberde pensiýa alýan bolsa;

3) ätiýaçlandyrylan adamyň pensiýa ýaşyna ýetmänkä möhletsiz I ýa-da II topar maýyby diýlip ykrar edilende, bar bolan pensiýa toplamalary Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň Pensiýa bellemek baradaky merkezi topary tarapyndan bellenilýän möçberden az bolanda.

50-nji madda. Birwagtlaýyn pul sylaglary

1. Birwagtlaýyn pul sylaglary işlemeýän pensionerlere Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynda kesgitlenýän tertipde tölenilýär.

2. Işlemeýän pensionerlere 62 ýaşy dolanda ýüz tutulan güni ýagdaýyna bellenen zähmet pensiýasynyň

aýlyk möçberinde birwagtlaýyn pul sylagy tölenilýär.

3. Birwagtlaýyn pul sylagy 62 ýaşy dolan gününe çenli durmuş üpjünçiligi edaralarynda hasaba alnandygyna ýa-da alynmandygyna garamazdan tölenýär.

X bap. Pensiýa üpjünçiligi meseleleri boýunça jedelleri çözmek. Pensiýadan tutup galmak

51-nji madda. Pensiýa meseleleri boýunça jedelleri çözmek

1. Zähmet we toplaýyş pensiýasyna bolan hukuk, olaryň möçberini hasaplamak we tölemek meseleleri boýunça jedeller Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň Pensiýalary bellemek baradaky merkezi topary tarapyndan çözülýär.

2. Şu Bitewi kanunyň 53-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda pensiýanyň artyk tölenen möçberini tutup galmak boýunça jedeller Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň Pensiýalary bellemek baradaky merkezi topary tarapyndan, pensioneriň ylalaşmadyk halatynda bolsa kazyýet tarapyndan çözülýär.

3. Şu Bitewi kanunyň 53-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda, pensiýanyň artyk tölenen möçberini tutup galmak boýunça jedeller kazyýet tarapyndan çözülýär.

52-nji madda. Pensiýadan tutup galmak

1. Pensiýadan tutup galmak pensioneriň ýazmaça razylygynyň, Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň Pensiýalary bellemek baradaky toparynyň çözgüdiniň, kazyýetiň çözgütleriniň, kesgitnamalarynyň, kararlarynyň we hökümleriniň (emläkden tutup almak babatynda) kepillendiriş edaralarynyň ýerine ýetiriş ýazgylarynyň we kazyýetiň çözgütleriniň ýerine ýetirilmegi üçin bellenen tertipde Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýerine ýetirilmeli beýleki çözgütleriň esasynda geçirilýär.

2. Pensiýadan tutup galmak pensionere tölenmäge degişli pul möçberinden amala aşyrylýar.

Pensiýadan tutup galmalaryň ähli görnüşleriniň umumy möçberi zähmet we toplaýyş pensiýalarynyň bilelikdäki möçberiniň 50 göteriminden geçmeli däldir.

3. Pensioneriň aradan çykan halatynda pensiýadan tutup galmaga degişli, berginiň üzülmedik bölegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda töletdirilýär.

53-nji madda. Artyk tölenen pul möçberini tutup galmak

1. Zähmet pensiýasynyň töleginden, pensioner tarapyndan görnetin ýalňyş maglumatlaryň berilmegi netijesinde ýol berlen, artyk tölenen möçberleri tutup galmak tölenýän pensiýadan Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň Pensiýalary bellemek baradaky merkezi toparynyň karary bilen geçirilýär, pensioner ylalaşmadyk ýagdaýynda kazyýet tarapyndan çözülýär.

2. Pensiýadan durmuş taýdan üpjünçilik edaralarynyň günäsi bilen ýa-da bank edaralary tarapyndan ýol berlen, artyk tölenen möçberleri tutup galmak Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde geçirilýär.

3. Artyk tölenen zähmet pensiýasy üçin tutulyp alnan pul möçberleri Türkmenistanyň Merkezi býujetiniň girdejileriniň hasabyna geçirilýär.

4. Şu Bitewi kanunyň 23-nji maddasynyň birinji böleginiň 6-njy bendinde görkezilen raýatlara bellenen pensiýanyň artyk tölenen möçberini tutup galmak Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde pensiýany tölän kärhana, edara ýa-da gurama tarapyndan amala aşyrylýar.

Artyk tölenen zähmet pensiýalarynyň tutulyp alnan möçberleri şu hasaplara geçirilýär:

hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalar, guramalar, edaralar tarapyndan tölenenler - olaryň öz hasaplaryna;

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň hasabyna maliýeleşdirilýän kärhanalar, guramalar, edaralar ýa-da durmuş üpjünçiligi edaralary tarapyndan tölenenler - Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň girdejisine.

(2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 1, 4-nji madda)

III bölüm. Döwlet kömek pullary

XI bap. Döwlet kömek puly düşünjesi we onuň görnüşleri

54-nji madda. Döwlet kömek puly (goldawy) düşünjesi

1. Döwlet kömek puly, döwlet durmuş üpjünçiligi usulynyň bir bölegi bolup durýar we saglyk ýagdaýy boýunça bölekleýin, doly ýa-da wagtlaýyn zähmete ukyplylygyny ýitirmegi, enelik we çagalyk, ekleýjisini ýitirmegi, pensiýa ýaşa ýetip üpjünçilik çeşmelerini ýitirmegi bilen baglanyşykly ýitirilen girdejiniň bir bölegini saklamak üçin pul tölegleri görnüşinde aňladylýar.

2. Döwlet tarapyndan goldaw - bu durmuş kömegi bolup, durmuş ýagdaýlaryny gowulandyrmagy zerur bolan raýatlara berilýär.

55-nji madda. Döwlet kömek pullarynyň görnüşleri

1. Türkmenistanda döwlet kömek pullarynyň şu aşakdaky görnüşleri bellenilýär:
1) wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça;
2) göwrelilik we çaga dogurmak boýunça;
3) çaga doglanda;
4) çaga seretmek boýunça;
5) maýyplygy boýunça (zähmet ukyby kem-käsleýin ýa-da doly ýitirilende);
6) ekleýjisini ýitirendigi boýunça;
7) durmuş kömek puly.

2. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kömek pulunyň beýleki görnüşleri hem bellenilip bilner.

56-njy madda. Döwlet kömek puluna bolan hukuk

1. Türkmenistanyň raýatlarynyň şu Bitewi kanunda göz öňünde tutulan halatlarda we şertlerde döwlet kömek puluny almaga hukuklary bardyr.

2. Türkmenistanyň çäginde hemişelik ýaşaýan daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda we halkara şertnamalarynda (ylalaşyklarynda) başga bir ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, Türkmenistanyň raýatlary bilen deň derejede kömek puluny almaga hukugy bardyr.

3. Şol birwagtda kömek pulunyň dürli görnüşlerini almaga hukugy bolan raýatlara kömek pulunyň bir görnüşi bellenýär, muňa göwrelilik we çaga dogurmak boýunça, çaga doglanda berilýän, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça we çaga seretmek boýunça döwlet kömek pullary girmeýär.

4. Şol birwagtda döwlet kömek puluny we ýaşy boýunça pensiýany almaga hukugy bolan raýatlaryň pensiýany ýa-da döwlet kömek puluny saýlap almaga haklary bardyr, muňa wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça we çaga seretmek boýunça kömek puly girmeýär.

XII bap. Döwlet kömek pullaryny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri

57-nji madda. Döwlet kömek pullaryny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri

Döwlet kömek pullaryny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:
1) Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň serişdeleri;
2) döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň serişdeleri;
3) iş berijileriň öz serişdeleri;
4) Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki çeşmeler.

XIII bap. Döwlet kömek puluny (goldawyny) bellemek barada ýüz tutma

58-nji madda. Döwlet kömek puluny bellemek barada ýüz tutma

1. Döwlet kömek puluny (goldawyny) bellemek barada ýüz tutma şu Bitewi kanunda bellenen şertler boýunça oňa bolan hukuk ýüze çykanyndan soň amala aşyrylýar.

2. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk bilen baglanyşykly, göwrelilik we çaga dogurmak boýunça kömek pullaryny bellemek barada raýatlar iş berijä ýüz tutýarlar.

3. Maýyp bolan halatynda, ekleýjisini ýitirende, durmuş kömek puluny bellemek barada raýatlar Döwletiň goldamagyna mätäç raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamak baradaky etrap (şäher) toparlarynyň üsti bilen Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligine ýüz tutýarlar.

4. Raýatlar çaga doglandaky we çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluny bellemek barada ýaşaýan ýeri boýunça Döwletiň goldamagyna mätäç raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamak baradaky etrap (şäher) toparlaryna ýüz tutýarlar.

5. Raýatlar döwlet goldawyny bermek barada ýaşaýan ýeri boýunça Döwletiň goldamagyna mätäç raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamak baradaky etrap (şäher) toparlaryna ýüz tutýarlar.

59-njy madda. Döwlet kömek puluny (goldawyny) bellemek

1. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk bilen baglanyşykly, göwrelilik we çaga dogurmak boýunça kömek puly esasy iş ýerinden bellenýär.

2. Maýyplygy, ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly we durmuş kömek puly Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan döredilýän, Döwletiň goldamagyna mätäç raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamak baradaky merkezi topar tarapyndan bellenilýär.

3. Çaga doglandaky döwlet kömek puly we çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly ýaşaýan ýeri boýunça Döwletiň goldamagyna mätäç raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamak baradaky etrap (şäher) toparlary tarapyndan bellenýär.

4. Döwlet kömek puly ony alýanyň adyna bellenilýär. Kömek puluny alýan kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da aň-düşünjeli herekete ukypsyz bolsa, onda kömek puly ene-atasynyň biriniň ýa-da howandarynyň adyna bellenilýär.

5. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna pul tölegleri görnüşinde döwlet goldawyny bermek baradaky çözgüt Döwletiň goldamagyna mätäç raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamak baradaky merkezi topar tarapyndan kabul edilýär. Döwletiň goldamagyna mätäç raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamak baradaky etrap (şäher) toparlarynyň kärhanalardan, guramalardan, edaralardan öz serişdeleriniň hasabyna mugt ýa-da ýeňillikli şertlerde durmuş hyzmatlaryny etmek barada haýyş etmäge haklary bardyr.

XIV bap. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puly

60-njy madda. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk umumy näsaglygyň, zähmet şikesini almagyň, hünär keseliniň netijesinde işleýän döwründe ýüze çykýar.

61-nji madda. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puluna hukuk

Işleýän döwründe zähmete ukybyny ýitiren we saglygy goraýyş edaralary tarapyndan berlen zähmete ukypsyzlyk hatyny iş berijä beren adamlaryň wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puluny almaga hukugy bardyr.

62-nji madda. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwri

1. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwri Türkmenistanyň saglygy goraýyş edaralary tarapyndan Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanan tertipde bellenilýär we zähmete ukypsyzlyk haty bilen tassyklanylýar.

2. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwrüne şu döwürler degişlidir:

1) ambulatoriýa bejerişi döwründe maşgalanyň näsag agzasyna seretmek- 7 senenama günden köp bolmaly däl;

2) ambulatoriýa bejergisi alynýan döwürde 14 ýaşy dolmadyk näsag çaga seretmek - 14 senenama günden köp bolmaly däl;

3) ýatymlaýyn bejergi alýan, 7 ýaşamadyk näsag çaga seretmek, şeýle hem çylşyrymly operasiýadan, şikesden ýa-da ýanmakdan soňky döwürde agyr keselden ejir çekýän 14 ýaşy dolmadyk çaga seretmek - 122 senenama gününden köp bolmaly däl;

4) hünär keseli ýa-da inçekesel, ýa-da olaryň bedeninde ýokanç keselleri döredijileriň bardygy bilen baglanyşykly başga işe geçirilende - iki aýdan köp bolmaly däl;

5) karantin düzgüniniň bellenen döwründe ýokanç keselleriň dörän ýerlerindäki işden çetleşdirilenler.

3. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygyň hakyky dowamlylygy bejeriji lukman tarapyndan kesgitlenilýär we zähmete ukypsyzlyk haty bilen tassyklanýar.

4. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk, eger ol şu aşakdaky ýagdaýlarda ýüze çykan bolsa zähmete ukypsyzlyk haty bilen resmileşdirilmeýär:

1) kanuna garşy hereketler edilende;

2) öz saglygyna ýa-da özüniň eklenjindäki adamyň saglygyna bilkastlaýyn zeper ýetirilende;

3) alkogol, narkotiki ýa-da toksiki beýhuşlyk ýagdaýynda.

63-nji madda. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek pulunyň möçberini hasaplamak

1. Bellenilýän wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek pulunyň möçberi ortaça bir günlük iş hakyny wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygyň günleriniň sanyna köpeldilmeginden alnan ululygyň göterimlerinde bellenilýär we aşakdakylardan ybarat:

1) 60 göterim - iş döwrüniň dowamlylygy bäş ýyla çenli bolan ýagdaýynda;

2) 80 göterim - iş döwrüniň dowamlylygy bäş ýyldan sekiz ýyla çenli bolan ýagdaýynda;

3) 100 göterim - iş döwrüniň dowamlylygy sekiz ýyl we ondan köp bolan ýagdaýynda.

2. Iş döwrüniň dowamlylygyna garamazdan, kömek pulunyň möçberi:

1) wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy zähmet şikesi ýa-da hünär keseli sebäpli ýüze çykan adama;

2) 18 ýaşy dolmadyk adama;

3) 21 ýaşy dolmadyk doly ýetim adama;

4) maýyp diýlip bellenilen tertipde ykrar edilen adama;

5) 16 ýaşy dolmadyk maýyp çagany terbiýeleýän ýa-da 16 ýaşy dolmadyk üç ýa-da has köp çaga eklemeginde bolan enä;

6) wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy donorlyk wezipelerini ýerine ýetiren mahaly ýüze çykan adama;

7) beýleki döwletlerde bolan söweş hereketlerine gatnaşan adama;

8) keseline radiasion täsiriň zyýanly netijeleri sebäp bolan adama şu maddanyň birinji böleginde görkezilen ululygyň 100 göterimine barabardyr.

3. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek pulunyň möçberini hasaplamak wagtlaýyn zähmete ukypsyzlykdan öňki iki senenama aýynyň ortaça aýlyk we ortaça bir günlük iş hakynyň we wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwrüniň senenama günlerindäki dowamlylygynyň esasynda geçirilýär.

4. Ortaça aýlyk iş haky raýatyň esasy iş ýeri boýunça zähmete ukyplylygyň ýitirilen aýynyň öň ýanyndaky iki senenama aýynyň hakyky iş hakyndan ugur alnyp hasaplanylýar.

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek pulunyň möçberi we senenama aýynyň zähmet haky bilelikde alanyňda iki wezipe aýlyk hakyndan ýa-da iki tarif möçberinden ýokary bolmaly däldir.

5. Ortaça bir günlük iş hakynyň möçberi ortaça bir aýlyk iş hakyny 29,7-ä bölmek ýoly bilen hasaplanylýar.

6. Zähmetiň aýratyn şertleri bolan (wahta usuly we beýlekiler) kärhanalarda işleýän adamlar üçin wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek pulunyň möçberini hasaplamak Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

7. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna laýyklykda zähmet hakynyň möçberi ýokarlandyrylan ýagdaýynda wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puluny hasaplamak üçin kabul edilýän iş haky zähmet hakynyň ýokarlandyrylan koeffisiýentine köpeldilýär.

8. Işe täze kabul edilen ýa-da işleýän döwrüniň arasyny kesen, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly ýarawsyzlyk haty berlen pursadyndaky wezipe aýlyk hakyndan ýa-da tarif möçberinden ugur alnyp hasaplanylýar.

64-nji madda. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri şulardan ybaratdyr:

1) eýeçiligiň görnüşine garamazdan hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalarda, guramalarda we edaralarda - olaryň ygtyýarynda galýan peýda;

2) Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän guramalarda we edaralarda - zähmet haky gorunyň tygşytlanan serişdeleri.

65-nji madda. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puluny tölemek

1. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puly raýatlaryň esasy iş ýerlerinden tölenilýär.

2. Daşary ýurtlaryň saglygy goraýyş edaralary tarapyndan berlen ýarawsyzlyk hatlarynyň esasynda döwlet kömek puly görkezilen ýarawsyzlyk hatynyň Türkmenistanyň saglygy goraýyş edaralary tarapyndan tassyklanan (çalşylan) halatynda tölenilýär.

XV bap. Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça döwlet kömek puly

66-njy madda. Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsady

1. Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsady işleýän aýallara göwreliligiň 32 hepdesinden berilýär:

1) eýeçiliginiň görnüşlerine garamazdan kärhanalarda, guramalarda we edaralarda işleýänlere;

2) ýörite orta we ortaky hünär öwrediş okuw edaralarynda we ýokary okuw mekdebinden soňky okuw edaralarynda gündizine okaýanlara;

3) önümçilikden aýrylmak şerti bilen aspiranturada, doktoranturada we akademiýalarda okaýanlara;

4) harby gulluk geçýän, içeri işler edaralarynda ýönekeý we ýolbaşçy düzümiň işgärleri hökmünde gulluk edýän harby gullukçylara;

5) eýeçiliginiň görnüşlerine garamazdan kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň ýatyrylmagy bilen baglanyşykly işden çykarylanlara ýa-da esasly sebäp bilen işden çykarylanlara, işden çykanyndan soňky üç aýyň dowamynda.

2. Çaga (çagalar) ogullyga alnanda, göwrelilik we çaga dogurmak boýunça zähmet rugsady ogullyga alnan gününden başlap çaganyň doglan gününden soň elli alty gün tamamlanýan döwür üçin berilýär.

3. Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsady göwreli aýallara şu aşakdaky şertlerde hem berilýär:

1) çaga möhletinden öň doglanda ýa-da göwreliligiň 154 güni tamamlanandan soň çaga düşen ýagdaýynda - çaga doglanyndan soňky zähmet rugsady berilýär;

2) kärhananyň, işi wagtlaýyn togtadylanda - umumy esaslarda;

3) wagtlaýyn rugsatdaky işgäriň ýerine işleýäne, göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsady ýüze çykanda, wagtlaýyn diýlip bellenilen döwri tamamlanýança ýa-da ýerine işlenilýäniň işe çykan gününe çenli;

4) zähmet rugsady döwründe göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsady ýüze çykanda - umumy esaslarda.

67-nji madda. Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça döwlet kömek puluna bolan hukuk

Aýallaryň göwrelilik we çaga dograndygy boýunça döwlet kömek puluny almaga şu Bitewi kanunyň 66-njy maddasynda görkezilen halatlarda hukugy bardyr. Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça döwlet

kömek puluny almaga hukuk üçin saglygy goraýyş edarasy tarapyndan berlen ýarawsyzlyk haty esas bolup durýar.

68-nji madda. Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsady döwri

1. Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsady dowamlylygy azyndan 112 senenama gününden az bolmadyk döwür üçin berilýär we her biri 56 gün bolan, çaga dogulmazyndan öňki we soňky rugsatlardan ybaratdyr. Çaga möhletinden öň doglanda çaga dogulmazyndan öňki rugsadyň bellenen dowamlylygy üýtgemeýär.

2. Çaganyň dogulmagy agyr bolup geçen halatynda çaga doglanyndan soňky rugsat 16 senenama gün, iki we ondan köp çaga doglanda bolsa, 40 senenama gün uzaldylýar.

69-njy madda. Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça döwlet kömek pulunyň möçberi

1. Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça döwlet kömek pulunyň möçberi esasy iş (gulluk) ýerinde, aspiranturada, doktoranturada we akademiýada okaýan ýerinde göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsadyna çykylmazyndan öňündäki soňky 12 senenama aýyndaky ortaça bir günlük iş hakyndan ugur alnyp hasaplanylýar.

2. Ortaça bir günlük iş haky şu Bitewi kanunyň 63-nji maddasynyň dördünji, bäşinji, altynjy böleklerinde bellenen tertipde hasaplanylýar.

3. Bellenýän kömek pulunyň möçberi ortaça bir günlük iş hakyny göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsadynyň senenama günleriniň sanyna köpeltmek bilen kesgitlenilýär.

4. Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsadyna çykmazyndan öň 12 aýdan az iş (gulluk) döwri bolan aýala ortaça aýlyk iş haky hakyky işlenen senenama aýlary üçin hasaplanylýar.

5. Çaga seretmek boýunça zähmet rugsadynda bolýan aýala göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsady berlende kömek puly göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsadyna çykan aýynda wezipe sanawyndaky degişli wezipe boýunça bellenen wezipe aýlyk hakyndan we tarif möçberinden ugur alyp hasaplanylýar.

6. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna laýyklykda zähmet hakynyň möçberi ýokarlandyrylan ýagdaýynda göwrelilik we çaga dogurmak boýunça kömek puluny hasaplamak üçin kabul edilýän iş haky zähmet hakynyň ýokarlandyrylan koeffisiýentine köpeldilýär.

70-nji madda. Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri

Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri şulardan ybaratdyr:

1) eýeçiligiň görnüşine garamazdan hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalarda, guramalarda we edaralarda-olaryň ygtyýarynda galýan peýda;

2) Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän guramalarda we edaralarda - zähmet haky gorunyň tygşytlanan serişdeleri.

71-nji madda. Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça döwlet kömek puluny tölemek

Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça döwlet kömek puly aýallara çaga dogulmazyndan öňki we çaga dogulanyndan soňky döwür üçin birwagtda, olaryň esasy iş (gulluk) ýerinden, aspiranturada, doktoranturada we akademiýada okaýan ýerinden tölenilýär.

XVI bap. Çaga doglanda berilýän döwlet kömek puly

72-nji madda. Çaga doglanda berilýän döwlet kömek puluna hukuk

1. Çaga doglanda berilýän döwlet kömek puluny almaga doglan çaganyň enesiniň ýa-da atasynyň hukugy bardyr.

2. Çaga doglanda berilýän döwlet kömek puluny almaga dört aýlyk ýaşa çenli çagany ogullyk alan adamyň hem, eger ogullyga alnan çaganyň enesine ýa-da atasyna kömek puly tölenilmedik bolsa, hukugy bardyr.

3. Çaga doglanda berilýän döwlet kömek puluny almaga bellenilen tertipde berlen çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasy esas bolup durýar.

73-nji madda. Çaga doglanda berilýän döwlet kömek puluny bellemek barada ýüz tutmak

1. Çaga doglanda berilýän döwlet kömek puluny bellemek barada ýüz tutmaga hukugy bolan adam ýaşaýan ýerindäki durmuş taýdan üpjünçilik edarasyna pasportynyň, bellenilen tertipde berlen çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasynyň nusgasyny berýär.

2. Çaga doglanda berilýän döwlet kömek puly çaganyň doglan güni kesgitlenen möçberde bellenýär.

74-nji madda. Çaga doglanda berilýän döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmesi

Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň serişdeleri çaga doglanda berilýän döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmesi bolup durýar.

75-nji madda. Çaga doglanda berilýän döwlet kömek pulunyň möçberi

Çaga doglanda berilýän döwlet kömek pulunyň möçberi aşakdakylara deňdir:

1) birinji we ikinji çaga doglanda-binýatlyk ululygyň 1,3 essesine;

2) üçünji çaga doglanda-binýatlyk ululygyň 2,5 essesine;

3) dördünji we ondan soňky çagalar doglanda-binýatlyk ululygyň 5 essesine.

(2009-njy ýylyň 6-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 1, 24 madda)

76-njy madda. Çaga doglanda berilýän döwlet kömek puluny tölemek

1. Döwlet tarapyndan çaga doglanda berilýän döwlet kömek puly ata-eneleriň, ogullyga (gyzlyga) alanlaryň birine ýa-da hossarlyk edýän adama ýaşaýan ýeri boýunça bank edarasynyň üsti bilen bir wagtlaýyn tölenilýär.

2. Iki ýa-da ondan köp çaga doglanda kömek puly her bir çaga şu Bitewi kanunyň 75-nji maddasynda bellenilen möçberlerde tölenýär.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

XVII bap. Çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly

77-nji madda. Çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluna hukuk

1. Çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluny almaga şu aşakdakylaryň hukugy bardyr:

1) jemgyýete peýdaly iş bilen meşgullanýandygyna ýa-da meşgullanmaýandygyna garamazdan, çaganyň üç ýaşyna çenli oňa hakykatdan seretmegi amala aşyrýan enesi ýa-da atasy, hossarlary;

2) jemgyýete peýdaly iş bilen meşgullanýandygyna ýa-da meşgullanmaýandygyna garamazdan, çaga üç ýaşyny doldurýança oňa seretmegi hakyky amala aşyrýan beýleki garyndaşlary, eger enesi we (ýa-da) atasy aradan çykan, aradan çykan diýlip yglan edilen, ene-ata hukugyndan kesilen bolsa, ene-ata hukugy çäklendirilen, nam-nyşansyz giden hasap edilen halatynda, aň-düşünjeli işe ukyply däl bolsa, saglyk ýagdaýy boýunça çagany terbiýelemäge we saklamaga mümkinçilikleri ýok bolsa, azatlykdan mahrum etmek

görnüşinde jeza çäresi çekilýän ýerde tussaglykda bolsa, çagany terbiýelemekden ýa-da olaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramakdan boýun gaçyrýan ýa-da öz çagasyny terbiýe berilýän, bejergi alynýan we beýleki şonuň ýaly edaralardan almakdan ýüz öwüren halatlarynda.

2. Çaga seretmek birwagtda birnäçe adam tarapyndan amala aşyrylýan halatynda çaga seretmek boýunça her aýlyk kömek puluny almak hukugy görkezilen adamlaryň birine berilýär.

(2009-njy ýylyň 6-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 1, 24 madda)

78-nji madda. Çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluny bellemek barada ýüz tutmak we bellemek

1. Çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluna hukugy bolan adam ýaşaýan ýerindäki durmuş taýdan üpjünçilik edarasyna:

a) arza;

b) pasportynyň nusgasyny;

ç) çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasynyň nusgasyny;

d) çagany ogullyga (gyzlyga) bermek baradaky edaranyň çözgüdiniň nusgasyny;

e) çagany howandarlyga bermek baradaky edaranyň çözgüdiniň nusgasyny;

ä) ýaşaýan ýerinden güwähatyny berýärler.

2. Çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly şu Bitewi kanun güýje girenden soňra doglan çagalara, şeýle hem şu Bitewi kanun güýje giren gününe çenli üç ýaşy dolmadyk çagalara bellenilýär.

3. Çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly her bir çaga binýatlyk ululygyň 65 göterimi möçberinde bellenilýär.

(2009-njy ýylyň 6-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 1, 24 madda)

79-njy madda. Çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmesi

Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň serişdeleri çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmesi bolup durýar.

80-nji madda. Çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluny tölemek

1. Şu Bitewi kanunyň 77-nji maddasynyň birinji böleginiň birinji bendinde görkezilen adamlara çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly çaganyň doglan gününden üç ýaşyna ýetýänçä tölenilýär.

2. Şu Bitewi kanunyň 77-nji maddasynyň birinji böleginiň ikinji bendinde görkezilen adamlara çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly çaganyň doglan gününden başlap tölenýär, ýöne enesiniň we (ýa-da) atasynyň aradan çykan gününden ýa-da degişli çözgüdiň (kazyýetiň güýje giren çözgüdiniň, hossarlyk we howandarlyk edarasynyň çözgüdiniň, saglygy goraýyş edarasynyň netijenamasynyň) çykarylan gününden çaganyň üç ýaşyna çenli tölenilýär.

3. Çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly ata-eneleriň ogullyga (gyzlyga) alanlaryň birine ýa-da hossarlyk edýän adama ýaşaýan ýeri boýunça bank edarasynyň üsti bilen her aýda tölenilýär.

4. Çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluny tölemek:

1) çaganyň üç ýaşynyň dolan;

2) kömek puluny alýanyň hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden çykyp giden;

3) çaganyň aradan çykan aýynyň yz ýanyndaky aýyň 1-inden bes edilýär.

5. Alýan tarapyndan talap edilmedik, çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly geçen döwür, ýöne kömek puluny almak barada ýüz tutulan pursadyndan bir ýyldan köp bolmadyk döwür üçin tölenilýär. Durmuş üpjünçiligi edaralarynyň günäsi bilen tölenilmedik kömek puly haýsydyr bir möhlet bilen çäklendirmezden tölenýär.

(2009-njy ýylyň 6-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 1, 24 madda)

XVIII bap. Maýyplygy boýunça döwlet kömek puly

81-nji madda. Maýyplyk

1. Beden ýetmezçiligi ýa-da akyl kemligi netijesinde işe ukyplylygy çäkli bolan adamlar maýyp hasap edilýär.

2. Adamyň işe ukyplylygynyň çäklidigi onuň öz-özüne hyzmat etmek, hereket etmek, ugur almak, aragatnaşyk, öz hereketine gözegçilik etmek ukybyny ýa-da mümkinçiligini doly ýa-da kem-käsleýin ýitirmeginde ýüze çykýar.

82-nji madda. Maýyplaryň toparlary

1. Bellenen tertipde ykrar edilen maýyplar şu toparlara bölünýär:

1) 16 ýaşa çenli maýyp çagalar;

2) çagalykdan maýyplar;

3) umumy kesellemäniň (şol sanda iş bilen bagly bolmadyk şikesler), zähmet şikesi, hünär keseli netijesinde maýyp bolanlar;

4) harby gullugyň maýyplary:

a) şu aşakdakylaryň netijesinde maýyp bolan harby gullukçylar, içeri işler edaralarynyň ýönekeý we ýolbaşçy düzüminiň işgärleri:

döwletiň bähbitlerini goramakda ýa-da beýleki harby gulluk borçlary (harby borçlar) ýerine ýetirilende düşen ýaranyň, seňselemegiň ýa-da şikes almagyň netijesinde;

söweşde, şol sanda beýleki döwletleriň çäklerindäki söweşde bolmak bilen baglanyşykly keseliň netijesinde;

radiasiýa heläkçilikleriniň we weýrançylyklarynyň netijelerini ýok etmek bilen baglanyşykly işlerde kesellemegiň netijesinde. Görkezilen işleriň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar;

b) şu aşakdakylaryň netijesinde maýyp bolan harby gullukçylar, içeri işler edaralarynyň ýönekeý we ýolbaşçy düzüminiň işgärleri:

harby gulluk borçlary ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly bolmadyk betbagtçylykly hadysanyň netijesinde şikes alnanda;

söweşde, şol sanda beýleki döwletleriň çäklerindäki söweşde bolmak bilen baglanyşykly bolmadyk keseliň netijesinde.

2. Adamy maýyp diýip ykrar etmek, maýyplyk derejesini we toparyny bellemek, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan tertipde, Hemaýata mätäçligi anyklaýjy topary (HMAT) tarapyndan amala aşyrylýar.

3. Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparynyň (HMAT) adamy maýyp diýip ykrar etmek, maýyplyk derejesini we toparyny bellemek baradaky çözgüdine Döwletiň goldamagyna mätäç raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamak baradaky merkezi topar tarapyndan döredilýän seljeriş toparlary tarapyndan gaýtadan seredilip bilner.

83-nji madda. Zähmet şikesini, hünär keselini almagyň netijesinde maýyplyk

1. Zähmet şikesini, hünär keselini almagyň netijesinde maýyplyk, kanuna garşy hereketleriň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly maýyplykdan başga aşakdaky ýagdaýlarda ýüze çykan hasap edilýär:

1) zähmet borçlary ýerine ýetirilende, şol sanda iş saparlary döwründe, şeýle hem kärhananyň bähbitlerini goramaga gönükdirilen hereketler amala aşyrylanda;

2) işe barýarka ýa-da işden gaýdyp gelýärkä;

3) bellenen arakesmeleri, işden öň we işden soň iş ýerini tertipleşdirmek üçin zerur bolan wagty goşmak bilen, kärhananyň çäklerinde ýa-da iş wagtynda başga bir iş ýerinde;

4) şol ýerde bolmagy içerki zähmet tertibiniň kadalaryna garşy gelmeýän bolsa, bellenen arakesmeleri goşmak bilen, iş wagtynda kärhananyň çäklerinden daşarda;

5) raýat borjuny ýerine ýetirende.

2. Ýerine ýetirilýän işiň aýratyn häsiýeti sebäpli ýüze çykan kesel bilen gönüden-göni baglanyşykly maýyplyk hünär keseli netijesinde maýyplyk hasap edilýär. Ýerine ýetirilýän işiň aýratyn häsiýeti bilen bagly

bolan keselleriň we hünärleriň sanawy Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi we Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

84-nji madda. Maýyplyk topary

Beden ýetmezçiligi ýa-da akyl kemligi netijesinde işe ukyplylygyň çäklilik derejesine baglylykda raýatlaryň maýyplyk topary Hemaýata mätäçligi anyklaýjy topary (HMAT) tarapyndan bellenilýär. Maýyplyk birinji, ikinji, üçünji toparlara bölünýär.

85-nji madda. Maýyplyk boýunça döwlet kömek puluny almaga hukuk

Bellenen tertipde maýyp diýlip ykrar edilen raýatlaryň maýyplyk boýunça döwlet kömek puluny almaga hukuklary bardyr.

86-njy madda. Maýyplyk boýunça döwlet kömek puluny bellemek üçin resminamalar

Maýyplyk boýunça döwlet kömek puluny bellemek üçin şu aşakdaky resminamalar berilýär:
a) kömek puluny bellemek barada arza;
b) kömek puly resmileşdirilýän adamyň pasportynyň nusgasy;
ç) Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparynyň (HMAT) şaýatlyk ykrarhatyndan göçürme;
d) 16 ýaşa çenli maýyp çagalaryň saglygy barada netijenama;
e) zähmet depderçesi we iş (gulluk) döwrüni tassyklaýan beýleki resminamalar;
ä) islendik yzygiderli 5 senenama ýylynyň iş haky barada güwänama;
f) maşgala düzümi barada güwänama;
g) 16 ýaşy dolmadyklar üçin dogluş hakyndaky şahadatnamanyň nusgasy.

87-nji madda. Maýyplyk boýunça döwlet kömek pulunyň möçberini hasaplamak

1. Iş (gulluk) döwri bar bolan we iş haky barada maglumat beren maýyplara hasaplama görkezijisi bellenýär.

Hasaplama görkezijisi raýatyň şahsy koeffisiýentini pensiýa bellemek üçin kesgitlenen Türkmenistan boýunça ortaça aýlyk iş hakyna we ölçege köpeltmek ýoly bilen hasaplanýar.

Iş döwri şu Bitewi kanunyň 26-njy maddasyna laýyklykda hasaplanýar.

2. Maýyplyk boýunça döwlet kömek puly hasaplama görkezijisiniň göterimlerinde şu möçberlerde hasaplanýar:

1) 1 topar maýyplaryna-110 göterimi;
2) II topar maýyplaryna-100 göterimi;
3) III topar maýyplaryna-65 göterimi.

3. Maýyplyk boýunça döwlet kömek pulunyň möçberi maýyplyk boýunça döwlet kömek pulunyň her bir maýyplyk topary üçin bellenen iň pes möçberinden az bolmaly däldir.

4. Iş döwri bolmadyk maýyplara maýyplyk boýunça kömek puly maýyplyk boýunça döwlet kömek pulunyň her bir maýyplyk topary üçin bellenen iň az möçberinde bellenilýär.

5. Döwlet kömek pulunyň möçberi 16 ýaşa çenli maýyp çagalara binýatlyk ululygyň 100 göterimi möçberinde bellenilýär.

6. Çagalykdan maýyplara döwlet kömek pulunyň möçberi şu maddanyň birinji we ikinji böleklerine laýyklykda, maýyplyk toparyna baglylykda hasaplanýar.

Çagalykdan maýyplara döwlet kömek pulunyň möçberi maýyplyk toparyna degişliligine garamazdan binýatlyk ululygyň 120 göteriminden pes bolmaly däldir.

(2009-njy ýylyň 6-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 1, 24 madda)

88-nji madda. Maýyplyk boýunça döwlet kömek puluna goşmaça tölegler

1. Eklenjinde ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly bilen üpjün edilýän adamlaryň toparyna degişli zähmete ukypsyz maşgala agzalary bolan I we II topar maýyplarynyň her çagasy üçin binýatlyk ululygyň 20 göterimi möçberinde goşmaça töleg bellenilýär. Görkezilen töleg maşgalanyň zähmete ukypsyz, döwlet kömek puluny ýa-da ýaşy boýunça pensiýa alýan agzalaryna degişli däldir.

2. Saglygy barada netijenamasy boýunça keseki kömegine mätäç bolan I topar we ýeke ýaşaýan, görüşi boýunça II topar maýyplara, olara seretmek üçin binýatlyk ululygyň 20 göterimi möçberinde goşmaça töleg bellenilýär.

3. Şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan goşmaça tölegler birwagtda hasaplanyp bilner.

89-njy madda. Maýyplyk boýunça döwlet kömek pulunyň iň pes we iň ýokary möçberi

1. Maýyplyk boýunça döwlet kömek pulunyň iň pes möçberi binýatlyk ululygyň göterimlerinde bellenilýär we aşakdakylara deňdir:

1) I topar maýyplaryna - 100 göterimi;

2) II topar maýyplaryna - 85 göterimi;

4) III topar maýyplaryna - 70 göterimi.

2. Maýyplyk boýunça döwlet kömek pulunyň iň ýokary möçberi goşmaça tölegleriň ähli görnüşlerini hasaba almak bilen, binýatlyk ululygyň göterimlerinde bellenilýär we aşakdakylara deňdir:

1) I we II topar maýyplaryna - 200 göterimi;

2) III topar maýyplaryna - 100 göterimi.

(2009-njy ýylyň 6-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 1, 24 madda)

90-njy madda. Maýyplyk boýunça döwlet kömek puluny bellemek

1. Maýyplyk boýunça kömek puly maýyplygyň kesgitlenen gününden bellenýär, ýöne ony bellemek üçin ýüz tutulan gününden 3 aýdan köp bolmaly däldir.

2. Maýyplyk boýunça kömek puly maýyplygyň haçan - işden öň, iş döwründe ýa-da ondan soň - ýüze çykandygyna garamazdan bellenýär.

91-nji madda. Maýyplyk boýunça döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmesi

1. Maýyplyk boýunça döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmesi döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň serişdeleri bolup durýar.

2. Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalar tarapyndan, eger olaryň öz günäsi bilen betbagtçylykly ýagdaý ýa-da hünär keseli bilen kesellemek bolup geçen bolsa, zähmet şikesini almagyň we hünär keseli bilen kesellemegiň netijesinde tölenýän maýyplyk boýunça kömek pulunyň öwezi her aýda Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetine geçirmek bilen dolunýar.

92-nji madda. Maýyplyk boýunça döwlet kömek puluny tölemek

1. Maýyplyk boýunça döwlet kömek puly, ony alýanyň hemişelik ýaşaýan ýeri boýunça onuň hut özüne her aýda tölenilýär.

Maýyplyk boýunça döwlet kömek puly Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň rugsat bermegi bilen kömek puluny alýanyň köplenç ýaşaýan ýeri boýunça hem tölenip bilner.

2. Raýatyň arzasy boýunça bellenen döwlet kömek puly bank edarasynda açylýan hasaba geçirilip bilner. Şeýle ýagdaýda döwlet kömek puluny alýan alty aýda bir gezek durmuş üpjünçiligi edaralarynda bellige alynýar.

3. Işleýän maýyplyk boýunça döwlet kömek puluny alýanlara döwlet kömek puly doly möçberinde

tölenilýär.

4. Alýan tarapyndan talap edilmedik maýyplyk boýunça kömek puly kömek puluny almak barada ýüz tutulan pursadyndan öňki on iki aýdan köp bolmadyk geçen döwür üçin tölenilýär. Durmuş üpjünçiligi edaralarynyň günäsi bilen tölenilmedik kömek puly haýsydyr bir möhlet bilen çäklendirmezden tölenýär

5. Maýyplyk boýunça kömek puluny tölemek şu aşakdaky ýagdaýlarda bes edilýär:

1) maýyplyk möhleti geçende;

2) döwlet kömek pulunyň başga bir görnüşi bellenende, muňa çaga seretmek boýunça kömek puly girmeýär;

3) ýaşy boýunça pensiýa almaga geçirilende;

4) hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäklerinden daşyna çykyp gidende;

5) kömek puluny alýan aradan çykanda.

6. Döwlet kömek puluny tölemek:

1) şu maddanyň bäşinji böleginde görkezilen üýtgeşmeleriň bolup geçen aýynyň yz ýanyndaky aýyň birinden, muňa ýaşy boýunça pensiýa geçirilmegi girmeýär;

2) ýaşy boýunça pensiýa geçirilende pensiýanyň bellenen gününden bes edilýär.

XIX bap. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly

93-nji madda. Ekleýji. Eklençdäkiler

1. Öz eklenjindäkileri saklamagy üpjün edýän raýat ekleýji bolup durýar.

2. Ekleýjiniň ýaşaýan wagtynda onuň doly saklamagynda ýa-da ondan yzygiderli we ýaşamagy üçin esasy çeşme bolup duran kömegi alan maşgala agzasy eklençdäki diýlip hasap edilýär.

94-nji madda. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly bilen üpjün edilýän adamlar

Eklençdäkiler diýlip hasap edilýär:

1) 18 ýaşy dolmadyk çagalary (şol sanda ogullyga (gyzlyga) alnan we öweý çagalary), doganlary, uýalary we agtyklary ýa-da şu ýaşdan ýokary, eger, olar 18 ýaşa çenli maýyp bolan bolsalar, şunda doganlarynyň, uýalarynyň we agtyklarynyň zähmete ukyply ene-atasy bolmadyk ýagdaýynda;

2) eger ata, ene (şeýle hem ogullyga (gyzlyga) alanlar), äri, aýaly pensiýa ýaşyna ýeten bolsalar (erkek adam - 62 ýaşa, aýal adam - 57 ýaşa), ýa-da maýyp bolsalar we pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny almaýan bolsalar;

3) atasy we enesi, kanunçylykda bellenen pensiýa ýaşyna ýeten bolsalar, kanuna laýyklykda olary saklamaga borçly hossary we ýaşamak üçin başga serişde çeşmesi ýok bolan ýagdaýynda.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

95-nji madda. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puluna bolan hukuk

1. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puluna, ekleýjiniň döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy tertibinde ätiýaçlandyrylandygyna ýa-da ätiýaçlandyrylmandygyna garamazdan, şu Bitewi kanunyň 94-nji maddasynda görkezilen adamlaryň hukugy bardyr.

2. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek puluna bolan hukuk ekleýjiniň nam-nyşansyz giden halatynda, onuň habarsyz ýok bolmagy bellenen tertipde ykrar edilen bolsa, bellenilýär.

3. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek puluna bolan hukugy kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar bu hukugy ogullyga (gyzlyga) alnan halatlarynda hem saklap galýarlar, muňa ozal ene-ata hukugyndan mahrum edilen ene-atalar tarapyndan çagalary ogullyga (gyzlyga) alnan halatlary girmeýär.

4. Eger ekleýjisini ýitiren maşgalada ogullyga (gyzlyga) ýa-da hossarlyga alnan ýetim çagalar bolsa, onda beýleki eklenjindäkileriň şu maşgala bilen garyndaşlyk gatnaşygyna garamazdan olara doly ýetim hökmünde kömek puly bellenilýär.

96-njy madda. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puluny bellemek üçin resminamalar

Ekleýjini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puluny bellemek üçin şu aşakdaky resminamalar berilýär:

a) kömek puluny̆ň bellenilmegi barada arza;

b) kömek puly resmileşdirilýän adamyň pasportynyň nusgasy;

ç) ekleýjiniň aradan çykandygy hakynda şahadatnama ýa-da ekleýjiniň nam-nyşansyz gidendigini tassyklaýan resminama;

d) çagalaryň dogluş hakyndaky şahadatnamasy;

e) okuw mekdebinden ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly bellenýäniň okaýandygyny tassyklaýan güwänama;

ä) maşgala agzalarynyň şahsyýetini we merhum ekleýji bilen garyndaşlyk gatnaşyklaryny tassyklaýan resminamalar (nika hakyndaky şahadatnama, ýaşaýyş jaý edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň güwanamalary, bellenilen halatlarda RÝNÝ-nyň güwänamasy, kazyýetiň çözgüdi);

f) maşgala düzümi barada güwänama;

g) kämillik ýaşyna ýetmedik, we aň-düşünjeli herekete ukypsyz eklençdäkilere howandar ýa-da hossar bellemek hakynda ygtyýarly edaranyň karary (howandarlara ýa-da hossarlara döwlet kömegi resmileşdirilen halatynda).

97-nji madda. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puluny̆ň möçberini hasaplamak

1. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puluny̆ň möçberi binýatlyk ululygyň göterimlerinde hasaplanýar we aşakdakylara deňdir:

1) eklençdäki bir adama - 60 göterimi;

2) iki adama - 110 göterimi;

3) üç adama - 130 göterimi;

4) dört we ondan köp adama - 150 göterimi.

2. Uruşda wepat bolan Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjynyň ýanýoldaşyna bellenen ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek puly binýatlyk ululygyň 2,4 essesi möçberinde kesgitlenýär.

Uruşdan gaýdyp gelen Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjynyň ýanýoldaşyna bellenen ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek puly binýatlyk ululygyň 1,8 essesi möçberinde kesgitlenýär.

(2010-njy ýylyň 22-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № __, ___-nji madda)

98-nji madda. Doly ýetim çaga ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puluny̆ň möçberini hasaplamak

Ene-atalarynyň (ekleýjiler) ikisini hem ýitiren çagalara - doly ýetimlere ýa-da ýeke ýaşap aradan çykan enäniň çagalaryna ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek puluny̆ň möçberi binýatlyk ululygyň göterimlerinde hasaplanýar we şu aşakdakylara deňdir:

1) çagalaryň birine - 120 göterimi;

2) çagalaryň ikisine - 200 göterimi;

3) çagalaryň üçüsine ýa-da ondan köpüsine - 250 göterimi.

99-njy madda. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly bellemek

1. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly kömek puluna bolan hukuk ýüze çykan gününden bellenýär, ýöne ony bellemek üçin ýüz tutulan gününden 6 aýdan köp bolmaly däldir.

2. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly aradan çykan ekleýjiniň eklenjinde bolanlara bellenýär:

1) çagalaryna, olaryň 18 ýaşy dolýança;

2) ýokary, ýörite orta, hünärmentçilik, şeýle hem dini okuw mekdeplerinde okaýan çagalara, olaryň

görkezilen okuw mekdeplerini tamamlamagyna çenli, ýöne olaryň 23 ýaşyny doldyranyndan soň bolup bilmez;

3) pensiýa ýaşyna ýeten adamlara - ömürlik.

3. Aradan çykan ekleýjiniň maşgalasynda kämillik ýaşyna ýetmedik maşgala agzasy ýa-da ozal ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek puly bellenen doly ýetim çaga bar bolsa, onda kömek puly ony almaga hukugy bolan maşgala agzalarynyň her birine aýratynlykda bellenýär.

4. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek pulyny almaga hukugy bolan maşgala agzasynyň biriniň, özüne düşýän paýyň bölünip berilmegini talap eden ýagdaýynda bellenen kömek puly, kömek puluna hukugy bolan adamlaryň arasynda deň derejede paýlanylýar.

100-nji madda. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmesi

Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmesi döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň serişdeleri bolup durýar.

101-nji madda. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puluny tölemek

1. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly, ony alýanyň hemişelik ýaşaýan ýeri boýunça onuň hut özüne her aýda tölenilýär.

Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň rugsat bermegi bilen kömek puluny alýanyň köplenç ýaşaýan ýeri boýunça hem tölenip bilner.

2. Raýatyň arzasy boýunça bellenen döwlet kömek puly bank edarasynda açylýan hasaba geçirilip bilner. Şeýle ýagdaýda döwlet kömek puluny alýan alty aýda bir gezek durmuş üpjünçiligi edaralarynda bellige alynýar.

3. Döwletiň doly üpjünçiliginde saklanýan, doly ýetim çagalar olaryň ekleýjisini ýitirendigi boýunça degişli döwlet kömek pulunyň 50 göterimi Türkmenistanyň bank edaralarynda açylýan atly hasaplara geçirilýär. Şunda olaryň atly hasaplaryndaky pul serişdelerine Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdirmegiň göteriminiň pes däl derejesinde girdeji hasaplanylýar.

Doly ýetim çagalara, olaryň 16 ýaşy dolandan soňra döwlet kömek puly bellenen möçberde tölenilýär. Olaryň bank edaralaryndaky atly hasaplarynda toplanan kömek puly bolsa, ýüz tutmalary esasynda tölenilýär.

4. Ekleýjisini ýitiren çagalar döwletiň doly üpjünçiliginde bolan döwründe ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly tölenilmeýär. Doly ýetim çagalar muňa degişli däldir.

5. Alýan tarapyndan talap edilmedik, ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly ony almak barada ýüz tutulan pursadyndan öň on iki aýdan köp bolmadyk geçen döwür üçin tölenilýär. Durmuş üpjünçiligi edaralarynyň günäsi bilen tölenilmedik kömek puly haýsydyr bir möhlet bilen çäklendirmezden tölenýär.

6. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puluny tölemek şu aşakdaky ýagdaýlarda bes edilýär:

1) ekleýjisini ýitireniň 18 ýaşy dolanda;

2) ekleýjisini ýitireniň ýokary, ýörite orta, hünärmentçilik, şeýle hem dini okuw mekdeplerini tamamlamagy, ýöne eklençdäkiniň 23 ýaşyny doldyranyndan soň bolup bilmez;

3) ekleýjisini ýitiren durmuş guranda ýa-da harby gulluga çagyrylanda;

4) ekleýjisini ýitiren hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden daşyna gidende;

5) ekleýjisini ýitirene kömek puluny beýleki görnüşi bellenilende, muňa çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly girmeýär;

6) kömek puluny alýan aradan çykanda.

7. Döwlet kömek puluny tölemegi bes etmek şu maddanyň dördünji we altynjy böleklerinde görkezilen ýagdaýlaryň ýüze çykan aýynyň yz ýanyndaky aýyň 1-inden amala aşyrylýar.

8. Kömek puluny paýynyň tölegi, onuň özüne degişli paýyny bölünip berilmegi baradaky arza berlen aýynyň yz ýanyndaky aýyň 1-inden amala aşyrylýar.

XX bap. Döwlet durmuş kömek puly

102-nji madda. Döwlet durmuş kömek puly

Döwlet durmuş kömek puly pensiýa ýaşyna ýeten we ýaşamak üçin başga serişde çeşmesi ýok bolan adamlara berilýän durmuş tölegi bolup durýar.

103-nji madda. Döwlet durmuş kömek puluna bolan hukuk

Döwlet durmuş kömek puluny almaga pensiýa hukugy bolmadyk 62 ýaşa ýeten erkek adamlaryň, 57 ýaşa ýeten aýal maşgalalaryň hukugy bardyr.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

104-nji madda. Döwlet durmuş kömek puluny bellemek üçin resminamalar

Döwlet durmuş kömek puluny bellemek barada ýüz tutan adam tarapyndan:

a) döwlet kömek puluny bellemek barada arza;

b) pasportyň nusgasy;

ç) durmuş taýdan üpjünçilik edarasynyň, onuň pensiýa ýa-da döwlet pulunyň başga bir görnüşini almaga hukugynyň ýokdugy baradaky netijenamasy;

105-nji madda. Döwlet durmuş kömek pulunyň möçberi

Döwlet durmuş kömek pulunyň möçberi binýatlyk ululygyň 60 göterimi möçberinde bellenilýär.

106-njy madda. Döwlet durmuş kömek puluny bellemek

Döwlet durmuş kömek puly döwlet durmuş kömek puluny bellemek barada arzanyň durmuş üpjünçiligi edaralary tarapyndan bellige alnan gününden bellenýär, ýöne oňa bolan hukuk ýüze çykan pursadyndan öň bolup bilmez.

107-nji madda. Döwlet durmuş kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmesi

Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň serişdeleri döwlet durmuş kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmesi bolup durýar.

108-nji madda. Döwlet durmuş kömek puluny tölemek

1. Döwlet durmuş kömek puly, ony alýanyň hemişelik ýaşaýan ýeri boýunça onuň hut özüne her aýda tölenilýär.

Döwlet durmuş kömek puly Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň rugsat bermegi bilen kömek puluny alýanyň köplenç ýaşaýan ýeri boýunça hem tölenip bilner.

2. Döwlet durmuş kömek puluny tölemek raýat işe giren halatynda togtadylýar we hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden daşyna çykylyp gidilende bes edilýär.

3. Döwlet kömek puluny tölemegi togtatmak ýa-da bes etmek şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen ýagdaýlaryň bolup geçen aýynyň yz ýanyndaky aýyň 1-inden amala aşyrylýar.

4. Alýan tarapyndan talap edilmedik, döwlet durmuş kömek puly ony almak barada ýüz tutulan pursadyndan öň on iki aýdan köp bolmadyk geçen döwür üçin tölenilýär. Durmuş üpjünçiligi edaralarynyň günäsi bilen tölenmedik kömek puly haýsydyr bir möhlet bilen çäklendirmezden tölenýär.

XXI bap. Tölenýän döwlet kömek pulunyň möçberini gaýtadan hasaplamak

109-njy madda. Tölenýän döwlet kömek pulunyň möçberini gaýtadan hasaplamak

1. Çaga seretmek, maýyplygy, ekleýjisini ýitirendigi boýunça tölenýän döwlet kömek pulunyň we durmuş kömek pulunyň möçberi Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna laýyklykda gaýtadan hasaplanylýar.

2. Maýyplygy boýunça tölenýän döwlet kömek pulunyň möçberi, şu maddanyň birinji böleginde görkezilen ýagdaýlardan başga-da maýyplygyň topary, derejesi we eklençdäkileriň sany üýtgän halatynda hem gaýtadan hasaplanylýar.

3. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça tölenýän döwlet kömek pulunyň möçberi, şu maddanyň birinji böleginde görkezilen ýagdaýlardan başga-da, kömek puly bilen üpjün edilýän maşgala agzalarynyň sany üýtgände, şeýle hem beýleki ekleýji ýitirilende gaýtadan hasaplanylýar.

4. Döwlet kömek pulunyň bellenen wagtynda göz öňünde tutulan şertlerden başga bir şertleri tassyklaýan goşmaça resminamalar berlende, şeýle hem döwlet kömek pulunyň möçberine täsir edýän görkezijileriň nädogrudygynyň ýüze çykarylmagy netijesinde tölenýän döwlet kömek pulunyň möçberiniň takyklanmagy geçirilýär.

XXII bap. Döwlet kömek puluny alýanlaryň aýry-aýry toparlaryna döwlet kömek puluny we beýleki tölegleri tölemek

110-njy madda. Döwlet kömek puluny alýanlaryň aýry-aýry toparlaryna döwlet kömek puluny we beýleki tölegleri tölemek

1. Birwagtlaýyn pul sylaglary işlemeýän döwlet kömek puluny alýanlara Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen kesgitlenýän tertipde tölenilýär.

2. Işlemeýän döwlet kömek puluny alýanlara 62 ýaşy dolanda, ýüz tutan wagtyna bellenilen döwlet kömek pulunyň möçberinde birwagtlaýyn pul sylagy tölenilýär.

3. Gartaşan adamlar we maýyplar üçin öý-internatlarynda, mekdep-internatlarynda, çagalar öýlerinde we beýleki edaralarynda hemişelik ýaşaýan, doly döwlet üpjünçiliginde bolýan adamlara döwlet kömek puluny tölemek bellenen möçberiň 20 göterimi möçberinde tölenilýär, ýöne binýatlyk ululygyň 40 göteriminden az bolmaly däldir.

4. Ýatymlaýyn şertde bejergini hassahanada we beýleki saglygy bejeriş edaralarynda alýan adam, muňa ruhy keseller edarasy girmeýär, bejerişde bolýan döwründe döwlet kömek puluny tölemek her aýda doly möçberde, bejeriş geçilýän ýere eltip bermek bilen tölenilýär, muňa mejbury bejergi alýanlar girmeýär.

Mejbury bejerişde bolýan adamlara döwlet kömek puly olara bejergiden çykanlaryndan soň, haýsydyr bir möhlet bilen we möçberi çäklendirmezden tölenilýär.

5. Ruhy keseller hassahanasynda bolýanlara döwlet kömek pulunyň tölegi togtadylýar we hassahanadan çykandan soň ähli geçen döwür üçin doly möçberde amala aşyrylýar.

Ruhy keseller edarasynyň ýolbaşçylygy döwlet kömek puluny alýan bejergi almaga gelende we hassahanadan çykanda bäş günüň dowamynda bu barada çäklerdäki degişli durmuş taýdan üpjünçilik edarasyna habar bermäge borçludyr.

6. Özüne bellenen döwlet kömek puluny alýan we azatlykdan mahrum edilen adamlara, şol döwürde döwlet kömek puly tölenilmeýär we döwlet kömek pulunyň tölegi azatlykdan mahrum edilen ýerinden boşan gününden başlap ýola goýulýar, ýöne kömek puluny almak barada ýüz tutan pursadyndan öň 12 aýdan köp bolmadyk döwür üçin tölenýär.

7. Kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar, 16 ýaşa çenli maýyp çagalar ýa-da aň-düşünjeli herekete ukypsyz adamlar üçin döwlet kömek puluny alýan adamyň azatlykdan mahrum edilen ýa-da mejbury bejerişe çekilen halatlarynda görkezilen kömek puly bellenen tertipde başga bir adamyň adyna gaýtadan resmileşdirilýär we hiç hili çäklendirilmezden geçen döwür üçin tölenilýär.

8. Döwlet kömek pullaryny we beýleki pul töleglerini tölemek boýunça bank edaralarynyň edýän hyzmaty üçin durmuş taýdan üpjünçilik edaralary hyzmat haklaryny töleýärler.

XXIII bap. Döwlet goldawy

111-nji madda. Döwlet goldawyna bolan hukuk

1. Pensiýa ýaşyna ýeten we pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny almaga hukugy bolmadyk, ogulluga alnanlardan ýa-da howandarlyk edilýän ýetim çagalardan başga jan başyna düşýän ortaça girdejisi ortaça sarp

ediş býujetinden pes bolan raýatlaryň döwlet goldawyna hukugy bardyr.

2. Maşgalanyň jan başyna düşýän ortaça girdejisi maşgalanyň zähmet, hojalyk, telekeçilik we başga bir işden alýan jemi girdejisinden, şeýle hem beýleki girdejilerinden ugur almak bilen kesgitlenýär.

112-nji madda. Döwlet goldawyny almak üçin resminamalar

Döwletiň goldamagyna mätäç raýatlar şu aşakdaky resminamalary berýär:

a) döwlet goldawynyň berilmegi barada arza;

b) pasportyň nusgasy;

ç) bar bolan çagalary, öweý çagalary, doganlary, uýalary, ýanýoldaşlary, kämillik ýaşyna ýeten agtyklary we olaryň girdejileri barada maglumat;

d) durmuş taýdan üpjünçilik edarasynyň pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny ýa-da kömek pulunyň başga bir görnüşini almaga hukugyň ýokdugy baradaky netijenamasy;

e) döwlet goldawy üçin ýüz tutan adamyň durmuş şertleri barada Döwletiň goldamagyna mätäç raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamak baradaky etrap (şäher) toparynyň netijenamasy berilýär.

113-nji madda. Döwlet goldawynyň möçberi

Pul tölegleri görnüşindäki döwlet goldawy aýda binýatlyk ululygyň möçberinde, ýöne üç aýdan köp bolmadyk döwre tölenilýär. Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda, şu maddada göz öňünde tutulan pul tölegleri birwagtlaýyn hem tölenip bilner.

114-nji madda. Döwlet goldawynyň pul möçberlerini tölemek

Döwlet goldawy görnüşindäki pul möçberleri hemişelik ýa-da köplenç ýaşaýan ýerindäki bank edarasynyň üsti bilen alýanyň hut özüne tölenilýär.

XXIV bap. Jedelleri çözmek. Döwlet kömek pulundan tutup galmak

115-nji madda. Jedelleri çözmek

1. Döwlet kömek puluna hukuk, döwlet kömek pulunyň möçberini hasaplamak we tölemek boýunça jedeller, Döwletiň goldamagyna mätäç raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamak baradaky merkezi topar we kazyýet tarapyndan çözülýär.

2. Şu Bitewi kanunyň 117-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan, döwlet kömek pulunyň möçberlerinden tutup galmak boýunça jedelleri çözmek Döwletiň goldamagyna mätäç raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamak baradaky merkezi topar we kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar.

3. Şu Bitewi kanunyň 117-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan, döwlet kömek pulunyň möçberlerinden tutup galmak boýunça jedeller kazyýet tertibinde çözülýär.

116-njy madda. Döwlet kömek pulundan tutup galmak

1. Döwlet kömek pulundan tutup galmak döwlet kömek puluny alýanyň ýazmaça razyçylygy, Döwletiň goldamagyna mätäç raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamak baradaky merkezi toparynyň, kazyýetiň çözgütleriniň, kesgitlemeleriniň, kararlarynyň we hökümleriniň (emläk töletdirmeleri babatynda), kepillendiriş edaralarynyň ýerine ýetiriş ýazgylarynyň we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýerine ýetirilmeli beýleki çözgütleriň esasynda, kazyýetiň kararlaryny ýerine ýetirmek üçin bellenen tertipde geçirilýär.

2. Döwlet kömek pulundan tutup galmak tölemäge degişli pul möçberinden geçirilýär.

3. Tutup galmalaryň ähli görnüşleriniň umumy möçberi döwlet kömek pulunyň möçberiniň 50 göteriminden ýokary bolmaly däldir.

4. Alýanyň aradan çykan halatynda döwlet kömek pulundan tutup galmak Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda geçirilýär.

117-nji madda. Artyk tölenen pul möçberini tutup galmak

1. Kömek puluny alýan tarapyndan ilkibaşdan bilip nädogry maglumatlaryň berilmegi netijesinde ýol berlen, döwlet kömek pulunyň artyk tölenen pul möçberini tutup galmak Döwletiň goldamagyna mätäç raýatlaryň ýüz tutmalaryna garamak baradaky merkezi toparynyň karary boýunça tölenýän döwlet kömek pulundan geçirilýär.

2. Durmuş taýdan üpjünçilik edaralarynyň we bank edaralarynyň günäsi bilen ýol berlen, döwlet kömek pulunyň artyk tölenen pul möçberini tutup galmak Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde geçirilýär.

IV bölüm. RAÝATLARA DURMUŞ TAÝDAN HYZMAT ETMEK

XXV bap. Umumy düzgünler

118-nji madda. Durmuş taýdan hyzmat etmek

1. Durmuş taýdan hyzmat etmek mätäç raýatlara durmuş, saglygy goraýyş hyzmatlaryny etmek, durmuşa uýgunlaşdyrmak we dikeltmek boýunça işlerden ybaratdyr.

2. Durmuş taýdan hyzmat etmek olaryň öýünde ýa-da eýeçiligiň görnüşine garamazdan durmuş hyzmatyny edýän edaralarda gartaşan raýatlara we maýyplara edilýän durmuş hyzmatlarynyň jemini öz içine alýar.

3. Raýatlara durmuş taýdan hyzmaty etmek döwlete degişli we degişli däl edaralar tarapyndan amala aşyrylýar. Raýatlara durmuş taýdan hyzmat edýän edaralar baradaky Düzgünnama Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýar.

119-njy madda. Raýatlara durmuş hyzmatyny etmek babatynda işiň esasy ýörelgeleri

Raýatlara durmuş hyzmatyny etmek babatynda işiň esasy ýörelgeleri:

1) raýatlaryň hukuklaryny berjaý etmek;

2) durmuş hyzmatlaryny almaga deň mümkinçilikleri we hyzmatlaryň raýatlar üçin elýeterli bolmagyny üpjün etmek;

3) raýatlaryň şahsy hajatlaryny göz öňünde tutup durmuş hyzmatyny üpjün etmek.

120-nji madda. Raýatlaryň durmuş taýdan hyzmat etmek babatynda hukuklaryny kepillendirmek

Döwlet gartaşan raýatlara, maýyplara we raýatlaryň beýleki toparlaryna durmuş hyzmatlaryny almak mümkinçiligini kepillendirýär.

121-nji madda. Durmuş hyzmatynyň görnüşleri

1. Raýatlara durmuş hyzmatyny etmek aşakdakylary öz içine alýar:

1) durmuş-saglygy goraýyş hyzmatyny goşmak bilen, raýatlaryň öýünde hyzmat etmek;

2) durmuş taýdan hyzmat edýän edaralaryň gündiz bolunýan bölümlerinde ýarym ýatymlaýyn hyzmat etmek;

3) durmuş taýdan hyzmat edýän edaralaryň gije-gündiz bolunýan bölümlerinde ýatymlaýyn hyzmat etmek.

2. Raýatlaryň islegi boýunça durmuş hyzmaty hemişelik ýa-da wagtlaýyn esasda amala aşyrylyp bilner.

3. Raýatlara durmuş taýdan hyzmat etmek mugt we tölegli esaslarda amala aşyrylyp bilner. Mugt hyzmat etmek bellenen sanawa laýyklykda amala aşyrylýar.

122-nji madda. Durmuş hyzmatyny dolandyrmak

1. Durmuş hyzmaty edaralaryny dolandyrmak Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi tarapyndan onuň ygtyýarlyklaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

2. Ilata durmuş hyzmatyny etmek babatda döwlete degişli däl edaralarynyň işini ygtyýarlandyrmak Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

123-nji madda. Raýatlara durmuş hyzmatyny etmek ulgamyny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri

1. Raýatlara durmuş hyzmatyny etmek ulgamyny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri:

1) ýerli býujetiň;

2) kärhanalardan, guramalardan we edaralardan, hususy telekeçilerden hemaýat kömegi görnüşinde gelip gowuşýan;

3) tölegli hyzmat edilýän raýatlardan gelip gowuşýan;

4) haýyr-sahawat we ynsanperwerlik kömegi görnüşinde gelip gowuşýan serişdeleri;

5) Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki çeşmeler bolup durýar.

2. Pul serişdeleri, şol sanda bank hasaplaryndaky serişdeler, şeýle hem durmuş taýdan hyzmat edýän edaralarda hyzmat edilen we aradan çykan, mirasdüşeri bolmadyk ýeke ýaşan raýatlaryň we maýyplaryň emläginі ýerlemekden alnan serişdeler durmuş hyzmaty edaralary tarapyndan maksada laýyk ulanylýar.

124-nji madda. Durmuş hyzmaty edaralarynyň işine gözegçilik

Durmuş hyzmaty edaralarynyň işine gözegçilik Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde amala aşyrylýar.

XXVI bap. Durmuş taýdan hyzmat etmek babatynda raýatlaryň hukuklary

125-nji madda. Raýatlaryň durmuş hyzmatyny almaga hukuklary

1. Gartaşan raýatlaryň, maýyplaryň we raýatlaryň öz-özüne hyzmat etmek we (ýa-da) hereket etmek ukybynyň çäklidigi netijesinde özleriniň esasy durmuş isleglerini özbaşdak kanagatlandyrmaga mümkinçiliklerini kem-käsleýin ýa-da doly ýitirendikleri sebäpli, hemişelik ýa-da wagtlaýynça keseki kömegine mätäç beýleki toparlary durmuş hyzmatynyň döwlete degişli we (ýa-da) döwlete degişli däl ulgamlarynda amala aşyrylýan durmuş hyzmatyny almaga hukuklary bardyr.

2. Daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalarynda we (ýa-da) Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda (ylalaşyklarynda) başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, durmuş hyzmaty babatynda Türkmenistanyň raýatlary bilen deň derejede hukuklardan peýdalanýarlar.

126-njy madda. Durmuş hyzmatlary edilende raýatlaryň hukuklary

1. Durmuş hyzmatlaryny almakda raýatlaryň şu aşakdakylara hukuklary bardyr:

1) durmuş hyzmatyny edýän işgärler tarapyndan özlerine hormat we adamkärçilikli gatnaşyk edilmegi;

2) durmuş hyzmatyny etmekde öz hukuklary, borçlary we hyzmat etmegiň şertleri barada maglumat almak;

3) durmuş hyzmatynyň edilmegine razylyk bermek;

4) durmuş hyzmatyndan boýun gaçyrmak;

5) durmuş taýdan hyzmat edilende durmuş taýdan hyzmat edýän işgäre aýan bolan şahsy häsiýetdäki maglumatlaryň gizlin saklanmagy.

2. Şeýle hem raýatlaryň durmuş hyzmatynyň görnüşleri, durmuş hyzmaty üçin töleg tölemegiň şertleri, hyzmat etmegiň beýleki şertleri barada maglumat almaga hukuklary bardyr.

3. Raýatlar durmuş taýdan hyzmat edýän edaralarda bolmagyň şertleri we bu edaralar tarapyndan

edilýän hyzmatlaryň görnüşleri bilen öňünden tanyşdyrylmalydyrlar.

127-nji madda. Durmuş hyzmatynyň edilmegine razylyk bermek. Durmuş hyzmatyndan boýun gaçyrmak

1. Durmuş hyzmaty raýatyň özüne durmuş taýdan hyzmat edilmegi baradaky ýazmaça arzasy esasynda amala aşyrylýar.

Raýatlaryň durmuş hyzmatyndan boýun gaçyrmaga hem hukuklary bardyr. Durmuş hyzmatyndan boýun gaçyrylmagy raýatyň ýazmaça arzasy bilen resmileşdirilýär.

2. Bakteriýa göteriji ýa-da wirus saklaýjy bolup durýan raýatlara ýa-da özlerinde alkogolizm, neşekeşlik, zäherli derman serişdeleri bilen bagly keseller, ýokanç karantin keseller, inçekeseliň aktiw görnüşleri, psihiki taýdan näsaglyk, deri keselleri we ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş edaralarynda bejerilmegini talap edýän beýleki keseller bar bolan raýatlar durmuş hyzmatyny etmeklige kabul edilmeýär.

3. Durmuş hyzmatyndan boýun gaçyrylmagy saglygy goraýyş netijenamasy esasynda resmileşdirilýär.

4. Raýatlar tarapyndan, bellenen ölçegleriň we kadalaryň bozulan halatynda olara durmuş hyzmatyny etmek bes edilip bilner.

V bölüm. WETERANLARYŇ HUKUK DEREJESI

XXVII bap. Weteranlaryň hukuk derejesi

128-nji madda. Weteranlaryň toparlary

Watany goramakda bitiren hyzmatlaryny, birkemsiz harby gullugyny we uzak möhletiň dowamynda çeken ak ýürekli zähmetini hasaba almak bilen, weteranlaryň şu toparlary bellenýär:

1) Beýik Watançylyk urşunyň weteranlary;
2) beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlary;
3) Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tylda zähmet çeken weteranlar;
4) harby gullugyň weteranlary;
5) içeri işler edaralarynyň weteranlary;
6) zähmet weteranlary.

129-njy madda. Beýik Watançylyk urşunyň weteranlary

1. Beýik Watançylyk urşunyň weteranlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

1) Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylar:

a) harby gullukçylar, şol sanda ätiýaçlyga goýberilenler, Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda hereket eden goşunyň düzümine giren harby bölümlerde, ştablarda, edaralarda harby gullugy geçen we olarda wagtlaýyn bolan harby gullukçylar (harby bölümlerde terbiýelenenler we ýaşajyk esgerleri hem goşmak bilen);

b) Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda uruş bolan şäherlerde gulluk eden we olary goramaga gatnaşmagy, hereket eden goşunyň harby bölümleriniň harby gullukçylaryna bellenilen ýeňillikli şertlerde pensiýalar bellemek üçin gulluk eden diýlip hasap edilýän harby gullukçylar¸ şol sanda ätiýaçlyga goýberilenler¸ içeri işler we döwlet howpsuzlygy edaralarynyň ýönekeý we ýolbaşçylar düzümine degişli adamlar;

ç) Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda hereket eden goşunyň düzümine giren ýa-da şol döwürde şäherlerde ýerleşen¸ olaryň goralmagyna gatnaşylmagy, hereket eden goşunyň harby bölümleriniň harby gullukçylaryna ýeňillikli şertlerde pensiýalar bellemek üçin artykmaçlyk hasaby bilen gulluk eden diýlip hasap edilýän harby bölümlerde¸ ştablarda we edaralarda ştatdaky wezipelerde bolan¸ goşunyň we flotuň¸ içeri işler¸ döwlet howpsuzlygy goşunlarynyň we edaralarynyň goşun gullugynda durman¸ şolaryň hatarynda işlän adamlar;

d) Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Gyzyl Goşunyň hatarlarynda duran adamlaryň ýagdaýyna getirilen we hereket eden söweş meýdanlarynyň tyl serhetleriniň ýa-da hereket eden flotlaryň dessin zolaklarynyň çäklerinde goşunyň we flotuň bähbitleri üçin wezipeleri ýerine ýetiren kärhanalaryň¸ harby desgalaryň¸ halk komissarlyklarynyň¸ pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işgärleri;

e) Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda hereket eden goşunyň harby bölümlerinde¸ duşmanyň tylynda

ýa-da beýleki döwletleriň çäklerinde aňtawjynyň, garşylyklaýyn aňtawjynyň ýörite tabşyryklaryny ýerine ýetiren işgärleri, beýleki adamlar;

ä) 1944-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 1-inden 1945-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 9-y aralygyndaky döwürde öňki SSSR-iň çäklerinde söweş hereketlerine gatnaşan harby gullukçylar, şol sanda ätiýaçlyga goýberilenler, goşun gullugynda durman, şolaryň hatarynda işlän adamlar, atyjy batalýonlaryň, halky goraýjy wzwodlaryň we otrýadlaryň esgerleri hem-de serkerdeler düzümi;

f) Beýlk Watançylyk urşy ýyllarynda hereket eden goşuna medeni hyzmat ugrunyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň iş saparyna iberilen işgärleri;

g) Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda duşmana garşy meýletin toparlaryň, gizlinlikdäki toparlaryň, beýleki birikmeleriň hatarynda bolup, Germaniýanyň we onuň ýardamçylarynyň garşysyna söweş hereketlerine gatnaşan adamlar;

h) Beýik Watançylyk urşy döwründe söweş hereketleriniň netijesinde Germaniýa we onuň ýardamçylarana ýesir düşen we soň günäsi geçilen öňki harby gullukçylaryň hataryndan bolan adamlar;

2) 1941-nji ýylyň Oguz aýynyň 22-sinden 1945-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 3-i aralygyndaky döwürde hereket eden goşunyň düzümine girmedik harby bölümlerde, edaralarda, harby-okuw jaýlarynda harby gullugy geçen we “1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Germaniýadan üstün çykylyp gazanylan ýeňiş üçin” diýen medal ýa-da “Ýaponiýadan üstün çykylyp gazanylan ýeňiş üçin” diýen medal bilen sylaglanan harby gullukçylar, şol sanda ätiýaçlyga goýberilenler;

3) 1941-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 8-inden 1944-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 27-si aralygynda gabaw döwründe Leningrad şäheriniň kärhanalarynda, guramalarynda we edaralarynda işlän hem-de “Leningrady gorandygy üçin” diýen medal bilen sylaglanan adamlar we “Gabawdaky Leningradyň ýaşaýjysy” diýen nyşan bilen sylaglanan adamlar;

4) Hereket eden söweş meýdanynda tyl serhetleriniň çäklerindäki, demir ýol we awtomobil ýollarynyň söweş meýdançalaryndaky howa hüjüminden goranyş desgalarynda we goraghanalarynda, deňiz binýatlarynyň, howa gämileriniň duralgalarynyň we beýleki desgalarynyň gurluşygynda işlän adamlar;

5) Ok-däri we söweş tehnikasyny ýygnamak, çäkleri hem-de desgalary partlaýjysyzlandyrmak işine goşun ýolbaşçylygy we ýerli häkimiýet edaralary tarapyndan çekilen adamlar;

6) Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda ýurduň howpsuzlygynyň bähbitleri üçin Eýrana girizilen goşunlaryň düzüminde tabşyryklaryň ýerine ýetirilmegine gatnaşan adamlar.

2. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda hereket eden goşunyň düzümine giren harby bölümleriň, ştablaryň we edaralaryň sanawy hem-de hereket eden goşunyň harby bölümleriniň harby gullukçylary üçin bellenilen ýeňillikli şertlerde pensiýa bellemek üçin artykmaçlyk hasaby bilen gulluk eden diýlip hasap edilýän, goralmagyna gatnaşylan şäherleriň sanawy we urşuň bolan döwürleri Türkmenistanyň Goranmak ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär.

130-njy madda. Beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlary

Beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň weteranlaryna şu aşakdakylar degişlidir:

1) Beýleki döwletleriň çäklerindäki söweş hereketleriniň maýyplary:

a) Türkmenistanyň Goranmak ministrligi tarapyndan bellenen döwürlerde söweş hereketleriniň bolup geçen sebitlerinde ýaralanmagyň, seňselemegiň, şikes almagyň ýa-da kesellemegiň netijesinde maýyp bolan içeri işler we döwlet howpsuzlygy edaralarynyň harby gullukçylary, ýönekeý we ýolbaşçy düzüminiň işgärleri;

b) beýleki döwletlerde hereket eden harby birliklere hyzmat eden we şol döwletlerde söweş hereketleriniň alnyp barlan döwründe ýaralanmagyň, seňselemägiň, şikes almagyň ýa-da kesellemegiň netijesinde maýyp bolan işgärler;

ç) 1945-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 10-undan 1951-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 31-i aralygyndaky döwürde öňki SSSR-iň çäklerinde söweşjeň tabşyryklary ýerine ýetirenlerinde ýaralanmagyň, seňselemegiň, şikes almagyň ýa-da kesellemegiň netijesinde maýyp bolan harby gullukçylar, içeri işler we döwlet howpsuzlygy edaralarynyň harby gullukçylary, ýönekeý we ýolbaşçy düzüminiň işgärleri, atyjy batalýonlaryň, halk goragçysy wzwodlarynyň we otrýadlarynyň esgerleri we ýolbaşçy düzümi;

2) Beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketlerine gatnaşyjylar:

a) öňki SSSR-iň döwlet häkimiýeti edaralary tarapyndan iberilen we şol döwletleriň çäklerinde gulluk borçlaryny ýerine ýetirenlerinde söweş hereketlerine gatnaşan harby gullukçylar, şol sanda ätiýaçlyga

goýberilen harby gullukçylar, harby ýygnanyşyklara çagyrylan harby borçlular, içeri işler we döwlet howpsuzlygy edaralarynyň ýönekeý we ýolbaşçy düzüminiň işgärler, görkezilen edaralaryň işgärleri, öňki SSSR-iň Goranmak ministrliginiň işgärleri;

b) 1945-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 10-undan 1951-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 31-i aralygyndaky döwürde öňki SSSR-iň çäklerinde söweşjeň tabşyryklary ýerine ýetirenlerinde söweş hereketlerine gatnaşan harby gullukçylar, şol sanda ätiýaçlyga goýberilen harby gullukçylar, içeri işler we döwlet howpsuzlygy edaralarynyň harby gullukçylary, ýönekeý we ýolbaşçy düzüminiň işgärleri, atyjy batalonlaryň, halk goragçysy wzwodlarynyň we otrýadlarynyň esgerleri we ýolbaşçylar düzümi;

ç) söweş hereketleri alnyp barlan döwründe Owganystana ýük daşamak üçin iberilen awtomobil batalonlarynyň harby gullukçylary;

d) söweş hereketleri alnyp barlan döwürlerinde öňki SSSR-iň çäklerinden Owganystana söweşjeň tabşyrykly uçuşlary amala aşyran uçujylyk düzüminiň harby gullukçylary;

3) Beýleki döwletleriň çäklerinde öňki SSSR-iň harby güýçleriniň birliklerine hyzmat eden, ýaralanan, seňselän ýa-da şikes alan ýa-da söweş hereketlerini üpjün etmäge gatnaşandygy üçin öňki SSSR-iň ordenleri we medallary bilen sylaglanan adamlar (söweş hereketleri alnyp barlan döwürde Owganystana uçuşlary ýerine ýetiren raýat awiasiýasynyň howa gämileriniň uçujylyk ekipažlarynyň agzalaryny hem goşmak bilen);

4) 1979-njy ýylyň Bitaraplyk aýyndan 1989-njy ýylyň Bitaraplyk aýy aralygyndaky döwürde Owganystana, şeýle hem söweş hereketleri alnyp barlan beýleki döwletlere işe iberilen, bellenen möhletlerini işlän ýa-da esasly sebäplere görä möhletinden öň yzyna iberilen işgärler (raýat awiasiýasynyň howa gämileriniň uçujylyk ekipažlarynyň agzalaryny hem goşmak bilen).

131-nji madda. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tylda zähmet çeken weteranlar

Beýik Watançylyk urşy döwründe tylda zähmet çeken weteranlara 1931-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 31-ine çenli doglan Türkmenistanyň raýatlary degişlidir.

132-nji madda. Harby gullugyň weteranlary

Harby gullugyň weteranlaryna öňki SSSR-iň Ýaragly Güýçleriniň, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, öňki SSSR-iň Döwlet howpsuzlygy komitetiniň, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrliginiň, öňki SSSR-iň serhet goşunlarynyň, içerki goşunlaryň, demir ýol goşunlarynyň, hökümet aragatnaşygy goşunlarynyň, raýat goranyşy goşunlarynyň, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň, Türkmenistanyň (öňki SSSR-iň) harby gulluk göz öňünde tutulan ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, Türkmenistanyň (öňki SSSR-iň) ordenleri ýa-da medallary bilen sylaglanan ýa-da hormatly atlara mynasyp bolan ýa-da pudaklaryň tapawutlandyryş nyşanlary bilen sylaglanan we erkek adamlara artykmaçlyk hasaby bilen azyndan 25 ýyl, aýal maşgalalara - 20 ýyl gulluk eden, şol sanda ätiýaçlyga goýberilen harby gullukçylary, şeýle hem harby gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly ýaralanmagyň, seňselemegiň, şikes almagyň ýa-da kesellemegiň netijesinde maýyp bolan harby gullukçylar degişlidir.

133-nji madda. Içeri işler edaralarynyň weteranlary

Içeri işler edaralarynyň weteranlaryna öňki SSSR-iň we Türkmenistanyň ordenleri ýa-da medallary bilen sylaglanan ýa-da hormatly atlara mynasyp bolan ýa-da pudaklaryň tapawutlandyryş nyşanlary bilen sylaglanan we erkek adamlara artykmaçlyk hasaby bilen azyndan 25 ýyl, aýal maşgalalara - 20 ýyl gulluk eden, içeri işler edaralarynyň ýönekeý we ýolbaşçy işgärleri degişlidir.

134-nji madda. Zähmet weteranlary

Zähmet weteranlaryna öňki SSSR-iň we Türkmenistanyň döwlet sylaglary bilen sylaglanan ýa-da hormatly atlara mynasyp bolan we eýeçiligiň görnüşine garamazdan kärhanalarda, guramalarda we edaralarda erkek adamlaryň azyndan 25 ýyl we aýal maşgalalaryň azyndan 20 ýyl iş döwri bolanlary degişlidir.

135-nji madda. Weteranlaryň şahadatnamalary

1. Weteranlara bellenen nusgadaky şahadatnamalar:

1) Beýik Watançylyk urşunyň, beýleki döwletleriň çäklerindäki uruş hereketleriniň weteranlaryna, harby gullugyň weteranlaryna - Türkmenistanyň Goranmak ministrligi tarapyndan;

2) içeri işler edaralarynyň weteranlaryna - Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi tarapyndan;

3) zähmet weteranlaryna we Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tylda zähmet çeken weteranlara - weteranlaryň ýaşaýan ýerlerindäki häkimlikler tarapyndan berilýär.

2. Weteranlaryň degişli topary üçin şahadatnamalaryň asyl nusgasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi we zähmet weteranlary we Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tylda zähmet çeken weteranlary üçin Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi tarapyndan tassyklanýar.

VI bölüm. WETERANLARY WE MAÝYPLARY DURMUŞ TAÝDAN GORAMaK

XXVIII bap. Weteranlary durmuş taýdan goramak

136-njy madda. Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylary we beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň maýyplaryny durmuş taýdan goramagyň çäreleri

1. Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylary we beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketleriniň maýyplaryny (mundan beýläk - söweş hereketleriniň maýyplary) durmuş taýdan goramak boýunça çäreler hökmünde şu hukuklar we ýeňillikler berilýär:

1) döwletiň dermanhana edaralaryndan, şol sanda ýöriteleşdirilen dermanhanalardan, lukmanyň ýazyp beren dermannamasy boýunça, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen ölçegleriň we tertibiň çäklerinde dermanlary mugt almak;

2) ýaşaýan ýerindäki döwletiň bejeriş-öňüni alyş edaralarynda diş protezlerini mugt taýýarlatmak (gymmat metallardan ýasalýan protezlerden başga), abatlamak, şeýle hem beýleki protezler we protez-ortopediki önümler bilen mugt üpjünçilik;

3) döwletiň ambulatoriýa-saglyk öýleri edaralarynda nobatsyz mugt hyzmat etmek we nobatsyz hassahana ýerleşdirmek;

4) Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Merkezi utgaşdyryjy toparynyň çözgüdi esasynda ýylda bir gezek mugt şypahana bejergisi;

5) işleýän söweş hereketleriniň maýyplaryna wagtlaýyn işe ukypsyzlyk boýunça kömek puluny ýarawsyzlyk gününiň sanyna garamazdan, umumy näsaglyk netijesinde wagtlaýyn işe ukypsyzlyk boýunça kömek puly senenama ýylynda yzygiderli 4 aýa ýa-da 5 aýa çenli iş hakynyň 100 göterimi möçberinde tölemek;

6) olara degişli hususy ýaşaýyş jaýlaryny ýerli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna ilkinji nobatda düýpli abatlamak;

7) hususy ýaşaýyş jaýyny gurmak üçin, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen tertipde ýerli gurluşyk materiallaryny ilkinji nobatda almak;

8) ýaşaýan jaýlaryny ýerli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna nobatsyz abatlamak;

9) ýaşaýyş jaý şertleriniň gowulandyrylmagyna mätäçlere döwletiň ýaşaýyş jaý gorundaky jaýlardan ýaşaýyş meýdanyny nobatsyz bermek;

10) olaryň ýaşaýan gulluk ýaşaýyş jaýlaryndan başga ýaşaýyş jaýy berilmezden çykarylmagyna ýol bermezlik;

11) hususy ýaşaýyş jaýlaryny, garažlary gurmak, bag-bakja hojalygyny alyp barmak üçin, hereket edýän kanunçylykda kesgitlenýän möçberlerde ýer parçalaryny tölegsiz almak;

12) ýaşaýyş jaýyny gurmak, hususy ýaşaýyş jaýyny satyn almak (gurmak), olary düýpli abatlamak, gaz geçirmek, suw geçiriji we lagym ulgamlaryna birikdirmek, şeýle hem bagçylyk öýlerini satyn almak (gurmak), bag ekilen meýdanlary abadanlaşdyrmak, kömekçi ýa-da fermerçilik hojalygyny guramak üçin, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýän tertipde we möçberlerde göterimsiz karz almak hukugy;

13) eýeleýän ýaşaýyş jaýynyň umumy meýdanyny, şol sanda bilelikde ýaşan, dul galan ýanýoldaşlary tarapyndan hem, mugt peýdalanmak;

14) öý telefonyny we simli radio nokadyny nobatsyz mugt geçirmek. Söweş hereketleriniň maýyplary telefon, radio nokady üçin her aýdaky abonent töleglerinden boşadylýarlar;

15) suwdan, gazdan, elektrik energiýasyndan bellenen sarp ediş ölçeglerinden artyk mugt peýdalanmak;

16) durmuş galyndylary we beýleki galyndylary, hapa suwlary äkitmek, merkezleşdirilen ýyladyş usuly boýunça hyzmatlardan mugt peýdalanmak,

17) olaryň islegine görä, demir ýol, howa, suw we şäherara awtomobil ulaglarynda ýylda bir gezek mugt gidip-gelmek hukugy berilýär;

18) güýz-gyş möwsüminde gidip-gelmegiň sanyny çäklendirmezden demir ýol we howa ulaglarynda ýol nyrhynyň 50 göterimi möçberinde ýeňillik berilýär. Ýolda I topar maýybynyň ýanynda bolýan adama 50 göterim möçberinde ýeňillik berilýär;

19) şäher ýolagçylar ulaglarynyň ähli görnüşlerinde (ýeňil taksiden başga) we ýaşaýan ýerine garamazdan etrabyň çäklerindäki oba ýerlerinde umumy peýdalanylýan awtomobil ulaglarynda (ýeňil taksiden başga) mugt gidip-gelmek;

20) şäherýaka ugurlar boýunça gatnaýan awtobuslarda we demir ýol we suw ulagynda mugt gidip-gelmek;

21) ulaglaryň ähli görnüşlerine biletleri nobatsyz satyn almak;

22) gartaşan adamlar üçin öý-internatlaryna, durmuş taýdan üpjünçilik merkezlerine nobatsyz kabul etmek hukugy, şeýle hem öýde durmuş hyzmatyny edýän bölümler tarapyndan hyzmat etmek üçin nobatsyz kabul etmek.

2. Gidip-gelmek üçin şu maddanyň birinji böleginde görkezilen ýeňillikler Türkmenistanyň çäklerinde hereket edýär. Öňki SSSR-iň düzümine giren beýleki döwletleriň çäkleri boýunça ýeňillikli gidip-gelmegiň şertleri we tertibi degişli döwletara ylalaşyklary bilen düzgünleşdirilýär.

3. Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylar üçin ýeňillikler Şu Bitewi kanunyň 129-njy maddasynyň birinji böleginiň 2-6-njy bentlerinde görkezilen adamlar, şeýle hem Ikinji jahan urşy döwründe faşistler we olaryň ýaranlary tarapyndan döredilen konslagerlerde, gettolarda, beýleki mejbur ediş ýerlerinde ýesirlikde bolan kämillik ýaşyna ýetmedikler we Beýik Watançylyk urşy döwründäki söweş hereketleri ýa-da olaryň netijeleri bilen baglanyşykly kontuziýa, ýaralanmak, şikes almak netijesinde çagalykdan maýyp bolanlara-da degişli bolup durýar.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky we 2010-njy ýylyň 22-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda; 2010 ý., № __, ___-nji madda)

137-nji madda. Beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketlerine gatnaşanlary durmuş taýdan goramagyň çäreleri

1. Şu Bitewi kanunyň 130-njy maddasynyň 2-nji bendinde görkezilen beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketlerine gatnaşyjylara şu hukuklar we ýeňillikler berilýär:

1) döwletiň dermanhana edaralaryndan, şol sanda ýöriteleşdirilen dermanhanalardan, lukmanyň ýazyp beren dermannamasy boýunça, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen ölçegleriň we tertibiň çäklerinde dermanlary mugt almak;

2) ýaşaýan ýerindäki döwletiň bejeriş-öňüni alyş edaralarynda diş protezlerini mugt taýýarlatmak (gymmat metallardan ýasalýan protezlerden başga), abatlamak, şeýle hem beýleki protezler we protez-ortopediki önümler bilen mugt üpjünçilik;

3) her ýylky zähmet rugsadyny özleri üçin amatly wagtda peýdalanmak we iş hakyny tölemezden ýylda 30 senenama güne çenli goşmaça zähmet rugsadyny almak;

4) olara degişli hususy ýaşaýyş jaýlaryny ilkinji nobatda düýpli abatlamak;

5) ýaşaýyş jaý şertleriniň gowulandyrylmagyna mätäçlere döwletiň ýaşaýyş jaý gorundaky jaýlardan ýaşaýyş meýdanyny nobatsyz bermek;

6) olaryň ýaşaýan gulluk ýaşaýyş jaýlaryndan başga ýaşaýyş jaýy berilmezden çykarylmagyna ýol bermezlik;

7) hususy ýaşaýyş jaýlaryny, garažlary gurmak, bag-bakja hojalygyny alyp barmak, kömekçi ýa-

da fermerçilik hojalygyny guramak üçin, Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen möçberlerde ýer parçalaryny mugt almak;

8) eýeleýän ýaşaýyş jaýynyň umumy meýdanyny, şol sanda bilelikde ýaşaýan, maşgala agzalary tarapyndan hem, mugt peýdalanmak;

9) öý telefonyny we simli radio nokadyny geçirmekde artykmaç hukukdan peýdalanmak;

10) öý telefonyny we simli radio nokadyny geçirmek üçin tölegiň 50 göterimi, şeýle hem telefon, radio nokady üçin her aýdaky abonent töleglerinin 50 göterimi möçberinde ýeňillikler;

11) suwdan, gazdan, elektrik energiýasyndan bellenen sarp ediş ölçeglerinden artyk mugt peýdalanmak;

12) durmuş galyndylary we beýleki galyndylary, hapa suwlary äkitmek, merkezleşdirilen ýyladyş usuly boýunça hyzmatlardan mugt peýdalanmak,

13) ýaralananlara, seňselänläre ýa-da şikes alanlara demir ýol, howa, suw we şäherara awtomobil ulaglarynda iki ýylda bir gezek mugt ýa-da olaryň islegine görä, görkezilen ulaglarda ýylda bir gezek 50 göterim ýeňillik bilen gidip-gelmek hukugy;

14) şäher ýolagçylar ulaglarynyň ähli görnüşlerinde (ýeňil taksiden başga) we ýaşaýan ýerine garamazdan etrabyň çäklerindäki oba ýerlerinde umumy peýdalanylýan awtomobil ulaglarynda (ýeňil taksiden başga) mugt gidip-gelmek;

15) şäherýaka ugurlar boýunça gatnaýan awtobuslarda we demir ýol ulagynda mugt gidip-gelmek;

16) ulaglaryň ähli görnüşlerine biletleri nobatsyz satyn almak.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen ýeňillikler Türkmenistanyň çäklerinde hereket edýär. Öňki SSSR-iň düzümine giren beýleki döwletleriň çäkleri boýunça ýeňillikli gidip-gelmegiň şertleri we tertibi degişli döwletara ylalaşyklary bilen düzgünleşdirilýär.

138-nji madda. Beýleki döwletleriň çäklerindäki harby birliklere hyzmat eden adamlary durmuş taýdan goramagyň çäreleri

Beýleki döwletleriň çäklerindäki harby birliklere hyzmat eden, ýaralanan, seňselän ýa-da şikes alan ýa-da söweş hereketlerini üpjün etmäge gatnaşandygy üçin ordenler we medallar bilen sylaglanan adamlara (söweş hereketleriniň alnyp barlan döwründe Owganystana uçuşlary ýerine ýetiren howa gämileriniň uçujylyk ekipažlarynyň agzalaryny hem goşmak bilen), durmuş taýdan goramak boýunça çäreler hökmünde şu hukuklar we ýeňillikler berilýär:

1) her ýylky zähmet rugsadyny özleri üçin amatly wagtda peýdalanmak we iş hakyny tölemezden ýylda 30 senenama gününe çenli goşmaça zähmet rugsadyny almak;

2) olaryň ýaşaýan gulluk ýaşaýyş jaýlaryndan başga ýaşaýyş jaýy berilmezden çykarylmagyna ýol bermezlik;

3) öý telefonyny we simli radio nokadyny geçirmekde artykmaç hukukdan peýdalanmak.

139-njy madda. Söweş hereketleri alnyp barlan beýleki döwletlere iberilen işgärleri durmuş taýdan goramagyň çäreleri

1979-njy ýylyň Bitaraplyk (dekabrda) aýyndan 1989-njy ýylyň Bitaraplyk (dekabrda) aýy aralygynda Owganystana, şeýle hem söweş hereketleri alnyp barlan beýleki döwletlere iberilen, bellenen möhletde işlän ýa-da esasly sebäpler boýunça möhletinden öň yzyna gaýdan işgärlere durmuş taýdan goramak boýunça çäreler hökmünde şu hukuklar we ýeňillikler berilýär:

1) her ýylky zähmet rugsadyny özleri üçin amatly wagtda peýdalanmak;

2) öý telefonyny we simli radio nokadyny geçirmekde artykmaç hukukdan peýdalanmak.

140-njy madda. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tylda zähmet çeken weteranlary durmuş taýdan goramagyň çäreleri

Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tylda zähmet çeken weteranlara şu hukuklar we ýeňillikler berilýär:

1) döwletiň dermanhana edaralaryndan, şol sanda ýöriteleşdirilen dermanhanalardan, lukmanyň ýazyp beren dermannamasy boýunça, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen ölçegleriň we

tertibiň çäklerinde dermanlaryň gymmatyndan 50 göterim ýeňillikli almak;

2) ýaşaýan ýerindäki döwletiň bejeriş-öňüni alyş edaralarynda diş protezlerini mugt taýýarlatmak (gymmat metallardan ýasalýan protezlerden başga), abatlamak, şeýle hem beýleki protezler we protez-ortopediki önümler bilen mugt üpjünçilik;

3) hususy ýaşaýyş jaýlaryny, garažlary gurmak, bag-bakja hojalygyny alyp barmak, kömekçi ýa-da fermerçilik hojalygyny guramak üçin, hereket edýän kanunçylykda kesgitlenýän möçberlerde ýer parçalaryny mugt almak;

4) öý telefonyny we simli radio nokadyny geçirmekde artykmaç hukukdan peýdalanmak;

5) şäher ýolagçylar ulaglarynyň ähli görnüşlerinde (ýeňil taksiden başga) we ýaşaýan ýerine garamazdan etrabyň çäklerindäki oba ýerlerinde umumy peýdalanylýan awtomobil ulaglarynda (ýeňil taksiden başga) mugt gidip-gelmek;

6) şäherýaka ugurlar boýunça gatnaýan awtobuslarda we demir ýol ulagynda 50 göterim ýeňillikli gidip-gelmek;

7) gartaşan adamlar üçin öý-internatlaryna, durmuş taýdan üpjünçilik merkezlerine nobatsyz kabul etmek hukugy, şeýle hem öýde durmuş hyzmatyny edýän bölümler tarapyndan hyzmat etmek üçin nobatsyz kabul etmek.

141-nji madda. Harby gullugyň we içeri işler edaralarynyň weteranlaryny durmuş taýdan goramagyň çäreleri

Harby gullugyň we içeri işler edaralarynyň weteranlaryny durmuş taýdan goramagyň çäreleri Türkmenistanyň ýörite kanunçylyk namalarynda bellenilýär.

142-nji madda. Beýik Watançylyk urşuna we beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketlerine gatnaşyp, wepat bolanlaryň (aradan çykanlaryň) we aradan çykan uruş maýyplarynyň maşgala agzalaryny durmuş taýdan goramagyň çäreleri

1. Beýik Watançylyk urşuna we beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketlerine gatnaşyp wepat bolanlaryň (aradan çykanlaryň), aradan çykan uruş maýyplarynyň (mundan beýläk-wepat bolanlar (aradan çykanlar)) maşgala agzalary üçin bellenen ýeňillikler wepat bolanyň (aradan çykanyň) zähmete ukypsyz, onuň eklenjinde bolan we şu Bitewi kanuna laýyklykda ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puluny alýan (almaga hukugy bolan) maşgala agzasyna berilýär.

Ýokarda görkezilen maşgala agzalaryna şu hukuklar we ýeňillikler berilýär:

1) wepat bolanyň (aradan çykanyň) maşgala agzalaryna döwlet pajyny tölemezden miras almak hukugy hakyndaky şahadatnamany bermek;

2) wepat bolanyň (aradan çykanyň) ene-atasy, ýanýoldaşy üçin döwletiň dermanhana edaralaryndan, şol sanda ýöriteleşdirilen dermanhanalardan, lukmanyň ýazyp beren dermannamasy boýunça, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen ölçegleriň we tertibiň çäklerinde dermanlary mugt almak;

3) olara degişli hususy ýaşaýyş jaýlaryny ýerli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna abatlamak;

4) olaryň ýaşaýan gulluk ýaşaýyş jaýlaryndan başga ýaşaýyş jaýy berilmezden çykarylmagyna ýol bermezlik;

5) ýaşaýyş jaý şertleriniň gowulandyrylmagyna mätäçlere döwletiň ýaşaýyş jaý gorundaky jaýlardan ýaşaýyş meýdanyny nobatsyz bermek;

6) hususy ýaşaýyş jaýlaryny, garažlary gurmak, bag-bakja hojalygyny alyp barmak, kömekçi ýa-da fermerçilik hojalygyny guramak üçin, hereket edýän kanunçylykda kesgitlenýän möçberlerde ýer parçalaryny mugt almak;

7) eýeleýän ýaşaýyş jaýynyň umumy meýdanyny mugt peýdalanmak;

8) suwdan, gazdan, elektrik energiýasyndan bellenen sarp ediş ölçeglerinden artyk mugt peýdalanmak;

9) durmuş galyndylary we beýleki galyndylary, hapa suwlary äkitmek, merkezleşdirilen ýyladyş usuly boýunça hyzmatlardan mugt peýdalanmak;

10) wepat bolanyň (aradan çykanyň) ene-atasy, ýanýoldaşy üçin şäher ýolagçylar ulaglarynyň ähli görnüşlerinde (ýeňil taksiden başga) we ýaşaýan ýerine garamazdan etrabyň çäklerindäki oba ýerlerinde umumy peýdalanylýan awtomobil ulaglarynda (ýeňil taksiden başga) mugt gidip-gelmek;

11) ene-atasy, ýanýoldaşy üçin şäherýaka ugurlar boýunça gatnaýan awtobuslarda we demir ýol ulagynda mugt gidip-gelmek;

12) wepat bolanyň (aradan çykanyň), ýanýoldaşyny, gartaşan we maýyp adamlar üçin öý-internatlaryna, durmuş taýdan üpjünçilik merkezlerine, şol sanda öýde durmuş hyzmatyny edýän bölümler tarapyndan hyzmat etmek üçin nobatsyz kabul etmek hukugy.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan ýeňillikler eklenjinde bolandygyna we pensiýanyň we iş hakynyň islendik görnüşini alýandygyna garamazdan şu aşakdakylara berilýär:

1) Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyp wepat bolanyň (aradan çykanyň) we aradan çykan uruş maýybynyň gaýtadan durmuş gurmadyk ýanýoldaşyna;

2) beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketlerine gatnaşyp wepat bolanyň (aradan çykanyň) ýeke ýaşaýan ene-atalaryna;

3) beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketlerine gatnaşyp wepat bolanyň (aradan çykanyň) gaýtadan durmuş gurmadyk ýeke ýaşaýan ýanýoldaşyna.

3. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan ýeňillikler:

1) harby gulluk borjuny (gulluk borçlaryny) ýerine ýetirýän wagtynda wepat bolan harby gullukçylaryň, içeri işler edaralarynyň we milli howpsuzlyk edaralarynyň ýönekeý we ýolbaşçy düzüminiň işgärleriniň maşgala agzalaryna;

2) Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda, şeýle hem beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketleriniň bolan sebitlerinde kanunda bellenen tertipde nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilen, harby gullukçynyň harby bölümiň sanawyndan çykarylan döwründen, ýesirlikde bolan harby gullukçylaryň maşgala agzalaryna;

3) Beýik Watançylyk urşunda ýerli howa çozuşyndan goranyşyň bina we heläkçilikden hem-de öz-özüni goraýyş toparlarynyň şahsy düzüminiň hataryndan wepat bolan adamlaryň maşgala agzalaryna;

4) Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Leningrad şäheriniň keselhanalarynda we hassahanalarynda işläp, wepat bolan adamlaryň maşgala agzalaryna degişlidir.

143-nji madda. Zähmet weteranlaryny durmuş taýdan goramagyň çäreleri

Zähmet weteranlaryna salgytlar boýunça “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanunynda we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalarynda bellenen ýeňillikler berilýär.

XXIX bap. Weteranlary durmuş taýdan goramagy maliýeleşdirmegiň çeşmeleri

144-nji madda. Weteranlary durmuş taýdan goramagy maliýeleşdirmegiň çeşmeleri

1. Şu Bitewi kanunda weteranlara berilýän hukuklary we ýeňillikleri durmuşa geçirmek üçin çykdajylar:

1) degişli kärhanalaryň öz serişdeleriniň hasabyna:

a) söweş hereketleriniň maýyplary:

işleýän ýagdaýynda wagtlaýyn işe ukypsyzlyk boýunça kömek puluny tölemek;

öý telefonyny we simli radio nokadyny mugt geçirmek we olardan mugt peýdalanmak;

suwdan, gazdan, elektrik energiýasyndan bellenen sarp ediş ölçeglerinden artyk mugt peýdalanmak;

durmuş galyndylary we beýleki galyndylary, hapa suwlary äkitmek, merkezleşdirilen ýyladyş usuly boýunça hyzmatlardan mugt peýdalanmak;

umumy peýdalanylýan demir ýol, howa, suw we şäherara awtomobil ulaglarynda mugt gidip-gelmek, görkezilen ulaglarda 50 göterim ýeňillikli peýdalanmak;

b) beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketlerine gatnaşanlara:

öý telefonyny we simli radio nokadyny geçirmek üçin tölegiň 50 göterimi we telefon, radio nokady üçin her aýdaky abonent töleglerinin 50 göterimi möçberinde ýeňillikler bermek;

suwdan, gazdan, elektrik energiýasyndan bellenen sarp ediş ölçeglerinden artyk mugt peýdalanmak;

durmuş galyndylary we beýleki galyndylary, hapa suwlary äkitmek, merkezleşdirilen ýyladyş usuly boýunça hyzmatlardan mugt peýdalanmak;

ýaralananlara, seňselänlere ýa-da şikes alanlara demir ýol, howa, suw we şäherara awtomobil ulaglarynda iki ýylda bir gezek mugt ýa-da olaryň islegine görä, görkezilen ulaglarda ýylda bir gezek 50

göterim ýeňillik bilen gidip-gelmek;

ç) Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tylda zähmet çeken weteranlara:

şäher ýolagçylar ulaglarynyň ähli görnüşlerinde (ýeňil taksiden başga) we ýaşaýan ýerine garamazdan etrabyň çäklerindäki oba ýerlerinde umumy peýdalanylýan awtomobil ulaglarynda (ýeňil taksiden başga) mugt gatnamak;

şäherýaka ugurlar boýunça gatnaýan awtobuslarda we demir ýol ulagynda 50 göterim ýeňillikli gatnamak;

d) Beýik Watançylyk urşuna we beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketlerine gatnaşyp wepat bolanlaryň (aradan çykanlaryň), aradan çykan uruş maýyplarynyň maşgala agzalaryna:

suwdan, gazdan, elektrik energiýasyndan bellenen sarp ediş ölçeglerinden artyk mugt peýdalanmak;

durmuş galyndylary we beýleki galyndylary, hapa suwlary äkitmek, merkezleşdirilen ýyladyş usuly boýunça hyzmatlardan mugt peýdalanmak;

etrabyň çäklerindäki oba ýerlerinde umumy peýdalanylýan awtomobil ulaglarynda (ýeňil taksiden başga) mugt gatnamak;

şäherýaka ugurlar boýunça gatnaýan awtobuslarda we demir ýol we suw ulagynda mugt gatnamak;

2) Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna:

a) söweş hereketleriniň maýyplary we beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketlerine gatnaşanlara:

dermanlary mugt almak;

diş protezlerini mugt taýýarlatmak (gymmat metallardan ýasalýan protezlerden başga), abatlamak, şeýle hem beýleki protezler we protez-ortopediki önümler bilen mugt üpjünçilik;

b) Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tylda zähmet çeken weteranlara:

dermanlaryň gymmatyndan 50 göterim ýeňillikli almak;

diş protezlerini mugt taýýarlatmak (gymmat metallardan ýasalýan protezlerden başga), abatlamak, şeýle hem beýleki protezler we protez-ortopediki önümler bilen mugt üpjünçilik;

ç) Beýik Watançylyk urşuna we beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketine gatnaşyp wepat bolanlaryň (aradan çykanlaryň), aradan çykan uruş maýyplarynyň maşgala agzalaryna:

dermanlaryň gymmatyndan 50 göterim ýeňillikli almak.

3) ýerli býujetleriň hasabyna:

a) söweş hereketleriniň maýyplary we beýleki döwletleriň çäklerinde bolan söweş hereketlerine gatnaşanlara:

olara degişli hususy ýaşaýyş jaýlaryny düýpli abatlamak;

ýaşaýan jaýlaryny abatlamak;

hususy ýaşaýyş jaýlaryny, garažlary gurmak, bag-bakja hojalygyny alyp barmak üçin, hereket edýän kanunçylykda kesgitlenýän möçberlerde ýer parçalaryny mugt peýdalanmak;

eýeleýän ýaşaýyş jaýynyň umumy meýdanyny mugt peýdalanmak;

b) Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tylda zähmet çeken weteranlara:

hususy ýaşaýyş jaýlaryny, garažlary gurmak, bag-bakja hojalygyny alyp barmak üçin, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möçberlerde ýer parçalaryny mugt peýdalanmak;

ç) Beýik Watançylyk urşuna we beýleki döwletleriň çäklerinde söweş hereketine gatnaşyp wepat bolanlaryň (aradan çykanlaryň), aradan çykan uruş maýyplarynyň maşgala agzalaryna:

olara degişli hususy ýaşaýyş jaýlaryny düýpli abatlamak;

ýaşaýan jaýlaryny abatlamak;

hususy ýaşaýyş jaýlaryny, garažlary gurmak, bag-bakja hojalygyny alyp barmak üçin, Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenýän möçberlerde ýer parçalaryny mugt peýdalanmak;

eýeleýän ýaşaýyş jaýynyň umumy meýdanyny mugt peýdalanmak.

2. Weteranlary durmuş taýdan goramak boýunça goşmaça çäreleri maliýeleşdirmegiň ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan bellenen tertipde, Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki çeşmelerden hem amala aşyrylyp bilner.

145-nji madda. Weteranlaryň jemgyýetçilik birleşikleri

1. Weteranlaryň jemgyýetçilik birleşikleri weteranlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak maksady bilen, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilýär.

2. Döwlet häkimiýeti edaralary weteranlaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň işine ýardam berýärler.

3. Weteranlary durmuş taýdan goramak, weteranlaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň işiniň meseleleri boýunça çözgütler döwlet häkimiýeti edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan kabul edilýär.

XXX bap. Maýyplaryň durmuş goraglylygy

146-njy madda. Maýyplaryň hukuk ýagdaýlarynyň esaslary

1. Türkmenistanda maýyplar Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, şu Bitewi kanunda we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalarynda berkidilen durmuş-ykdysady, syýasy, şahsy hukuklara we erkinliklere doly eýedirler.

2. Maýyplary kemsitmek gadagan edilýär we kanun tarapyndan yzarlanýar.

147-nji madda. Maýyplaryň hukuklary, erkinlikleri we kanuny bähbitleri

1. Maýyplaryň hukuklaryny, erkinliklerini we kanuny bähbitlerini goramak Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde, döwlet tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Raýatyň, ygtyýarly döwlet edarasynyň, ony maýyp ýa-da maýyp däl diýlip ykrar etmek baradaky çözgüdine Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenýän tertipde garşy çykmaga haky bardyr.

148-nji madda. Dolandyryş edaralary

Maýyplaryň durmuş goraglylygyny üpjün etmek boýunça döwlet dolandyryşy Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman segnagaty ministrligi we ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

XXXI bap. Maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleri

149-njy madda. Maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleri

1. Maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleri maýyplary durmuş taýdan goramak, durmuş-zähmet we saglyk babatda dikeltmek boýunça çäreleri amala aşyrmak maksady bilen döredilýär.

2. Döwlet dolandyryş edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň işine ýardam berýärler.

150-nji madda. Maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň işi

1. Maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleri önümçilik, maliýe we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki işleri amala aşyrýarlar.

2. Maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleri we olaryň kärhanalary, guramalary we edaralary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde ýeňilliklerden peýdalanýarlar.

3. Maýyplaryň jemgyýetçilik birleşiklerini döretmek, işletmek we ýatyrmak Türkmenistanyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

XXXII bap. Maýyplaryň saglygyny dikeltmek

151-nji madda. Maýyplaryň saglygyny dikeltmek

1. Maýyplaryň saglygyny dikeltmek adam bedeniniň bozulan ýa-da ýitirilen wezipelerini, öz-özüne hyzmat etmek, hünär işiniň dürli görnüşlerine bolan ukyplaryny dikeltmäge gönükdirilen, saglygy goraýyş, hünär we durmuş çäreleriniň toplumyndan ybaratdyr.

2. Maýyplaryň saglygyny dikeltmek dikeldiş merkezlerinde, dikeldiş bejergini berýän bölümlerde, ýörite okuw-terbiýeçilik, ýöriteleşdirilen şypahana edaralarynda, maýyplara durmuş hyzmatyny etmek

boýunça edaralarynda amala aşyrylýar.

152-nji madda. Maýyplaryň saglygyny dikeltmegiň özbaşdak maksatnamasy

1. Maýyplary saglygy goraýyş, hünär we durmuş taýdan dikeltmek saglygy goraýyş edaralary tarapyndan işlenip taýýarlanýan özbaşdak dikeldiş maksatnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

2. Döwlet dolandyryş edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, kärhanalar, guramalar we edaralar maýyplaryň saglygyny özbaşdak dikeldiş maksatnamasyny ýerine ýetirmäge ýardam edýärler.

XXXIII bap. Maýyplary işe ýerleşdirmek, bilim bermek we hünäre taýýarlamak

153-nji madda. Maýyplaryň zähmet çekmäge hukugy

1. Maýyplaryň zähmetiň adaty şertleri bolan kärhanalarda, guramalarda we edaralarda, maýyplaryň zähmeti ulanylýan kärhanalarda, sehlerde we uçastoklarda işlemäge, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik telekeçilik işi bilen meşgullanmaga hukugy bardyr.

2. Maýyplygy sebäpli zähmet ylalaşygyny baglaşmakdan, maýyby gulluk boýunça ýokary wezipä çekmekden boýun gaçyrylmagyna, edaranyň başlangyjy boýunça işden çykarmaga ýa-da onuň razyçylygy bolmazdan maýyby başga işe geçirmäge ýol berilmeýär, saglygy seljeriş toparynyň netijenamasy boýunça onuň saglyk ýagdaýy hünär borçlaryny ýerine ýetirmäge päsgelçilik berýän ýa-da beýleki adamlaryň saglygyna we zähmetiň howpsuzlygyna howp salýan halatlary muňa girmeýär.

154-nji madda. Maýyplaryň zähmet şertleri

1. Kärhanalarda, guramalarda we edaralarda işleýän maýyplara özbaşdak dikeldiş maksatnamasyna laýyklykda zähmetiň zerur bolan şertleri döredilýär.

2. Zähmet şertleri, iş wagtynyň we dynç alyş wagtynyň düzgüni, her ýylky we goşmaça zähmet rugsatlarynyň dowamlylygy toparlaýyn we şahsy ylalaşyklarda, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilýär.

155-nji madda. Maýyplary iş bilen üpjün etmek

1. Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary kärhanalardaky, guramalardaky we edaralardaky zähmet şertlerini göz öňünde tutmak bilen, maýyplary işe kabul etmegiň paýyny belleýärler.

2. Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary telekeçilik işi bilen meşgullanýan we öýlerinde işleýän maýyplara ýaşalmaýan jaýlaryň berilmegine, ýerli çig maly satyn almaga we önümlerini ýerlemäge ýardam edýärler.

156-njy madda. Maýyplara bilim bermek we olary hünäre taýýarlamak

1. Döwlet maýyplaryň bilim almaklary we hünär taýýarlyklary üçin zerur şertleri kepillendirýär.

2. Bilim we saglygy goraýyş edaralary maýyp çagalara mekdebe çenli we mekdepden daşary terbiýe berilmegini, maýyplaryň umumy orta bilim almagyny üpjün etmäge, şeýle hem özbaşdak dikeldiş maksatnamasyna laýyklykda maýyplaryň hünär taýýarlygyna ýardam etmäge borçludyrlar.

157-nji madda. Maýyp çagalaryň mekdebe çenli terbiýesi

1. Bilim we saglygy goraýyş edaralary mekdebe çenli ýaşly maýyp çagalary terbiýelemek üçin şertleri döretmäge we maýyp çagalaryň umumy görnüşli mekdebe çenli edaralarda olara zerur dikeldiş kömegini bermäge borçludyrlar.

2. Umumy görnüşli mekdebe çenli edaralarda bolmaga saglyk ýagdaýlary mümkinçilik bermeýän maýyp çagalar üçin ýöriteleşdirilen mekdebe çenli edaralar döredilýär.

158-nji madda. Maýyplar üçin umumy orta, ýörite orta we ýokary bilim

1. Maýyplara umumy orta, ýörite orta we ýokary bilim bermek umumy görnüşdäki okuw mekdeplerinde, zerur halatynda bolsa, ýöriteleşdirilen okuw mekdeplerinde amala aşyrylýar.

2. Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparynyň (HMAT) netijenamasy boýunça ýokary we ýörite orta okuw mekdeplerinde okamak rugsat edilen I we II topar maýyplary okuwa bäsleşiksiz kabul edilýär.

3. Deň şertlerde III topar maýyplary ýokary we ýörite orta okuw mekdeplerine artykmaç hukukdan peýdalanmak bilen kabul edilýärler.

4. Maýyplaryň ýokary we ýörite orta okuw mekdeplerinde okaýan döwürlerinde döwlet kömek puly we talyp haky doly tölenilýär.

5. Okuw mekdebini tamamlanyndan soň, maýyp zähmet şertlerini we özbaşdak dikeldiş maksatnamasyny göz öňünde tutmak bilen, hünäri boýunça işe ugradylýar.

159-njy madda. Maýyp çagalaryň mekdepden daşary terbiýesi

Bilim edaralary we beýleki döwlet edaralary mekdebe çenli terbiýäniň maýyp çagalar üçin elýeterli bolmagyny üpjün edýärler.

160-njy madda. Ýatymlaýyn şertlerde bejergi geçirýän saglygy goraýyş edaralarynda maýyp çagalary terbiýelemek we okatmak

Bilim edaralary, ýatymlaýyn şertlerde bejergi geçirýän saglygy goraýyş, bejeriş-keseliň öňüni alyş ýa-da saglygy dikeldiş edaralarynda bejeriş alýan maýyp çagalar üçin okuw sapaklaryny guraýarlar.

161-nji madda. Üm, el hereketi bilen düşünişmek

Şahsyýetleriň arasynda gatnaşyk serişdesi hökmünde üm, el hereketleri arkaly düşünişmek döwlet tarapyndan ykrar edilýär.

XXXIV bap. Durmuş amatlyklarynyň maýyplar üçin elýeterliligi

162-nji madda. Maýyplaryň ýaşaýyş jaýlaryna we durmuş desgalaryna baryp bilmegi üçin şertleri döretmek

Döwlet dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan kärhanalar, guramalar, we edaralar, hojalygy ýöredijiler maýyplaryň ýaşaýyş jaýlaryna, jemgyýetçilik we önümçilik binalaryna, desgalara baryp bilmekleri, jemgyýetçilik ulaglaryndan we aragatnaşyk we maglumat serişdelerinden peýdalanmaklary üçin şertler döretmäge borçludyrlar.

163-nji madda. Durmuş amatlyklarynyň düzüm gurluşyny, taslamasyny düzmek we gurmak

Ilatly ýerleri gurmak, meýilleşdirmek we taslamasyny düzmek, ýaşaýyş sebitlerini emele getirmek, taslama çözgütlerini işläp düzmek, jaýlary, desgalary gurmak we täzeden gurmak, durmuş amatlyklarynyň, aragatnaşyk we maglumat serişdeleriniň, düzüm gurluşyny maýyplar üçin ulanmaga elýeterli bolmagyny göz öňünde tutmak arkaly ýerine ýetirilýär.

164-nji madda. Ýaşaýyş jaýlaryny maýyplaryň baryp we peýdalanyp bilmekleri üçin ýaramly etmek

1. Maýyplara ýa-da düzüminde maýyp bar bolan maşgalalara berilýän we olaryň eýeleýän ýaşaýyş jaýlary ýörite serişdeler, abzallar we telefon aragatnaşygy bilen enjamlaşdyrylýar.

Görkezilen ýaşaýyş jaýlaryny enjamlaşdyrmak ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, garamaklarynda ýaşaýyş jaý gory bolan kärhanalar, guramalar we edaralar tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Maýyplaryň ýaşaýan hususy ýaşaýyş jaýlary, maýyplygyň bolmagyna günäkär kärhanalar, guramalar we edaralar tarapyndan, beýleki halatlarda bolsa, maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň gatnaşmagynda döwlet häkimiýetiniň degişli edarasy tarapyndan amala aşyrylýar.

3. Görkezilen çäreleri maliýeleşdirmegiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenýär.

165-nji madda. Maýyplaryň medeni tomaşa we bedenterbiýe (sport) desgalaryna baryp bilmeklerini üpjün etmek

1. Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary maýyplaryň medeni tomaşa edaralaryndan, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmak üçin bedenterbiýe (sport) desgalaryndan erkin peýdalanmaklary üçin zerur şertleri, şeýle hem ýörite sport esbaplarynyň berilmegini üpjün etmäge borçludyrlar.

2. I we II topardaky maýyplar we 16 ýaşa çenli maýyp çagalar sanalan hyzmatlardan mugt, III topardaky maýyplar bolsa görkezilen hyzmatlaryň bahasyndan 50 göterim tölemek bilen peýdalanýarlar.

166-njy madda. Maýyplaryň durmuş amatlyklarynyň binalaryna baryp bilmeklerini üpjün etmek

Maýyplaryň durmuş amatlyklarynyň binalaryna baryp bilmeklerini üpjün etmegiň şu Bitewi kanunda göz öňünde tutulan çärelerini ýerine ýetirip bilmeýän kärhanalar, guramalar we edaralar, maýyplaryň şunuň ýaly hajatlaryny kanagatlandyrmak üçin zerur serişdeleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän tertipde degişli ýerli býujetiň hasabyna geçirýärler.

Görkezilen serişdeler diňe durmuş amatlyklarynyň binalaryny maýyplaryň hajatlaryny abzallaşdyrmak boýunça çäreleriň amala aşyrylmagyna ulanylýar.

167-nji madda. Maýyplar üçin durmuş-medeni binalary we sport desgalaryny gurmagy, saklamagy we enjamlaşdyrmagy maliýeleşdirmäge kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň gatnaşmagy

Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan kärhanalar, guramalar we edaralar maýyplar üçin durmuş-medeni binalary we sport desgalaryny gurmagy, saklamagy we enjamlary almagy maliýeleşdirmäge serişdeleri gönükdirmäge haklydyr.

168-nji madda. Maýyplar üçin tehniki serişdeleri öndürýän kärhanalara we guramalara ýeňillikler

Maýyplar üçin protez-ortopediki önümleri, ýörite ulag serişdelerini öndürýän kärhanalara we edaralara, maýyplaryň saglygyny dikeldýän, şeýle hem maýyplara seretmek we olaryň saglygyny dikeltmek boýunça hyzmatlary edýän guramalara Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenen tertipde ýeňillikler berilýär.

XXXV bap. Maýyplara durmuş kömegi

169-njy madda. Durmuş kömeginiň görnüşleri

1. Maýyplara durmuş kömegi pul tölegleri we şu Bitewi kanunda göz öňünde tutulan ýeňillikleri bermek, dermanlar, maýyplar üçin arabalar, protezler we beýleki protez-ortopediki önümler, ýörite harply çap önümleri, ses güýçlendiriji we duýduryş gurallary bilen üpjün etmek, şeýle hem saglygy goraýyş, hünär we durmuş taýdan dikeltmek boýunça we durmuş hyzmatyny etmek boýunça hyzmatlary etmek arkaly berilýär.

2. Derman we lukmançylyk üpjünçiligi Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna

mugt we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen tertipde ýeňillikli şertlerde amala aşyrylýar:

1) maýyp çagalar, çagalykdan maýyplar, I we II topar maýyplar (maýyplygy kanuna garşy hereketleri netijesinde ýüze çykan adamlar muňa girmeýär) - maýyplar üçin kolýaskalar, protezler we başga protez-ortopedik önümler bilen;

2) III topar maýyplar (maýyplygy kanuna garşy hereketleri netijesinde ýüze çykan adamlar muňa girmeýär) - protezler we başga protez-ortopedik önümler bilen.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

170-nji madda. Maýyplaryň ýaşaýyş jaý gatnaşyklary babatynda hukuklary

1. Maýyplara özbaşdak saglygy dikeldiş maksatnamasyna laýyklykda, binanyň görnüşini, köp gatlylygyny, abadanlaşdyryş derejesini we ýaşamak üçin beýleki zerur şertlerini göz öňünde tutmak bilen ýaşaýyş jaýyny saýlap almak hukugy berilýär.

2. I we II topar maýyplarynyň (maýyplygy kanuna garşy hereketler netijesinde ýüze çykan adamlardan başga), maýyp eneleriň, şeýle hem maýyp çagalary terbiýeleýän maşgalalaryň saglygy dikeltmegiň özbaşdak maksatnamasyna we ölçege laýyklykda, ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmaga hukugy bardyr.

3. I topar maýyplarynyň (maýyplygy kanuna garşy hereketler netijesinde ýüze çykan adamlardan başga) jemagat hyzmatlaryndan mugt peýdalanmaga hukuklary bardyr.

4. Öý-internatlaryna ýa-da beýleki durmuş kömegi edaralaryna ýerleşdirilen maýyplaryň öz ýaşaýyş jaýlaryny 12 aýyň dowamynda saklap galmaga hukuklary bardyr. Mundan uzak möhletlerde, boşan ýaşaýyş jaýy ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmaga mätäçlik çekýän beýleki maýyplara berilýär.

5. Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň serişdeleriniň hasabyna gurlan ýaşaýyş meýdanynyň bir bölegini almaga haklary ýokdur.

171-nji madda. Ilkinji nobatda durmuş hyzmatyny etmek hukugy

Maýyplaryň aragatnaşyk, durmuş hyzmaty, awtohyzmat, söwda, ýaşaýyş jaý-jemagat, saglygy goraýyş kärhanalary, guramalary we edaralary tarapyndan ilkinji nobatda hyzmat edilmäge, ýolagçy ulaglarynyň ähli görnüşleriniň kärhanalarynda biletleri ilkinji nobatda satyn almaga hukuklary bardyr.

172-nji madda. Ulag serişdelerini saklamak üçin maýyplara şert döretmek

1. Maýyplara özleriniň ýaşaýan ýerleriniň golaýynda öz ýörite hereket ediş serişdelerini, awtomobilleri hem goşmak bilen, saklamak üçin şertler döredilýär.

2. Maýyplar ulag serişdelerini saklamak üçin peýdalanylýan jaýlar ýerli häkimiýetiň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ygtyýarynda duran we meýdança üçin kärende tölegini tölemekden boşadylýarlar.

3. Ulag serişdelerini saklamak üçin jaýlary we garaž gurmak üçin ýerleri bermegiň tertibi we şertleri ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan kesgitlenilýär.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

173-nji madda. Maýyplara öýünde hyzmat etmek. Maýyplara ýatymlaýyn şertlerde durmuş kömegini edýän edaralar

Ýeke ýaşaýan, gartaşan, maýyp raýatlara durmuş taýdan hyzmat edýän edaralar keseki kömegine we hyzmatyna mätäç maýyplara durmuş hyzmatlary öýünde, saglygyny goramak bilen bagly kömek, bejeriş edaralarynyň üstü bilen edilýär. Döwlet öýde durmuş hyzmatyny edýän bölümleriň ulgamyny ösdürmäge ýardam edýär.

174-nji madda. Öý-internatlarynda we beýleki ýatymlaýyn şertlerde durmuş kömegini edýän edaralarda bolýan maýyplaryň hukugy

1. Maýyplaryň öý-internatlarynda ýa-da beýleki ýatymlaýyn şertlerde durmuş kömegini edýän

edaralarda bolmaklarynyň şertleri maýyplaryň öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini durmuşa geçirmäge mümkinçiliklerini üpjün etmelidir we şahsyýetiň isleglerini kanagatlandyrmaga ýardam bermelidir.

2. Ýetim ýa-da ene-atalarynyň hossarlygyndan mahrum bolan, ýatymlaýyn şertlerde durmuş kömegini edýän edaralarda bolýan maýyp çagalar kämillik ýaşyna ýetenlerinden soň, eger özbaşdak dikeldiş maksatnamasyna laýyklykda, olar öz-özlerine hyzmat edip, özbaşdak ýaşap biljek bolsalar, ýaşaýyş jaýyny we ony abadanlaşdyrmak üçin maddy kömegi nobatsyz almaga hukugy bardyr.

VII BÖLÜM. HASABA ALYŞ WE HASABAT

XXXVI. bap. Pensiýalary we döwlet kömek puluny alýanlaryň sanyny hasaba almak

175-nji madda. Pensiýalary we döwlet kömek puluny alýanlaryň sanyny hasaba almak

1. Pensiýalary we döwlet kömek puluny alýanlaryň sanyny hasaba almak Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi tarapyndan bellenýän tertipde alnyp barylýar.

2. Pensiýalary we döwlet kömek puluny alýanlaryň sany baradaky hasabatlar Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanan görnüşler boýunça düzülýär.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

XXXVII bap. Döwlet pensiýa we durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimleri hasaplamagyň we geçirmegiň tertibi

176-njy madda. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimleriň möçberi, olary hasaplamagyň we tölemegiň tertibi

Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimleriň möçberi, olary hasaplamagyň we tölemegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýar.

XXXVIII bap. Pensiýalary we döwlet kömek pullaryny tölemek üçin çykdajylary maliýeleşdirmek, olaryň hasaba alnyşy we hasabaty

177-nji madda. Pensiýalary we döwlet kömek pullaryny tölemek üçin çykdajylary maliýeleşdirmek

Pensiýalary, döwlet kömek pullaryny tölemek üçin çykdajylary maliýeleşdirmek Türkmenistanyň Maliýe ministrligi we Türkmenistanyň Merkezi banky bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi tarapyndan kesgitlenýän tertipde amala aşyrylýar.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

178-nji madda. Pensiýalary we döwlet kömek puluny tölemäge çykdajy edilişini hasaba almak we olar boýunça hasabat

1. Iş berijiler çaganyň dogulmagy bilen bagly, çaga seretmek boýunça döwlet kömek pullarynyň tölenen möçberleri barada her aýda Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligine maglumat berýärler.

2. Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi pensiýalary, maýyplyk, ekleýjisini ýitirendigi boýunça, çaganyň dogulmagy bilen bagly, çaga seretmek boýunça kömek pullaryny we durmuş kömek puluny, beýleki durmuş töleglerini tölemek üçin çykdajylaryň hasaba alnyşyny ýöredýär we Türkmenistanyň Maliýe ministrligine her çärýekde hasabat berýär.

3. Iş berijiler wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk, göwrelilik we çaga dogurmak boýunça döwlet kömek pullaryny tölemek üçin çykdajylaryň hasaba alnyşyny ýöredýärler we her çäräkde Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň edaralaryna hasabat berýärler.

4. Pensiýalary we döwlet kömek puluny tölemäge çykdajylar hakyndaky hasabatyň görnüşleri we olary bermegiň möhletleri Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanylýar.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

179-njy madda. Meýletin pensiýa ätiýaçlandyrma serişdelerini hasaba almak we hasabat bermek

1. Durmuş taýdan üpjünçilik edaralary:

1) meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatançlaryň gelip gowşuşynyň;

2) Ygtyýarly bankyň maglumatlary boýunça maýa goýuma gönükdirilen serişdeleriň we olar boýunça girdejileriň;

3) toplaýyş pensiýa usuly boýunça pensiýany, pensiýa toplamalaryndan birwagtlaýyn we beýleki tölegleri tölemek üçin çykdajylaryň hasaba alnyşyny ýöredýärler.

2. Ygtyýarly bank pensiýa toplamalarynyň maýa goýuma gönükdirilişi we olar boýunça girdejiler barada Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligine her aýda hasabat berýär.

3. Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrligi pensiýa toplanmalary hakyndaky çäräklik hasabaty bellenen görnüş boýunça Türkmenistanyň Maliýe ministrligine berýär.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

XXXIX bap. Durmuş üpjünçiligi barada kanunçylygyň bozulandygy üçin jogapkärçilik

180-nji madda. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimleriň töleniliši üçin jogapkärçilik

Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň wezipeli adamlary, şeýle hem şertnama esasynda zähmeti ulanýan hususy telekeçiler we fiziki şahslar döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna aýrylýan serişdeleri we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde meýletin pensiýa gatançlary öz wagtynda ýa-da doly geçirmändikleri üçin jogapkärçilik çekýärler.

Töleýjiler hökmünde bellige goýmak, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirilen serişdeleriň obýektlerini bellige almak, olary tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegi, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna serişdeleriň tölenmegi boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna serişdeleriň artyk tölenen pul möçberiniň, maliýe jerimeleriniň we olar boýunça jerimeleriň (penýalaryň) töleniş, hasapdan çykarylyş we yzyna gaýtarylyş möhletiniň üýtgedilmeginiň, salgyt gullugynyň edaralarynyň çözgütlerine, olaryň wezipeli işgärleriniň we gullukçylarynyň hereketlerine arz etmegiň tertibi, şeýle hem bu hukuk gatnaşyklarynda ýüze çykýan hukuklary we borçlary Türkmenistanyň Salgyt kodeksinde bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

Meýletin pensiýa gatançlary hasaplanyp çykarylan tölegleri hasaba almak boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegi, meýletin pensiýa gatançlaryny tölemek boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek, maliýe jerimeleriniň we olar boýunça jerimeleriň (penýalaryň) töleniş, hasapdan çykarylyş we yzyna gaýtarylyş möhletiniň üýtgedilmeginiň, salgyt gullugynyň edaralarynyň çözgütlerine, olaryň wezipeli işgärleriniň we gullukçylarynyň hereketlerine arz etmegiň, Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirmek bilen, maliýe jerimeleriniň ulanylyşynyň tertibi şeýle hem bu hukuk gatnaşyklarynda ýüze çykýan hukuklary we borçlary Türkmenistanyň Salgyt kodeksinde bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

Şunuň bilen birlikde döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna hasaplanyp geçirilen serişdeleriň we meýletin pensiýa gatançlarynyň, şeýle hem olaryň wagtynda tölenmänligi üçin jerimeleriň (penýalaryň) möçberiniň peseldilenligi üçin salynýan maliýe jerimeleri býujet maliýeleşdirmesiniň smetalarynda göz öňünde tutulan tölegler babatda býujetdäki guramalara ulanylmaýar.

(2008-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň

Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 66-njy madda)

181-nji madda. Ýalňyş maglumatlary özünde saklaýan resminamalaryň berlendigi üçin jogapkärçilik

Pensiýa, döwlet kömek puluny bellemek üçin hukuk almaga we (ýa-da) olaryň möçberine täsir edýän, ýalňyş maglumatlary bolan resminamalaryň berlendigi üçin iş berijiler, arhiw edaralary we raýatlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçiligi çekýärler.

182-nji madda. Esassyz maýyp diýlip ykrar edilendigi üçin jogpkärçilik

Esassyz maýyp diýlip ykrar edilendigi, maýyplyk derejesiniň we toparynyň bellenendigi üçin Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparynyň (HMAT) agzalary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçiligi çekýärler.

183-nji madda. Pensiýany we döwlet kömek puluny bellemek we tölemek üçin jogapkärçilik

1. Pensiýa, döwlet kömek puluna we beýleki durmuş töleglerine bolan hukugyň, olaryň möçberleriniň ýalňyş kesgitlenendigi, olary tölemäge resminamalary resmileşdirmegiň tertibiniň bozulandygy üçin durmuş taýdan üpjünçilik edaralarynyň wezipeli işgärleri Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçiligi çekýärler.

2. Raýatlara pensiýalary, döwlet kömek puluny we beýleki durmuş töleglerini tölemegiň şertleriniň bozulandygy üçin banklaryň wezipeli işgärleri Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçiligi çekýärler.

184-nji madda. Gatançlaryň geçirilişi we pensiýa toplamalarynyň saklanyşy üçin jogapkärçilik

1. Ätiýaçlandyrylan adamlaryň atly hasaplaryna pensiýa gatançlarynyň öz wagtynda geçirilmändigi we olara maýa goýum girdejisiniň hasaplanyp ýazylmandygy üçin durmuş taýdan üpjünçilik edaralarynyň wezipeli işgärleri jogapkärçilik çekýärler.

2. Pensiýa toplamalarynyň maýa goýuma gönükdirilmegi, olara maýa goýum girdejiniň pes hasaplanyp ýazylandygy üçin Ygtyýarly bankyň wezipeli işgärleri jogapkärçilik çekýärler.

3. Ätiýaçlandyrylan raýatlaryň pensiýa toplamalarynyň möçberiniň azaldylmagy sebäpli ýetirilen zeleliň we durmuş taýdan üpjünçilik edaralaryna pensiýa toplamalarynyň möçberleriniň ýokarlandyrylmagy sebäpli ýetirilen zeleliň öwezi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde dolunýar.

4. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde raýatlaryň pensiýa toplamalarynyň saklanyşy üçin bank edaralary jogapkärçilik çekýärler.

185-nji madda. Maýyplaryň hukuklarynyň, erkinlikleriniň we kanuny bähbitleriniň berjaý edilişi üçin jogapkärçilik

Maýyplaryň hukuklarynyň, erkinlikleriniň we kanuny bähbitleriniň bozulmagynda günäkär bolan wezipeli adamlar we raýatlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde jogapkärçiligi çekýärler.

186-njy madda. Durmuş hyzmaty babatynda kanunçylygyň bozulandygy üçin jogapkärçilik

Durmuş hyzmaty ulgamynda işleýän adamlar, eger olaryň hereketi (hereketsizligi) durmuş hyzmaty edilýän raýatyň janyna we saglygyna howp salan netijelere ýa-da olaryň hukuklarynyň beýleki bozulmalaryna getiren bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde jogapkärçiligi çekýärler.

XXXX bap. Geçiş ýagdaýlary

187-nji madda. Geçiş ýagdaýlary

1. Şu Bitewi kanunda göz öňünde tutulan pensiýalary we döwlet kömek pullaryny tölemegiň şertleri şu Bitewi kanun güýjüne girýänçä bellenilen pensiýalara we kömek pullaryna degişlidir.

2. 1998-nji ýylyň 17-nji iýulynda kabul edilen “Pensiýalar hakynda” Türkmenistanyň kanuny güýje gireninden soň pensiýalary bellenen pensionerleriň:

1) pensiýa işinde bar bolan aýlyk iş haky barada resminamalardan ugur alnyp, şu Bitewi kanunyň 7-nji maddasyna laýyklykda şahsy koeffisiýenti täzeden hasaplanylýar, muňa oba hojalygy önümleriniň önümçiliginde işlän adamlar girmeýärler;

2) iş döwrüne öň hasaba alynmadyk pensiýanyň bellenen gününe çenli bar bolan zähmet işi goşulýar.

3. Oba hojalyk önümleriniň önümçiliginde işlenen döwrüň aýlyk iş hakyndan şu Bitewi kanunyň güýje giren pursatyna çenli bellenen pensiýalary, raýatlaryň isleglerine görä, ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryndaky pensiýa çykan wagtyna çenli iş döwrüniň aýlyk iş hakyndan şu Bitewi kanunyň 7-nji maddasynyň şertlerine laýyklykda täzeden hasaplamaly.

4. Şu Bitewi kanunyň güýje girmegine çenli pensiýalary bellenen we şu Bitewi kanunyň 23-nji maddasynyň birinji böleginde kesgitlenenden az bolmadyk iş döwri bolan pensionerleriň pensiýalarynyň möçberi pensiýanyň iň pes möçberinden pes bolmaly däldir.

5. Oba hojalyk önümleriniň önümçiliginde işlän raýatlaryň şahsy koeffisiýentleri hasaplananda olaryň gazançlaryny degişli döwürde Türkmenistan boýunça emele gelen ortaça aýlyk iş hakynyň möçberinden ýokary bolmadyk derejede hasaba almaly we ony 2009-njy ýylyň Bitaraplyk aýynyň 31-ine çenli degişli etmeli.

6. Şu Bitewi kanunyň şertleri boýunça pensiýa hukugy bolan, şu Bitewi kanunyň 23-nji maddasynda görkezilen pensiýa ýaşyna 2007-nji ýylyň birinji ýanwara çenli ýeten raýatlara pensiýa, olaryň pensiýasyny bellemek üçin zerur ähli resminamalarynyň şu Bitewi kanunyň güýje giren gününden üç aýdan gijä galmazdan berilmegi bilen, şu Bitewi kanunyň güýje giren gününden bellenilýär.

7. Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň Pensiýalary bellemek baradaky merkezi topary, şu maddanyň birinji, ikinji, üçünji böleklerine laýyklykda pensiýalaryň gaýtadan hasaplaşygy geçirilýän döwründe, özüniň mejlisini aýda üç sapardan seýrek bolmadyk döwürde geçirip biler.

8. Şu Bitewi kanunyň güýje girmegi bilen maýyplyk boýunça we pension işlerde bar bolan maglumatlar esasynda ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek pulunyň möçberi şu Bitewi kanunda göz öňünde tutulan şertlerde gaýtadan hasaplanylýar. Şunda, tölenilýän döwlet kömek pullarynyň möçberiniň azalmagyna ýol berilmeýär.

9. Şu Bitewi kanun güýjüne girýänçä, çaga seretmek boýunça kömek puly şu Bitewi kanunyň 78-nji maddasy bilen bellenen möçberde çaga üç ýaşyna ýetýänçä tölenilýär.

10. Orta okuw, hünärmentçilik, ýokary okuw jaýlarynda, şonuň ýaly dini okuw jaýlarynda okaýan we ekleýjisini ýitirendigi üçin kömek puluny alýan eklençdäkilere şu Bitewi kanunyň 101-nji maddasynyň altynjy böleginiň ikinji bendiniň güýji degişlidir.

11. 2012-nji ýylyň birinji ýanwaryndan:

1) şertli-toplaýyş pensiýa usuly girizilýär;

2) Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy döredilýär, ol barada Düzgünnama Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar;

3) raýatlaryň pensiýa toplamalaryny maliýeleşdirmek Pensiýa gaznasy tarapyndan amala aşyrylýar.

Türkmenistaniň Prezidentiniň Karary

2000 ý. Sanjar aýynyň 27-i № 4970 Aşgabat ş.

Türkmenistanyň işleýän raýatlarynyň zähmet depderçeleri hakynda

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2000 ý., № 11, 663-m)

Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky jemkanunyna laýyklykda we Türkmenistanyň işleýän raýatlarynyň zähmet ýoluny hasaba almagy tertibe salmak maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Zähmet depderçesi Türkmenistanyň raýatlarynyň zähmet işi hakyndaky esasy resmi kagyz bolup durýär.

2. Şu goşulanlary:

Zähmet depderçelerini ýöretmegiň tertibi hakyndaky Düzgünnamany;

Türkmenistanyň raýatlarynyň zähmet depderçesiniň we onuň içliginin nusgalaryny tassyklamaly.

3. Zähmet depderçelerini ýöretmegiň tertibi hakyndaky Düzgünnamany 2001- ýylyň 1- ýanwaryndan güýje girizmeli.

4. 2000-ýylyň nusgasyndaky zähmet depderçeleri 2001-ýylyň 1 -ýanwaryndan berlip başlanýar.

Raýatlardaky köne nusgadaky zähmet depderçeleri täzesine çalşyrylmaýar.

Täze nusgadaky, şeýle hem köne nusgadaky zähmet depderçeleri Zähmet depderçelerini ýöretmegiň tertibi hakyndaky Düzgünnamada göz öňünde tutulan tertipde ýöredilýär.

5. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Metbugat işleri baradaky müdirlik:

ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, häkimlikleriň, daýhan birleşikleriniň, kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň buýurmalary boýunça olary täze nusgadaky zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri bilen üpjün etmek üçin şol depderçeleri we içlikleri taýýarlamagy üpjün etmeli;

Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi bilen ylalaşyp, zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerініň bahasyny olary taýýarlamak üçin edilen hakyky çykdajylary göz öňünde tutup kesgitlemeli.

6. Ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, häkimlikleriň, daýhan birleşikleriniň, kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň ýolbaşçylary:

işgärleriň zähmet depderçelerini ýöretmegiň bellenilen tertibiniň berjaý edilişine berk gözegçilik etmeli;

işgärleriň zähmet ýoluna degişli resmi arhiw kagyzlarynyň (işe almak we işden çykarmak hakyndaky buýruklar, şahsy kartoçkalar, hasaplaşyk güwänamalary, iş haklary boýunça atly hasaplar we ş.m.) saklanylyşyny gowulandyrmak üçin çäreleri görmeli.

7. “Işçileriň we gullukçylaryň zähmet depderçeleri hakynda” SSSR Ministrler Sowetiniň we WSSPS-iň 1973-ýylyň 6-sentýabrynda çykaran №656 kararyny maglumat we gollanmak üçin kabul etmek barada” TSSR Ministrler Sowetiniň we TSPS-iň 1973- ýylyň 26-sentýabrynda çykaran № 354 kararyny (TSSR Ministrler Sowetiniň Kararlar ýygyndysy, 1973- ý., № 9, 72-madda);

“Respublikanyň territoriýasynda ýerleşýän kärhanalary, edaralary we guramalary zähmet depderçeleri bilen üpjün etmek barada” TSSR Ministrler Sowetiniň we TSPS-iň 1974-ýylyň 17-iýulynda çykaran №318 kararyny (TSSR Ministrler Sowetiniň Kararlar ýygyndysy, 1974- ý., № 7, 64- madda) güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Prezidenti
Saparmyrat Türkmenbaşy

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2000-ýylyň Sanjar aýynyň 27-i
çykaran № 4970 karary bilen
tassyklanyldy

Zähmet depderçelerini ýöretmegiň tertibi hakynda
DÜZGÜNNAMA

Şu Düzgünnama Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky jemkanunyna laýyklykda işlenilip düzüldi we eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhanalarda, guramalarda hem-de edaralarda zähmet depderçelerini bermegiň we ýöretmegiň tertibini düzgünleşdirýär.

I. UMUMY DÜZGÜNLER

1. Zähmet depderçesi Türkmenistanyň raýatlarynyň zähmet işi hakyndaky resmi hukuk namasy bolup durýar.

Täze, şeýle hem köne nusgadaky zähmet depderçeleri şu Düzgünnama laýyklykda eýeçiligiň we hojalygy dolandyrmagyň ähli görnüşlerindäki, şol sanda daşary ýurt maýa goýumlary ulanylan kärhanalarda, guramalarda we edaralarda, daşary ýurtly edara görnüşindäki taraplaryň Türkmenistanyň käklerinde işleýän wekilçiliklerinde hem-de bölümlerinde, daşary ýurt döwletleriniň, halkara birleşikleriniň we guramalarynyň Türkmenistanyň käklerinde işleýän wekilçiliklerinde, şeýle hem daýhan birleşiklerinde 5 günden köp işlän ähli işgärler üçin ýöredilýär.

Zähmet depderçeleri möwsümleýin we wagtlaýyn işlerde işleýänler üçin hem ýöredilýär.

Şu bölümde görkezilen kärhanalar, edaralar we guramalar mundan beýläk kärhanalar diýlip atlandyrylýar.

2. Zähmet depderçeleri dine esasy iş ýeri boýunça ýöredilýär. Utgaşdyrmak boýunça iş esasy iş ýeri boýunça zähmet depderçesinde bellige alnyp bilner.

Ilkinji gezek işe giriýän adamlara zähmet depderçesi onuň ilkinji gezek işe giriýän kärhanasy tarapyndan berilýär we zähmet depderçesine ilkinji ýazgy şol ýerde ýazylýar.

3. Işe giriýän adamlar (işe ilkinji gezek giriýänlerden başga) kärhananyň iş berijisine bellenilen tertipde resmileşdirilen zähmet depderçesini, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinden boşadylanlar bolsa-harby biledini görkezmäge borçlydyrlar.

Zähmet depderçesi ýok adamlary işe kabul etmäge ýol berilmeýär.

Ilkinji gezek işe giriýänler iş berijä soňky meşgul bolan işi barada degişli ýaşaýyş jaý-ulanyş edarasy (şäherçe ýa-da oba geneşi) tarapyndan berlen delilhaty görkezmäge borçludyrlar.

4. Zähmet depderçesi iş berijide saklanýar, işgär işden çykanda bolsa onuň eline berilýär.

II. ZÄHMET DEPDERÇELERINIŇ DOLDURYLYŞY
Umumy görkezmeler

5. Zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri döwlet dilinde doldurylýar.

6. Zähmet depderçesi ilkinji gezek iş beriji tarapyndan işgär işe alnandan son bir hepde möhletden gijä galynman işgäriň bolmagynda doldurylýar.

Zähmet depderçesine şu maglumatlar ýazylýar:

işgär hakynda: familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, bilimi, käri, hünäri, maşgala ýagdaýy we maşgalasynyň düzümi;

is hakynda: işe kabul etmek, başga işe geçirmek, işden çykarmak;

sylaglar we höweslendirmeler hakynda: ordenler we medallar bilen sylaglanmak; hormatly atlaryň dakylmagy; işde gazanylan üstünlikler üçin zähmetkeşler köpçüligi tarapyndan ulanylýan höweslendirmeler, şeýle hem içki zähmet düzgüniniň kadalarynda hem-de düzgün-nyzam tertipnamalarynda göz öňünde tutulan sylaglar we höweslendirmeler; ulanylýan kanunlara laýyklykda beýleki höweslendirmeler;

adamyň jenaýat temmisini çekmegi barada;

diplomlar berlen açyşlar barada, peýdalanylan oýlap tapyşlar we rejelendirme teklipleri barada hem-de şunuň bilen baglylykda tölenilen tölegler hakynda;

meýletin döwlet pensiýa äfiýaçlandyrmasy hakynda;

meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakynda maglumatlar.

7. Işe kabul etmek, başga işe geçirmek hakyndaky, şeýle hem sylaglanmalar we höweslendirmeler hakyndaky, adamyň jenaýat temmisini çekmegi baradaky, şeýle hem maşgala ýagdaýy we maşgalanyň düzümi

hakyndaky ähli ýazgylar kärhananyň edara edijileri tarapyndan buýruk (görkezme) çykarylandan son bir hepde möhletden gijä galynman ýazylýar.

Döwlet pension we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky ýazgylar şol kärhanadaky zähmet işiniň bütin döwri üçin ýazylýar.

Işden çykarmak hakyndaky ýazgylar zähmet depderçesine işden çykarylan güni ýzzytym we kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugyna (görkezmesine) laýyk gelmelidir.

Sene ýazgylary arap sanlarynda (sene we aý iki belgili san bilen) ýazylýar.

Ýazgylar gara, gök ýa-da benewşe reňkli ruçka bilen takyk we arassa ýazylýar.

Zähmet depderçesine ýazgylar ýazylanda gysgaltmalara ýol berilmeýär.

8. Edara edijiler zähmet depderçesine (içligine) ýazylan her bir ýazgy bilen şol depderçäniň (içligiň) eýesini şahsy kartoçka (Türkmenistanyň Milli döwlet hasabaty we maglumatlar instituty tarapyndan tassyklanan, № T-2 bir ülňüli pudagara nusga) gol çekdirip tanyş etmäge borçludyr, şol kartoçkada zähmet depderçesindäki (içlikdäki) ýazgy takyk gaýtalanmalydyr.

Dagynyk ýerleşýän (tabynlygyndaky düzüm birlikleri uzak aralyklarda ýerleşýän) kärhanalaryň edara edijileri kadadan çykma hökmünde zähmet depderçesine ýazylýan ýazgylar bilen tanyşdyrmagy depderçeleriň eýelerine degişli habarnamalary ibermek arkaly gaýybana geçirip, soňra şahsy kartoçkalara bu barada bellik edip biler.

9. Kärhananyň edara edijileri zerur bolanda işgärleriň haýyşy boýunça olara zähmet depderçesine ýazylan maglumatlaryň güwä geçilen goçürmelerini berip biler.

10. Zähmet depderçesindäki maglumatlarda nädogry ýa-da nätakyk ýazgylar ýüze çykarylanda olary degişli ýazgynyň ýazylan ýeri bolan kärhananyň edara edijileri düzedýär. Täze iş ýerindäki edara edijiler işgäre bu babatda zerur kömegi bermäge borçludyr.

11. Eger-de nädogry ýa-da nätakyk ýazgylar ýazylan kärhana ýapylan bolsa, onda düzediş hukuk oruntutary tarapyndan edilýär, ol hem ýok bolsa, düzediş ýapylan kärhana öz tabynlygynda bolan ýokarda durýän gurama tarapyndan edilýär.

12. Iş baradaky düzedilen maglumatlar buýrugyň ýa-da görkezmäniň, meýletin döwlet pension we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy şertnamasynyň asyl nusgasyna, olar ýitirilen halatda bolsa - şol kärhananyň iş hakyndaky degişii maglumatlary tassyklaýan başga resmi namasyna (işgäriň zähmet işine degişii resmi arhiw namalaryna, şahsy kartoçkalara, hasaplaşyk wedomostlaryna, zähmet haky boýunça atly hasaplara we ş.m.) doly laýyk gelmelidir we bellenilen tertipde güwä geçilen bolmalydyr.

Şaýatlaryň görkezmeleri ozal edilen ýazgylary düzetmek üçin esas bolup bilmez.

Ozal ýazylan nätakyk ýa-da nädogry ýazgylaryň üstüniň çyzylmagyna ýol berilmeýär.

13. Iş hakyndaky maglumatlaryň ýazgysyny üýtgetmek zerur bolanda degişii tertip nomeri, ýazgynyň senesi görkezilenden son 3-sütünde:

"№ ____ ýazgy (tertip nomeri görkezilýär) hakyky däldir._____ hünär boýunça (wezipä) kabul edildi" diýlip ýazylýar we 4- sütünde iş berijiniň zähmet depderçesine nädogry göçürilen buýrugynyň (görkezmesiniň) senesi we nomeri gaýtalanýar.

Işden bikanun çykarylandygy ýa-da başga işe bikanun geçirilendigi zähmet jedellerine seretmek boýunça edara tarapyndan ýüze çykarylan we ozalky işinde dikeldilen ýa-da işden çykarmagyň sebäbiniň kesgitlemesi üýtgedilen ýagdaýda hem işden çykarmak ýa-da başga işe geçirmek hakyndaky ýazgy edil şeýle tertipde hakyky däl diýlip ykrar edilýär. Meselem, "№ ____ ýazgy hakyky däl, ozalky işinde dikeldildi" diýlip ýazylýar. Işden çykarmagyň sebäbiniň kesgitlemesi üýtgedilende şeýle ýazylýar: "№ ____ (tertip nomeri görkezilýär) ýazgy hakyky däl, işden (täze kesgitleme görkezilýär) çykaryldy".

Şeýle ýagdaýda 4- sütünde işde dikeltmek ýa-da işden çykarmagyň sebäbiniň kesgitlemesini üýtgetmek hakyndaky buýruga salgylanylýar.

"Pensiýany bellemek üçin maglumatlar" we "Meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky maglumatlar" bölümleri boýunça maglumatlaryň ýazgylaryny üýtgetmek zerur bolanda düzedişler şu tertipde ýazylýar:

ýazgynyň degişii tertip nomeri we ýazylan senesi görkezilenden son bir setirde şeýle ýazylýar: _____ № ___ (nätakyk ýa-da nädogry ýazgynyň tertip nomeri we senesi görkezilýär) ýazgy hakyky däl";

soňky tertip, nomeri bilen dogry ýazgy ýazylýar.

Işgär hakyndaky maglumatlary ýazmak

14. Işgar hakyndaky maglumatlar zähmet depderçesiniň birinji sahypasynda (baş sahypada) ýazylýar.

Familiýasy, ady, atasynyň ady (adyny we atasynyň adyny gysgaltman ýa-da baş harplary bilen çalşyrman doly ýazyp) we doglan senesi pasportyň ýa-da dogluş hakyndaky şahadatnamanyň esasynda görkezilýär.

Orta, ýörite orta we ýokary bilimi dine resmi namalaryň (attestatyň, şahadatnamanyň, diplomyň) esasynda görkezilýär.

Gutarylmadyk orta ýa-da gutarylmadyk ýokary bilim hakyndaky ýazgy hem dine degişli resmi namalaryň (talyplyk biletiniň, synag depderçesiniň, okuw jaýynyň delilhatynyň we ş.m.) esasynda ýazylyp bilner.

Zähmet depderçesinde käri we hünäri bilim baradaky resmi namanyň ýa-da bolmalysy ýaly resmileşdirilen beýleki resmi namanyň esasynda görkezilýär."

Familiýasynyň, adynyň, atasynyň adynyň, doglan senesiniň, biliminiň üýtgemegi baradaky maglumatlar zähmet depderçesine degişli resmi namalaryň (pasportyň, attestatyň, şahsyýetnamanyň, bilim hakyndaky diplomyň, dogluş hakyndaky şahadatnamanyň, nika hakyndaky, nikanyň bozulandygy hakyndaky, familiýasynyň, adynyň, atasynyň adynyň üýtgedilendigi hakyndaky şahadatnamalaryň we beýlekileriň) esasynda şol resmi namalaryň nomerine we berlen senesine salgylanyp, in sonky iş ýeri tarapyndan ýazylýar.

Şu görkezilen üýtgeşmeler zähmet depderçesiniň birinji sahypasynda (baş sahypada) ýazylýar. Ozalky familiýanyň ýa-da adyň, atasynyň adynyň, doglan senesiniň üstünden bir çyzyk çekilýär we täze maglumatlar ýazylýar. Degişli resmi namalara salgylanmalar sahabyň iç ýüzünde ýazylýar we iş berijiniň ýa-da onuň ýörite ygtyýarly eden wekiliniň goly hem-de kärhananyň möhri bilen tassyklanylýar.

15. Zähmet depderçesiniň doldurylan senesi görkezilenden son işgär onda ýazylan maglumatlaryň dogrulygyny öz goly bilen tassyklaýar.

Zähmet depderçesiniň birinji sahypasynda (baş sahypasynda) zähmet depderçeleriniň berilmegi üçin jogapkär adam gol çekýär we şondan son zähmet depderçesi ilkinji gezek doldurylan kärhananyň möhri basylýar.

Iş hakyndaky maglumatlary ýazmak

16. Iş hakyndaky maglumatlary iş beriji şu tertibi berjaý etmek bilen ýazýar.

Kärhana ilkinji gezek işe giryänleriň iş ýerinde zähmet depderçeleriniň "lş hakyndaky maglumatlar" bölüminiň 3- sütüninde degişli resmi namalaryň berlen senesine, nomerine we adyna salgylanyp, aýratyn setir bilen aşakdaky ýazgylar ýazylýar:

a) harby biletleriň we gulluk edilen ýerlerden berlen degişli delilhatlaryň esasynda gulluga çagyrylan (alnan) senesini we gullukdan boşadylan senesini görkezmek bilen, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk komitetiniň we Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralarynda, goragyň ähli görnüşlerinde, ýagny gulluk edýänlere zähmet hakyndaky we döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky kanunlar degişli bolmadyk ýerlerde gulluk eden wagty hakynda;

b) ýokary we ýörite orta okuw jaýlarynda okan, şol sanda önümçilik türgenleşmesinde işlän wagty hakynda we aspiranturada hem-de kliniki ordinaturada bolan wagty hakynda;

ç) daýhan birleşiginiň, daýhan we mülkdar hojalygynyň agzasy hökmünde işlän döwründe zähmet depderçesi resmileşdirilmedik adamlaryň şol ýerde işlemegi hakynda degişli daýhan birleşigi tarapyndan tassyklanylan delilhatyň esasynda.

Soňra hut şol bölümde sözbaşy görnüşde zähmet depderçesini berýän kärhananyň doly ady ýazylýar.

17. Zähmet depderçesi bar adamlara "lş hakyndaky maglumatlar" bölüminiň 3- sütünine aşakdaky ýazgylar ýazylýar:

a) eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhanalarda işleýänlere şol sözbaşynyň aşagynda 1- sütünde iş beriji edilýän ýazgynyň tertip nomerini goýýar, 2- sütünde işe kabul edilen senesi görkezilýär, 3-sütünde sözbaşy görnüşinde kärhananyň doly ady ýazylýar.

Eger işgäriň işleýän döwrüniň dowamynda kärhananyň ady üýtgeýän bolsa, onda bu barada 3-sütünde aýratyn setir

bilen:"_____ (kärhananyň köne ady) kärhananyň ady _____ ýylyň "___" _____ başlap _____ (täze ady) diýip üýtgedildi" diýen ýazgy ýazylýar, 4- sütünde bolsa adynyň üýtgedilmeginiň esaslandyrmasy - buýruk (görkezme), onuň senesi we nomeri ýazylýar.

3- sütünde: "_____ işhana, bölüme, birlige, ülüşe, önümçilige kabul edildi ýa-da bellenildi"

diýlip ýazylýar, olaryň anyk ady, şeýle hem işiň, hünäriň ýa-da wezipänin ady hem-de berlen dereje görkezilýär. Işiň, işgäriň hünäriniň ýa-da kabul edilen wezipesinin ady: işçiler üçin - Işleriň we işçi hünärleriniň ýeke-täk hak töleýiş-tapawutlandyryş kitabynda hünärleriň görkezilen adyna laýyklykda; gullukçylar üçin - Gullukçylaryň wezipeleriniň ýeke-täk sanawynda görkezilen wezipeleriň adyna ýa-da wezipe sanawyna laýyklykda ýazylýar.

Görkezilen Hak töleýiş-tapawutlandyryş kitabyna, şeýle hem Gullukçylaryň wezipeleriniň ýeke-täk sanawyna ýa-da wezipe sanawyna bellenilen tertipde girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar işgärleriň dykgatyna ýetirilýär, şondan son iş berijiniň buýrugynyň (görkezmesiniň) esasynda olaryň zähmet depderçelerine degişli üýtgetmeler we goşmaçalar girizilýär.

Eger işiň dowamynda işgäre täze dereje berlen bolsa, onda bu barada degişli ýazgy bellenilen tertipde ýazylýar.

Önümçilik brigadasyna brigadir edilip bellenilen ýagdaýda zähmet depderçesine iş berijiniň buýrugyna (görkezmesine) salgylanmak bilen, "_____ brigadir edilip bellenildi" diýlip, degişli ýazgy ýazylýar.

Önümçilik brigadasy, brigada geňeşi we brigadirleriň geňeşi baradaky degişli pudaklaýyn düzgünnamalarda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde brigadir brigada ýolbaşçylyk etmekden boşadylanda zähmet depderçesine: "Önümçilik brigadasyna ýolbaşçylyk etmekden boşadyldy" diýen ýazgy ýazylýar.

b) okuwa girmeginden öň işlän talyplara, okuwçylara, aspirantlara we kliniki ordinatorlara okuw jaýy tarapyndan olaryň zähmet depderçesine ýokary ýa-da ýörite orta okuw jaýynda okan wagty hakyndaky ýazgylar ýazylýar. Şol ýazgylar üçin okuw jaýynyň buýruklary esas bolup durýar;

ç) daýhan birleşikleriniň edara ediji agzalaryna, daýhan hojalyklarynyň agzalaryna, karendeçilere we şol hojalykda işleýän işgärleriň beýleki toparlaryna - degişli daýhan birleşikleh şol ýerde işlän döwri hakynda ýazgylar ýazýar.

18. Bellenilen tertipde resmileşdirilen utgaşdyrmak işi hakynda esasy iş ýeri boýunça iş beriji tarapyndan zähmet depderçesinde aýratyn setirde ýazgy ýazylýar.

19. Suduň hökümine (kesgitlemesine) laýyklykda iş kesilen adamlaryň zähmet depderçesine "lş hakyndaky maglumatlar" bölüminde hökmany tertipde şu degişli ýazgy ýazylýar:

1-sütüninde ýazgynyň tertip nomeri; 2-sütünde - ýazgynyň ýazylan senesi görkezilýär; 3- sütüne "_____ (jeza çäresi) iş kesildi" diýip ýazylýar; 4-sütünde zähmet depderçesine girizmek üçin esas _____ (sud edarasynyň ady) sudunyň höküminiň (kesgitlemesiniň) senesi we nomeri görkezilýär.

Edilen jenaýat üçin sud edilenlik aýby kanunda bellenilen tertipde dolunan ýa-da aýrylan halatlarda, bu barada hut şonuň ýaly tertipde degişli ýazgy ýazylýar.

20. Iş kesilen, şeýle hem azatlykdan mahrum etmezden zähmet-düzediş işlerinde bolmak möhleti tamamlanan adamlaryň zähmet depderçelerine şol döwürde işlän wagtynyň umumy işlän wagtyna girmeýändigi baradaky ýazgy ýazylýar: zähmet depderçeleriniň "lş hakyndaky maglumatlar" bölümininň 1-sütüninde - ýazgynyň tertip nomeri; 2- sütüninde - ýazgynyň ýazylan senesi görkezilýär; 3- sütüninde şeýle ýazgy ýazylýar: "___" ýylyň "_____" ___başlap ýylyň "___" _____ çenli işlenilen wagt umumy işlenilen wagta goşulmaýar".

Azatlykdan mahrum etmezden düzediş işlerinde bolnan wagt sud tarapyndan kanun boýunça bellenilen tertipde umumy işlenilen wagta goşulan halatlarda zähmet depderçeleriniň 3- sütüninde şu degişli ýazgy ýazylýar: "_____ ýylyň "___" _____ başlap _____ ýylyň "_____ "_____ çenli işlenilen wagt umumy işlenilen wagta goşulýar".

Şu ýazgylar zähmet depderçesine Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralarynyň delilhatynyň esasynda kesgitlenýän hakyky çekilen jeza möhleti tamamlanandan son ýazylýar.

Degişli ýazgylar zähmet depderçesine iş kesilen adamyň kabul edilen ýa-da onuň iberilen kärhanasy tarapyndan ýazylýar.

Şu bölümde göz öňünde tutulan ýazgylaryň zähmet depderçesine ýazylmagyna suduň hökümine (kesgitlemesine) laýyklykda iş berijiniň çykaran buýrugy (karary) esas bolup hyzmat edýär (buýrugyň çykarylan senesi we nomeri görkezilýär).

21. Kanuny güýje giren sud çözgüdi bikanun iş kesilendigi sebäpli işden (wezipeden) boşadylan ýa-da jenaýat jogapkärçiligine bikanun çekilendigi sebäpli wezipesinden boşadylan adamlaryň zähmet depderçelerine ýazylan degişli ýazgylary hakyky däl diýip ykrar etmek, şeýle hem belli bir wezipeleri eýelemek we belli bir işlerde işlemek hukugyndan mahrum edilen adamlaryň zähmet depderçelerine degişli ýazgylary ýazmak üçin esas bolup durýar.

Sylaglanmalar we höweslendirmeler hakyndaky maglumatlary ýazmak

22. Işgärleriň zähmet depderçeleriniň “Sylaglanmalar hakyndaky maglumatlar” bölümine Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlary esasynda döwlet sylaglary bilen sylaglanandygy hem-de hormatly atlaryň dakylandygy baradaky, şeýle hem ozalky SSR Soýuzynyň öň berlen sylaglary we dakylan hormatly atlary hakyndaky we döwlet hem-de halkara baýraklarynyň eýesi diýen atlaryň berlendigi hakyndaky maglumatlar ýazylýar.

Sylaglardan we hormatly atlardan mahrum edilen halatda zähmet depderçesine degişli ýazgy ýazylýar.

23. Işgärleriň zähmet depderçeleriniň “Höweslendirmeler hakyndaky maglumatlar” bölümine zähmetde gazanylan üstünlikler üçin kärhanada Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda ulanylýan, şeýle hem içerki zähmet tertibiniň kadalarynda we düzgün-nyzam hakyndaky tertipnamalarda göz öňünde tutulan höweslendirmeler hakyndaky maglumatlar ýazylýar.

Zähmet depderçelerine zähmete hak tölemegiň tertibinde göz öňünde tutulan ýa-da yzygiderli tölenilýän sylaglar ýazylmaýar.

24. Sylaglanmalar we höweslendirmeler hakyndaky maglumatlary ýazmagyň şu tertibi ulanylýar: zähmet depderçesiniň degişli bölüminiň 3-sütüninde sözbaşy görnüşde kärhananyň ady ýazylýar; aşakda 1-sütünde ýazgynyň tertip nomeri (nomerlemek işgäriň tutuş zähmet işi döwrüniň dowamynda köpelýän tertipde) görkezilýär; 2- sütünde sylaglanmanyň we höweslendirmäniň senesi goýulýar; 3- sütünde işgäriň kirn tarapyndan sylaglanandygy ýa-da höweslendirilendigi, nähili üstünlikler üçindigi we haýsy sylagyň ýa-da höweslendirmäniň berlendigi ýazylýar; 4- sütünde ýazgynyň nämäniň esasynda ýazylandygy (resmi namanyň senesi, nomeri we ady) görkezilýär.

Işden çykylanda zähmet depderçesiniň doldurylyşy

25. Zähmet depderçesine işden çykarylmagyň sebäpleri hakyndaky ýazgylar ulanylýan kanunlaryň kesgitlemelerine takyk laýyklykda we kanunyň degişli maddasyna, bölümine salgylanylyp ýazylmaly.

Meselem, “Taraplaryň razylygy bilen işden çykaryldy, Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky jemkanunynyň 30-maddasynyň 1-bölümi” ýa-da “Suduň höküminiň kanuny güýje girmegi sebäpli işden boşadyldy (_____ (sud edarasynyň ady) sudunyň höküminiň (kesgitlemesiniň) nomeri we senesi), Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky jemkanunynyň 30-maddasynyň 7-bölümi”.

Zähmet şertnamasy kanun tarapyndan belli bir ýeňillikleriň we artykmaçlyklaryň berilmegini göz öňünde tutýan sebäplere görä işgäriň islegi boýunça bozulan ýagdaýda işden çykarylmagy hakynda ýazgy zähmet depderçesine şol sebäpler görkezilip ýazylýar. Meselem, “Harby gulluga çagyrylmagy sebäpli öz islegi boýunça işden boşadyldy, Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky jemkanunynyň 30- maddasynyň 3-bölümi”.

26. Işgäriň zähmet depderçesine işden çykarmak hakyndaky ýazgy şu kadalar berjaý edilip ýazylýar: 1-sütünde ýazgynyň tertip nomeri; 2-sütünde - işden çykarylmagyň senesi; 3- sütünde - işden çykarylmagyň sebäbi; 4- sütünde ýazgynyň ýazylmagyna esas bolan buýruk (görkezme), şonuň senesi we nomeri görkezilýär.

Iň soňky iş güni işden çykarylmagyň güni diýlip hasap edilýär.

Meselem, işgär bilen zähmet şertnamasy wezipeleriň azaldylmagy sebäpli bozulýar. Işgäriň zähmet depderçesine şeýle ýazgy ýazylmalydyr:

“Iş hakyndaky maglumatlar” bölüminiň 1 - sütüninde ýazgynyň tertip nomeri; 2- sütüninde - işden çykarylmagyň senesi görkezilýär; 3-sütüninde “Wezipeleriň azaldylmagy sebäpli işden çykaryldy, Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky jemkanunynyň 33-maddasynyň 1-bölümi” diýlip ýazylýar; 4- sütüninde ýazgynyň ýazylmagyna esas bolan buýrugyň (görkezmäniň) senesi we nomeri görkezilýär.

27. Işgär ýokarda durýan edaralaryň görkezmesi boýunça kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň arasynda ylalaşylyp ýa-da ýokarda durýan degişli jemgyýetçilik guramalarynyň karary boýunça bir kärhanadan başga kärhana geçirilende 3- sütünde şol edaralaryň we guramalaryň ylalaşygyna ýa-da çözgüdine salgylanma ýazylýar.

Meselem, “_____ (ministrligiň ady) ministrliginiň buýrugy boýunça _____ (kärhananyň ady) kärhanasyna işe geçirilmegi sebäpli işden boşadyldy, Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky jemkanunynyň 30- maddasynyň 5- bölümi”.

Saýlawly wezipä geçirilen ýagdaýda 3- sütünde: “_____ (guramanyň ady) gurama saýlawly wezipä saylanmagy sebäpli işden boşadyldy, Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky jemkanunynyň 30- maddasynyň 5- bölümi”.

28. Zähmet şertnamasy ulanylýan kanunlarda göz öňünde tutulanlardan başga esaslarda iş beriji tarapyndan ykdysadyýetiň pudaklaryny dolandyrmak ulgamyny kämilleşdirmek boýunça çäreleriň geçirilmegi bilen baglanyşykly bozulanda, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň degişli çözgütlerine salgylanma berilýär. Meselem, 3- sütünde: "Işgärleriň wezipeleriniň (ýa-da sanynyň) azaldylmagy sebäpli işden boşadyldy, Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky jemkanunynyň 33-maddasynyň 1-bölümi" diýen ýazgy ýazylýar we soňra ýaý içinde Türkmenistanyň Prezidentiniň ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň degişli kadalaşdyryjy namasy görkezilýär.

Pensiýanyň bellenilmegi üçin maglumatlaryň ýazylmagy

29. Işgärleriň zähmet depderçeleriniň "Pensiýanyň bellenilmegi üçin maglumatlar" bölümine meýletin döwlet pension ätiýaçlandyrmasy hakynda maglumatlar ýazylýar.

1- sütünde iş beriji ýazylýan ýazgynyň tertip nomerini we senesini goýýar.

2- sütünde işgäriň işleýän kärhanasynyň "Iş hakyndaky maglumatlar" bölüminde görkezilen adyna laýyk gelýän doly ady görkezilýär.

3- sütünde şol kärhanada işlän wagty görkezilýär.

4- sütünde şol kärhanada işlän döwründäki pension ätiýaçlandyrmanyň döwri, "Pensiýalar hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda baglaşylan meýletin döwlet pension ätiýaçlandyrmasy şertnamasynyň senesi görkezilýär.

5- sütünde işgäriň şol kärhanada işlän döwründe alan, döwlet meýletin pension ätiýaçlandyrmasy tölegleri hasaplanylanda nazara alnan iş hakynyň ýa-da girdejisiniň (mundan beýläk - gazanjy) möçberi görkezilýär.

6- sütünde pension ätiýaçlandyrmasy töleginiň işgäriň gazanjyna garanynda ýüzdelerde beýan edilen möçberi görkezilýär.

7- sütünde şol kärhanada işlenilen döwür üçin pension ätiýaçlandyrmasy töleglerinin jemi görkezilýär, ol gazanjyň 5- sütünde görkezilen möçberi esasynda hasaplanylýar.

8- sütünde durmuş üpjünçiligi edaralary tarapyndan pensiýa bellenilende "Pensiýa bellenildi" diýen tagma goýulýar we işgäriň pensiýanyň resmileşdirilmegi üçin durmuş üpjünçiligi edaralaryna arza beren senesi görkezilýär.

30. "Pensiýanyň bellenilmegi üçin maglumatlar" bölümine ýazgylar her bir iş ýeri boýunça kärhananyň edara edijileri tarapyndan ýazylýar.

Meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakynda maglumatlaryň ýazylmagy

31. Işgärleriň zähmet depderçeleriniň "Meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky maglumatlar" bölümine meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakynda maglumatlar ýazylýar.

1-sütüne iş beriji ýazylýan ýazgynyň tertip nomerini we senesini ýazýar.

2- sütünde meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy şertnamasynyň baglaşylan senesi görkezilýär.

3- sütünde ýazgynyň ýazylmagynyň esasy - işgäriň ýaşaýan ýerindäki saglygy goraýyş edarasy hemde degişli kärhana bilen baglaşan meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy şertnamasynyň nomeri we senesi görkezilýär.

4- sütünde meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy şertnamasynyň ýatyrylan senesi görkezilýär.

5- sütünde 4- sütündäki ýazgynyň esasy - işgäriň meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy şertnamasyny ýatyrmak hakyndaky arzasy görkezilýär, şunda onuň berlen senesi ýa-da işgäriň işden çykarylmagy hakyndaky buýrugyň senesi görkezilýär.

6- sütünde işgäriň şol kärhanada işlän döwründe alan, meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy üçin töleg hasaplanylanda nazara alnan iş hakynyň ýa-da girdejisiniň (mundan beýläk - gazanjy) möçberi görkezilýär.

7- sütünde saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy töleginiň möçberi işgäriň gazanjynyň ýüzdelerinde görkezilýär.

8- sütünde saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy töleginiň şol kärhanada işlenilen döwür üçin jemi

görkezilýär, ol 6- sütünde görkezilen gazanjyň möçberi esasynda hasaplanylýar.

32. “Meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky maglumatlar” bölümine ýazgylar her bir iş ýeri boýunça kärhananyň edara edijileri tarapyndan ýazylýar.

Maşgala ýagdaýy we maşgalanyň düzümi hakyndaky maglumatlaryň ýazylmagy

33. Işgärleriň zähmet depderçeleriniň “Maşgala ýagdaýy we maşgalanyň düzümi hakyndaky maglumatlar” bölümine olaryň maşgala ýagdaýy we maşgalanyň düzümi hakynda maglumatlar ýazylýar.

1- sütünde äriniň (aýalynyň), çagalarynyň familiýasy, ady, atasynyň ady (gysgaltmazdan) görkezilýär.

2- sütünde garyndaşlyk gatnaşygy - äri (aýaly), çagalary (ogly, gyzy) görkezilýär.

3- sütünde maşgala agzalarynyň doglan ýyly, aýy, güni görkezilýär.

34. “Maşgala ýagdaýy we maşgalanyň düzümi hakyndaky maglumatlar” bölümine ýazgylary täze nusgadaky zähmet depderçelerine kärhananyň edara edijileri tassyklaýan resmi namalar - pasport, nika hakyndaky şahadatnama, dogluş hakyndaky şahadatnama esasynda ýazýar.

III. ZÄHMET DEPDERÇESINIŇ IÇLIGI

35. Zähmet depderçesiniň in bolmanda bir bölüminiň hemme sahypalary dolan halatlarda zähmet depderçesine içlik goşulýar.

Içlik zähmet depderçesine tikilýär, zähmet depderçesi ýaiy tertipde doldurylýar we iş beriji tarapyndan ýoredilýär.

Zähmet depderçesi bolmasa, içlik hakyky däldir.

36. Her bir berlen içlik barada zähmet depderçesiniň birinji sahypasynda (baş sahypasynda) ýokarda 10 mm x 25 mm möçberde “içlik berildi” diýen ýazgyly tagma basylýar we içligin seriýasy hem-de nomeri görkezilýär. Her bir soňraky içlik berlende täze tagma basylýar we içligiň seriýasy hem-de nomeri görkezilýär.

37. Zähmet depderçesine içlik goşmak zerur bolanda işgäriň zähmet depderçesiniň nähilidigine (täze nusgadaky ýa-da ozal bellenilen nusgadaky) garamazdan, täze nusgadaky içlik berilýär.

IV. IŞDEN ÇYKARYLANDA ZÄHMET DEPDERÇESINIŇ BERILMEGI

38. Işgär işden çykarylanda onuň zähmet depderçesine işi, sylaglanmalar we höweslendirmeler hakynda, jenaýat temmisini çekmegi, meýletin döwlet pension we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy, pensiýanyň bellenenilmegi, maşgala ýagdaýy we maşgalanyň düzümi barada şol kärhanada işlän döwründe edilen ähli ýazgylara kärhananyň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň ýörite ygtyýarly eden adamynyň goly hem-de kärhananyň möhri bilen güwä geçilýär.

“Pensiýanyň bellenilmegi üçin maglumatlar” we “Meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky maglumatlar” diýen bölümlerde ýazgylara kärhananyň baş buhgalteriniň goly bilen hem güwä geçilýär.

Eger zähmet depderçesi bir wagtda iki dilde doldurylan bolsa, onda ýazgylaryň ikisine hem güwä geçilýär.

Is beriji işgäriň işden çykarylmagy baradaky ýazgylar edilen zähmet depderçesini işden çykan güni oňa bermäge borçludyr.

Zähmet depderçesiniň berilmegi iş berijiniň günäsi bilen uzaklaşdyrylanda işgäre mejbury işsiz gezen hemme wagty üçin ortaça iş haky tölenýär. Şeýle halatda zähmet depderçesiniň berlen güni işden boşadylan güni diýlip hasap edilýär.

39. Eger işgär işden boşadytan güni işde bolmasa, onda iş beriji şol günüň özünde oňa zähmet depderçesini almagyň zerurdygyny görkezip, poçta habarnamasyny iberýär.

Zähmet depderçesiniň görkezilen salgy boýunça poçta arkaly eitilmegine dine işgär razy bolanda ýol berilýär.

40. Işgär aradan çykan halatda zähmet depderçesi onuň garyndaşlygy kanunlar arkaly bellenilen tertipde tassyklanylan ýakyn garyndaşlaryna dil haty alnyp gowşurylýar ýa-da olaryň talap etmegi boýunça poçta arkaly iberilýär. Aradan çykan işgäriň zähmet depderçesiniň “lş hakyndaky maglumatlar” bölüminde

tertip nomeri we senesi gärkezilenden son 3-sütünde raýatlyk ýagdaýlarynyň namalaryny ýazýan edara tarapyndan berlen ölüm hakyndaky şahadatnamanyň esasynda "Aradan çykanlygy sebäpli iş bes edildi" diýlip ýazylýar, soň-ra 4- sütün doldurylýar (buýrugyň (görkezmäniň) senesi we nomeri görkezilýär). Ýazga bellenilen tertipde güwä geçilýär.

Aradan çykan işgäriň garyndaşlaryna berlen zähmet depderçesi mirasdarlara şonda görkezilen, onuň atly pension hasabynda goýumlar boýunça toplanan pullary almaga hukuk berýär.

V. ZÄHMET DEPDERÇESINIŇ ÖWEZLIGI

41. Zähmet depderçesini (onuň içligini) ýitiren adam bu barada haýal etmän soňky işlän ýeri boýunça iş berijä habar etmäge borçludyr. Habar edilenden son 15 günden gijä galynman iş beriji işgäre birinji sahypasynyň ýokarky sag burçynda "Öwezlik" diýen ýazgyly täze zähmet depderçesini ýa-da onuň içligini berýär.

42. Eger zähmet depderçesi (onuň içligi) ýaramsyz (ýanan, ýyrtylan, çyrşalan we ş.m.) bolsa, işgäriň in soňky iş ýeri boýunça edara edijiler oňa zähmet depderçesiniň (onuň içliginiň) öwezligini berýär.

Şunda ýaramsyz bolan zähmet depderçesiniň birinji sahypasynda "Ýerine öwezlik berildi" diýen ýazgy ýazylýar, depderçe bolsa onuň eýesine gaýtarylyp berilýär. Işgär täze işe giren ýagdaýynda zähmet depderçesiniň öwezligini bermäge borçludyr.

43. Zähmet depderçesiniň öwezligi ýa-da onuň içligi umumy kadalar boýunça doldurylýar. Öwezlik doldurylanda işgäriň soňky iş ýeri boýunça ozal çykarylan buýruklaryň (görkezmeleriň) suduň hökümleriniň, meýletin döwlet pension we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy şertnamalarynyň esasynda onuň ähli bölümlerine ýazgylar ýazylýar.

44. Eger işgär şu kärhana işe girmeginden ozal eýýam işlän bolsa, onuň zähmet depderçesiniň öwezligi doldurylanda:

a) "Iş hakyndaky maglumatlar" bölüminiň 3- sütüninde ozaly bilen şu kärhana işe girmeginden öň resmi namalar bilen tassyklanan umumy işlän wagty hakynda ýazgy ýazylýar.

Umumy işlän wagty jemlenilip ýazylýar, ýagny ozal zähmet depderçesiniň eýesiniň haýsy kärhanada, haýsy döwürlerde we haýsy wezipelerde işländigini takyklamazdan, ýyllaryň, aýlaryň, günleriň umumy sany görkezilýär.

Soňra bolmalysy ýaly resmileşdirilen resmi namalar esasynda tassyklanan umumy işlän wagty işiň aýry-aýry döwürleri boýunça aşakdaky tertipde ýazylýar: 2- sütünde işe kabul edilen senesi görkezilýär; 3- sütünde işgäriň işlän kärhanasynyň ady, şeýle hem işgäriň kabul edilen işhanasy (bölümi) hem-de wezipesi (işi) we şu Düzgünnamanyň 17-bölüminiň üçünji bendinde göz öňünde tutulan maglumatlar (eger olar bar bolsa) ýazylýar.

Eger berlen resmi namalarda işgäriň şol kärhanada başga işe geçirilendigi görkezilýän bolsa, onda bu barada hem degişli ýazgy ýazylýar.

Soňra 2- sütünde işden çykarylan senesi, 3- sütünde bolsa, eger işgäriň getirip beren resmi namalarynda şeýle maglumatlar bar bolsa, işden çykarylmagynyň sebäpleri görkezilýär.

Resmi namalarda işgäriň ozal işlemegi hakynda ýokarda görkezilen maglumatlar doly ýazylmadyk bolsa, onda zähmet depderçesiniň öwezligine dine resmi namalarda bolan maglumatlar ýazylýar.

4- sütünde öwezlikde ýazylan degişli ýazgylaryň esaslandyrmasy bolup hyzmat edýän resmi namanyň ady, senesi we nomeri görkezilýär. Işgäriň işlän wagtyny tassyklaýan resmi namalar eýesine gaýtarylyp berilýär.

b) "Pensiýanyň bellenilmegi üçin maglumatlar" we "Meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakyndaky maglumatlar" bölümlerinde işlenilen wagt hem-de meýletin döwlet pension ätiýaçlandyrmasynyň döwri, gazanjynyň, pension we saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy töleglerinin möçberleri tassyklaýan resmi namalaryň esasynda şol kärhana işe girmegine çenli ätiýaçlandyrmagyň ähli ýyllary boýunça jemlenilip görkezilýär.

Is beriji işgäre şu kärhana girmeginden ozalky işi hakyndaky maglumatlary tassyklaýan resmi namalary almakda ýardam bermäge borçludyr.

45. Şu Düzgünnamanyň 16-bölüminde görkezilen maglumatlardan başga, halk meýletinçileriniň we partizan otrýadlarynyň hatarlarynda bolan döwürleri umumy işlän wagtynyň jeminde görkezilmän, degişli resmi namalaryň senesine, nomerine we .adyna salgylanyp, gulluga alnan senesi we gullukdan boşadylan senesi görkezilip, aýratyn setir bilen ýazylýar.

VI. ZÄHMET DEPDERÇELERINI HASABA ALMAK WE SAKLAMAK

46. Iş berijide zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerinin zerur sany hemişe bolmalydyr.

47. Zähmet depderçesi (onuň öwezligi), şeýle hem onuň içligi berlende iş beriji işgärden bellenilen möçberde töleg alýar.

Zähmet depderçesi ýa-da onuň içligi ilkibaşda nädogry doldurylan halatlarda, şeýle hem olar geleňsiz saklanylmagy sebäpli zaýalanan halatda olaryň bahasyny kärhana töleýär.

Kärhana işgäriň zähmet depderçesini tebigy apat ýa-da başga sebäplere görä ýitirende onuň eýesine zähmet depderçesiniň öwezligi onuň bahasy alynmasyz berilýär.

48. Işden çykanda işgär tarapyndan alynmadyk zähmet depderçeleri we olaryň öwezlikleri kärhananyň işgärler bölüminde kärhanada wezipede durýan beýleki işgärleriň zähmet depderçelerinden aýratyn ýerde iki ýylyň dowamynda saklanylýar. Şondan soňra eye çykylmadyk zähmet depderçeleri (olaryň öwezlikleri) kärhananyň arhiwinde 50 ýyllap saklanylýar, görkezilen möhlet geçenden son bolsa bellenilen tertipde ýok edilip bilner.

49. Kärhanalarda zähmet depderçeleriniň blanklaryny we doldurylan zähmet depderçelerini hasaba almak boýunça:

a) zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerinin blanklary hasaba alynýan kabul ediş-sarp ediş kitaby;

b) zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerinin gowuşmagy we berilmegi hasaba alynýan kitap ýoredilýär.

Kabul ediş-sarp ediş kitabynda zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerinin blanklarynyň alynmagy we sarp edilmegi bilen baglanyşykly amallaryň ählisi her bir blankyň sehýasy we nomeri görkezilip ýazylýar. Kitap kärhananyň buhgalteriýasy tarapyndan ýoredilýär (zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerinin blanklary hasaba alynýan kabul ediş-sarp ediş kitabynyň nusgasy goşulýar).

Zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerinin gowuşmagy we berilmegi hasaba alynýan kitaby kärhananyň işgärler bölümi ýa-da işgärleriň işe kabul edilmegini we işden çykaralmagyny resmileşdirýän beýleki birlikleri alyp barýar. Bu kitapda işe girende işgärlerden alnan ähli zähmet depderçeleri, şeýle hem işgärlere täze berlen zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri seriýasy we nomeri görkezilip hasaba alynýar (zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerinin gowuşmagy we berilmegi hasaba alynýan kitabyň nusgasy goşulýar).

Işgär işden çykmagy bilen baglanyşykly zähmet depderçesini alanda şahsy kartoçkasynda we hasaba alyş kitabynda gol çekýär.

Zähmet depderçelerini kabul ediş-sarp ediş kitabynyň we olaryň gowuşmagy we berilmegi hasaba alynýan kitabyň sahypalary nomerlenen, sapak bilen tikilen hem-de iş berijiniň goly we sürgüçli möhür bilen güwä geçilen bolmalydyr.

50. Zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerinin blanklary kärhananyň buhgaltehýasynda berk hasabatly resmi namalar hökmünde saklanylýar we zähmet depderçelerini ýöretmek boýuça jogapkär adamyň ýüztutmasy boýunça berilýär.

Her aý tamamlanandan son buhgalteriýa zähmet depderçelerini ýöretmek üçin jogapkär adamdan zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerinin blanklarynyň galan sany barada we doldurylan zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri üçin alnan puluň rnöçberi barada hasabatyň ýanyna kärhananyň pulhanasynyň girdeji orderi goşulyp berilmegini talap edýär. Doldurylanda zaýalanan zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerinin blanklaryna güwänama düzülýär (güwänamanyň mysaly nusgasy goşulýar).

Türkmenistanyn Prezidentiniň
2000-ýylyň 27 - noýabrynda
çykaran № 4970 karary bilen
tassyklanyldy

Nusga

ZÄHMET DEPDERÇESI

ZÄHMET DEPDERÇESI
Трудовая книжка
seriýasy we nomeri
серия и номер

Familiýasy
Фамилия _____
Ady
Имя _____
Atasynyň ady
Отчество _____
Doglan senesi
Дата рождения ___ _____
(güni, aýy, ýyly)
(число, месяц, год)

Bilimi
Образование _____
(doly däl orta, orta, ýötrite orta, gutarylmadyk ýokary, ýokary)
(н/среднее, среднее, среднеспециальное, н/высшее, высшее)

Käri, hünäri
Профессия, специальность _____
Doldurylan senesi
Дата заполнения _____ ý.(г.) “_____” _____
Depderçäniň eýesiniň goly
Подпись владельца книжки _____

Zähmet depderçesiniň berilmegine
jogapkär adamyň goly
Подпись лица, ответственного
за выдачу трудовых книжек

M.ÝE.
М.П.

_____
(familiyasy saýgarar ýaly ýazmaly)
(фамилия, разборчиво)

IŞ HAKYNDAKY MAGLUMATLAR СВЕДЕНИЯ О РАБОТЕ					
Ýazgy nomeni Номер записи	**Senesi Дата**			**Işe kabul edilenligi hakyndaky, başga işe geçinlenligi hakyndaky we işden boşadylanlygy hakyndaky maglumatlar (sebäplerini görkezmeli we kanunyň maddasyna, bölümine salgylanmaly)**	**Ýazgy näme esasynda ýazyldy (resmi kagyz, onun berlen senesi we nomeri)**
	güni число	**aýy месяц**	**ýyly год**	**Сведения о приеме на работу, о переводах на другую работу и об увольнении (с указанием причин и со ссылкой на статью, пункт закона)**	На основании чего внесена запись (документ, его дата и номер)
1	2			3	4

SYLAGLANANLYGY HAKYNDAKY MAGLUMATLAR СВЕДЕНИЯ О НАГРАЖДЕНИЯХ					
Ýazgy nomeni Номер записи	**Senesi Дата**			**Ordenler we medallar bilen sylaglananlygy hakyndaky, hormatly atlar dakylanlygy hakyndaky maglumatlar**	**Ýazgy näme esasynda ýazyldy (resmi kagyz, onun berlen senesi we nomeri)**
	güni число	**aýy месяц**	**ýyly год**	**Сведения о награждениях орденами и медалями, о присвоении почетных званий**	На основании чего внесена запись (документ, его дата и номер)
1	2			3	4

HÖWESLENDIRILENLIGI HAKYNDAKY MAGLUMATLAR СВЕДЕНИЯ О ПООЩРЕНИЯХ					
Ýazgy nomeni Номер записи	**Senesi Дата**			**Kärhanadaky, edaradaky ýa-da guramadaky işi bilen baglanyşykly höweslendirmeler hakyndaky maglumatlar**	**Ýazgy näme esasynda ýazyldy (resmi kagyz, onun berlen senesi we nomeri)**
	güni число	**aýy месяц**	**ýyly год**	**Сведения о поощрениях, связанных с работой на предприятии, в учреждении или организации**	На основании чего внесена запись (документ, его дата и номер)
1	2			3	4

Pensiyanyň bellenimegi üçin maglumatlar
Сведения для назначения пенсии

Ýazgynyň nomeri we senesi Номер и дата записи	Kärhananyň, guramanyň edaranyň ady Наименование предприятия, организации, учреждения	Işlän wagty (ýyl) Стаж работы (лет)	Pension ätiýaçlandyrmanyň möhleti (ýyl) Стаж пенсионного страхования (лет)	Işlän döwründe pension ätiýaçlandyrmasy tölegleri Страховые пенсионные взносы за период трудовой деятельности			Pensiyanyň bellenilmegi hakynda bellik Отметка о назначении пенсии
				Iş hakynyn möçberi (mln. manat) Сумма заработка (млн. манатов)	Pension äätiýaçlayrmasy tölegi % Страховой пенсионный взнос %	Pension ätiýaçlandyrmasy töleglerinin möçberi (mun man.) Сумма страховых пенсионных взносов (тыс. ман.)	
1	2	3	4	5	6	7	8

Meýletin döwlet saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy hakynda maglumatlar
Сведения о государственном добровольном медицинском страховании

Ýazgynyň nomeri we senesi Номер и дата записи	Saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy şertnamasynyň baglaşylan senesi Дата заключение договора медицинского страхования	Ýazgy näme esasynda ýazyldy (resmi nama, onuň berlen senesi we nomeri) На основании чего внесена запись (документ, его дата и номер)	Saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy şertnamasynyň ýatyrylan senesi Дата расторжения договора медицинского страхования	Ýazgy näme esasynda ýazyldy (resmi nama, onuň berlen senesi we nomeri) На основании чего внесена запись (документ, его дата и номер)	Zähmet işi döwründe saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy tölegleri Страховые медицинские взносы за период трудовой деятельности		
					Iş hakynyň möçberi (mln. man.) Сумма заработка (млн. ман.)	Saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy tölegi (%) Страховой медицинский взнос (%)	Saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy töleginiň möçberi (müň. man.) Сумма страховых медицинских взносов (тыс. ман)
1	**2**	**3**	**4**	**5**	**6**	**7**	**8**

Maşgala ýagdaýy we onuň düzümi hakynda maglumatlar **Сведения о семейном положении и составе семьи**		
Maşgala agzalarynyň familiýasy, ady we atasynyň ady **Фамилия, имя и отчество членов семьи**	**Garyndaşlyk gatnaşygy** **Степень родства**	**Doglan güni, aýy we ýyly** **Число, месяц и год рождения**
1	**2**	**3**

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2000-ýylyň Sanjar aýynyň 27-i
çykaran № 4970 karary bilen
tassyklanyldy

nusga

ZÄHMET DEPDERÇESINIŇ IÇLIGI
Вкладыш в трудовую книжку
(Içlik zähmet depderçesiz hakyky däldir)
(Вкладыш без трудовой книжки недействителен)
seriýasy we nomeri
серия и номер

Familiýasy
Фамилия _____
Ady
Имя _____
Atasynyň ady
Отчество _____
Doglan senesi
Дата рождения _____
(güni, aýy, ýyly)
(число, месяц, год)
Bilimi
Образование _____
(doly däl orta, orta, ýörite orta, gutarylmadyk ýokary, ýokary)
(н/среднее, среднее, среднеспециальное, н/высшее, высшее)
Käri, hünäri
Профессия, специальность _____
Doldurylan senesi
Дата заполнения _____ý.(г.) “__” _____
Depderçäniň eýesiniň goly
Подпись владельца книжки _____

Zähmet depderçesiniň içliklerinin berilmegine jogapkär adamyň goly
Подпись лица, ответственного за выдачу вкладыша в трудовую книжку

M.ÝE.
М.П.

_____
(familiyasy saygarar yaly yazmaly)
(фамилия, разборчиво)

Zähmet depdergesiniň içligi zähmet depderçesiniň tassyklanylan nusgasy boýunça ýasalýar.

Zähmet depderçelerini ýöretmegiň tertibi
hakyndaky karara goşulýar

“Tassyklaýaryn”

_____
Kärhananyň
(edaranyň, guramanyň) ýolbaşçysy
200_ - ýylyň “___” _____

GÜWÄNAMA

200_ ýylyň “___” _____ _____ ş.

Biz _____
(wezipelerini,familiýalaryny,atlaryny,atalarynyň adyny görkezmeli)
_____
_____
_____
(kärhananyň,edaranyň ýa-da guramanyň doly ady)

200_- ýylyň “___” _____ 200_ - ýylyň “___” _____ aralygynda
_____
_____
(zaýalanmagynyň sebäbini jikme-jik görkezmeli)
_____
_____ sebäpli
_____ dilindäki “___” sany _____
(dilini görkezmeii) (ýazmaça görkezmeli)
zähmet depderçäniň (ýa-da olar üçin içlikleriň)
_____
(zähmet depderçesiniň (ýa-da onuň içliginiň) her bir blankasynyň
_____
seriýasyny we nomerini görkezmeli)
zaýalanandygy, olaryň 200__- ýylyň “___” _____
ýakmak arkaly ýok edilendigi hakynda şu güwänamany düzdük.
Güwänama zaýalanan zähmet depderçelerini (ýa-da olar üçin içlikleri)
_____
_____
(kärhananyň, edaranyň ýa-da guramanyň doly ady)
adyndan hasapdan öçürmek üçin düzüldi.

Gollar:

Zähmet depderçelerini
ýöretmegin tertibi hakyndaky
Düzgünnama
goşulýar

Zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerinin blankalary hasaba alynýan
KABUL EDIŞ-SARP EDIŞ KITABY

t/№	Senesi			Kimden alyndy ýa-da kime berildi	Esas (resmi kagyzyň ady№ we senesi	Kabul etrnek			Satp etmek		
	güni	aýy	ýyly			sany		jemi bahasy (manat)	sany		Jemi bahasy (manat)
						zähmet depderçeleri (seriýasy we nomeri)	içlikler (seriýasy we nomeri)		zähmet depderçeleri (seriýasy we nomeri)	içlikler (seriýasy we nomeri)	
1	2			3	4	5	6	7	8	9	10

Zähmet depderçelerini
ýöretmegin
tertibi hakyndaky
Düzgünnama
goşulýar

Zähmet depderçelerinin we olaryň içliklerinin gowuşmagy we berilmegi hasaba alynýan
KITAP

t/№	Zähmet depderçelerinin we olaryň içliklerinin kabul edilen ýa-da doldurylan senesi			Zähmet depderçesiniň eýesiniň familiýasy,ady, atasynyň ady	Zähmet depderçesiniň ýa-da onuň içliginiň seriýasy, nomeri	Zähmet depderçesini ýa-da onuň içligini tabşyran ýa-da olar öz adyna doldurylan işçiniň ýa bolmasa gullukçynyň käri,hünäri	Işçiniň ýa-da gullukçynyň hasaba alnan sehiniň (bölümiň) ady
	güni	aýy	ýyly				
1	2	3	4	5	6	7	8

Dowamy

Işçiniň ýa-da gullukçynyň işe kabul edilmegine esas bolan buýrugyň (görkezmäniň) senesi we nomeri	Zähmet depderçesini kabul eden ýa-da dolduran jogapkär adamyň goly	Zähmet depderçelerinin ýa-da olaryň içliklerinin doldurylandygy üçin alnan pul (manat)	Işden boşadylan mahaly zähmet depderçesiniň ele berlen senesi	Işçiniň ýa-da gullukçynyň zähmet depderçesini alandygy barada goly
9	10	11	12	13

Türkmenistaniň Prezidentiniň Karary

2001 ý. Baýdak aýynyň 26-i № 5106 Aşgabat ş.

Türkmenistanda zähmet depderçelerini taýýarlamagyň, kabul etmegiň, hasaba almagyň, saklamagyň we ibermegiň tertibi hakynda

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2001 ý., № 2, 152-m)

Türkmen halkynyň altyn asyry bolan XXI asyryň başy tutuş jemgyýetiň we her bir adamyň durmuşynyň dürli ugurlarynda ägirt uly özgertmeler bilen şöhratlandy. Işçileriň, gullukçylaryň, hususy telekeçileriň zähmet işi, olaryň gündelik durmuşynyň şertleri barada döwlet we jemgyýet hemişe birsyhly alada edip gelýär. Zähmet we onuň hetijeleri adamyň, maşgalanyň, jemgyýetiň abadançylygynyň çeşmesi bolup durýar. Raýatyň jemgyýetiň eşreti üçin çekýän zähmeti, onuň geçen zähmet ýoly özüniň zähmet depderçesinde dolulygyna beýan edilýär. Zähmet işine başlamak we raýatyň zähmet pasporty bolup durýan zähmet depderçesini almagy adamyň durmuşynda möhüm hem-de ähmiýetli wakadyr. Türkmenistanda zähmeti hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň tejribesinde ilkinji gezek zähmet depderçesinde dine bir döwlet, hususy daşary ýurt, bilelikdäki kärhanalardaky, edaralardaky, guramalardaky zähmet işi we höweslendirmeler hakyndaky maglumatlar bolmak bilen çäklenmän, ol adamyň maşgala ýagdaýyny, medisina taýdan hyzmat etmek hem-de pensiýon üpjünçiligi meselelrinde onuň hukuklarynyň möçberi hem häsiýetlendirilýär.

Adamyň zähmet çekýän döwründe hem, ol mynasyp dynç alşa çykandan son hem onuň durmuşynda zähmet depderçesiniň artýan ähmiýetini nazara almak bilen, şeýle hem “Turkmenistanyň işleýän raýatlarynyň zähmet depderçeleri hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 27-nji noýabrynda çykaran № 4970 kararyny ýerine ýetirmek üçin, karar edýärin:

1. Işçä we gullukça zähmet depderçesini döwlet, hususy, daşary ýurt ya-da bilelikdäki kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň işgärler toparynyň ýygnagynda dabaraly ýagdaýda gowşurmaly.

2. Zähmet depderçeleri edara görnüşindäki taraplary döretmedik hususy telekeçiler we olaryň hakyna tutýan işgärleri üçin ýöredilýär.

Zähmet depderçeleri we olar üçin içlikler hususy telekeçilere etraplaryň we şäherleriň polisiýa bölümleri tarapyndan berilýär.

Hususy telekeçiniň we onuň hakyna tutýan işgäriniň zähmet işi hakyndaky maglumatlar olaryň zähmet depderçelerine Türkmenistanyň etraplar we şäherler boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan “Türkmenistanyň işleýän raýatlarynyň zähmet depderçeleri hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 27-nji noýabrynda çykaran [1]497O karary bilen tassyklanylan, zähmet depderçelerini ýöretmegiň tertibi hakyndaky Düzgünnamanyň talaplaryny berjaý etmek bilen girizilýär.

3. Turkmenistanyň merkezi döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryny,welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimliklerini, jemgyýetçilik guramalarynyň edaralaryny, daýhan birleşiklerini, hususy, daşary ýurt, bilelikdäki kärhanalary, edaralary, guramalary, hususy telekeçileri zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri bilen üpjün etmegi Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň;

bir bitewi tassyklanylan görnüşde zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini taýýarlamagy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Metbugat baradaky müdirliginiň üstüne ýüklemeli.

4. Zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini taýýarlamagyň, kabul etmegiň, hasaba almagyň, saklamagyň we ibermegiň tertibi hakyndaky Qüzgünnamany tassyklamaly (goşulýar).

5. Zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri bilen Türkmenistanyň döwlet kärhanalary, edaralary we guramalary özleriniň tabynlygyna ýa-da kime degişliligine baglylykda degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary ýa-da Türkmenistanyn beýleki merkezi döwlet häkimiýet we dolandyryş edarasy tarapyndan, jemgyýetçilik guramalarynyň edaralary - şol jemgyýetçilik guramalarynyň merkezi edaralary tarapyndan, daýhan birleşikleri, ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz pudaklarynyň hususy, daşary ýurt, bilelikdäki kärhanalary, edaralary we guramalary, hususy telekeçiler - etraplaryň hem-de şäherleriň polisiýa bölümleri

tarapyndan üpjün edilýär.

6. Her ýyl 15-nji ýanwara çenli zähmet depderçeleriniň we olaryň içlikleriniň gündelik talaplary hem-de geljek ýylda işçi güýjüniň garaşylýan sanyny hasaba almak bilen duzülen zerur sanyna esaslandyrylan ýüztutmalary Turkmenistanyň Içeri işler ministrligine bermäge Türkmenistanyň ministrliklerini, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryny, beýleki merkezi döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryny, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimliklerini, jemgyýetçilik guramalarynyň merkezi edaralaryny borçly etmeli.

7. Türkmenistanyň ministrlikleri, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, beýleki merkezi döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri, jemgyýetçilik guramalarynyň merkezi edaralary, daýhan birleşikleri, hususy, dasary ýurt, bilelikdäki kärhanalar, edaralar we guramalar, hususy telekeçiler alyan zähmet depderçeleriniň we onuň içlikleriniň bahasyny Türkmenistanyň Içeri işler ministrligine tölemeli.

Zähmet depderçeleriniň we onuň içlikleriniň ýerlenilmeginden gowuşýan serişdeler Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Metbugat baradaky müdirligiň arasynda olary taýýarlamak, hasaba almak, saklamak we ibermek üçin çykarylan çykdajylara barabar möçberde paýlanylýar.

8. Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Metbugat baradaky müdirlik hem-de Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi bilen bilelikde zähmet depderçelehni we olaryň içliklerini taýýarlamak, hasaba almak, saklamak we ibermek boýunça hakyky çykdajylary hasana almak bilen, şolaryň bahasyny kesgitlemeli.

9. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Metbugat baradaky müdirlik bir hepde möhletde Türkmenistanyň Içeri işler ministrligine taýýarlanylan zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini bermeli.

10. Berk hasapda durýan resminamalar hökmünde zähmet depderçeleriniň we olaryň içlikleriniň göwnejaý hasaba alynmagyny, saklanylmagyny we harçlanylmagyny üpjün etmek üçin Türkmenistanyň ministrliklerinin, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, beýleki merkezi döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralyrynyň, häkimlikleriň, jemgyýetçilik guramalrynyň merkezi edaralarynyň, daýhan birleşikleriniň, hususy, daşary ýurt, bilelikdäki kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ýolbaşçylary şahsy jogapkärçilik çekýär.

11. Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi:

Türkmenistanyň ministrliklerinde, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda, beýleki merkezi döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynda, jemgyýetçilik guramalarynyň merkezi edaralarynda, daýhan bileleşiklerinde, hususy, daşary ýurt, bileleikdäki kärhanalarda, edaralarda we guramalarda, hususy telekeçilerde zähmet depderçeleriniň hem-de olaryň içlikleriniň hasaba alnyşynyň, saklanylyşynyň we harçlanylyşynyň ýagdaýynyň mahal-mahal barlaglaryny geçirip durmaly;

zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini kabul etmegiň, hasaba almagyň, saklamagyň, ibermegiň we bermegiň tertibi hakyndaky gollanmany bir hepde möhletde işläp düzmeli hem-de tassyklamaly.

12. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky daşary ýurt maýa goýumlary baradaky döwlet agentliginiň Edara görnüşindäki taraplary dowlet tarapyndan bellige alyş gullugyny we onuň welayatlardaky hem-de Aşgabat säherindäki bölümlerini ýatyrylýan edara görnüşindäki taraplara içeri işler edaralary bilen zähmet depderçeleriniň we olaryň içlikleriniň derňewleri geçirileninden son olary Edara görnüşindäki taraplaryň ýeke-täk dowlet sanawyndan çykarmaga borçly etmeli.

13. “Türkmenistanda işleýän raýatlaryň zähmet depderçeleri hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 27-nji noýabrynda çykaran № 4970 kararynyň 5-nji bölüminiň üçünji bendini güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

Türkmenistanyň Prezidenti
Saparmyrat Türkmenbaşy

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2001-nji ýylyň 26-njy fewralynda
çykaran № 5106 karary bilen
tassyklanyldy

Zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini taýýarlamagyň, kabul etmegiň, hasaba almagyň, saklamagyň we ibermegiň tertibi hakynda DÜZGÜNNAMA

I. Umumydüzgünler

1. Zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri berk hasabatlylykdaky resminamalar bolup durýar, olary kabul etmek, hasaba almak, saklamak we ibermek doly abat saklanylmagyny üpjün etmek bilen hem-de şu Düzgünnama we Türkmenistanyň Içeri işler ministriniň tassyklaýan gollanmasyna berk laýyklykda amala aşyrylyar.

2. Zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, beýleki merkezi döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň merkezi edaralarynyň her ýyllyk ýüztutmalary esasynda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň buýurmasy boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Metbugat baradaky müdirlik taýýarlaýar.

3. Taýýarlanylan zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri hasaba almak, saklamak we ibermek üçin Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Maty pasportlaşdyrmak we hasaba almak müdirligine berilyär.

4. Zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini kabul etmek, hasaba almak, saklamak we ibermek boýunça işleriň guralyşy üçin Türkmenistanyň Içeri işler ministri jogapkärçilik çekýär.

II. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň llaty pasportlaşdyrmak we hasaba almak müdirligi tarapyndan zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini kabul etmek, hasaba almak, saklamak hem-de ibermek

5. Taýýarlanylan zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini kabul etmek, kemçilikli nusgalary hasapdan çykarmak we ýok etmek üçin Türkmenistanyň Içeri işler ministriniň buýrugy bilen hemişelik işleýän topar döredilýär.

6. Zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri kabul edilen mahaly topar olaryň ýagdaýyny we gaplanylyşynyň abatlygyny, alnan sanynyň ýany bilen ugradylýan resminamalarda görkezilen sana laýyk gelýändigini, zähmat depderçeleriniň we olaryň içliklerniň nomerleriniň we seriýalarynyň daşky gabynda görkezilen nomerlere we seriýalara layýyk gelýändigini barlaýar.

7. Zähmet depderçeeriniň we olaryň içliklerniň artyk ýa-da kern çykan, kemçilikli nusgalar ýüze çykarylan mahaly topar iki nusgada degişli güwänamany düzýär, şol nusgalaryň biri önümleri taýýarlaýja iberilýär. Ýüze çykarylan kemçilikli nusgalar topar tarapyndan hasapdan çykarylýar we ýok edilýär.

8. Alnan zähmet depderçeleri we olaryň içlikli hasaba almagyň ýörite žurnalynda hasaba alynýar. Zurnalyň görnüşi, ony ýöretmegiň we saklamagyň tertibi Türkmenistanyň Içeri işler ministriniň buýrugy bilen kesgitlenilýär.

9. Zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Maty pasportlaşdyrmak we hasaba almak müdirligi tarapyndan seýflerde we ýanmaýan şkaflarda saklanylýar, şolary bolsa dine Müdirligiň ýolbaşçysy we zähmet depderçelerini we içlikleri kabul etmek, hasaba almak, saklamak we ibermek wezipesi gönüden-göni üstüne ýüklenilen işgärler açyp-ýapyp bilýär.

10. Zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri bahasy tölenenden son Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, beýleki merkezi döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň merkezi edaralarynyň ýüztutmalary esasynda iberilýär.

Zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri etraplaryň we şäherleriň polisiýa bölümlerine bar bolan talaplardan ugur almak bilen, olaryň ýüztutmalary esasynda iberilýär.

11. Zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerniň iberilmegi degişli žurnalda hasaba alynýar. Zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini ibermegi hasaba almagyň žurnalynyň görnüşi, ony ýöretmegiň hem-de saklamagyň tertibi Türkmenistanyň Içeri işler ministriniň buýrugy bilen kesgitlenilýär.

12. Zähmet depderçeleriniň we olaryň içlikleri Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň serişdeleriniň hasabyna olaryň abat saklanylmagyny kepillendirýän gapda Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrliginiň

feldaragatnaşyk ýa-da ýörite aragatnaşyk gullugy tarapyndan iberilýär.

13. Aýry-aýry halatlarda zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini polisiýa işgäriniň ýany bilen gitmeginde Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ulag serişdeleri arkaly daşamaga ýol berilýär.

III. Etraplaryň we şäherleriň polisiýa bölümleri tarapyndan zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini kabul etmek, hasaba almak, saklamak hem-de bermek

14. Zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini kabul etmek üçin etraplaryň hem-de şäherleriň polisiýa bölümleriniň başlyklary hemişelik işleýän toparlary belleýär.

15. Zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri kabul edilen mahaly topar olaryň ýagdaýyny we gaplanylyşynyň abatlygyny, alnan sanynyň ýany bilen ugradylýan resminamalarda görkezilen sana laýyk gelýändigini, zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerniň nomerleriniň we seriýalarynyň daşky gabynda görkezilen nomerlere we seriýalara laýyk gelýändigini barlaýar.

16. Zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerniň artyk ýa-da kem çykmagy, kemçilikli nusgalary ýüze çykarylan mahaly topar iki nusgada degişli güwänamany düzýär, şol nusgalaryň biri ýüze çykarylan kemçilikli nusgalar bilen bilelikde Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň llaty pasportlaşdyrmak we hasaba almak müdirligine iberilýär.

17. Alnan zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri hasaba almagyň ýörite žurnalynda hasaba alynýar. Zurnalyň görnüşi, ony ýöretmegiň we saklamagyň tertibi Türkmenistanyň Içeri işler minisstriniň buýrugy bilen kesgitlenilýär.

18. Zähmet depderçeleri we olaryň içlikleri etrabyň ýa-da şäheriň polisiýa bölüminde seýflerde we ýanmaýan şkaflarda saklanylýar, şolary bolsa dine ýolbaşçy we zähmet depderçelerini we içlikleri kabul etmek, hasaba almak, saklamak we bermek wezipesi gönüden-göni üstüne ýüklenilen işgärler, şeýle hem zähmet depderçeleriniň we içliklerin hasaba alnyşynyň, saklanylyşynyň we berilişiniň ýagdaýynyň barlaglaryny geçirmäge ygtyýarly edilen, ýokarda durýan içeri işler edaralarynyň wekilleri açyp-ýapyp bilýär.

19. Etraplaryň we şäherleriň polisiýa bölümleri zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini daýhan birleşiklerine, hususy, daşary ýurt kärhanalaryna, bilelikdäki kärhanalara we guramalara bahasy tölenilenden son olaryň ýüztutmalary esasynda we göwnejaý ýagdaýda resmileşdirilen ynanç hatlary berlenden son, şeýle hem edara görnüşindäki tarapy döretmezden, hususy telekeçilere bahasy tölenenden son berýär.

20. Zähmet depderçeleriniň we olaryň içliklerniň berilmegi degişli žurnalda hasaba alynýar. Zähmet depderçelerini we olaryň içliklerini bermegi hasaba almagyň žurnalynyň görnüşi, ony ýöretmegiň hem-de saklamagyň tertibi Türkmenistanyň Içeri işler ministriniň buýrugy bilen kesgitlenilýär.